

**GARAŞSYZ, BAKY BITARAP TÜRKMENISTANYŇ HORMATLY PREZIDENTI GURBANGULY MÄLIKGULYÝEWIÇ BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# GARAŞSYZ, BAKY BITARAP TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Türkmen halkyň guran beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!
Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.
*Gaýtalama:*
Türkmen halkyň guran beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!
Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.
*Gaýtalama:*
Türkmen halkyň guran beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!
Arkamdyr bu daglar, penamdyr düzler,
Ykbalym, namysym, togabym, Watan!
Saňa şek ýetirse, kör bolsun gözler,
Geçmişim, geljegim, dowamym, Watan!

## GARAŞSYZ, BAKY BITARAP TÜRKMENISTAN WATANYMYZA, HALKYMYZA, TÜRKMENITANYŇ PREZIDENTINE WEPADARLYK KASAMY

Eziz Türkmenistan - ata Watanym,
Gurban bolsun saňa bu janym-tenim!
Eger-de men saňa sähelçe şek ýetirsem,
goý, meniň elim gurasyn!
Eger-de men saňa dil ýetirsem,
goý, meniň dilim gurasyn!
Eger-de men Türkmenistan Watanyma,
Türkmenistanyň Prezidentine
dönüklik etsem,
goý, meniň ömrüm kül bolsun!

**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRILIGI**
**TÜRKMEN DÖWLER YKDYSDYÝET**
**WE DOLANDYRYŞ INSTITUTY**

**MYRAT SAPAROWIÇ ÖWEZOW**

# MIKROYKDYSADYÝET

**(mikroykdysadyýetiň nazaryýeti, kärhanalaryň hukuk - guramaçylyk, hasap, hasabat we maliýe meseleler boýunça)**

**Okuw gollanmasy**

**Türkmen döwlet ykdysadýet**
**we dolandyryş institutynyň**
**„Maliýe"kafedrasynyň**
**2009-njy ýylyň sentýabr aýynyň "     "-inde**
**(1-nji ýazgy beýyany)**
**we 2009-njy ýylyň oktýabr**
**aýynyň „     „-ne**
**Türkmen döwlet ykdysadýet**
**we dolandyryş institutynyň**
**rektoratynyň we Geňeşiniň bilelikde**
**geçiren Mejlisinde tassyklanyldy we neşir**
**etmäge rygsat berildi**

**Aşgabat – 2009**

## SÖZBAŞY

Gollanmada Türkmenistanyň Garaşsyzlygy şertlerinde, ykdysadyýetiň dürli taraplaýyn ösýän döwründe kärhanalaryň emele gelmegi we hereket etmegi barada giňişleýin düşündiriş berilýär. Bu işde döwletiň mikroykdysadyýeti, öndüriji güýçleriň we önümçilik gatnaşyklaryň jemleri esasy bolup öz beýanyny tapýar.

Gollanma Türkmenistanda hereket edýan kanunlara laýyklykda ýazylan. Kitabyň esasy maglumatlary Türkmenistanda hereket edýan ähli pudaklaryň kärhanalaryna gabat gelýär. Şol sebäpli gollanma dürli hünärler boýunça okaýan talyplara, önümçilikde hereket edýän hünärmenlere, galyberse-de kärhanalaryň ýolbaşçylaryna gönükdirilendir.

„Mikroykdysadyýet“ atly okuw gollanmasyna ykdysady ylymlarynyň doktory, professor , N.Halow hem-de ykdysady ylymlarynyň kandidaty, A.T.Muhanow syn ýazypdyrlar.

**M A Z M U N Y:**

Giriş…………………………………………...............................................................9 - 10

**1. Mikroykdysadyýetiň nazaryýeti we hukuk esaslary.................................................10- 18**
1.1. Mikroykdysadyýetiň nazary we guramaçylyk esaslary….........................................10 - 13
1.2. Kärhanalaryň döredilişi , döwlet belligine alnyşy, hukuklary we borçlary……......13 - 16
1.3. Kärhananyň işiniň ýatyrylmagy, onuň jogapkärçiligi we jedellerine seredilmegi......16 - 18
**2. Kärhananyň ykdysadyýetinde öndüriji güýçleriň orny...........................................18 - 34**
2.1. Kärhanada zähmet bilen bagly hukuk-ykdysady gatnaşyklar……..……..............18 - 22
2.2. Zähmete hak tölemegi we zähmet öndürijiligi..........................................................22 - 23
2.3. Işgärleriň iş hakyndan tutulýan salgyt, meýletin we hökmany ýygymlar..................23 - 30
2.4. Esasy we dolanyşyk serişdeler hem olaryň kärhananyň ykdysadyýetine täsiri..........30 - 33
2.5. Ylmy-tehniki ilerlemesi (progresi) we onuň kärhananyň ykdysadyýetine täsiri........33 - 34
**3. Kärhanada menejment we marketing işleriň esaslary.............................................34 - 47**
3.1. Menejmentiň we marketingiň nazary esaslary..........................................................34 - 38
3.2. Kärhanada menejmentiň usullary we tärleri..............................................................39 - 41
3.3. Kärhananyň marketing işlerinde nyrh syýasatynyň orny............................................41 - 44
3.4. Bahalary kesgitlemegiň tertibi we döwletiň gözegçiligi.............................................44 - 47
**4. Kärhanada buhgalterlik hasabyň, hasabatyň we auditorlyk işleriň esaslary.........47 - 69**
4.1. Buhgalterlik hasaby we auditorlyk işi hakynda düşünje, olaryň
zerurlygy we ähmiýeti...................................................................................................47 - 48
4.2. Kärhanalaryň maliýe-hojalyk işlerini buhgalterlik hasaba almagyň meýilnamasy
we hasaplaryň ulanylyşy…………….........................................................................48 - 56
4.3. Kärhanada buhgalterlik hasabynyň we auditorlyk işiniň guralyşy.............................56 - 64
4.4. Kärhanada ulanylýan buhgalterlik hasabynyň, auditorlyk barlaglaryň usullary...........64 - 66
4.5. Kärhanada buhgalterlik hasabynyň resmileşdirilişi......................................................66 - 68
4.6. Kärhananyň balansyny düzmegiň tertibi…..................................................................68 - 69
**5. Kärhanalaryň maliýe we karz ulgamy bilen aragatnaşyklary.................................70 - 74**
5.1. Maliýe-karz ulgamynyň , düzümi, wezipeleri we amallary …....................................70 - 73
5.2. Kärhanalaryň maliýe-karz guramalary bilen gatnaşyklary..........................................73 - 74
**6. Kärhananyň salgyt gatnaşyklary………...............................................................*74 – 103***
6.1. Salgydyň nazary esaslary we düşünjileri....................................................................74 - 79
6.2. Kärhananyň salgyt ulgamy bilen gatnaşyklary….........................................................79 - 80
6.3. Goşulan baha üçin alynýan salgydy hasaba almagyň we tölemegiň tertibi..................81 - 91
6.4. Peýdadan (girdejiden) alynýan salgydy hasaba almagyň we tölemegiň tertibi.............91 - 95
6.5. Emläk üçin salgydy hasaplamagyň we tölemegiň tertibi……………........................95 - 98
6.6. Ýerli ýygymlary hasaplamagyň we tölemegiň tertibi……………....………...............98 - 100
6.7. Kärhananyň salgyt gatnaşyklary we ýolbaşçylaryň wezipeleri ....................................101 - 103
**7. Kärhanada pul gatnaşyklary………..…................................................................*103 - 111***
7.1. Pul aýlanyşygy, onuň nazaryýeti, düzümi we kanunlary………...............................103 – 105
7.2. Kärhanada pul aýlanyşygy we onuň meýilnamalaşdyrylyşy.......................................105 – 106
7.3. Kärhananyň nagt däl pul hasaplaşyklary, olaryň görnüşleri we pul gatnaşyk-
larda tutýan orny..........................................................................................................106 - 111
7.4. Banklara nagt pullary tabşyrmagyň we olardan pul serişdeleri almagyň tertibi...........112 - 113
7.5. Puluň hümmeti we menejeriň wezipeleri..................................................…...............114 - 115
**8. Kärhananyň karz gatnaşyklary……......................................................................115 - 122**
8.1. Karzyň zerurlygy we onuň ykdysady esaslary……………………..........................115 - 119
8.2. Karz beriji banky saýlamakda menejeriň wezipeleri we karz almaklygyň
tertibi...........................................................................................................................119 - 120

8.3. Kärhananyň alan karzyny göterim bilen gaýtarmagyň meseleleri we olaryň çözülşi....................................................................................................................120 - 122
**9. Kärhanalaryň daşary ýurt walýuta-maliýe gatnaşyklarynyň esaslary.............*122 - 125***
9.1. Halkara walýuta gatnaşyklary we walýuta ulgamy barada esasy düşünjeler..…..122 - 123
9.2. Kärhanalaryň daşary yurt walýuta-maliýe gatnaşyklary we olara döwletiň gözegçiligi…………………………………………………………………………..123 - 124
9.3. Türkmenistana dahylly kärhanalaryň daşary ýurt kärhanalary bilen hasaplaşyklary…………………………………………………………………124 - 125
**10. Kärhanalaryň ätiýaçlandyrylyşy we töwekgelçilikden goranmak işleri........125 - 129**
10.1. Ätiýaçlandyrma gatnaşyklarynyň esasy düşünjeleri..........................................125 - 126
10.2. Kärhanalaryň ätiýaçlyk gorlary........................................................................126 - 126
10.3. Kärhanalaryň ätiýaçlandyrylyşy we töwekgelçiliklerden goranmagyň usullary.127 - 129
**11. Maliýe menejmenti we kärhananyň maliýe çeşmeleri ………......................*130 - 136***
11.1. Maliýe menejmenti barada esasy düşünjeler.....................................................130 - 131
11.2. Kärhananyň esaslyk maýasy…………...........................................................131 - 133
11.3. Kärhananyň ätiýaçlyk, toplaýyş we sarp ediş gaznalary..……….......................133 - 134
11.4. Döwletiň durmuş üpjünçilik gaznasynyň döredilmegi we kärhana tarapyndan ulanylyşy ................................................................................................................134 - 136
**12. Kärhananyň inwestisiýalaryny maliýeleşdirmegi...………………......….......136 - 141**
12.1. Inwestisiýalaryň nazaryýeti…………...........................................................136 - 138
12.2. Kärhananyň düýpli maýa goýumlarynyň häsiýetnamasy……..……….............138 - 139
12.3. Kärhananyň inwestisiýa işlerini maliýeleşdirmegiň tertibi……....……….........139 - 141
**13. Kärhananyň maliýe netijeliligini hasaba almagyň we kesgitlemegiň tertibi....141 - 148**
13.1. Kärhananyň girdejilerini hasaba almagyň tertibi................................................141 - 144
13.2. Kärhananyň önüminiň özüne düşýän gymmaty barada nazary esaslary we harajatlary hasaba almagyň tertibi..............................................................................................145 - 150
13.3. Kärhananyň maliýe hasabatlaryny kesgitlemegiň, seljermegiň we tabşyrmagyň tertibi.........................................................................................................................150 - 153
**Edebiýatlar ……………………………..............................................................153 - 155**
**Goşulmalar………....…………………….............................................................156 - 188**

# G I R I Ş.

Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhammedowyň esasy maksady - türkmen halkynyň hal-ýagdaýyny ýyl-ýyldan ýokarlandyrmakdan ybarat. Şol maksada ýetmek üçin hormatly Prezidentimiz “Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry“ milli Maksatnamasyny ýerine ýetirmekde gijesini gündiz edip işleýär.

Milli Maksatnamada üç sany ileri tutulýan ugur kesgitlenildi:

1. Türkmenistany dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejesine ýetirmek, ykdysady ösüşiň we zähmet öndürijiliginiň ýokary depginlerini, täze tehnologiýalary önümçiliklere ornaşdyrmagyň hasabyna ykdysady garaşsyzlygy gorap saklamak.
2. Bir adama düşýän jemi önümiň öndürilişini yzygiderli ösdürmek.
3. Goýum işjeňligini ýokarlandyrmak we önümçilik-tehniki maksatly binalaryň gurluşygyny ösdürmek.

Maksatnamany ýerine ýetirmek üçin ähli kärhanalaryň ykdysadyýetini ösdürmeli. Şol babatda ykdysadyýetiň nazarýetini, biziň ýurdumyzyň we ösen ýurtlaryň tejribesini çuňňur öwrenmeli.

Ykdysady bilimleriň durmuş tejribesine has ýakynlaşmagy oňa degişli okuw gollanmalarynyň sadadan düşnükli ýazylmagyny talap edýär.

Şol nukdaý nazardan ugur alyp, ýokary okuw mekdepleriniň talyplaryna, başga mekdepleriň okuwçylaryna (diňleýjilerine), ýaş hünärmenlere we kärhanalaryň ýolbaşçylaryna niýetlenen „Mikro ykdysadyýet“ okuw gollanmasyny taýarlamaklyk döwrüň talaby hökmünde kabul edildi.

Hödürlenýän gollanma girişden soň on üç bapdan ybarat bolup, onda kärhanalaryň ykdysadyýetini ösdürmekde Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň syýasaty, döwlet derejesinde kabul edilen kararlar , Türkmenistanda hereket edýän kärhanalara degişli kanunçylyk özeni ýaly wajyp meselelere seredilýär.

Gollanmada mikroykdysadyýetiň nazaryýetine, esasy önümçilik gatnaşyklaryna buhgalterlik hasabyň we auditorlyk işiniň ýöredilişine, salgyt, pul, karz, ätiýaçlandyryş, halkara walýuta gatnaşyklaryna, bazar ykdysadyýeti şertinde dürli töwekgelçiliklerden goranmak usullaryna, degişli guramalara hasabatlary tabşyrmaklygyň tertibine köp üns berilýär.

Mikroykdysadyýet ylymyň esaslandyryjysy hökmünde 1842-1924-nji ýyllarda ýaşan dünýä belli alym Alfred Marşall hasaplanýar.

Mikroykdysadyýet örän köp bir birine bagly gatnaşyklary, meseleleri öz içine alýar. Şol gatnaşyklaryň, meseleleriň ählisini özüne jemläp görkezýän kitap dünýä tejribesinde ýok we bolup bilmez. Sebäbi kärhananyň ykdysady gatnaşyklary çylşyrymly, giň we mydama hereketde bolup üýtgäp dur.

Bu gollanmada gozgalýan käbir meseleleri boýunça türkmen dilinde kitaplar bar. Emma görkezilen meseleleriň hemmesini bir işe baglaşdyryp jemleýän gollanma ýa-da kitap milli dilde ýok diýsek ýalňyşmarys. Başga dillerde , döwletlerde çykýan kitaplar biziň kärhanalarymyzyň ykdysadyýetiniň aýratynlyklaryny, milli kanunçylyk we gaýry şertlerini, hasaba alanoklar .

Mikroykdysadyýet barada başga dillerde, döwletlerde çykan kitaplar, buhgalterlik hasaby , hasabaty we auditorlyk işleri bilen bagly meseleleri öz içine alanoklar. Ol meseleler aýry kitaplarda seredilýär. Biz bolsa şu gollanma görkezilen meselleleri goşmany makul bildik. Biziň pikirimiz boýunça buhgalterlik hasabyny we auditorlyk işininiň esaslaryny bilmän kärhananyň ykdysadyýetini göz öňünde tutmak, öwrenmek we ösdürmek mümkin däl. Ykdysadyýet bilen hasap ýeketäk bitewi ulgamyň jemidir. Şu bilimleriň zerurlygyny we gollanma girizilmegini ýenede bir topar sebäpler bilen baglyşdyryp bolar. Sebäpleriň içinden şulary görkezmek makul bildik:

- Mikroykdysadyýetine gözegçilik edýän ýolbaşçylar, kärhananyň maliýe hasabatlaryna, töleg resminamalaryna öz gollaryny çekip jogap bermelidirler. Eger-de olar buhgalterlik hasabynyň, hasabatyň we auditorlyk işleriniň esaslaryny bilmän, kanunlara laýyk gelmeýan hasabatlara we töleg resminamalaryna öz gollaryny çekip kärhana we döwlete zyýan getirseler, olara garşy administratiw we jenaýat çäreleri görlüp bilner. Kanunlary, düzgünleri bilmedik ýolbaşçylar jogapkärçilikden boşadylmaýarlar.

- Kärhanalaryň dolandyryjylary gaýry işgärler bilen bilelikde hasapçylary hem saýlap-seçip işe kabul etmelidirler. Hasapçylaryň bilimlerini barlamak we olaryň işlerine gözegçilik etmek üçin olar özleri hasapdan baş çykarmalydyrlar.

- Bazar ykdysadyýeti we bäsdeşlik şertlerinde hasaba alnyşynyň, bahalandyrylyşynyň, we auditorlyk işleriniň ähmiýeti artýär.

Kärhanany netijeli dolandyrmak, hasaby dogry ýöretmek, hasabatlary kanunlara laýyyklykda düzüp we öz wagtynda degişli guramalara tabşyrmak üçin, her bir ýaş hünärmen kärhananyň ykdysadyýetiniň esaslaryny bilmelidir. Bu bolsa öz gezeginde şu aşakdaky meseleleri içgin öwrenmekligi talap edýär:

- mikroykdysadyýete degişli Türkmenistanyň kanunlaryny, Prezidentiň kararlaryny, permanlaryny, görkezmelerini;
- menejmentiň we marketingiň usullaryny;
- maliýe gaznalary döretmäni we netjeli ulanmany;
- salgytlaryň we ýygymlaryň kanunlara laýyklykda hasaplamagyny;
- buhgalterlik hasabynyň ýöredilişini we hasabatlaryň düzülişini we şoňa meňzeşleri.

Şu meseleleriň jogaplary gollanmanyň sahypalarynda hem öz beýyanyny tapýar. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde bu meseleler esasy iň wajyp meselelere öwrülýär.

Kitapda kärhananyň girdejileri, nyrhlary (bahalary), harajatlary, ykdysady taýdan netijeliligi, döredilýän gorlary barada giňeşleýin maglumatlar berilýar. Kärhananyň esasy ykdysady görkezijileri, gazanýan peýdasy we düşewüntlilik ýaly soraglara seredilýar.

Gollanmanyň köp bölümleri Türkmenistanyň şertlerinde kärhanany döretmek, ony dolandyrmak, hasaby ýöretmek, marketing we auditorlyk işlerini geçirmek, hasabatlary tabşyrmak meselelerine bagyşlanan.

Gollanma özüniň okyjylara hödürleýän peýdalanan edebiýatlarynyň sanawy we goşulmalary bilen tamamlanýar.

Hödürlenilýän iş Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň ykdysady ylmy taglymatlary, Türkmenistanyň uzak möhletlere niýetlenen milli Maksatnamalary, çaklamalary, galyberse-de alymlaryň, görnükli hünärmenleriň ylmy işleri esasynda taýýarlanyldy.

Şu jähtden bu gollanma diňe talyplar we mugallymlar köpçüligine, telekeçilere, kärhanalaryň ýolbaşçylaryna degişli däl-de, eýsem halk hojalygynyň dürli pudaklarynda kärhanalaryň ykdysadyýeti bilen gyzyklanýan okyjylar köpçüligine-de peýdaly bolar diýip umyt edýäris. Käbir kärhana degişli ykdysady bilimleri şahsýet we maşgala tejribesinde ulanyp bolar.

Gollanma Türkmenistanda häzirki döwürde hereket edýän kanunlara laýyklykda ýazylan. Kanunlar, düzgünler bolsa ýyl ýyldan kämileşýär we üýtgeýär. Şol sebäpli gollanmada berilen käbir maglumatlaryň üýtgäýmegi ahmal. Şoňa garamazdan gollanmada berilen nazary maglumatlar, kesgitlemeler, kärhananyň ykdysadyýetiň umumy gurluşy, hasabyň ýöredilişiň prinsiplary (ýörelgeleri), pul, karz, salgyt gatnaşyklary geljekdede öz güýjini ýitirmezler diýip pikir edýäris.

## 1. Mikroykdysadyýetiň nazaryýeti we hukuk esaslary.

### 1.1. Mikroykdysadyýetiň nazary we guramaçylyk esaslary.

**Ykdysadyýet**- bu öndüriji güýçleriň we önumçilik gatnaşyklarynyň jemidir.

**Ykdysadyýet ykdysady edebiýatlarda iki topara bölünýar: makro we mikro ykdysadyýetlere.**

**Makroykdysadyýet görkezilen** güýçleriň we gatnaşyklaryň jemlerini **dünýä, pudak, ýurt(döwlet) derejelerinde öwrenýar.**

**Mikroykdysadyýet bolsa o**lary kärhananyň derejesinde öwrenýar. Diýmek **kärhananyň ykdysadyýeti- mikro ykdysadyýet. Ýagny kärhananyň ykdysadyýeti** - bu kärhananyň öndüriji güýçleriň we önümçilik gatnaşyklarynyň jemlerini öwrenýän ylymdyr.

Makro we mikroykdysadyýetler bir biri bilen arabaglanşyklydyr. Ýagny döwletiň ykdysadyýeti kärhanalaryň ykdysadyýetleri bilen gös göni baglydyr. Sebäbi kärhanalar döwletiň esasy girdejilerini, **umumy içerki önüminiň** aglaba bölegini getirýärler.

2000-njy ýylyň iýun aýynyň 15-ne kabul edilen Türkmenistanyň "Kärhanalar hakynda" kanunyň birinji maddasynda kärhana aşakdaky kesgitleme berilýär:

**“Kärhana ...jemgyýetiň zerurlyklaryny kanagatlandyrmak we girdeji almak maksady bilen ykdysady işiň özbaşdak subýekti ”.**

**Önüme** adamlaryň hereketleri esasynda emele gelýän gymmatlyklara düşünilýär**.**

**Umumy içerki önüm-**bu döwletde belli bir wagtyň içinde (köplenç bazar nyrhlarynda) öndürilen önümleriň (harytlaryň,hyzmatlaryň) möçberini görkezýän görkezgiç.

Ykdysady edebiýatlaryň köpüsinde **haryda -** satmak, peşgeş bermek ýa-da çalşmak üçin öndürilýän önümlere (gymmatlyklara) , ýerine ýetirilýän işlere (hyzmatlara) düşünilýär.

**Öndüriji güýçler** diýlip – önümçilik serişdesi bilen işçi güýjüniň birleşmesine aýdylýar.Olar her bir aýratyn kärhanalarda, önümçilik birleşmelerinde, hyzmat edýän hojalyklarda birigip, aýratyn öndüriji güýje öwrülýändir.

**Kärhananyň önümçilik gatnaşyklary şu** tapgyrlara bölünýär: kärhananyň işlerini guramak, önümi öndürmek (hyzmatlary ýerine ýetirmek) , ýerleşdirmek, girdejileri we çykdajylary hasaba almak, maliýe netijeleri kesgitlemek bilen baglanyşykly gatnaşyklary.

**Kärhananyň önümçilik gatnaşyklary şu taraplar bilen bolup biler:** esaslandyryjylar, işgärler , müşderiler, döwlet guramalary we başga işdeş taraplar bilen .

Kärhananyň ähli önümçilik gatnaşyklarynda **menejment we marketing** işleriň orunlary örän ulydyr. Olar barada maglumatlar şu kitabyň aşakdaky sahypalarynda berilýär.

Önümçilik gatnaşyklary diňe öndüriji güýçleriň hereketleriniň esasynda emele gelýär.

Jemläp aýdamyzda mikro**ykdysadyýeti**, bu – kärhananyň önümlerini (hyzmatlaryny) döretmegiň, kärhanany herekete getirmegiň, onuň girdejisini we çykdajysyny hasaplamagyň, netijesini çykarmagyň, gazanýan peýdasyny kesgitlemegiň we beýleki zerur gatnaşyklary dürli taraplar bilen ornaşdyrýan ulgamyň jemidir.

Türkmenistanyň ähli kärhanalary eýeçiligiň görnüşine garamazdan "Kärhanalar hakynda" kanuna laýyklykda hereket etmelidirler.

Türkmenistanyň "Eýeçilik hakynda" kanunyna laýyklykda biziň döwletimizde kärhanalaryň **sekiz eýeçilik görnüşleri** hereket edýär. Olaryň içinde: hususy, döwlet, jemgyýetçilik we kooperatiw birleşikleriniň, bilelikdäki, beýleki döwletleriň (olaryň edara görnüşli taraplarynyň hem raýatlarynyň), halkara guramalaryň , gatyşyk (birleşen) eýeçilikdäki kärhanalar.

Türkmenistanda kärhanalar şu **alty sany guramaçylyk-hukuk görnüşlerde hereket edýär**: döwlet, ýeke-bara, hyzmatdaşlyk (kooperatiw), jemgyýetçilik guramalaryň kärhanalary, hojalyk şereketler we paýdarlaryň jemgyýetleri.

Türkmenistanda hereket edýän ýokarda agzalan kärhanalaryň guramaçylyk - hukuk görnüşleriniň atlary şol kärhanalaryň haýsy serişdeleriň hasabyna döredilýändigini hem-de olaryň işiniň gurnalyşyny özleri görkezýärler. Ýagny, döwlet kärhanalary - döwletiň, ýekebara - bir şahsy tarapyň, hyzmatdaşlyk - her bir agzasynyň şahsy serişdeleriniň, jemgyýetçilik guramalarynyň - jemgyýetçilik hazynalarynyň, hojalyk şereketleri - iki we şondan köpräk şahsy ýa-da edara görnüşli taraplaryň birleşiginiň hasabyna, paýdarlar jemgyýeti bolsa - paýdarlaryň hasabyna döredilýär .

Türkmenistanyň „Kärhanalar hakynda“ kanunynda kärhanalaryň işiniň guramaçylyk-hukuk görnüşine görä, esaslyk maýasynyň iň pes möçberi bellenilýär. Şol möçberler şu gollanmanyň **„Maliýe menejmenti we kärhananyň maliýe çeşmeleri “** bölüminde giňişleýin görkeziler.

Paýdarlar jemgyýetleri **açyk we ýapyk görnüşli** bolup biler. Açyk paýdarlar jemgyýetine islän tarap girip biler. Köp döwletlerde açyk paýdarlar jemgyýetleriň paýnamalaryny gymmat bahaly kagyzlaryň biržalarynda erkin satyn alyp bolýar. Ýapyk paýdarlar jemgiýetine diňe onuň **esasnamasynda** bellinilen taraplar girip bilerler. Kärhananyň **esasnamasy** boýunça düşünje şu gollanmanyň indiki sahypalarynda beriler.

Käbir ykdysadyýetçiler “kärhana”, “gurama” we “edara” düşünjileri olaryň dörediş çeşmelerine görä tapawutlaýarlar. Olaryň pikirleri boýunça kärhanalar – olaryň esaslandyryjylaryň hasabyna , guramalar ikinji taraplaryň (iş buýuryjylaryň), edaralar döwletiň hasabyna döredilýär. Türkmenistanyň kanunlarynda we beýleki kanunçylyk namalarda kärhanalaram, guramalaram, edaralaram – edara görnüşli taraplar hökmünde seredilýär.

Kärhanalar **golçur (bölenen) kärhanalary, şahamçalary we wekillikleri** açyp bilerler. Kärhanalar **korporasiýalara** bileleşip biler. Mysal üçin Türkmenistanda „Kuwwat“ döwlet

korporasiýasy energetiki pudagyna degişli kärhanalary birikdirýär. Meňzeş önümleri öndürýän kärhanalar **assosiasiýa** birleşip bilerler. Asosiýasyýanyň mysaly hökmünde Türkmenistanyň azyk we galla önümleriň assosiýasiýalaryny görkezip bolar.

Kärhanalar, telekeçiler bileleşip **kompaniýalary** döredip bilerler. Dünýä ýaýran , köp ýurtlarda hereket edýän kompaniýalar – **holding** kompaniýalary. Türkmenistanda hereket edýän holding kompaniýalaryň mysallary hökmünde „Ahmet Çalyk", „Itera" we başga holding kompaniýalary görkezip bolar.

Häzirki döwürde Türkmenistanyň ykdysadyýeti **bazar ykdysadyýetiniň şertlerine geçirilýär.**

**Bazar**-bu önümleri (harytlary, hyzmatlary, işleri) alyp satmak gatnaşyklarynyň ulgamynyň jemi. **Bazar ykdysadyýeti- bu** öndüriji güýçleriň we önümçilik gatnaşyklarynyň döwletiň kanunlaryna esaslanýan hem erkin alyp - satmak şertlerinde hereket edýän ulgamynyň jemidir.

Ykdysady edebiýatlarda bazar dürli bölümlere (segmentlere) bölünýär. Şol sanda ýerleşýän ýeri boýunça ýerli, milli, dünýä bazarlaryna. Käbir edebiýatlarda maliýe we haryt bazarlary düşünjileri ulanylýar. **Maliýe bazarlara** iş güýji, çig-mal, walýuta, karz serişdeler, gymmat bahaly kagyzlar bazarlary degişlidirler. **Haryt bazarlary** harytlaryň ulanyş maksady boýunça şulara bölýärler: sarp ediş, önümçilik, hyzmatlar, maglumatlar, intellektual önümleriň bazarlaryna.

Guramaçylyk düzümi boýunça bazarlar **açyk we ýapyk görnüşlere** bölünýär. Ýapyk görnüşli bazarlarda täjirçilik häsiýetsiz maliýe we dolandyryş gözegçiligi amala aşyrylyp, satyjylaryň we alyjlaryň sany çäklendirilýär. Açyk görnüşli bazarlarda bolsa garaşsyz satyjylaryň we alyjlaryň sany çäklendirilmeýär.

Hil düzümi boýunça bazarlar şulara bölünýär: mümkin boljak (potensial), hakyky, öwrenşen, hünärmenlenen (kwalifisirlenen).

**Mümkin boljak bazara** – harydy almak bilen gyzyklanýan sarp edijiler degişlidir. Käbir ykdysady edebiýatlarda ähli bazardaky ýaşajylaryň 10 göterimini mümkin boljak sarp edijiler diýip hasap edip bolýar.

**Hakyky bazara** - zerurlygy bar bolan harytlara we hyzmatlara isleglerini kanagatlandyryp bolýan, tölege ukyply sarp edijiler degişlidirler. Käbir ykdysady edebiýatlarda ähli bazardaky ýaşajylaryň 40 göterimi hakyky bazara gatnaşyjylary diýlip hasaplanýarlar.

**Hünärmenlenen (kwalifisirlenen) bazar** mümkin boljak bazaryň 20 göterimini we hakykyň 50 göterimini tutýär. Sarp edijiler üpjun edýäni bäsdeşlikde saýlamaga haklydyrlar.

**Öwrenşen bazary** belli kärhananyň harytlaryny almagy isleg bildirýän sarp edijiler düzýär. Olar köplenç 5 göterim mümkin boljak we 50 göterim hyzmatlaşlyga alnan bazary tutýarlar.

Görkezilen bazarlar bir birine berk baglydyr. Ýagny haýsam bolsa bir bazarda üýtgemeler bolsa, olar başga bazarlara täsir hem edýär.

Bazar ykdysadyýetiniň ýagdaýy islegleriň we teklipleriň derejelerine berk baglydyr. Ýagny, bu ykdysadyýetde hyrydarlyk we hödürleme höküm sürýär. Sebäbi olaryň gatnaşyklaryna görä bazarlarda nyrhlar kesilýär.

Belli döwrüň içinde kanagatlanyrly bahadan alynjak harytlaryň möçberine i**sleg** diýlip düşünilýär. Eger-de isleg sarp edijiň pul serişdeleri bilen üpjun edilen bolsa onda oňa **tölege ukyply isleg** diýlip aýdylýar.

Bazarda satmak üçin hödürlenýän harytlaryň jemine -**teklip** diýlip düşünilýär.

Eger-de bazarda bir tarap belli harydy diňe ýeke özi ýerleşdirýän ýa-da olaryň ýerlenmegine gözegçilik edýän bolsa oňa **monopoliýa** diýlip düşünilýär. Taryhda monopoliýalaryň dürli görnüşleri ulanylýardy. Şol sanda çakyr, çörek döwlet monopoliýalary we başgalar. SSSR döwründe çakyry , çöregi bazarda ýerleşdirmek diňe döwlet guramalara rugsat berilýärdi. Monopoliýany bir näçe kärhanalar, kompaniýalar bileleşip döredip bilerler. Monopoliýalar kartel, sindikat, trest, konsern we konglomerat guramaçylyk görnüşlerde döredilip bilner.

Öndiriljek önüminiň möçberi (kwotasy) we ýerleşdiriş bazary bölmek barada ylalaşyga gelen kärhanalaryň (kompaniýalaryň) bilelişigine –**kartel** diýilýar. Mysal üçin, nebit öndürýän döwletleriň kompaniýalary "OPEK" atly karteli döretdiler.

Önümi bileleşip ýerleşdirýän kärhanalaryň (kompaniýalaryň) bileleşigine- **sindikat** diýilýar.

Kärhanalaryň (kompaniýalaryň) emlägini, önümini we önümleri ýerleşdirmegini bileleşdirýän monopoliýa- **trest** diýilýar.

Dürli pudaklara degişli, emma bir tehnologiýaly ýeketäk maliýe merkezine bilelişen kärhanalaryň (kompaniýalaryň) monopoliýasyna-**konsern** diýilýar.

Baş firmasy bilen önümçilik we tehnologiki aragatnaşygy bolmadyk pudaklara iri korporasiýalaryň geçip bileleşmelere- **konglomerat** diýilýar. Mysal üçin, “Simens” kompaniýasy – konglomerat. Sebäbi ol dürli pudaklarda hereket edýär.

Bir näçe kärhanalar (firmalar) bazarda esasy ornyny eýelän bolsalar, olaryň bileleşmesine **oligopoliýa** diýilýar. Bu bileleşmäniň esasy häsiýeti – nyrhlar öňdebaryjyň nyrhyna görä kesilýär. Şu ýörelge bazarda köplenç nyrhlar iň güýçli firmalaryň nyrhlaryna görä kesilmegine esaslanýar. Oligopoliýa girýän kärhanalar ýa-da bir meňzeş ýa-da dürli önümleri öndürýärler.

Oligopoliýa ters gelýän düşünje- oligopsoniýa. **Oligopsoniýa**- satyjylaryň birleşigi bolman, sarp edijileriň birleşmesi.

**1.2. Kärhanalaryň döredilişi, döwlet belligine alnyşy, hukuklary we borçlasry.**

**Kärhanalar hereket etmek üçin hokmany suratda döwlet belligine alynmalydyr.**

**Kärhanany döwlet belligine goýdurmak üçin Bellige alyş gullugyna şu aşakdaky resminamalar tabşyrylmalydyr**:

- arza;
- esaslandyryjynyň resminamalary (esasnama, esaslandyryjylaryň şertnamasy, kärhananyň hukuk belgisi hakynda güwänama we gaýry resminamalar);
- kanunçylykda başgaça göz öňüne tutulmadyk bolsa, kärhananyň döwlet belligi üçin alnan ýygymynyň tölenendigini tassyklaýan resminama.

**Kärhanany döwlet belligine almak hakyndaky arzada şular bellenilýär:**

- ady we hukuk salgysy;
- esaslyk maýasynyň möçberi;
- esaslandyryjylaryň sanawy;
- edara görnüşli tarap bolan esaslandyryjylar öz adyny, hukuk salgysyny, oňa hyzmat edýän bankyň maglumatlaryny görkezmelidir;
- şahsy tarap bolan esaslandyryjylar öz adyny, ýaşaýan ýerini we şahsy resminamalaryny görkezmelilir.

Kärhananyň hukuk salgysy barada meselesi ýerleşjek bolýan etrabyň häkimliginde çözülýär.

**Arzanyň ýanyna şular goşulmalydyr**:

- pul görnüşli däl goýumy bolan kärhana döredilende goýumyň bahasy hakyndaky resminama;
- kärhana döwlet belligine alynmazdan öň esaslyk maýasynyň 50 göterimini töländigini tassyklaýan resminama.

Türkmenistanyň ähli kärhanalary olary bellige alyş gullugy tarapyndan tassyklanylan **esasnama (ustaw) ýa-da düzgünnama** laýyklykda hereket etmelidir. **Esasnama ýa-da düzgünnama** kärhananyň pasporty hökmünde çykyş edýär. Kärhananyň esasnamasynyň şertli nusgasy şu gollanmanyň 1-nji goşulmasynda görkezilen.. Esasnamada aşakdaky maglumatlar we düzgünler görkezilýär:

- kärhanany döredijileriň sanawy hem olar barada, esaslyk maýasynyň (ustaw hazynasynyň) möçberi, esaslandyryjylaryň paýlary hakynda maglumatlar;
- kärhananyň hukuk salgysy, işiniň maksatlary we görnüşleri , hukuklary we borçlary barada maglumatlar;
- gaznalaryň döremeginiň tertibi we girdejileriň paýlanyşy;
- kärhananyň dolandyrylyşy we zähmet gatnaşyklarynyň esaslary;
- işi üýtgedip guramagyň we bes etmegiň şertleri;
- hasap we hasabatlylygyň ,Türkmenistanyň kanunçylygyna garşy gelmeýän beýleki düz günleri.

Esaslandyryjylaryň şertnamasynyň şertli mysalyny şu gollanmanyň 2-nji goşulmasyndan görüp bolar. Resminamada kärhananyň esaslyk maýasyna goýuljak goýumlar barada maglumatlar berilýär.

Esaslandyryjy bir tarap bolanda, ýagny ýeke-bara (hususy) kärhana döredilende, esaslandyryş şertnamasy Bellige alyş gullugy tarapyndan talap edilmelidäldir.

Esaslandyryjylaryň **emläk goýumy hökmünde** diňe esaslandyryjynyň eýeçiligi bolan pul serişdeleri (manatlar ýa-da daşary ýurt walýutasy), gymmatly kagyzlar, beýleki zatlar, emläk hukuklary ýa-da pul gymmatlygy bolan beýleki hukuklar **bolup bilerler**. **Şahsy emläk däl hukuklar we maddy däl eşretler** görnüşinde **goýum goýulmagyna ýol berilmeýär**.

**Kärhananyň esaslyk maýasyna goýuljak emläk goýumynyň bahasy esaslandyryjylaryň şertnamasy baglaşylmanka ylalaşylmalydyr**. Eger emläk zaýalansa (hatardan çyksa) we şertnamada başga şert goýulmadyk bolsa onuň öwezini gaýtarmak goýum edijä ýüklenilýär.

**Umumy ýygnagyň razylygy bolmazdan**, emlägiň möhletinden öň alynmagyna **ýol berilmeýär**, ony peýdalanmak hukugy kärhananyň esaslyk maýasyna goýum bolup hyzmat edýär.

**Kärhananyň esaslyk maýasynyň döredilmegi barada giňeşleýin maglumatlar şu gollanmanyň aşakdaky sahypalarynda berilen.**

Türkmenistanyň "Kärhanalar hakynda" kanuna laýyklykda **kärhanany döwlet bellegine almakdan ýüz öwürmäge şu halatlarda ýol berilýär:**

- esaslandyryş resminamalary görkezilen kanuna laýyk gelmese , ýagny kärhanany döretmegiň tertibi bozulsa;
- ýokarda görkezilen resminamalaryň haýsydyr biriniň esaslandyryjylar tarapyndan berilmese;
- kärhananyň işleriniň ähli görnüşleri döwletde hereket edýän kanunlarda gadagan edilende .

**Kärhanany bellige almakdan ýüz öwürmäge başga esas bolmasa ýol berilmeýär.** Kärhanany bellige almakdan ýüz öwrülen halatynda bellige alyjy **ýüz öwrülmeginiň sebäplerini ýazmaça görnüşde düşündirip, edaranyň bellige almaga hödürlän resminamalaryny arzaça gaýtaryp berilmelidir**.

Kärhananyň esaslandyryjylary tarapyndan ähli zerur resminamalary Bellige alyş gullugyna tabşyrylandan soň kärhanany döwlet **belligine almak ýa-da almakdan ýüz öwürmek** hakynda karar kanuna laýyklykda **iki hepdäniň** içinde çykarylmalydyr.

Kärhanany bellige almakdan ýüz öwrülendigi, ony bellige almak üçin bellenilen möhletiň berjaý edilmändigi bilen bagly meseleler **kazyýet arkaly çözülýär.**

**Kärhananyň döwlet belligine alnandagy üçin** Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan **bellenilýän möçberlerde ýygym tölenilýär.**

**Döwlet belligine alnan kärhananyň esaslandyryjylaryna şu gollanmanyň 3-nji we 4-nji goşulmalarynda görkezilen resminamalar berilýär. Ýagny olara döwlet tarapyndan hasaba almak hem-de döwlet sanawyna girizmek baradaky şahadatnama we Türkmenistanyň Edaralaryň ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürme gowşurylýär.**

**Görkezilen şahadatnama ýitirilen halatynda** kärhananyň ýazmaça arzasy esasynda Türkmenistanyň Bellige alyş gullugy **bäş senenama (kalendar) günüň dowamynda** döwlet belligine alnyşy hakyndaky **şahadatnamanyň ikinji nusgalygyny bermegi amala aşyrýar.**

Kärhana d**öwlet bellegine alnandan soň** ygtyýarnamalar talap edilýän işlere ygtyýarnamalary almalydyr. Ygtyýarnamalary almaly işiň görnüşleriniň sanawy bilen şu gollanmanyň 6-njy goşulmasyny görüp tanyşyp bolar. Biziň döwletimizde ygtyýarnamalar 2008-nji ýylyň iýul aýynda kabul edilen “Işleriň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlandyrmak hakyndaky” kanun esasynda talap edilýär.

“Ygtyýarnamalary berýän ministrilikleriň, edaralaryň we ygtyýarlandyrmaga degişli işiň aýry-aýry görnüşleriniň sanawy hem-de ygtyýarlandyrmany resmileşdirmek bilen bagly alynýan döwlet pajynyň möçberleri” Türkmenistanyň Prezidentiniň 2009-njy ýylyň 27-nji fewralynda çykaran N10281 karary bilen tassyklanyldy.

Kanun boýunça ygtyýarnamalary kärhana döwlet belligini alýança talap etmäge ýol berilenok. Döwlet belligine alnan , ygtyýarnamasyz hereket edýän kärhanalaryň , şol işlerden alnan girdejileri (peýdasy) doly möçberde döwletiň haýyryna geçirilýär. Şu düzgüni bozýanlara, şol sanda döwletiň belligine alynmadyk taraplara garşy başga çäreler hem görülip bilner.

Kärhanalar diňe esasnamada (düzgünnamada) görkezilen işleri amala aşyrmaga haklydyrlar. Egerde kärhana başga işleri, goşmaça hyzmatlary amala aşyrjak bolsa, onda ol esasnamasyna (düzgünnamasyna) degişli üýtgemeleri girizip olary Bellige alyş gullukda tassyklatmalydyr.

Kärhananyň esaslandyryş resminamalaryna üýtgeşmeler we goşmaçalar girizilende kärhana Türkmenistanyň Bellige alyş gullugyna **bir hepdäniň dowamynda bu barada habar bermäge borçludyr.**

Kärhananyň adynyň üýtgedilip guralmagy, onuň eýesiniň ýa-da hukuk salgysynyň çalyşmagy, esaslandyryjylaryň düzüminiň, esaslyk maýasynyň möçberi ýa-da kärhananyň işiniň görnüşleri, guramaçylyk-hukuk şekiliniň täzeden üýtgedilmegi, onuň şahamça ýa-da wekillik döretmegi göz öňünde tutýan esaslandyryş resminamalaryndaky üýtgeşmeler kärhananyň diňe gaýtadan bellige alynmagy geçirilen pursatyndan güýje girýär.

**Kärhanany gaýtadan bellige almaklyk** Türkmenistanyň Bellige alyş gullugy tarapyndan **kärhanany bellige almak üçin göz öňünde tutulan tertipde we möhletlerde amala aşyrylýar**.

Kärhanany ýatyrmak önümçilik bilen baglanyşykly batyp galmak hakyndaky işler tamamlananda, şeýle hem ol ýalňyş bellige alnanda ýa-da kärhananyň döredilmegi **kazyýet tarapyndan** hakyky däl diýlip ykrar edilende döwlet belligini geçiren edaranyň **şol kärhananyň bellige alnyşyny ýatyrmaga hukugy bardyr.**

Kärhananyň bellige alnyşyny ýatyrmak edara görnüşli taraplar boýunça **onuň ýeke-täk döwlet sanawyndan çykarylmagyna eltýär.**

Kärhananyň şahamçalary, wekillikleri kärhanalary bellige almak üçin bellenilen tertipde döwlet belligine alynmaga degişlidir we edara görnüşli taraplaryň ýeke-täk döwlet sanawyna goşulýar.

**Şahamçalary we wekilligi bellige almak üçin şu resminamalar hödürlenilýär:**

- şahamçany ýa-da wekilligi döretmek we onuň işini alyp barmak üçin tabşyrylan adamy bellemek hakynda kärhananyň ýolbaşçy edarasynyň kararlary;
- şahamçanyň ýa-da wekilligiň işiniň özeni hakynda maglumat;
- şahamçany ýa-da wekilligi döredýän kärhananyň esasnamasynyň göçürmesi we bellige alnandygy hakynda şahadatnamasy.

Şahamçanyň ýa-da wekilligiň döredilendigi hakynda olary **döredýän kärhananyň ýerleşýän ýeri boýunça Bellige alyş gulluga habar berilýär.**

Türkmenistanyň kanunlary boýunça kärhanalaryň şu **hukuklary** bardyr:

- kanunçylygy tarapyndan gadagan edilmedik işiň bir ýa-da birnäçe görnüşlerini amala aşyrmaga ;
- ygtyýarynda bar bolan emlägi bilen **öz islegi boýunça peýdalanmaga**, ( egerde hereket edýän kanunçylygynda başga şertler göz öňünde tutulmadyk bolsa);
- pul serişdelerini saklamagyň, hasaplaşygyň, karz almagyň we kassa hereketleriniň ähli görnüşlerini amala aşyrmak üçin döwletiň banklaryň birinde **özüniň hasaplaşyk, walýuta we beýleki hasaplary açmaga.** Kärhanalaryň döwleti**ň çäklerinden daşardaky banklarda öz hasabyny** açmagynyň tertibi Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilýär**;**
- **-daşary ykdysady işini, başga döwletleriň kärhanalary bilen hasaplaşyklary** amala aşyrmaga. Şu işleri amala aşyrmak üçin kärhana gollanmanyň 5-nji goşulmasynda görkezilen Türkmenistanyň daşary ykdysady aragatnaşyklara gatnaşyjysynyň şahadatnamasyny almalydyr ;
- öz önümlerini, işlerini, hyzmatlaryny, önümçilik galyndylaryny **özbaşdak bellän nyrhlary we tarifleri boýunça ýa-da şertnamalaýyn** esasda, kanunda göz öňünde tutulan halatlarda bolsa **döwlet nyrhlary boýunça ýerleşdirdirmäge;**
- **bellenilen salgytlary we beýleki hökmany tölegleri býujete töläp, öz girdejilerine ygtyýarlyk etmäge .**
- kanunda **gadagan edilmedik girdejilerden we beýleki çeşmelerden emläkleri edinmek;**
- **bellenilen tertipde ätiýäçlyk we beýleki hazynalaryny döretmek;**
- kanunlarda göz öňünde tutulan başga hukuklary.

Türkmenistanyň kanunlary boýunça kärhanalar şulara **borçlydyrlar**:

- hasaby, hasaplaşyklary we maliýe we statistiki hasabatlary döwletiň **kanunlarynda bellenilen tertipde we ölçeglerde alyp barmaga we degişli döwlet we başga guramalaryna tabşyrmaga;**
- **karzlyk şertnamalary we hasaplaşyklary** baradaky düzgünlerini **berjaý etmäge;**

- nagt pul , **nagt pulsuz edilýän** hasaplaşyklary, karz we kassa hereketleri **Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan tassyklanylan tertibine laýyklykda geçirmäge;**

- diňe ýörite rugsat (ygtyýarnama) esasynda amala aşyrylýan işleriniň aýratyn görnüşlerine ygtyýarnamalary almaga;

.- kanunlara laýyklykda **salgytlary we beýleki hökmany tölegleri tölemäge**.

-özi öndürýän önümleriniň, **ýerine ýetirýän işleriniň, hyzmatlarynyň hiline jogap bermäge, döwletiň ülňilerini (standartlaryny) berjaý etmäge;**

**-Türkmenistanyň "Zähmet hakynda" kanunçylygynda** bellenilen kadalary we **şertleri berjaý etmäge. Ýagny işgärlere zähmete hak tölemegiň Türkmenistanda bellenilen iň pes möçberini, zähmetiň sagdyn we howpsuz şertlerini we olary durmuş taýdan goramagyň çäklerini üpjün etmäge;**

**- işgäriň saglygyna ýetirilen zyýan** üçin kanunlarda göz öňüne tutulan **jogapkärçiligi çekmäge;**

- kärhanalaryň işine gözegçiligi amala aşyrmak wezipesi ýüklenilen **salgyt, tebigaty goraýyş we beýleki edaralara öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde kärhananyň işini barlamak üçin şertleri döretmek.**

- kanunlarda göz öňünde tutulan başga borçlary berjaý etmäge.

Kärhananyň ýolbaşçylary öz borçlaryny we hukuklaryny gowy bilmelidirler. Borçlary gyşarnyksyz berjaý edip, hukuklaryny bolsa öz wagtynda ulanmagy we talap etmäni başarmalydyrlar.

"Kärhanalar hakynda" kanun, başga kanunlar bilen bilelikde ýolbaşçylaryň öň ýanynlarynda mydama bolmalydyr. Kanunlara esaslanyp hereket edýän ýolbaşçylaryň işleri köplenç rowaç bolýar we üstünliklere getirýär.

Dünýä tejribesinde kärhanany açmagyň, ygtyýarnamalary almagyň tertibi ýyl ýyldan aňsatlaşýär. Onuň hem sebäbi bar. Kärhanalaryň sany köpelse döwletiň (ýerli býujetleriň) girdejileri , iş ýerleri köpelýär. Käbir döwletlerde (Orsýetde, Ýewropa bileleşigine girýän döwletlerde) kärhanany döwlet bellegine goýdurmak üçin bir aýna (edara) ýüz tutmak ýeterlik. Başga edaralar (statistiki, salgyt , ygtyýarnamalaşdyrýän gulluklary, bank) bilen ýüze çykýan meseleleri, şol "aýna" (edara) internet ýa-da göni aragatnaşyk ulgamyň kömegi bilen özi çözýär. Görkezilen usullar bilen esasy meseleleriň biri , döwlet pajlara, esaslyk maýasyna we ygtyýarnamalar üçin pul serişdeleri geçirmek ýaly meseleleri hem çözülýär. Mälim bolşy ýaly, häzirki döwürde pul serişdeleri geçirmekligi hem ýyl ýyldan aňsatlaşýär. Käbir döwletlerde iri kompaniýalaryň ýolbaşçylary ofisdan çykman başga taraplar bilen bankyň üstünden nagt däl hasaplaşyklary geçirýärler. Şol kompaniýalaryň banklar bilen göni aragatnaşyk ulgamlary bar.

Kärhanany açmagyň, ygtyýarnamalary almagyň tertibini aňsatlaşdyrmakda döwlete, raýatlara zyýan gelmegiň howplaryny ätiýäçlandyrmagy hem unutmalydäldir.

**1.3. Kärhananyň işiniň ýatyrylmagy, onuň jogapkärçiligi we jedellerine seredilmegi.**

Kärhananyň işi meýletin ýa-da mejbury tertipde bes edilip bilner.

**Kärhananyň işi meýletinlik tertibinde şu kararlar esasynda islendik wagtda bes edilip bilner:**

**-** döwl et kärhanasynyň, jemgyýetçilik guramasy kärhanasynyň eýesiniň;

- kärhananyň ülüş (paý) eýeçiliginiň hukugyna esaslanan ähli gatnaşyjylarynyň.

Eger kärhananyň işini bes etmek hakyndaky kararda onuň gatnaşyjylarynyň **ýarysy ses beren bolsalar** we esaslandyryş resminamalarda başga ýagdaý göz öňünde tutulmadyk bolsa, onda karar „Kabul edildi" diýlip hasaplanylýar**.**

**Kärhananyň işi kazyýetiň karary boýunça şu ýagdaýlarda mejbury tertipde bes edilýär:**

- batyp galmagy netijesinde;

- bellige alnanda kanunçylygynyň bozulandygy bilen baglanyşyklylykda kärhananyň bellige alnyşynyň hakyky däldigi ykrar edilende;

- eger ygtyýarnama almaga degişli bolup, özü-de işini ygtyýarnamasyz amala aşyrsa ýa-da kanunda gadagan edilen işi amala aşyrsa;

- kalendar ýylynyň dowamynda bikanun işleri ençeme gezek amala aşyrsa ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygyny, beýleki düzgünnamalary gödek bozanda;

**Kärhananyň işi, ýokarda görkezilen esaslardan başga-da, şular ýüze çykanda bes edilýär:**

- kärhananyň işiniň esasnamada görkezilen möhletiniň gutarmagy;

- eger esaslyk maýasynyň azalmagy netijisende onuň jemi kärhanalar üçin kanun tarapyndan göz öňünde tutulan guramaçylyk-hukuk görnüşine degişli iň pes möçberinden kiçi bolanda ýa-da kanunda bellenilen möhletlerde esaslyk maýasy goýulmasa;

- kärhana üýtgedilip guralanda.

Salgyt salýan, ygtyýarnamalar berýän, ekologiýa, sanitariýa, arhitektura, tehniki howpsuzlyk we ýangyna garşy goranyş meselelerini alyp barýan edaralaryň kärhananyň işini togtamak hakynda **teklip girizmäge** hukugy bardyr. Bu meseleler boýunça jedeller kazyýet tertibinde çözülýär.

**Kärhananyň işi onuň edara görnüşli taraplarynyň ýeke-täk döwlet sanawyndan çykarylan pursatyndan başlap, bes edilen hasap edilýär.** Kärhanany döwlet sanawyndan kanuna laýyklykda çykartmak üçin tejribede köplenç bir aýdan gowyrak wagt gerek bolýär. Tejribede kärhanany ýaptyran esaslandyryjylaryň aýdyşlaryna görä kärhanany döwlet sanawyndan çykarmak döwlet sanawyna aldyrmakdan kyn. Emma şol işleri geçirmedik esaslandyryjylar, kärhana hereket etmesede degişli döwlet guramalara hasabatlary bermäge borçlydyrlar.

**Kärhananyň ýatyrylmagy** bilen hukuklary we borçlary başga bir kärhana mirasdüşerlik tertibinde geçmedik bolsa, **onuň işi bes edilýär.**

Kazyýet, kärhananyň eýesi, esaslandyran edarasy kärhanany ýatyrmak hakynda karary kabul edip bilerler. Olar ýatyrylyşygy geçirmegiň tertibini we möhletlerini belläp, **ýatyryş toparyny bellemelidirler**.

Kärhananyň ýerine ýetiriji edarasy ýatyryş toparynyň bellenilen gününden başlap, kärhanany dolandyrmak boýunça **öz ygtyýarlyklaryndan mahrum bolýar**, **onuň wezipesi ýatyryş topary tarapyndan ýerine ýetirilýär.**

Ýatyryjy topar döwlet bellige alyş edarasyna kärhananyň hukuk ýagdaýynyň üýtgänligi barada **habary** we toparyň özi hakynda maglumatlary berýär. Şonuň bilen birlikde edara görnüşli taraplaryň ýeke-täk döwlet sanawynda kärhananyň ýatyrylyşynyň gidişi hakynda **bellik edilýär.**

Ýatyryjy topar kazyýetde ýatyrylýan kärhananyň wekili bolup çykyş edýär, algydarlaryň ýüze çykarylmagy we bergidarlardan bergileriniň alynmagy üçin degişli çäreleri görýär.

Ýatyrylýan kärhana diňe özüniň ýatyrylýandygy bilen baglanyşykly , şeýle hem ýatyrmak hakyndaky kararda göz öňünde tutulan geleşikleri baglaşyp biler. Kärhana ýatyryjy toparyň işi üçin jogapkärçilik çekýär.

**Kärhananyň ýatyrylýandygy hakynda her bir algydara ýazmaça görnüşde habar edilýär. Resmi metbugat edaralarynda kärhananyň ýatyrylýandygy, onuň algydarlary tarapyndan talaplary bildirmegiň tertibi we möhletleri hakynda habar ( bildiriş) ýerleşdirilýär.**

Algydarlar tarapyndan talaplaryň bildirilmegi üçin bellenilen möhlet tamamlandan soň, **ýatyryjy topar aralyk ýatyryş balansy düzýär**, onda ýatyrylýan kärhananyň emläginiň düzümi hakyndaky maglumatlar, algydarlar tarapyndan bildirilen talaplaryň sanawy we olara seretmegiň netijeleri öz beýanyny tapmalydyr. **Aralyk ýatyrylyş balansy** kärhanany esaslandyryjylar (gatnaşyjylar) ýa-da kärhanany ýatyrmak hakyndaky karary kabul eden dolandyryş edarasy **tarapyndan tassyklanmaga degişlidir.**

Ýatyryjy topar algydarlar bilen hasaplaşyklary amala aşyrýar.

Eger kärhanada bar bolan pul serişdeleri algydarlaryň talaplaryny kanagatlandyrmak üçin **ýetirlik bolmasa**, ýatyryjy topar **ýatyrylýan kärhananyň emläginiň satuwynyň açyk söwdasyny amala aşyrýar.**

Ýatyrylýan döwlet kärhanasynyň emlägi algydarlaryň talaplaryny kanagatlandyrmak üçin ýeterlik ýagdaýynda bolmasa, **soňkularyň talaplarynyň galan böleginiň bu kärhananyň emläginiň eýesiniň hasabyna kanagatlandyrmak hakyndaky talap bilen kazyýete ýüz tutmaga haky bardyr**.

Algydarlar bilen hasaplaşyklary tamamlanlaryndan soň, ýatyryjy topar ýatyryş balansyny düzýär, ol kärhanany esaslandyryjylar (gatnaşyjylar) ýa-da kärhanany ýatyrmak hakyndaky karary kabul eden kärhananyň dolandyryş edarasy tarapyndan **, şeýle hem garaşsyz auditor tarapyndan tassyklanylýar.**

Kärhana edara görnüşli taraplaryň ýeke-täk döwlet sanawyndan çykarylandan soň, “**Kärhananyň ýatyrylmagy gutardy, kärhana bolsa dowam etmegini bes etdi” diýlip hasaplanýar**.

**Kärhana ýatyrylanda onuň algydarlarynyň talaplary şeýle nobat boýunça kanagatlandyrylýar**:

- **birinji** nobatda ýatyrylýan kärhana ömrüne ýa-da saglygyna zyýan ýetirilenligi üçin öňünde jogapkärçilik çekýän raýatlaryň talaplaryny kanagatlandyrýar;

- **ikinji** nobatda işden boşadylanda berilýän kömek pulunyň we kärhanada zähmet şertnamasy boýunça pul haklarynyň hasaplaşygy geçirilýär;

- **üçünji** nobatda algydarlaryň ýatyrylýan kärhananyň emläginiň girewi bilen üpjun edilen borçnamalary boýunça olaryň talaplary kanagatlandyrylýar;

- **dördünji** nobatda salgyt, döwlet hem-de ýerlerdäki hökümet edaralaryna beýleki tölegler boýunça hökmany bergiler, şeýle hem bank karzlary boýunça bergiler üzlüşilýär.

- **bäşinji** nobatda beýleki algydarlar bilen hasaplaşyklar geçirilýär.

**Her nobatyň talaplary şonuň öň ýanyndaky nobatyň talaplary kanagatlandyrylandan soň kanagatlandyrylýar**.

Algydarlaryň talaplary kanagatlandyrylandan soň, ýatyrylýan kärhananyň galan emlägi onuň şu emläge zat ýa-da bu kärhana babatda borçnama **hukugy bolan gatnaşyjylara berilýär.**

Kärhananyň batmagy onuň kazyýet tarapyndan ykrar edilmeginiň ýa-da onuň özüniň batyp galandygyny yglan etmeginiň esaslary, şeýle hem bular ýaly kärhananyň ýatyrylmagynyň tertibi Türkmenistanyň "Batyp galmak hakynda" kanuny tarapyndan bellenilýär.

**Kärhana** öz işini amala aşyranynda Türkmenistanyň kanunçylygyny, raýatlaryň, beýleki kärhanalaryň we döwletiň hukuklaryny hem-de **kanun tarapyndan goralýan bähbitlerini bozmaly däldir.**

Kärhanalar , olaryň ýolbaşçylary we esaslandyryjylary kärhanalaryň işini düzgünleşdirýän Türkmenistanyň kanunlaryny bozandygy üçin şol kanunlarda göz öňünde tutulan **jogapkärçiligi çekýärler**. **Kärhanalaryň jedelleri** kanunlarda, düzgünnamalarda bellenilýän tertipde seredilýär.

**2. Kärhananyň ykdysadyýetinde öndüriji güýçleriň orny.**

**2.1. Kärhanada zähmet bilen bagly hukuk-ykdysady gatnaşyklar**.

Adamzat ýaşamak üçin hökmany suratda önümleri öndürmeli. Önüm öndürmek üçin adamlar hökmany suratda işlemelidir .

Ykdysady nazaryýeti boýunça **zähmet**-bu maddy we ruhy gymmatlyklary döretmäge gönükdirilen adamlaryň hereketleri. Şol hereketleriň netijesinde peýda ýa-da durmuş (sosial) netijiler gazanylýar. Agzalan gymmatlyklary döretmek üçin şahsýetler, telekeçiler hereket edýär, ýörite kärhanalar , edaralar açylýar we olarda öndüriji güýçler ulanylýar.

Öndüriji güýçlerde işçi güýji aýratyn orun tutýar. Dürli jemgyýetlerde öndüriji güýjiň işji güýji bilen birikdirmegi dürli usul bilen geçirilýär. Biziň döwletimizde kärhanalarda şol birikdirme erkinlik ýörelge (prinsipi) esasynda amala aşyrylýar.

Ykdysady edebiýatlarda **zähmet iki görnüşe bölünýär: fiziki we akyl-paýhas zähmete.** Käbir ýagdaýlarda kärhanalarda bir işgär hem fiziki hem akyl-paýhas zähmeti çekip biler.

Ykdysady edebiýatlarda zähmet çekilýän wagt bir näçe bölege bölünýär Şol sanda: işgäriň güýjini dikeltmek, maşgalasyny eklemek, döwlete salgytlary we ýygymlary tölemek, iş berijä peýda getirmek we ätiýäçlandyryş üçin sarp edilýän wagta. Iş berijiň we işgäriň arasynda iş wagty şeýle takyk bölünmesede olar öz gatnaşyklarynda, aýratyn hem iş berijiler, şony (iş wagtyň bölenmegini) göz öňünde tutýarlar.

Iş berijiň we işgäriň arasynda gapma garşylyklar ýüze çykmaz ýaly olaryň gatnaşyklarynda adalatlyk bolmalydyr . Iş beriji köplenç esasy we dolanyşyk serişdelere goýum edip dürli töwekgelçilikleri öz üstüne alyp , peýda gazanmaga haklydyr. Emma oňa peýdany getirýän işgäriniň bähbitlerini hem ýatdan çykarmalydäldir.

Döwletimizde zähmet bilen bagly hukuk-ykdysady gatnaşyklary **Türkmenistanyň zähmet hakyndaky kanunlar kodeksi** bilen çäklendirilýär. Şol kodeks ilkinji gezek 1972-nji ýylyň 28-nji iýundaky Kanuny bilen tassyklanylan. Şondan soň muňa Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan bir näçe üýtgetmeler girizilen. Garaşsyzlyk döwründe ilkinji Türkmenistanyň zähmet hakyndaky kanunlar

kodeksi 1993-nji ýylyň oktýabr aýynyň 1-ne çenli girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen döwletiň öňki ýustisiýa (häzirki adalat) ministriligi tarapyndan 1994-nji ýylda “Ruh” neşiriýatynda çap edildi.

2009-nji ýylyň birinji maýynda Türkmenistanyň täze Zähmet Kodeksi , tassyklanylyp metbugatda çap edildi.

Kodeks kärhanalaryň guramaçylyk - hukuk we eýeçilik görnüşlerine garamazdan ählisine degişli.

Kodeksde işgärleri işe kabul etmeklik, işgäriň we iş berijiniň hukuklary hem-de borçlary , işgäri işden boşatmagyň, dynç , baýramçylyk günlerinde işletmegiň tertipleri görkezilýär we başga zähmet gatnaşyklary düzgünleşdirilýär**.**

**Raýatlaryň zähmet** çekmäge, şol sanda öz islegine görä hünär we iş ýerini saýlap almaga, şeýle hem işsizlekden goralmaga bolan **hukulary Türkmenistanyň konstitusiýasy tarapyndan kepillendirilýär.**

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýýyklykda milletine, teniň renkligine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk we wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, ýaşyna, dine garaýşyna, syýasy ygtykadyna, partiýa degişliligine ýa-da haýsydyr bir partiýa degişli däldigine, şeýle hem işgärleriň işewür sypatlary hem-de olaryň zähmetiniň netijeleri bilen baglanyşykly bolmadyk gaýry ýagdaýlara baglylykda zähmet hukuklarynda çäklendirmä ýa-da olary durmuşa geçirmekde haýsydyr bir artykmaçlary almagyna **ýol berilmeýär.**

Zähmetiň aýratyn görnüşlerine mahsus talaplar ýa-da ýokarlandyrylan durmuş we hukuk goragyna mätäçlik edýän adamlar (aýallar, kämillik ýaşyna ýetmedik çagalar, maýyplar we başgalar) hakynda döwletiň aýratyn aladasy bilen şertlendirilen, Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen zähmet çygryndaky tapawutlar halkara standartlara laýyklykda hukuk kemsidilmegi diýlip **hasap edilmeýär.**

**Kodeksde** bellenen halatlardan başga halatlarda **mejbury zähmet gadagan edilýär.**

**Iş beriji** işgärleriň zähmetini guramaga, zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy üçin **şert döretmäge,** zähmet we önümçilik düzgün-nyzamyny üpjun etmäge, zähmet hakyndaky kanunlary goramak kadalaryny berjaý etmäge**, işgäriniň isleg – hajatlaryna** içgin garamaga, olaryň zähmet we durmuş şertlerini gowylandyrmaga **borçlydyr**.

**Işgärleriň** aşakdaky hukuklary bardyr we olar şulary talap etmäge **hakly**dyr:

- bellenilen tertipde we şertlerde zähmet şertnamasyny baglaşmaga, ony üýtgetmäge we ýatyrmaga;
- zähmet şertnamasynda şertlendirilen işiň özüne berilmegini talap etmäge;
- zähmeti guramagyň we tehniki howpsuzlygyň döwlet standartlarda göz öňünde tutulan şertlere, sanitariýanyň we arasyçylygyň, köpçülekleýin şertnamanyň (ylalaşygyň) talaplaryna laýyk gelän iş ýerine**;**
- zähmet, tehniki howpsuzlyk şertleri we iş ornunda zähmeti goramagyň talaplary hakynda doly we ygtybarly maglumata;
- deň zähmet üçin deň hak-heşdegiň berilmegini, hiç bir hili kemsitme alamatlarynyň bolmazlagyna hem-de kanunda bellenen iň pes zähmet hakyndan hem az bolmazlygyny**;**
- özüne hasaplanan zähmet haky we ondan tutulan tutumlar hakynda maglumatlary almaga;
- käbir hünärler we işler üçin iş wagtynyň aňryçäk dowamlylygynyň bellenmegini, hepdelik dyňç günleriniň we, işlemeýän baýramçylyk we ýatlama günleriniň berilmegini, şeýle hem her ýylky hak tölenilýän esasy we goşmaça rugsatlary bermek bilen üpjün edilýän dynç almagyny;
- hünär taýýarlygyna, gaýtadan taýarlanmaga we hünäri ýokarlanmaga;
- ylmy-tehniki eýeçilige, rasionalizatorçylyk ýa-da oýlap – tapyjylyk üçin awtorlyga, şeýle hem awtorlyk hukuklary üçin sylaga;
- öz zähmet hukuklaryny, azatlyklaryny we kanuny bähbitlerini goramak üçin döwletiň kanunlaryna laýyklykda kärdeşler arkalaşyklara, şeýle hem beýleki jemgyýetçilik birleşiklerine birleşmäge;
- Türkmenistanyň kanunçylygynda, köpçülekleýin şertnamada göz öňünde tutulan görnüşlerde kärhanany dolandyrmaga gatnaşmaga;
- iş berija ýa-da onuň hukuk mirasdüşerine patentler berlen we jemgyýetçilik önümçiliginde peýdalanylan oýlap tapyşlaryň we senagat nusgalarynyň awtorlary üçin ylmy intellektual eýeçiligiň obýektini işläp taýýarlajylar (döredijiler) üçin bellenen pul tölege, şeýle hem kärhanalaryň

tertipnamalarynda we Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda ylmy-intellektual eýeçilik obýektini peýdalanmakdan, hususyýetçiniň alan peýdasynyň (girdejisiniň) paýyna;

- Türkmenistanyň kanunçylygy tarapynadan gadagan edilmedik usullaryň hemmesi bilen öz zähmet hukuklarynyň, azatlyklarynyň we kanuny bähbitleriniň goralmagyna we goralyp saklanylmagyna, şeýle hem şahsy maglumatlarynyň goralmagyna;
- köpçülekleýin şertnamany (ylalaşygy) işläp taýarlamaga gatnaşmaga we onuň bilen tanyşmaga;
- Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda öz zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly öz saglygyna ýa-da emlägine ýetirilen zyýanyň (zeleliň), şol sanda ahlak zeleliniň öweziniň dolanmgyna kepilliklere we öwezini doluş pullaryna;
- ýaşy boýunça , zähmete ukyplylygyny ýitirende ekleýjisini ýitirende we kanunda bellenen beýleki ýagdaýlarda döwlet durmuş ätiýäçlandarmasyna durmuş üpjünçiligine;
- kanunlarda, zähmet şertnamasynda, köpçülikleýin şernamada (ylalaşykda) göz öňünde tutulan beýleki hukuklara**.**

**Işgärler** şulara **borçlydyrlar:**

- öz zähmet borçlaryny päk ýürekden ýerine ýetirmäge;
- bellenilen zähmet kadalaryny (kadalaşdyrmalaryny) ýerine ýetirmäge;
- zähmet düzgün-nyzamyny, kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalaryny berjaý etmäge;
-iş berijiniň kanunlara, kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalaryna we köpçülekleýin şertnamasyna (ylalaşygyna) ters gelmeýan ýazmaça ýa-da dilden berýän buýruklary berjaý etmäge;
- zähmeti goramak we zähmetiň tehniki howpsuzlygyny üpjun etmek baradaky kadalary, gollanmalary, düzgünnamalary berjaý etmäge;
- resminamalary, maddy , pul we gaýry gymmatlyklary saklamagyň bellenilen tertibini berjaý etmäge;
- öndürilýän önümiň, ýerine ýetirilýän işleriň, bitirilýän hyzmatlaryň hiline bolan bellenilen talaplaryň berjaý edilmegini üpjun etmäge, işde ýaramaz hilli önümiň öndürilmegine ýol bermezlige, tehnologik düzgün-nyzamyny berjaý etmäge;
-iş berijiniň (eger iş beriji emlägiň aýawly saklamagy üçin jogapkärçilik çekýän bolsa, şol sanada üçünji taraplaryň emlägine) we beýleji işgärleriň emlägine aýawly garamaga;
- öz iş ornuny tertipli we arassa saklamaga;
- kanunçylyga laýyyklykda döwlet, täjirçilik we gaýry syrlaryny düzýän, özüne ynanylan maglumatlary aýan etmezlige;
- adamlaryň ömrüne we saglygyna, iş berijiniň emläginiň abat saklamagyna howp döredýän ýagdaýyň ýüze çykankygy hakynda iş berijä-da gös-göni ýolbaşça gaýra goýman habar bermäge (eger iş beriji emlägiň abat saklanmagy üçin jogapkärçilik çekýän bolsa, şol sanda iş berijidäki üçinji taraplaryň emlägine);
- zähmet kanunçylygynda, zähmet şertnamada, köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) göz öňünde tutulan beýleki borçlary ýerine ýetirmäge.

**Işgär işe kabul edilende Türkmenistanyň kanunlarynda şu resminamalary talap edilmegi göz öňünde tutulan:**

- şahsýeti tassyklaýan resminamany (pasport ýa-da onuň ornuny tutýan başga resminama, on alty ýaşa çenli -dogluş hakyndaky şahadatnama);
- harby borçlular we harby gulluga çagyrylmaga degişli adamlar üçin harby hasabyň resminamasyny;
- zähmet depderçisini (ilkinji gezek işe girmeýän bolsa);
- okuw jaýyny gutaranlygy hakyndaky diplomy ýa-da işi ýerine ýetirmäge hukuk berýän şahadatnamany, ýa-da başga bir degişli resminamany;
- saglyk ýagdaýy hakynda lukmançylyk netijenamasy we eger olaryň görkezilmegi Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan bolsa işe gatnaşygy bolan gaýry ýagdaýlary tassyklamak hakynda beýleki resminmalar.

Zähmet şertnamasy baglaşylanda iş berijiniň Türkmenistanyň kanunlarynda göz öňünde tutulmadyk **resminamalary talap etmäge haky ýokdur.**

Aýry-aýry halatlarda döwlet ýa-da beýleki işiň (gullugyň) aýranynlygyny hasaba almak bilen zähmet şertnamasy baglaşylanda Türkmenistanyň kanunçylygy bilen goşmaça resminamalary **görkezmegiň zerurlygy göz öňünde tutulyp bilner.**

Işe kabul edilýän işgär bilen ýazmaça zähmet şertnamasy, kontrakt baglaşylýar. Zähmet şertnamasynyň baglaşylmagy kärhanada (edarada) buýruk bilen resmileşdirilýär

**Zähmet şertnamalary şu möhletler bilen baglaşylýar**:

- kesgitsiz möhlete (möhletsiz);
- kesgitli möhlet bilen ýöne bäş ýyldan köp däl.

Möhletli zähmet şertnamasy şu ýagdaýlarda baglaşylyp bilner:

- wagtlaýyn ýok işgäri çalyşmak üçin , Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna laýyklykda onuň iş ýeri saklanyp galanda;
- betbagtçylykly hadysalaryň, awariýalaryň, heläkçilekleriň, epidemiýalaryň epizootiýalaryň öňüni almak boýunça gyssagly işleri geçirmek üçin, şeýle hem görkezilen we beýleki adatdan daşary ýagdaýlaryň netijelerini düzetmek üçin;
- daşary ýurda işe iberilýän adamlar bilen;
- wagtlaýyn (iki aýa çenli) işleriň, şeýle hem möwsümleýin işleriň ýerine ýetirilýän wagty üçin, şonda tebigy şertleriň esasynda iş diňe kesgitli wagtyň (möwsümiň) dowamynda geçirilip bilner;
- agyr ýa-da aýratyn howa şertleri (suwsuz, çöllük) bolan ýerlerdäki kärhanalkara işe girilýän adamlar bilen, eger bu iş ýerine göçmek bilen baglynyşykly bolsa;
- başga kanunda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda.

Eger taraplaryň hiç birisi möhletli zähmet şertnamasynyň möhletiniň gutarylmagy bilen baglynyşykly onuň ýatyrylmagyny talap etmese, işgär bolsa zähmet şertnamasynyň möhleti gutarandan soň işini dowam etdirse, onda zähmet şertnamasy kesgitsiz **möhlete baglaşylan diýlip hasap edilýär**.

Işgärleriň geljekde işden boşadylmagy hakynda olara azyndan **iki aýdan gija galman hut özlerine gol çekdirilip duýdurylýar**.

Işgärleriň sanyny azaltmak baradaky çäreleriň durmuşa geçirilmegi bilen baglanyşyklylykda zähmet şertnamasy ýatyrylan mahalynda kärhanada işden boşadylýan işgärlere:

- işden çykylanda üçin **ortaça aýlyk zähmet haky möçberinde kömek pul serişdeleri tölenilýär**;
- işe ýerleşýän döwri üçin **ortaça zähmet haky saklanylýar**, ýöne ol işden çykylanda berilýän kömek puluny hasaba almak bilen **işden boşadylan günden başlap iki aýdan köp bolmaly däldir;**

Eger işe ýerleşdiriş edarasynyň karary boýunça kadadan çykma tertibinde we işgäriň bu edara öz wagtynda (işden boşandan soň iki hepde möhletde) ýuz tutan we işe ýerleşdirilmedik şertinde we işden boşan gününden başlap **üç aýyň içinde ortaça zähmet haky saklanýar**.

Iş hakynyň tölenmeginiň her bir gezeginde tutulyp galynýan ähli pultutumlarynyň umumy möçberi işgäre tölenmeli iş hakynyň **20 göterimden köp bolmaly däldir**, kanunlarda aýratyn göz öňünde tutulan halatlarda bolsa iş hakynyň **50 göterimden köp bolmalydäldir.**

Kazyýetiň kararlaryň birnäçesi boýunça iş hakyndan pul tutulyp galynan mahalynda**, işgäre iş hakynyň azyndan 50 göterimi tölenilmelidir. Emma bu tertip bellenilen çäklendirmeler düzediş işlerinde jeza çekilýän mahalynda we kemala gelmedik çagalar üçin pul (aliment) töledilýän mahalynda iş tutulyp alynýan tutumlara degişli däldir.**

Kärhananyň ýolbaşçylary işgärleri diňe **kanuna laýyklykada** işe kabul edip işletmelidirler hem kanun boýunça işden olary boşatmalydyrlar. Bikanun hereketler olary erbet ýagdaýlara getirip biler**. Iş beriji işgäriň zähmet çekmek mümkinçilikden bikanun** mahrum eden ýagdaýlaryň ählisinde onuň almadyk zähmet hakyny tölemäge borçludyr.

Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda kärhanalarda işgärleriň iş wagtynyň kadaly dowamlylygy hepdede **40 sagatdan ýokary geçip bilmez.**

Iş wagtynyň gysgaldylan dowamlylygy aşakdaky ýaly bellenilýär:

**16 ýaşdan 18 ýaşa** çenli bolan işgärler üçin- hepdede **36** sagatdan köp bolmaly däl, **16 ýaşa** çenli bolan adamlar üçin bolsa hepdede **24** sagatdan köp bolmaly däl.

Zähmetiň zyýanly, aýratyn agyr şertleri bolan işgärlerde işleýän işgärler üçin hepdede 36 sagatdan köp bolmalydäldir.

Dynç , işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günlerinde ýerine ýetirilen işiň taraplaryň ylalaşygy boýunça dynç günleriň berilmegi ýa-da **iki esse möçberde hak tölemek öwezi dolunyp bilner**.

**2.2.Zähmete hak tölemegi we zähmet öndürijiligi.**

Işçi güýjyni ulanmak üçin kärhanalar hereket edýän kanunlara laýyklykda hökmany suratda öz işgärlerine zähmet haklary tölemelidirler. Zähmete hak tölemegiň görnüşi ýerine ýetiriljek işleriň (hyzmatlaryň) aýratynlyklaryna görä tapawutlanyp bilner. Emma umumy döwletiň kanunçylyk talaplary kärhananyň eýeçiligine garamazdan doly berjaý edilmelidir.

Ykdysady edebiýatlarda zähmete hak iki topara bölünýär: nominal we hakyky(real) haklara.

**Nominal zähmet hakyna** baha onuň daşky görnüşine görä berilýär. Nominal zähmet haky işgäriň näçe manat, dollar ýa-da başga pul birliginde hak alandygyny görkezýär.

**Hakyky (real) zähmet hakyna** bolsa şol hakyň alyjylyk ukyplylygyna (haryt-hyzmat bilen üpjünçiligine) görä baha berilýär.

Dürli döwletlerde ABŞ-nyň dollarynda deň möçberdäki pul serişdelere hili boýunça deň derejedäki harytlary (hyzmatlary) satyn alyp bolanok. Zähmet haklaryň alyjylyk ukuplylyklary dürli sebäplere , şol sanda döwletde hereket edýän nyrhlaryň, zähmet haklaryň derejelerine we başga sebäplere görä, tapawutlanyp bilner. Mysal üçin, biziň döwletimizde real haky başga döwletleriň nominal haklary bilen deňeşdireňde ýokary. Sebäbi bizde elektrik energiýa, gaz , suw, nahar duzy mugt. Käbir hyzmatlaryň, harytlaryň bahasy (komunal çykdajylary, aragatnaşyk hyzmatlary, benzin) örän arzan. Netijede biziň döwletimizde hakyky (real) zähmet haky köp döwletleriň zähmet hakyndan ýokary.

Şol sebäpli seljeriş işleri geçirilende agzalan tapawutlary hökmany suratda göz öňünde tutulmalydyr.

Ykdysady edebiýatlarda **zähmet hakyny tölemegiň 2 sany görnüşi** görkezilýär. Şolaryň içinde:

- işgäriň işlän wagtyna görä;
- işgäriň önüm öndirijiligine (ýerine ýetiren işine) görä.

**Işgäriň işlän wagtyna görä** zähmet haky öňünden bellenilýär we hakyky işlän sagadyna ýa-da iş gününe köpeldilip tölenýär. Işgärleriň işlän sagatlary tabellerde ýa-da elektron usuly bilen hasaba alynýar.

**Işgäriň önüm öndirijiligine (ýerine ýetiren işine)** zähmet haky öndürilen önümleriniň ýa-da detallaryň sanyna, ýerine ýetirilen işleriň ýa-da amallaryň möçberine görä tölenýär**.** Işleriň, **d**etallaryň , amallaryň bahalary döwlet guramalary, ýa-da kärhananyň ýolbaşçysy tarapyndan öňünden kesgitlenýär.

Öz gezeginde şu zähmete hak tölemegiň görnüşi käbir edebiýatlarda dürli hak tölemegiň ulgamlaryna (usullryna) bölünýär. Şol sanda: raýat-hukuk häsiýetli ylalaşyklar boýunça ýerine ýetirilen işler üçin, akkord, göni we gytaklaýyn sylag, ýekebara, toparlaýyn hak tölemegiň ulgamlaryny (usullaryny) görkezip bolar. Ýagny , önüm öndirijiligine (ýerine ýetiren işine) görä işlejek işgärleri höweslendirmek üçin belli işleri belli wagtda ýa-da bellenilen wagtyndan öň ýerine ýetirilse sylaglar (bonuslar) öňünden meýilnamalaşdyrylyp tölenýär.

**Raýat-hukuk häsiýetli ylalaşyklar** boýunça ýerine ýetirilen işler üçin zähmet haklary bir wagtlaýyn işlere tölenýär. Bu ylalaşyklar köplenç esasy işgärleriň güýji bilen ýerine ýetirilip bolmaýan işlere ýa-da ýörite şu işler üçin nyzamda işgärleri saklamak amatsyz bolanda baglaşylýar. Mysal üçin, demir sandygyň (seýfiň) açary ýitdi ýa-da döwülip içinde galdy. Kärhana ýörite hünärmen bilen raýat-hukuk häsiýetli ylalaşygy baglaşmaga mejbur bolýar. Işiň ähli şertleri , şol sanda hem tölenjek haky, tutulýan salgydyň möçberi, işiň ýerine ýetirilmegiň möhleti, ýerine ýetirijiň şahsy resminamalaryň maglumatlary we başga şertler hem maglumatlar ylalaşykda (şertnamada) görkezilýär. Bu işler üçin zähmet haklary köplenç ýokary bolýar. Görkezilen ylalaşyklar boýunça işleýän işgärlerden zähmet kitapçalary talap edilenok. Sebäbi şol işgärleriň başga ýerde hem işlemäge haklary bardyr.

**Akkord-sylag usuly** ulanynda, edilmeli işler ýörite resminamada-akkord – buýruklarda (narýatda) ýazylyp we şol resminamanyň bir nusgasy ýerine ýetirjek tarapa berilip amala aşyrylýar. Zähmet haky işler tamamlanyp tabşyrylsa akkord-buýrugyň esasynda tölenýär.

Öňki döwürlerde akkord-sylag usuly gurluşykda giň ulanylýardy.

Zähmete hak tölemegiň ulgamy şol işleri göni ýerine ýetirijilere meýilnamalaşdyrylýan bolsa oňa – "**göni** ýerine ýetiriş –sylag" zähmete hak tölemegiň usuly ýa-da görnüşi diýilýär. Eger-de zähmete hak tölemegiň ulgamy şol işleri ýerine ýetirmäge kömek edýän işgärlere meýilnamalaşdyrylýan bolsa oňa –" **gytaklaýyn** ýerine ýetiriş –sylag" zähmete hak tölemegiň usuly ýa-da görnüşi diýilýär.

Zähmete hak tölemegiň ulgamy **ýekebara (bir işgäre) ýa-da topara (brigada)** boýunça ulanylyp bilner.

Ösen döwletlerde işçiler kärhananyň paýçysy hökmünde hem hereket edýärler. Olar zähmet haky bilen bilelikde ýylyň ahyrynda kärhananyň netijelerine we goýan goýumlaryna görä goşmaça girdejileri (diwidentleri) alýarlar. Bu usul zähmet öndürijilini ýokary derejelere getirýär we işgärler dolandyryjylar bilen birikdirip bir maksada hereket edip kärhananyň alýan peýdasyny artdyrýarlar. .

Zähmete hak tölenmegi göni zähmetiň önüm öndürijiligi bilen baglydyr. Ykdysady edebiýatlarda **zähmetiň önüm öndürijilegine belli wagtyň içinde öndürilen önüminiň, ýerine ýetirilen işleriň (hyzmatlaryň) möçberini görkezýän görkezijä düşünilýär.**

**Kärhananyň önüm öndürijiligini, hyzmatlaryň we işleriň çaltlaşdyrylmagyny şol ýollaryň hasabyna ýokarlandyryp bolar:**

- zähmete hak tölemegini kämileşdirmegiň ;
- täze-öňdebaryjy tehniki serişdeleriň;
- täze tehnologiýalaryň ;
- işi ýöretileşdirmäniň ;
- iş wagtyny tygşytly ulanylmagyň;
- işi çaltlaşdyrmagyň ;
- dolandyryş ulgamynyň we iş şertleri gowylandyrmagyň ;
- başga ýollaryň hasabyna.

**Zähmete hak tolemegiň usuly** önüm öndürijiligi hem ýokarlandyryp hem pese düşürip biler. Şol sebäpli kärhananyň ýolbaşçylary iň amatly zähmete hak tölemegiň ulgamyny saýlap başarmaly.

Iň amatly zähmete hak tölemegiň ulgamy kärhanada ulanylsa işgärler iş wagtyny tygşytly ulanyp, işi ýöretilişdirmäniň we başga ýollaryň hasabyna çaltlaşdyryp, işleriň, hyzmatlaryň hilini ýokarlandyryp, öndürilýän önüminiň möçberini artdyryp bilerler.

Kärhananyň önüm öndürijiligi ýokarlansa onuň başga ykdysady görkezijileri gowylaşar. Ýagny-girdejileri, balans we arassa peýdasy, düşewüntligi artar.

Emma zähmetiň önüm öndürijiligini diňe adamyň işgäriň hasabyna ýokarlandyrmaly däl. Kärhananyň ýolbaşçylary **ylmy tehniki ilerlemäni (progressi)** unutmaly däl.

Kärhananyň önüm öndürijiligi täze öňdebaryjy tehnikanyň hasabyna mydama ýokarlanylmalydyr. Şol sebäpli kärhananyň ýolbaşçylary esasy serişdeleriň täzelemegine, olara pul serişdeleri toplamaga, goşmaça serişdeleriň çeşmelerini gözlemegine köp üns bermelidirler.

Kärhanada **zähmetiň önüm öndürijiligi dolandyryş ulgamyna,** işgärleriň gerekli zatlar bilen üpjünçiligine**, iş şertlerine** baglydyr. Şol sebäpli ýolbaşçylar işgärleriň iş şertleri bilen gyzyklanyp olary gowylandyrmalydyrlar.

## 2.3.Işgärleriň iş hakyndan tutulýan salgyt, meýletin we hökmany ýygymlar.

2005-nji ýylyň oktýabr aýynda kabul edilen Türkmenistanyň „Salgytlar hakynda" bitewi Kanuny we şol kanuna girizilen üýtgemeleri we goşmaçalary okap, işgärleriň iş hakyndan tutulýan salgydyň hasaplanylyşyny öwrenip bolar.

Işgärleriň iş hakyndan tutulýan salgydyň düýp manysyna düşünmek we ony dogry hasaplamak üçin ilki başda şol salgydyň adyny we ony tölemekde kärhananyň ornyny anyklamaly. Görkezilen kanuna laýyklykda işgärleriň iş hakyndan tutulýan salgydyň ady "şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy". Kärhanalaryň işgärleri işläp zähmet haklaryny alýarlar. Zähmet haky olar üçin girdeji bolýar. Şol girdejilerden olar salgydy töleýärler. Salgydy hasaplap tölemegini aňsatlaşdyrmak üçin döwlet işgärleriň deregine salgytlary işgärlerden tutmagy we tölemegi kärhanalara tabşyrýar. Ýagny kärhana döwletiň we işgäriň arasynda hereket edip salgyt ýumuşçysy hökmünde çykyş edýär.

Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyny dogry hasaplamak üçin görkezilen kanuny öwrenýän şu soraglara jogap berip başarmaly:

1. Salgyt töleýjiler diýlip kimler çykyş edýär we haýsy girdejileriň çeşmelerinden salgyt hasaplanylýar?
2. “Maddy peýda we durmuş eşretler”diýlip nämelere düşünilýär we nämeler olara degişli däl?
3. Girdejiniň hakyky alnan senesi nähili hasaplanylýar?
4. Salgyt hasaplananda haýsy girdejiler hasaba alnanok we kimlere ýeňillikler berilýär?
5. Girdejilerden haýsy aýyrmalar aýrylýar we eklençdäki adamlara kimler degişli?
6. Salgydyň möçberi , salgyt nähili hasaplanylýar we nädip tölenýär?
7. Meýletin we hökmany ýygymlar nadip hasaplanylýar?.

Indi şol soraglara jikme-jik jogap bereli.

**Birinji soraga: “**Salgyt töleýjiler diýlip kimler çykyş edýär we haýsy girdejileriň çeşmelerinden salgyt hasaplanylýar?”**jogap:**

Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyň töleýjileri diýlip **Türkmenistanyň dahyllylary bolup durýan we dahyllylary bolmadyk şahsy adamlar çykyş edýärler.** Şahsy tarap salgyt ýylynda Türkmenistanyň çäginde jemi **183** we ondan hem köp senenama güni bolan halatynda, ol **Türkmenistanyň dahyllysy** hasap edilýär. Şunda, diňe Türkmenistanyň çäginden üstaşyr gitmek üçin bolan ýagdaýyndan beýleki halatlarda, ýurdyň çäginde bolan gününiň dowamlylygyna garamazdan, islendik gün şahsy tarapyň döwletimizde bolan güni diýlip hasap edilýär.

Daşary ýurt döwletleriniň, halkara guramalarynyň diplomatik wekilhanalarynyň ýa-da konsullyk edaralarynyň işgärleri hökmünde Türkmenistanyň çäginde bolýan döwründe daşary ýurt döwletleriniň raýatlary, şeýle hem olaryň maşgala agzalary **Türkmenistanyň dahyllylary diýlip hasap edilmeýär**.

**Türkmenistanyň dahyllylary** üçin **olaryň çeşmelerine garamazdan, dahyllylary bolmadyklar** üçin bolsa diňe **Türkmenistanyň çäklerindäki** çeşmelerden alnan girdejiler salgyt salynýan binýat bolup çykyş edýär.

Türkmenistandaky çeşmelerden gelýän girdejilere döwletimiziň bellegini alan kärhana, daşary ýurtda öz şahamçany, wekilhanany ýa-da hemişelik wekilhanany açyp, şol ýurtda işgärlere zähmet hakyny tölýän bolsa, onda **şol girdejiler salgyt salmak üçin Türkmenistanyň çeşmelerinden alnan girdejiler diýip hasaplanmaýar. Mysal üçin, “Türkmenhowaýollary”kompaniýasy** öz Moskwadaky wekilligine şol wekilligiň işgärlerine zähmet hakyny tölemek üçin pul serişdeleri ugradan bolsa, olar salgyt salmak üçin **Türkmenistanyň çeşmelerinden alnan girdejiler diýip hasaplanmaýar.**

Türkmenistanda ýerleşýän daşary ýurt kompaniýasynyň şahamçasy, wekilhanasy, ýa-da hemişilik wekilhanasy daşary ýurtda ýerleşýän kompaniýadan iberilen pul serişdeleriniň hasabyna biziň ýurdymyzda zähmete hak tölýän bolsa, şol girdejiler salgyt salmak üçin **Türkmenistanyň çeşmelerinden alnan girdejiler diýlip hasaplanylýar**.

Mysal üçin, “Itera” kompaniýanyň Türkmenistandaky wekilligine daşary ýurtdan, işgärlere zähmet haklaryny tölemek üçin pul serişdeler ugradylan bolsa, salgyt salmak üçin şol girdejiler salgyt salmak üçin **Türkmenistanyň çeşmelerinden alnan girdejiler diýlip hasaplanylýar**

Beýleki döwletleriň salgyt boýunça kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistanyň çäklerinden daşarda tölenen girdeji salgydynyň möçberi şahsy taraplar Türkmenistanda **girdeji salgydyny töleýän wagtynda hasaba alynýar**. Emma, şol salgydyň möçberi “Salgytlar hakynda” Bitewi kanuna laýyklykda hasaplanyp **çykarylan girdeji salgydynyň möçberinden köp bolmaly däldir. Mysal üçin,** “Türkmenhaly” birleşigiň Fransiýada ýerleşýän wekilligi , şol döwletde öz işgärlerine zähmet haklaryny töläp degişli salgydy töledi**.** Türkmenistanda şol tölenen salgytlar **hasaba alynýar.** Emma hasaba alnan salgydyň möçberi Türkmenistanynkydan artyk bolmaly däldir**. Artykmaç tölenen salgydyň möçberi hasaba alnanok.**

Hasaplaşylmaga degişli daşary ýurt döwletleriniň salgyt ýa-da gaýry ygtyýarly edarasynyň Türkmenistanyň çäklerinden daşarda **salgydyň tölenendigini tassyklaýan resminamalary esas bolýar.**

Türkmenistanyň çäklerinden daşarda **bikanun** tölenen girdeji salgydynyň möçberleri döwletimizde tölenilmäge degişli girdeji salgydy hasaplap çykarylanda **hasaba alynmaýar.**

Salgyt tölemekden boşatmak ýa-da beýleki salgyt ýeňilliklerini bermek üçin Türkmenistanyň dahylsyzy bolan salgyt töleýji **arza**, şeýle hem ýurdymyz bilen degişli salgyt döwründe (ýa-da onuň bir böleginde) hereket edýän, iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmak barada şertnama (ylalaşyk) baglaşylan ýurdymyza dahyllysydygy barada **resmi tassyknamany** döwletimiziň salgyt gullugyna bermelidir.

Bu **tassyknama we arza** salgydyň tölenmegine ýa-da salgyt boýunça hakujy tölegi hökmünde tölenilmegine çenli hem, şol salgyt döwrüniň jemleri boýunça bu döwür tamamlanandan soň **üç ýylyň dowamynda** salgyt tölemekden boşatmak ýa-da ýeňillikler almak üçin talapkär töleýji tarapyndan berilýär.

Arzanyň görnüşi we ony tabşyrmagyň tertibi Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan Türkmenistanyň Maliýe ministriligi bilen bilelikde bellenilýär. Bellenilen görnüş boýunça düzülmedik arza, ony tabşyrmagyň tertibiniň bozulmagy salgyt gullugyna şeýle arza seretmekden boýun gaçyrmaga esas bolup durýar.

Salgyt gullugy Türkmenistanyň dahyllylary bolup durmaýan salgyt töleýjileriň **haýyş hatlary** boýunça özleriniň Türkmenistanda girdeji salgydyny hakykatdan hem töländiklerini tassyklaýan, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan bellenen görnüşdäki **resminamany bermäge borçludyr.**

Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy dürli görnüşdäki haklardan, düşewüntlerden, hemaýat pullardan, ätiýaçlandyryş we başga töleglerden, hukuklary, ýa-da emlägi dürli görnüşde ulanmakdan, pul we haryt görnüşindäki utuşlardan, hem başga girdejilerden (maddy peýdalardan) alynyp bilner.

**Ikinji soraga:** ""Maddy peýda we durmuş eşretler"diýlip nämelere düşünilýär we nämeler olara degişli däl?**" jogap:**

**Şulara maddy peýda** we durmuş eşretleri diýlip düşünilýär:

- ýeňillikli bahalar (tarifler) boýunça harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň), beýleki emlägiň satyn almagy;
- azaldylan göterim möçberi boýunça karz almaklyk ( kanunda bellenilenler muňa girmeýär);
- işgäriň bergisini iş berijiniň çözgüdi boýunça hasapdan öçürilmegi;
- işgärlerine meýletin ätiýäçlandyryş şertnamalary boýunça ätiýäçlyk baýlyklaryny tölemek üçin iş berijiň çykdajylary;
- işgäriň öz işi bilen baglanyşykly bolmadyk harajatlarynyň öwezini dolmak üçin iş berijiniň çykdajylary.

Kanuna laýyklykda käbir **girdejiler (maddy peýdalar) ş**ahsy adamlardan alynýan salgyt hasaplanynda hasaba alynmaly **däldirler. Şolaryň içinde:** diňe şahsy adamyň adyndan we onuň bähbidi üçin amala aşyrylýan daşary söwda amallaryndan (haryt çalşygyny hem goşmak bilen) girdejiler, maşgalasyndan, golaý garyndaşlaryndan miras galan , öz melleginden ýa-da ýawana ösümlikleri ýygnamakdan gelýän girdejiler we başgalar.

**Üçünji soraga:"** Girdejiniň hakyky alnan senesi nähili hasaplanylýar?"**jogap:**

**Girdejiniň hakyky alnan senesi şeýle hasaplanýar:**

- nagt pul serişdeleriniň alnan, salgyt töleýjiniň bankdaky hasabyna puluň geçirilen ýa-da onuň tabşyrygy boýunça üçünji tarapyndan pul serişdeleriniň geçirilen güni;
- tölegiň zat görnüşinde alnan, şol sanda haryt (iş, hyzmat) görnüşinde alnan güni;
- borçnamanyň tamamlanan, şol sanda özara talaplary hasaplaşmak arkaly tamamlanan güni;
- maddy peýdanyň we durmuş eşretleriniň alnan güni (harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň), beýleki emlägiň satyn alnan, göterimleriň tölenen, borçnamanyň we ş.m. tamamlanan güni).

**Dördünji soraga:** "Salgyt hasaplananda haýsy girdejiler hasaba alnanok we kimlere ýeňillikler berilýär?**jogap:**

**Kärhanalar işgärleriň şu görnüşdäki girdejileri salgyt özenine (**salgydy hasaplamaga esaslaryň möçberlerine**) goşmaly däldirler:**

- işe wagtlaýyn ukypsyzlygy sebäpli hemaýat pullardan başga kanuna laýýyklykda berilýän hemaýatlar;
- dürli görnüşdäki **pensiýala**ry we pensiýa goşundalary;
- dürli görnüşdäki **talyp haklary**;

- adamyň ömrüne we saglygyna **ýetirilen zyýanyň öwezini ätiýaçlandyryş dolmalary**. Emma, meýletin ätiýaçlandyrma ylalaşyklary boýunça ätiýaçlandyryş tölegleriniň, şahsy adamlar tarapyndan **ätiýaçlandyryş gatançlary görnüşinde tölän möçberinden artyk gelýän möçberi salgyt salynmaga degişlidir**;

- salgyt döwründe Türkmenistanda bellenen **iň az iş hakynyň on essesinden (denominirlenen pulda 500 manatdan) ýokary bolmadyk, kärhana tarapyndan berilýän sowgatlaryň bahasy.** Görkezilen mukdardan artýan möçber umumy bellenilen tertipde girdejä goşulýär;

- kanunçylykda bellenen tertipde alynýan, aşakdakylar bilen baglanyşykly **öwezini doluş tölegleri**:

- zähmet borçlaryny ýerine ýetirmek, işsapar çykdajylarynyň öwezini dolmak, ýörite geýimleri, meýdan haklaryny bermek we ş.m;

- başga ýere işe geçmek;

- mugt ýaşaýyş jaýlaryny bermek we jemagat hyzmatlaryny etmek;

- haryt görnüşinde berilmäge degişli pul üpjünçiliginiň tölegi we onuň ýerine tölenýän pul möçberleri;

- işgärleriň işden çykmagy. Görkezilen töleglere kanunçylykda göz öňünde tutulan, işgäre ol işden boşan mahaly tölenýän tölegleriň ähli görnüşleri goşulýar;

- beýleki çykdajylaryň öwezini dolmak;

Görkezilenler **peýdalanylmadyk zähmet rugsady üçin öwezini doluş töleglerine degişli däldir.**

- **aliment** görnüşinde gelýän serişdeler;

- şikes almagy ýa-da saglygyna başga hili zeper etmegi sebäpli zähmete ukyplylygyny ýitirmegi netijesinde, şeýle hem ekleýjisini ýitirmegi bilen baglanyşykly tölenýän **birwagtlaýyn hemaýat pullary**;

- **gan tabşyrýandygy** (donor kömegi) üçin tölenýän **ha**k;

- telekeçilik işi netijesinde emläkleri ýerlemekden we paýnamalary, obligasiýalary, beýleki gymmatly kagyzlary, kärhana paýly gatnaşmak hukugyny aýrybaşgalamakdan gelen serişdelerden başga, eýeçilik hukugy boýunça raýatlara (şahsy adamlara) degişli **emläkleriň ýerlenilmeginden alnan serişdeler**;

- kärhananyň işgäre edýän maddy kömekleriniň pul möçberi;

- onuň möçberine garamazdan, tebigy betbagtçylyk ýa-da beýleki **adatdan daşary ýagdaýlar bilen baglanyşykly** alynýan serişdeler;

- başga ýagdaýlarda- salgyt döwrüniň dowamynda Türkmenistanyň kanunçylygynda **bellenilen iň pes iş hakynyň on essesinden (500 denomirlenen manatdan) ýokary bolmadyk möçberde**

- Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde, beýleki goşunlarda, milli howpsuzlyk edaralarynda we harby birikmelerde çagyryş boýunça harby gullukçylaryň alýan pul üpjünçiliginiň möçberleri, pul sylaglary we beýleki tölegler.

- kanuna laýyklykda, hususylaşdyrmakdan alynýan hususylaşdyrylan emlägiň bahasy;

- şahsy ýa-da toparlaýyn ýaryşlarda türgenleriň ýaryşyň resmi gurnaýjylaryndan alýan baýraklarynyň bahasy;

- bäsdeşiklerde we ýaryşlarda alnan baýraklaryň, şeýle hem salgyt döwründe kanun boýunça bellenilen iň pes iş hakynyň **üç essesinden (150 denomirlenen manatdan) ýokary bolmadyk islendik utuşlaryň bahasy;**

- Türkmenistanyň Prezidentiniň çözgütleri boýunça berilýän pul we zat baýraklary, sowgatlary we sylaglary;

- Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň daşary ýurda iberilen işgärleriniň zähmetine tölenýän haklar we olaryň daşary ýurt pulundaky alýan beýleki serişdeleri;

- kärhananyň öz işgärleriniň ýa-da olaryň deregine çagalar we ýetginjekler üçin çagalar we beýleki sagaldyş edaralaryna ýollamanamalaryň bahasyny, şeýle hem öz işgärleriniň gündizine ýa-da ýatymlaýyn alýan saglygy goraýyş hyzmatlarynyň bahasyny doly ýa-da bölekleýin öwezini dolmak üçin töleýän serişdeleri; Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşygynyň milli merkeziniň serişdeleriniň hasabyna doly ýa-da bölekleýin tölenýän maddy kömekler, ýollamanamalaryň we sowgatlaryň bahasy;

- Türkmenistanyň Prezidentiniň käbir çözgütlerine laýyklykda, raýatlaryň ýeňillikli bahalardan ýa-

da olaryň bahasy tölenmezden emläkleri (harytlary, işleri, hyzmatlary) ýerlemekden alan maddy girdejileri;

- grantlar görnüşinde alnan serişdeler;

- bir birligini satyn almak (döretmek) .üçin , çykdajylary Türkmenistan boýunça, bellenen iň az iş hakynyň 0,4 möçberden (20 denomirlenen manatdan) geçmeýän, mahabatlandyrma maksatly berilýän harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) **bahasy** .

Oba hojalyk kärhanalary şu **görnüşdäki girdejileri salgyt özenine goşmaly däldirler:**

- oba hojalygynda kärendeçiler tarapyndan içki hojalyk kärende şertnamalary esasyndaky işlerden alnan girdejiler, şeýle hem içki hojalyk kärende şertnamalary boýunça alnan oba hojalyk önümini we onuň gaýtadan işlenen önümini ýerlemekden alnan girdejiler;

- oba hojalyk kärhanalarynda hakyna tutma işgärler tarapyndan alnan girdejiler, dolandyryş edaralarynyň işgärleri (ýolbaşçylar, hünärmenler, gullukçylar) muňa girmeýär;

- hususy eýeçiligindäki oba hojalyk önümlerini öndürijiler tarapyndan, olaryň öndüren oba hojalyk önümini we onuň gaýtadan işlenen önümini ýerlemekden alnan girdejileri.

**Kanuna laýyklykda şu aşakdakylaryň girdejileri salgyt salynmaga degişli däldir:**

- "Ruhnama" ordeni bilen sylaglanan adamlar;

- Türkmenistanyň Gahrymanlary;

- Türkmenistanyň "Weteranlaryň hukuk derejesi, olaryň durmuş taýdan goraglylygyny kepillendirmek hakynda" kanunyna laýyklykda weteranlar derejesine degişli edilen adamlar;

- söweş hereketleri netijesinde maýyp bolanlar;

- çagalykdan maýyplar, 1-nji we 2-nji topar maýyplary.

"Edermenlik" medaly bilen sylaglanan adamlar üçin hasaplanan salgydyň möçberi, olaryň alýan ähli girdejileri boýunça **50 göterime azaldylýar**.

Şeýle boşatmalary (ýeňillikler) ulanmaga hukuklary tassyklamak adamlaryň bellenen tertipde resminamalary (olaryň nusgalaryny) görkezmekleri esasynda amala aşyrylýar.

**Bäşinji soraga :**"Girdejilerden haýsy aýyrmalar aýrylýar we eklençdäki adamlara kimler degişli?"**jogap:**

Türkmenistanyň "Salgytlar hakynda" bitewi Kanuna laýyklykda salgyt binýadynyň möçberi kesgitlenende salgyt töleýjiniň **salgyt döwrüniň her aýynda şu salgyt aýyrmalaryna hukugy bardyr**:

- islendik şahsy tarap - kanunçylykda bellenen **iň pes iş hakynyň bir essesi (50 denomirlenen manat) möçberinde;**

- adatdan daşary hadysalaryň (heläkçilikler, betbagtçylyklar we beýleki tebigy hadysalar) netijesinde, şeýle hem bu hadysalaryň öňüni almaklyga gatnaşmagyň netijesinde maýyp bolan şahsy tarap - kanunçylykda bellenen **iň pes iş hakynyň dört essesi (200 denomirlenen manat) möçberinde;**

- söweş hereketleri netijesinde maýyp bolanlar, çagalykdan maýyplar, 1-nji we 2-nji topar maýyplardan başga maýyplar **- Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň pes iş hakynyň iki essesi (100 denomirlenen manat) möçberinde.**

Şahsy adamlardan girdejä salynýan salgyt hasaplananda işgäriň diňe özüne däl, onuň garamagynda hem eklenip bilmeýän adamlara kanunçylykda bellenen **iň pes iş hakynyň bir essesi (50 denomirlenen manat) möçberinde** ýeňillik berilýär. Ýagny görkezilen möçberler umumy girdejiniň möçberinden aýrylýar. Görkezilen salgyt aýyrmasy **ýanýoldaşlara** ýa-da maşgalanyň eklenip bilmeýänleri saklaýan başga bir agzasyna hem degişlidir.

Salgyt töleýji üçin eklençdäki adam diýip, onuň doly eklenjinde bolan ýa-da ondan hemaýat alýan, bu kömek onuň ýaşaýşynyň hemişelik we esasy çeşmesi bolup durýan maşgala agzasy hasap edilýär.

**Kanuna laýýklykda eklençdäki adama, hususan-da, şular degişli edilen:**

- salgyt töleýjiniň olary saklamak üçin aliment töleýän ýa-da aliment alýan şahsy taraplary;

- döwletiň olary saklamak üçin raýatlara hemaýat puly tölenýän çagalar;

- çaga doguranlygy bilen baglanyşykly, hak alman zähmet rugsadynda bolýan aýallar;

- çaga seretmek boýunça döwletiň hemaýat puluny alýan şahsy tarap, eger olarda başga özbaşdak

girdeji çeşmesi bolmadyk ýagdaýynda.

**Kanuna laýýklykda eklençdäki adama şular degişli edilmeýär:**

- talyp hakyny we pensiýa alýan adamlar, şeýle hem döwletiň eklenjinde bolýan beýleki adamlar;
- çaga doguranlygy bilen baglanyşykly, hak alyp zähmet rugsadynda bolýan aýallar.

Eklençdäki adamyň ony saklaýan salgyt töleýji bilen bile ýaşaýandygyna ýa-da ýaşamaýandygyna garamazdan, salgyt aýyrmalary berilýär;

- Türkmenistany goran mahaly, şeýle hem Beýik Watançylyk urşunda, beýleki döwletleriň çäklerinde söweş hereketlerinde ýa-da harby gullukda, içeri işler we milli howpsuzlyk edaralarynda gulluk döwründe ýaralanana, seňselän ýa-da maýyp bolup aradan çykan ýa-da söweş hereketleri bilen baglanyşykly keselläp aradan çykan harby gullukçylaryň ene-atasy we adamsy (aýaly) üçin - kanunçylykda bellenen iň pes iş hakynyň **üç essesi (150 denomirlenen manat) möçberinde**.

Salgyt töleýji birnäçe esas boýunça jemi girdejisinden salgyt aýyrmasyna hukugy bolan ýagdaýynda, **iň köp möçberde emele gelýän diňe bir esas boýunça salgyt aýyrmasy ulanylýar.**

Salgyt töleýjileriň meýletin pensiýa we (ýa-da) saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy boýunça geçirmeleriň möçberinde **salgyt aýyrmasyna hukugy bardyr.**

Salgyt töleýjiler kanunda göz öňünde tutulan salgyt aýyrmalaryny, bu aýyrmalaryň **esasy iş ýeri boýunça** iş beriji tarapyndan geçirilýän halatyndan başga ýagdaýlarda, özbaşdak amala aşyrýarlar we salgyt beýannamalarynda görkezýärler.

Kanunda bellenen salgyt aýyrmalary, tassyklanan tertipde berlen, bu salgyt aýyrmasyna hukuk berýän tassyklaýjy resminamalaryň **(olaryň nusgalarynyň)** esasynda amala aşyrylýar.

Salgyt möhletiniň dowamynda salgyt töleýjä salgyt aýyrmasy berilmedik ýa-da kanunda göz öňünde tutulan möçberden az berlen bolsa, onda salgyt möhletiniň tamamlanmagy bilen salgyt töleýjiniň salgyt beýannamasyna goşulan **arzasynyň** we şeýle salgyt aýyrmasyna hukuk berýän **tassyklaýjy resminamalar** esasynda, salgyt gullugy kanunda göz öňünde tutulan möçberde salgyt aýyrmasyny bermek bilen **salgyt binýadyny gaýtadan hasaplamagy geçirýär**.

Haçan-da salgyt töleýji tarapyndan aýyrmalara hukugy tassyklaýan resminamalaryň (olaryň göçürme nusgalarynyň) berilmändiginiň ýa-da wagtynda berilmendiginiň netijesinde, şeýle aýyrmalar salgyt ýumuşçysy tarapyndan berilmedik ýa-da az möçberde berlen bolsa, salgyt ýumuşçysy tarapyndan salgyt gaýtadan hasaplanýar. Gaýtadan hasaplamak Türkmenistsanyň “Salgytlar hakynda” Bitewi kanunda bellenilen möhletlerde geçirilýär.

Salgyt (hasabat) döwründe “Salgytlar hakynda” bitewi Kanunda göz öňünde tutulan salgyt **aýyrmalarynyň pul möçberi salgyt salynmaga degişli girdejileriň pul möçberinden köp bolsa**, şol hasabat (salgyt) döwründäki **salgyt özeni nola deň hasaplanýar.**

**Altynjy soraga:”** Salgydyň möçberi , salgyt nähili hasaplanylýar we nädip tölenýär?

**jogap:**

Kanunda salgyt ýeňňillikleri bellenilmedik bolsa, şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyň **möçberi 10 göterim derejede bellenilen.**

Şahsy taraplaryň humarly oýun işinden alýan girdejileri Türkmenistanyň “Salgytlar hakynda” bitewi Kanunda bellenen möçberler boýunça aýry salgytlar alynýar .

Salgydyň umumy möçberi hasabat (salgyt) döwrüniň jemleri boýunça salgyt töleýjileriň ähli girdejilerinden (degişli salgyt (hasabat) döwrüniň içinde alnan) hasaplanyp çykarylýar.

Salgydyň möçberi **manatda** kesgitlenilýär. Salgyt töleýjiniň salgyt özenini kesgitlemek üçin hasaba alynýan daşary ýurt pulundaky girdejileri, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň girdejiniň alnan senesindäki resmi hümmeti boýunça manatda hasaplanýar.

Öz işini “Uglewodorod serişdeleri hakynda” Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda amala aşyrýan potratçylar ýa-da kömekçi potratçylar hökmünde taraplaryňkyda hakyna işleýän şahsy adamlaryň alýan girdejisine salgydy hasaplap çykarmak we tölemek Türkmenistanyň “Salgytlar hakynda” Bitewi kanuna we nebit işlerini geçirmek baradaky **ylalaşygyň düzgünlerine laýyklykda** geçirilýär.

Kanuna laýyklykda kärhanalar salgyt ýumuşçylary hökmünde hereket edip, kanunda göz öňünde tutulan aýratynlyklary we aýyrmalary hasaba almak bilen hasaplanyp çykarylan salgydyň möçberini hasaplap çykarmaga, salgyt töleýjiden tutup almaga we Türkmenistanyň Döwlet býujetine, **nagt pul**

**serişdeleriniň bankdan hakyky alnan gününden** , girdejini hakyky **alan gününden soňky günden gijä galman**, tölemäge borçludyrlar. Salgyt -salgyt döwründen başlap, **her bir aýyň** jemi boýunça ösýän jemler bilen hasaplanylyp , geçen aýlarynda tutulan salgydyň pul möçberlerini aýyrmak bilen geçirilýär.

Kärhanalar salgyt töleýjilere olaryň arzalaryna görä, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň tassyklan görnüşi boýunça olaryň alan girdejileri we tutulyp alnan salgydyň möçberleri barada **güwänamalary** bermäge borçludyrlar..

Salgyt töleýjiniň girdejisinden **artykmaç** tutulyp alnan salgydyň möçberi salgyt töleýjiniň degişli arzasynyň berlen gününden **otuz günden gijä galman** salgyt ýumuşçysy tarapyndan **yzyna gaýtarylmalydyr**.

Şeýle adamlardan tutulyp alynmadyk ýa-da salgyt ýumuşçylary tarapyndan doly tutulyp alynmadyk salgydyň möçberi şol adamlardan salgyt boýunça bergisini doly üzýänçä, kanunda göz öňünde tutulan tertipde, **töletdirilýär.**

**Şahsy adamlaryň girdejileri hasaplanynda nyrhlary kesmek üçin Türkmenistanyň "Salgytlar hakynda" Bitewi kanunyň düzgünleri ulanylýar. Şol düzgünler barada maglumatlar gollanmanyň aşakdaky sahypalarynda berilýar.**

**Ýokardaky sahypalarda görkezilen düzgünleri jemläp aýdamyzda, k**ärhanalar öz işgärlerine zähmet haklaryny bermänkeler işgäre tölän ähli haklaryny jemläp kanuna laýyklykda aýyrmalary aýryp salgyt özenini tapyp, ondan 10 göterimini çykaryp, tutulmaly salgydyň möçberini hasaplamalydyrlar. Mysal üçin, işgäre hasabat aýynda 600 denomirlenen manat görnüşinde we bazar bahasy boýunça 200 manatlyk kärhananyň önümi görnüşinde zähmete hak berilmegi meýilnamalaşdyrylýar. Işgäriň maşgalasynda 10 ýaşyndaky bir çagasy we öý hojalykçy ýanýoldaşy bar. Zähmet hakyndan 2 göterimi işgär pension we 2 göterimi saglygy goraýyş gaznasyna geçirýär. Degişli resminamalar tabşyrylan bolsa we başga ýeňillikler işgäre degişli bolmadyk ýagdaýda, kärhana şol işgärden girdeji **salgydyň özenini we tutulmaly hem geçirimäge degişli salgydyň möçberini şeýle çykarmalydyr:600+200=800-150(50+50+50)=650 -16 – 16=618x10%=61,80 manat.**

**Ýagny kärhana işgäriň zähmet hakyndan 61,80 manat girdeji salgydyny tutmalydyr.**

Kärhana ähli işgärleriň zähmet haklaryny hem girdeji salgydyny her aý we ýyl boýunça jemlemelidir. Şol jemler kärhananyň salgyt beýannamasynda öz beýyanyny tapmalydyr.

Kärhanalar **geçen aýdan soňky aýyň 25-nden gijä galman**, salgyt hasabyna duran ýerlerindäki salgyt gullugy edaralaryna salgyt töleýjiler tarapyndan tölenýän we olardan tutulyp alnan pul möçberleri barada Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan tassyklanan görnüş boýunça maglumat berýärler.

**Ýedinji soraga: "**Meýletin we hökmany ýygymlar nadip hasaplanylýar **" jogap:**

Häzirki döwürde Türkmenistanyň kärhanalary her işgäriň zähmet hakyndan 2 denomirlenen **manat** möçberde **hökmany ilatly ýerleri abadanlaşdyrmak üçin** ýygymy tutup, olary degişli ýerli býujetlere geçirilýärler. Täze pul birliginde ýygym 2 manat möçberde alynýar .

Ýokarky ýygym bilen bilelikde kärhanalar, häzirki döwürde zähmet hakyndan şu meýletin ýygymlary we tutumlary tutup bilerler:

- saglygy goraýyş gaznasyna ýygymy – 2 % möçberde;
- pensiýa gaznasyna tutulýan ýygymy - 2 %-den az bolmadyk möçberde;
- kärdeşler arkalaşygy gaznasyna tutulýan ýygymy – 1 % möçberde.

Saglygy goraýyş gaznasyna pul serişdelerini geçirýän raýatlara dermanlar ýeňil bahadan satylýar. Käbir medisina hyzmatlaryna, mysal üçin, dişleri bejermek bilen bagly hyzmatlara - 50% ýeňillik berilýär.

Kärdeşler arkalaşygy gaznasyna tutulýan ýygymlaryň hasabyna kärhanalarda dürli jemgyýetçilik çäreleri geçirilýär. Käbir kärhanalarda işgärleriň zähmet hakyndan kärdeşler arkalaşygyna tutulýan tutum tutulman, işgärleriň özleri oňa zähmet hakyndan nagt pul serişdelerini tabşyrýarlar. Şol usul bilen başga jemgyýetçilik guramalary, mysal üçin, demokratik partiýasy hem öz gaznalaryna pul serişdeleri ýygnap bilerler.

Işgäriň öz islegi boýunça onuň zähmet hakyndan tutulan pul serişdeleri karzyna alnan harytlar, edilen hyzmatlar üçin şol harytlary, hyzmatlary ýerleşdiren kärhanalara we edaralara geçirilýär.

Kärhananyň işgäri öz islegi boýunça öz žahmet hakyny banka alnan karzy üzmek üçin, ýa-da şahsy goýum hasaby açmak üçin, ýa-da karz kartoçkadaky goýumlaryny köpeltmek üçin geçirip biler. Amallar işgäriň arzalary esasynda geçirilýär.

Işgäriň zähmet haky dürli sebäplere görä onuň arzasy esasynda garyndaşlaryna we başga taraplara berilip bilner. Emma arzada çekilen gol notarius ýa-da işgärler bölüminiň müdiri tarapyndan tassyklanylan bolmalydyr.

**2.4. Esasy we dolanyşyk serişdeler hem olaryň kärhananyň ykdysadyýetine täsiri.**

Öndüriji güýçleriň içinde işçi güýji bilen bilelikde esasy we dolanyşyk serişdeleriň orny örän ulydyr.

Her bir kärhanada, hyzmat edýän hojalyklarda gönüden-göni önümçilige gatnaşýan we şert döredip, hyzmat edýän serişdeler bolýar. Olar ykdysady edebiýatlarda iki topara bölünýär: esasy we dolanyşyk serişdelere.

**Esasy serişdeler** önümçilik pursatyna birnäçe gezek gatnaşyp, özleriniň hakyky görnüşini ýitirmeýärler. Bu serişdeler täze öndürilen önüme kem-kemden könelişýän paýy boýunça özleriniň gymmatyny geçirýärler. Olaryň gulluk möhleti 1 ýyldan az bolmaly däldir, gymmaty bolsa iki iň pes iş hakyndan (häzirki döwürde täze pul birliginde 100 manatdan) az bolmaly däldir.

**Esasy serişdeleriň** hataryna binalar, desgalar, geçiriji gurnawlar, oturdylan enjamlar, stanoklar, ulag serişdeleri, ölçeji we sazlaýjy gurallar we gurnawlar, hasaplaýjy tehnika, instrumentler , önümçilik esbaplary we gurallary, hojalyk inwentarlary , oba hojalyk maşynlary we gurallary, uly ýaşly işçi we önüm berýän mallary (ownuklary hem goşmak bilen), oturdylan köp ýyllyk agaçlar we beýleki esasy gaznalar ( kitaphana gaznalary, sahna oýun goýujy serişdeler we ş.m.). girýär.

Oba hojalyk maşynlary we gurallary , şeýle-de işçi we önüm berýän mallary bahasyna garamazdan esasy serişdelere degişlidirler.

2000-nji ýylyň fewral aýynyň 21-ne Türkmenistanyň Merkezi Balans toparyň başlygy tarapyndan tassyklanylan „Esasy serişdeleri (gaznalary) buhgalterlik hasaba anyşy boýunça Düzgünnama” laýyklykda şular kärhananyň esasy serişdelerine **degişli däldir**:

- bahasyna garamazdan ýörite gurallar we ýörite tilsimler (aýry- aýry önümler tapgyrlaýyn we köp mukdarda öndürmäge niýetlenen gurallar we maksatlaýyn enjamlar);
- ýaş we baka goýlan mallar, guşlar, towşanlar, sütükli haýwanlar, bal aralary, şeýle-de , tejribe geçirilýän haýwanlar;
- bahasyna we möhletine garamazdan ýörite geýimler, ýörite aýakgaplar we ýorgan-düşekler, myhmanhanalaryň esasy serişdeleriniň hasabynda durýan ýorgan-düşeklerden başgasy;
- aýry-aýry gurluşyk gurnawlary we bölekleri, maşynlaryň , enjamlaryň we gurluşyk, abatlaýyş we jemlemek üçin niýetlenen süşýän bölekleriň gurluşlary we düzümleri ;
- kärhana taýarlajylaryň, üpjunçilik we ýerleýji guramalaryň ammarlarynda taýyn önüm hökmünde hasapda durýan enjamlar we maşynlar, şeýle hem gurnamagy talap edýän we düýpli gurluşygyň balansynda durýan enjamlar;
- gurluşygyň bellenen çäklerindäki toplanyş çykdajysynyň hasabyna gurulýan wagtlaýyn , jikme-jik sanawa girmeýän gurluşyklar we gurnawlar;
- oturdylan, ýöne, işe girizilmedik we düýpli gurluşygyň balansynda durýan maşynlar we enjamlar;
- oturtmak üçin niýetlenýän, nahalhanalarda ýerleşdirilýän köp ýyllyk agaçlar;
- bahasyna we möhletine garamazdan balyk tutulýan gurallar (trallar, torlar, çeňňekler we ş.m.).

Görkezilenler dolanyşyk, ýa-da arzan bahaly we tiz könelýän serişdelere hem ösdürimdäki mallara degişlidirler.

Esasy serişdeler öz gezeginde ykdysady edebiýatlarda **önümçilik we önümçilik däl serişdelere** bölünýär**.**

**Önümçilik esasy eserişdeleri** diýlip, gönüden-göni önümçilige gatnaşýan serişdelere aýdylýar (önümçilik binalary, desgalar, geçiriji gurnawlar, güýç beriji maşynlary we enjamlary, iş maşynlary we enjamlar we ş.m.).

**Önümçilik däl esasy serişdeler** diýlip – önümçilige şert döredýän, hyzmat edýän serişdelere aýdylýar (kärhana degişli klublar, köşkler we medeniýet öýleri, çagalar bagy, myhmanhanalar,

hammamlar, arassaçylyk geçiriji, umumy ýaşaýyş jaýlary, medeni edaralar, dynç alyş öýler, sport binalary we ş.m.).

Önümçilik we önümçilik däl esasy serişdeleriň göterim gatnaşygy (udel agramy) dürli pudaklarda dürli-dürlüdir.

Kärhananyň esasy serişdeleri dürli çeşmeleriň hasabyna döredilýär. Şolaryň içinde:döredijileriň esaslyk maýasynyň, kärhananyň peýdasynyň, karzlaryň , döwletiň, çekilen serişdeleriň (täze paýdarlaryň), kärhanada ulanylmaýan serişdeleri ýerleşdirmekden gelen girdejileriň we başga çeşmeleriň hasabyna.

Esasy serişdeler fiziki we moral taýdan könelýär. Serişdeleriň **fiziki taýdan könelmegi** her zadyň ulanyş möhleti bolmagy bilen düşünilýär. **Moral taýdan könelen** diýlip netijeligi ylmy-tehnikanyň ilermäniň (progresiň) häzirki zaman ölçeglerine laýyk gelmeýan esasy serişdelere diýilýär.

Esasy serişdeleri dikeldip, bellenilen tertipde başga taraplara ýerleşderip mümkinçilik bolmasa we olar dürli sebäpler boýunça ýaramsyz ýagdaýa gelende, moral taýdan könelinde, täzeden gurlanda, giňeleninde, durky täzeleninde, tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrylanda, olary kesgitlenen tertipde hasapdan öçürip bolar.

Merkezleşdirilen býüjetdäki edaralar we kärhanalar şu esasy serişdeleriň dikeldiş bahalaryny hasapdan öçürip bilerler:

- bellenilen iň az iş hakynyň 10 essesine (500 denomirlenen manada) çenli möçberini özbaşdak ýagdaýda;
- bellenilen iň az iş hakynyň 10 essesinden gymmatlary ýokarda durýan guramalaryň rugsat bermegi bilen.

Ýerli býüjetdäki edaralar we kärhanalar şu esasy serişdeleriň dikeldiş bahalaryny hasapdan öçürip bilerler:

- bellenilen iň az iş hakynyň 10 essesine çenli möçberini özbaşdak ýagdaýda;
- bellenilen iň az iş hakynyň 10 essesinden 50 essesine çenli möçberini şäherleriň (Aşgabat şäherinden başga), etraplaryň häkimleriniň rugsat bermegi bilen.
- bellenilen iň az iş hakynyň 50 essesinden ýokarsyny welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimleriniň rugsat bermegi bilen;
- ministrikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, şeýle hem welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimleri bellenilen iň az iş hakynyň 100 essesine çenli möçberdäki dikeldiş bahasy bolan esasy serişdeleri özler, ondan köpüsini bolsa-Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň rugsat bermegi bilen hasapdan öçürýärler.

Esasy serişdeleri we başga gymmatlyklary hasapdan öçürmek, zerur namalary resmileşdirmek üçin döwlet kärhanalarynda we edaralarda ýolbaşçynyň buýrugy bilen hemişelik işleýän toparlar döredilýär.

Döwletiň eýeçiliginde durmaýan kärhanalar esasy serişdeleriň bahasyna garamazdan olary hasapdan özbaşdak öçürmäge haklydyrlar. Emma hasapdan esasy serişdeleri öçürmänkä olar hasapdan öçüriljek esasy serişdelerden galan gara we reňkli metalary degişli döwlet guramalara tabşyrmalydyrlar. Ulag serişdeleriň ulanmagy mümkin däldigi barada güwanamany ygtyýar berilen guramalardan (komission dukanlaryndan) almalydyrlar.

Esasy serişdeler kärhananyň ykdysadyýetinde uly orun tutýar. Olar kärhananyň baýlygyny, karz almagyň ukyplylygyny, bazar ykdysadyýetinde abraýyny görkezýär. Şol sebäpli kärhananyň ýolbaşçylary kärhananyň esasy serişdelerine, olaryň ulanylmagyna berk gözegçiligi etmelidirler. Kärhanalaryň ýolbaşçylary wagtal-wagtal esasy serişdeleriň ykdysady taýdan netijeliligini seljermelidirler we olaryň **zähmet öndürijiligine, önüm berijiligine, önüm sygymyna we düşewüntliligine** aýry üns bermelidirler.

Görkezilen görkezijileriň seljermesi ykdysady ylymlaryň doktory, professor I.Arazgulyýewyň , we T.A. Amanmämmedowyň „Makroykdysadyýet“ okuw gollanmalarynda has takyk görkezilen. Şol sebäpli gollanmadaky görkezijiler bilen sizi aşakdaky sahypalarda tanyşdyrmak makul bildik.

**Esasy serişdeleriň zähmet öndürijiligi** şu aşakdaky usul boýunça kesgitlenilip bilner. Ýagny, öndürilen önümleriň sanyny ýa-da gymmatyny maşynlaryň, stanoklaryň sanyna bölmeklik arkaly kesgitlenilip bilner.

$E_{.s.z.o} = Ö_{.ö.g} : M_{.s}.$
Bu ýerde: $E_{.s.z.o}$ – esasy serişdeleriň zähmet öndürijiligi;
$Ö_{.ö.g.}$- öndürilen önümiň umumy gymmaty;
$M_{.s}$. – maşynlaryň sany.
**Esasy serişdeleriň önüm berijiligi**:

$$E_{\cdot s.o.b\cdot} = \frac{O_{\cdot \sigma.g}}{E_{\cdot s.g.}}$$

Bu ýerde: $E_{.s.o.b}$ –esasy serişdeleriň önüm berijiligi;
$Ö_{.ö.g.}$-öndürilen önümiň umumy gymmaty;
$E_{.s.g.}$ – esasy serişdeleriň gymmaty;
**Esasy serişdeleriň önüm sygymy**:

$$E_{\cdot s.o.s} = \frac{E_{s.g\cdot}}{O_{\cdot o.g}}$$

Bu ýerde: $E_{.s.o.s}$ –esasy serişdeleriň önüm sygymy;
$E_{.s.g.}$- esasy serişdeleriň umumy gymmaty;
$Ö_{.ö.g.}$- öndürilen önümiň gymmaty;
**Esasy serişdeleriň düşewüntliligi**:

$$E_{.s.d} = \frac{\Delta P \times 100\%}{E_{s.g\cdot}}$$

Bu ýerde: $E_{.s.d}$ – esasy serişdeleriň düşewüntliligi;
ΔP gazanylan arassa peýda;
$E_{.s.g.}$ – esasy serişdeleriň umumy gummaty;
Ýokardaky görkezijiler özara baglanyşyklydyrlar. Olaryň biri beýlekisine täsir edip, bir-birinden gelip çykýandyr.

**Dolanyşyk serişdelere** önümçilik pursatyna bir gezek gatnaşyp, hakyky görnüşini ýitirip öz **gymmatyny bolsa täze öndürilen** önüme (hyzmata, işe) **doly möçberde geçirýän, ulanyş möhleti bir ýyldan we bahasy kanunçylykda bellenilen iki minimal zähmet hakyndan az bolan gymmatlyklara düşünilýär .**

Kärhananyň dolanyşyk serişdeleri bir görnüşinden başga görnüşine (harytdan pula, puldan haryda) mydama geçip aýlanýarlar. Olaryň ykdysady taýdan netijeliligi esasan özleriniň aýlanmagyň tizligi bilen kesgitlenýär. Sebäbi dolanyşyk serişdeleri näçe çalt aýlansa, şonça-da köp önüm öndürilýär, önümiň özüne düşýän gymmaty peselýar hem-de dolanyşyga gerek bolan dolanyşyk serişdeleriniň ätiýaçlandyrmasynyň möçberi azalýar.

Materiallar, ösdürimdäki mallar, ýarym taýýar önümler, arzan bahaly we tiz könelýän zatlar, tamamlanmadyk önümçilik, geljekki döwürleriň çykdajylary, taýýar önümler, harytlar, şol sanda hasaplaşyksyz ugradylanlar, hasaplaşyk hasabyndaky, pulhanalardaky, banklardaky pul serişdeleri, dürli görnüşdäki algylar kärhananyň **dolanyşyk serişdelerine** degişlidirler. Görkezilen serişdeleriň başga toparlara bölünmegi bilen şu gollanmanyň ikinji görkezgiçiň kömegi bilen tanşyp bolar. Dolanyşyk serişdeleriň her haýsy aýry hasapda hasaba alynyp, dürli hasapiçi hasaplara bölünýär.

**Dolanyşyk serişdeleri** dürli **çeşmeleriň**, şol sanda: **hususy, karzyna alynan, we çekilen serişdeleriň** hasabyna döredilip bilner. Kärhanalarda dolanyşyk serişdeleriň udel agramlary we düzümleri kärhananyň işine we degişli pudagyna baglydyr. Sebäbi önümçiligiň we dolanşygyň ykdysady-tehniki şertleri dürli pudaklarda tapawutlanýär. Senagat pudagynda hususy we hususy hasaplanýan dolanyşyk serişdeleriň agramy köplenç artýar. Gurluşykda, oba hojalygynda we söwdada köplenç karzyna alnan serişdeler ulanylýar.

Gowy işleýän kärhalarda hususy dolanyşyk serişdeleriň möçberi köplenç köpelýär. Erbet işleýän kärhalarda bolsa tersine hususy dolanyşyk serişdeleriň möçberi köplenç azalýär. Şol kärhanalaryň algylary we bergileri köpelýär hem maliýe ýagdaýlary erbetleşýär.

Kärhanalaryň ýolbaşçylary dolanyşyk serişdeleriň ulanylmagyna berk gözegçiligi etmelidirler. Gözegçilik wagtal-wagtal seljeriş işleriň geçirmegini talap edýär. Kärhananyň ýolbaşçylary dolanyşyk serişdeleriň azalmagyň sebäplerini anyk bilip degişli çäreleri geçirmelidirler.

Arzan bahaly we tiz könelýän zatlaryň bahasy kanunçylykda bellenilen **iň pes iş hakynyň birliginiň 20 göterimine (10 denominirlenen manada)** çenli bolsa , olaryň gymmaty önümçilige ýa-da ulanylyşa goýberilişine görä **hasapdan öçürmäge (harajatlara goşmaga) rugsat berilýär**. Görkezilen zatlaryň bahasy 10 manatdan artýan bolsa , şeýle hem bahasyna we hyzmat eden möhletine garamazdan aw gurallary, awtomatlaşdyryş serişdeleriniň we barlaghana enjamlarynyň bahasy olar ammarlardan ulanyşa berlen mahaly **50 göterim möçberde** hem-de ýaramsyzlygy sebäpli ulanyşdan çykan mahaly **galan 50 göterim** möçberde (bu zatlaryň bahasyny ulanylmagy mümkin bolan nyrhda tutup galmak bilen) **hasapdan öçürmäge (harajatlara goşmaga) rugsat berilýär**.

### 2.5.Ylmy-tehniki ilerlemesi (progresi) we onuň kärhananyň ykdysadyýetine täsiri.

Garaşsyz Baky Bitarap Türkmenistanymyzda ylmy-tehniki ilerlemesi „ Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-njy ýyla çenli döwür üçin Baş ugry- milli maksatnamasy“ esasynda ösdürilýär. Mälim bolşy ýaly, Maksatnamanyň esasy ugurlaryň biri-döwletimizi ösen döwletleriň hataryna geçirmekdir.

Şol maksada ýetmek üçin Türkmenistanda uly özgertmeler geçirilýär. Şol özgertmeler ähli pudaklarda bar. Ösüşler dünýäniň iň täze öňdebaryjy tehniki serişdeleriň hasabyna gazanylýar.

Mysal üçin„Türkmenhowaýollaryň“ kärhanalarynda „Boýing“ kysymly uçarlary ulanýar. Oba hojalyk kärhanalary üçin döwletiň hasabyna „Jon Dir“, „Keýs“ kysymly kombaýnlar satyn alynyp ulanylýar we şol pudakda dürli zerur bolan amallary ýerine ýetirýärler.

Saglygy goraýyş kärhanalary (edaralary) üçin ösen döwletleriň iň kämil tehniki serişdeleri döwletiň raýatlaryna hyzmat edip dürli keselleriň anyklanmagyny, öňüni almany we sagaldyş çärelerini geçirmäge ýardam berýärler.

Metbugatda, çaphanalarda täze tehnologiýalaryň hasabyna reňkli gazetlar, kitaplar, wizitkalar, senenamalar we başga zerur bolan ýokary hilli zatlar çykarylyp başlandy.

Gurluşyk pudagynda „Katerpiller“, „Kamatsu“ we başga tehniki serişdeleriň kömegi bilen uly işler geçirilýär. Ýagny gara ýollar, ýaşaýyş jaýlar, myhmanhanalar, stadionlar, dynç merkezleri gurulýar. Şol tehniki serişdeleri gurluşygyň öndürijiligini, çaltlaşdyrmagyny we hilini ýokary derejelere getirdi.

Garaşsyzlyk ýyllarynda döwletimizde täze tehniki serişdeleriň hasabyna dokma senagaty uly üstünlikleriň eýesi boldy. Pudagyň kärhanalarynda dürli döwletleriň tehniki serişdeleri ulanylyp dürli taýýar önümleri öndürilip başlady. Şolaryň içinde köýnekler, sport eşikleri, kostýumlar we başgalar. Öň başga döwletlere çig mallarymyzy iberip biz şol döwletlerden taýar önümleri alýadyk. Indi bolsa şol çig mallar öz ýurdymyzda işlenip taýyar önümler öndürilýär. Ol bolsa biziň döwletimiziň ykdysadyýetine örän peýdaly. Sebäbi taýýar önümleriň bahasy çig mallaryň bahasyndan köp esse gymmat. Şonuň bilen bilelikde çig mallaryň öz döwletimizde ulanmagy täze iş ýerleri döretmäge ýardam berdi.

Ylmy-tehniki progresiň hasabyna Garaşsyzlyk ýyllarynda azyk senagaty çalt ösüp başlady. Bu pudagyň kärhanlarynda köp daşary ýurtlardan getirilen önümçilik liniýalary ornaşdyryldy. Netijede azyk senagatyň kärhanalary dürli önümleri öndürip başladylar. Bularyň içinde peýnir, ýogurt, dürli içgiler, konditer önümleri we başgalar.

Ylmy-tehniki ilerlemesi önüm öndürýän we hyzmat edýän kärhanalardada giňden ulanylýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň kärhanalarynda kompýutorlar, internet, faks we başga tehniki serişdeleri giň ulanyp başlandy.

Türkmenistanda hasaby ýöretmek we hasabatlary düzmek üçin kärhanalarda häzirki döwürde dürli programmalar ulanylýar. Şol sanda „1-S buhgalteriýa“, „Problemasyz maliýe“, „Info“ we başgalar. Banklar „Amal güni“we başga programmalary ulanýarlar. Baş banklarda, ministriliklerde uly kompýüterler „Serwerler“işleýär. Minudyň içinde döwletara hasaplaşyklary geçirmek üçin banklarymyz hemra arkaly SWIFT ulgamyny giňden ulanýärler. Bu bolsa aragatnaşyklary, hasaby we hasabatlylygy aňsatlaşdyrýar we çaltlaşdyrýar. .

Türkmenistanda hereket edýän daşary ýurtlaryň kompaniýalar, olaryň golçur kärhanalary, şahamçalary we wekilhanalary biziň hünärmenlermize ylmy-tehniki ilerlemesi bilen tanşmaga ýardam etdiler. Käbir hünärmenler döwletiň we başga çeşmeleriň hasabyna daşary ýurtlarda okap, işläp olaryň ylmy-tehniki tejribesini öwrenip geldiler.

Gysga döwürde döwletimiziň gazanan üstünlikleri örän uly. Emma ylmy-tehniki ilerlemesi bir ýerde duranok. Dünýäde her gün täze ylmy açyşlar edilýär, täze tehniki serişdeleri çykarylyp başlaýar. Döwletleriň, kärhanalaryň, kompaniýalaryň arasdynda bäsdeşlikler hereket edýär. Şol sebäpli kärhanalaryň ýolbaşçylary täzelikleri biler ýaly mydama hereketde bolmalydyrlar. Habarly bolmak üçin olar dürli çeşmeleri -internet, tele-radio ýaýlamy, ylmy-tehniki žurnallary we kitaplary ulanmalydyrlar. Gerek bolan ýagdaýlarda özleri daşary ýurtlarda olaryň tejribesini öwrenmelidirler, ýa-da öz işgärlerini ibermelidirler .

Häzirki döwürde ylmy-tehniki ilerlemesinde täze ugurlar emele geldi. Şolaryň içinde nano tehnoljgiýalar, bioinženeriýa we başgalar. Nano tehnologiýanyň esasy maksady-tehnikanyň we tehniki serişdeleriň kiçelmegiň hasabyna täze üstünlikleri gazanmak. Bioinženeriýa bolsa tebigaty öwrenip, oňa esaslanyp täze tehniki serişdeleri oýlap döretmek.

Soňky ýyllarda ykdysadyýeti ösen döwletler täze aragatnaşyk usullary giňden ulanýarlar. Şol sanda ABŞ-nda GPS, Russiýada-GLONAS, Ýewropa Bileleşiginde-GALILEO ulgamlary ulanýar. Bu ulgamlar hemralaryň kömegi bilen dürli obýektlere gözegçiligi aňsatlaşýar. Olaryň kömegi bilen ugradylan harytlara , ulag serişdelere gözegçilik amala aşyrylyp bilner.

Ösen döwletlerde AMADEUS kompýüter programmasynyň kömegi bilen belli ulag serişdelere, myhmanhanalaryň takyk otaglaryna öňünden islegi bildirip soň bolsa olara töläp satyn alyp bolýar. Käbir döwletlerde harytlar internet arkaly satyn alynýar.

Köp döwletlerde banklaryň we kärhanalaryň arasynda göni aragatnaşyk liniýalary gurnalýar. Olar kärhanadan çykman bank hasaplaşyklary geçirmäge ýardam berýär.

Ösen döwletriň arasynda abraýly ýer tutmak üçin täze ugurlar boýunça hünärmenleri taýarlamaga talap edýär.

Ylmy tehniki ilerlemesi täze inowasion syýasaty ýöretmäni talap edýär. Ýagny ykdysadyýeti ösdürmek üçin tehniki öndüriji kärhanalary döretmägi , täze tehnologiýalary ornaşdyrmagy, progresiw materiallary ulanmagy talap edýär.

Agzalan ugurlar boýunça Türkmenistanyň hormatly Prezidenti gijesini gündiz edip işleýär we döwletimizi uly üstünliklere getirýär. Görelýän atalyk aladalaryň netijesinde Türkmenistan goýan maksatlara gün-günden golaýlaşyp gülläp ösýär. Onuň abraýy halkara arenasynda görülmedik derejelere ýetdi. Ylmy-tehniki progressiň miweleri dürli ugurlarda we puduklarda görünip dur.

## 3. Kärhanada menejment we marketing işleriň esaslary .

### 3.1. Menejmentiň we marketingiň nazary esaslary.

**Menejment**– netijeli dolandyrmak barada ylym. Menejment- häzirki zaman talabyna laýyklykda dolandyrmagyny, täze dolandyryş usullaryň ulanmagyny öwredýär.

**Menejmente** ýakyn söz-**„**menejer“, ýagny-dolandyryjy .

Menejer dolandyrylýan subýektyň (kärhananyň) ähli maliýe-hojalyk hereketlerine, pul , önümçilik, gatnaşyklaryna **:** önüm öndürijiligine, öndürilen önümi (hyzmaty) ýerleşdirmäge we peýdany gazanmaga gatnaşyp biler. Menejeriň özi esaslandyryjy bolmadyk ýagdaýda, peýdany netijeli paýlamagyny esaslandyryjylaryň buýruklary esasynda amala aşyrýar.

Tejribede menejerleriň dürli gornüşleri ulanylýar. Şol sanda: önümçilik, satuwlar, harajatlar, maliýe, müşderileri kabul ediş (reseption), baş (top) we başga görnüşleri.

Her menejeriň wezipeleri öňünden bellenilýär we şol wezipeleriň esasyny olaryň atlary görkezýär. Mysal üçin, önümçilik menejeriň esasy wezipesi- önümi öndürmek, satuwlar menejeriň- öndürilen önümleri ýerleşdirmek, harajatlar menejeriň – hojalyk serişdeleri netijeli ulanmak. Baş (top) menejeriň esasy wezipesi ähli menejerlere gözekçilik edip , kärhananyň işine tutuşlygyna jogap bermek.

Kärhananyň baş menejeri, hökmany suratda işiň geljegini görmeli, hakykat ýagdaýlara çalt, öz wagtynda baha berip başarmaly, agyr ýagdaýlardan we goýulan maksatlary ýerine ýetirmek üçin amatly çözgütleri tapyp bilmeli. Ol aşakdaky şertlere gabat gelmelidir:maksada okgunly, hoşniýetli,

gönümel, sabyrly, adalatly, dogryçyl, çalt pikir etmeli, töwekgelçilikli işlerde üstünlik gazanmagy başarmaly, adamlaryň häsiýetlerini gowy bilip işgärleriň , müşderileriň we başga işdeş taraplaryň arasynda abraý gazanyp ony mydama ýokary derejede saklamany başarmaly.

Baş menejeriň esasy wezipesi peýda gazanmaklyk. Emma peýda gazanmagy bilen bilelikde menejer işgärleriň durmuş (sosial) meselelerini unutmalydäl.

Menejmentiň düýbünde adam gatnaşyklary uly orun tutýar. Menejer ýa-da kärhananyň ýolbaşçysy öz işini gowy bilmeli. Ol mydama dolandyryş ulgamyny kämilleşdirmeli hem işgärleriň işini netijeli (rasional) guramagy başarmaly.

Käbir adamlar kärhanany dolandyrýanyna (ýolbaşçysyna) onuň eýesi diýip düşünýärlar. Emma hakykatdan bu hökman beýle däl. Kärhananyň eýeleri (esaslandyryjylary ýa-da döredijileri) ony özleri dolandyrman kärhanany dolandyrmak üçin menejeri hakyna tutmaga haklydyrlar.

**Menejmentiň ýörelgeleri (prinsipleri)** şulardan ybarat:

- menejeriň hereketleri belli maksatlara gönükdirilip , olary gazanmak üçin ulanylýän serişdeler anyk bolmalydyr;
- dolandyryş hereketleri jemlenilen (kompleksleýin) bolmaly hem çaklaýyş, meýilnamalaşdyryş, seljeriş, sazlaşdyryş we derňew işleri öz içine almalydyrlar;
- geljekki we gündelik meýilnamalar bir birine gabat gelmeli we üzülmeli däldir;
- dolandyryş çözgütlere gözegçilik edilmelidir;
- umumy kärhana we onuň hemme agzalary netijeli, pikirlenip işlär ýaly maddy we ruhy höweslendirijileri hem başga usullary ulanmalydyr;
- işgärleriň her birine aýratynlykda ýekebara seretmelidir we olaryň mümkinçiliklerini doly derejede (maksimal) ulanmalydyr;
- her bir işgär öz bilimlerini kämilleşdirmek bilen gyzyklanmalydyr, mydama okap täze usullary öwrenmelidir;
- işgärleriň arasynda sagdyn psihologik şertler döretmelidir;
- wezipeleri we dolandyryş meseleleri çözmek üçin dolandyrylyşyň guralyş düzümi ýiti bolmalydyr.

**„Market“ sözi**-türkmen dilinde „bazar“ manyny berýär. Marketing - bazary öwrenmek barada ylym.

**Marketingiň düýp manysy**- harytlara isleg-teklipleriň üýtgemegiň (konýukturasynyň) hem sarp edijileriň mümkin boljak, geljekki uzak möhletlere çaklanýan islegleriň bazarlaryny seljerip öwrenmegiň esasynda, **garaşylýan ýagdaýlary önümçilikde göz öňünde tutup, öňde çykýan kynçylyklary ýeňip geçmek**.

Häzirki zamanda marketingiň ähmiýeti şulara esaslanýar:

- bar bolan serişdeleri we kärhananyň ähli mümkinçilklerini netjeli ulanyp dolandyryş işlere täze pikirleri getirmegine;
- bazarda hereket etmegiň prinsiplerine , serişdelerine, wezipelerine , iş guralyşynyň bütin usulýetiniň döretmegine;
- harytlary öndürmegiň we ýerleşdirmegiň ulgamynyň döredilmegine hem ösdürilmegine.

Marketingiň tejribesi dürli işleriň geçirilmegine baý. Olardan şulary görkezmek bolar:

- harytlaryň (hyzmatlaryň) hilini kämilişdirmegi;
- sarp edijileri gyzyklandyrmagy;
- ýiti nyrh syýasaty ýöretmegi;
- mahabatnama;
- haryt hereketleriň ýollarynyň netijeliligini ýokarlandyrmagy we ş.m.

**Marketing işleriň prinsipleri :**

- ähli işleri täjirçilik netijeleri gazanmaga göni gönikdirmek;
- goýulan maksatlara hemme (köp) taraplaýn seretmeklik;
- saýlanan bazarynyň talaplaryny we şertlerini iň ýokary derejede hasaba alyp şol bir wagtyň içinde oňa maksatlaýyn täsir etmeklik;
- uzak möhletleýin öňden görejilik;
- kärhananyň daşky gurşawyna netijeli we çalt täsir edip hüjüm etmeklik.

Marketing işlerini **dört sany** esasy **wezipelere** bölüp bolar: **seljeriş, önümçilik, satyp-paýlamak we dolandyrmak.**

**Marketing işleriň seljeriş wezipesi** bazary, harytlaryň düzümini, sarp edijileri, bäsdeşleri öwrenmegi öz içine alýar.

Bazar şu alamatlar boýunça öwrenilýär:
- geografiki ýerleşdirilişi ;
- göwrümi;
- ýöretileşdirilişi;
- bäsdeş taraplaryň sany;
- öndürmek ýa-da satmak üçin meýilnamalaşdyrylýän önüme isleg-teklipleriň derejesi.

Sarp edijileri öwrenmekde esasy işleriň biri kärhananyň önümi gyzyklandyrjak müşderileri toparlara bölmek, ýagny bazaryň **segmentasiýany** geçirmek.

Sarp edijiler şu häsiýetlere görä öwrenilýär:
- aýry sarp edijiler boýunça olaryň sanyna;
- firmalar boýunça olaryň göwremlerine ;
- ýaşyna we jynsyna ;
- bilimine ;
- durmuş derejesine.

Sarp edijileriň islegleri şu **ugurlary** boýunça öwrenilýär:
- satuwlaryň göwrümi boýunça;
- täze harytlaryň emele gelmegine we nyrhlaryň üýtgemegine garaýşyna.

**Bazaryň haryt düzümi şu maksatlar üçin seljerilýär**:
- harytlaryň bar bolan görnüşlerini (assortimentyny) anyklamak ;
- hödürlenjek ýa-da şoňa meňzeş harydyň bazarda bardygyny bilmek;
- harydyň hiline bazarda hereket edýän talaplary, kadalary, ülňileri öwrenmek.

**Bäsdeşýän kompaniýalary öwrenmek işi** şulary öz içine alýar:
- önüme bar bolan isleglerini we harytlaryň hödürlenmegini seljermek;
- satuw ulgamy bilen tanşmak;
- bäsdeşýän taraplaryň önüminiň geljegini çaklamak.

**Marketing işiniň önümçilik wezipesi** ýokary hilli we bäsdeşlige ukyply önümi öndürmek üçin önümçiligi we maddy-tehniki üpjunçiligi gurnamagy öz içine alýar**.** Bu wezipäniň **esasy maksady** sarp edilileriň isleglerini kanagatlandyrýan, gerekli görnüşde we hilde önümi öndürmek üçin, önümçilik - tehnologik prosesini gurnamak

Bu ýerde şular hasaba alynýar:
- önümçilik serişdeleri;
- maliýe mümkinçilikleri;
- hünärmenleriň derejeleri we ş.m.

Bazaryň talaplaryny we önümçiligiň münkinçiliklerini deňeşdirmegiň netijesinde şu işler amala aşyrylýar:
- bazaryň aýry segmentlerini, görnüşlerini ( assortimentlary) ornaşdyrylmagy;
- täze harytlaryň meýilnamalaşdyrylyşy;
- önüminiň düşewüntliginiň we özüne düşjek gymmatynyň anyklanylmagy;

Marketingiň önümçilik wezipesini ýerine ýetirmegiň pursatlarynda iki wajyp , bir-birine bagly meseleler çözülýär:
- ylmy-tehniki üstünlikler önümçilige ornaşdyrylýar;
- önümiň bäsdeşlige bolan ukyplylygy ýokarlanýar.

Önümiň bäsdeşlige bolan ukyplylygy öz gezeginde şu görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär:
- önüminiň hili ( belli ülňilere gabat gelmegi) we sarp edijilere gerekligi;
- sarp edijileriň jemlenen çykdajylary (önümiň nyrhy we ony ulanmak üçin ulanyş möhletinde çykdajylary).

**Marketing işiniň satyp-paýlamak wezipesi** mahabatlandyrma, haryt we nyrh syýasatlary geçirmek, harydy saklamak, ugratmak we ýerleşdirmek ýollaryny gurnamagy öz içine alýar.

Marketingiň bu wezipesi önümi öndürmekden soň harydy ýerleşdirmek üçin geçirilýän ähli işleri öz içine alýar. Ýagny önümi bazara geçirmek barada ähli hereketleri.

Marketiňg işleriň esasy maksatlaryň biri **önümi (harydy) bazarda netijeli ýerleşdirmekdir**. Şol işi amala aşyrmak üçin kärhana hökman harytlary **paýlap ýerleşdirmegiň öz söwda usulyny** döredip gurnamalydyr. Bu söwda usuly şahsy we edara görnüşli taraplaryň jemlenen işi hökmünde çykyş edip biler. Ýagny, kärhanadan sarp edijä çenli önüm geçýänçe ony ýerleşdirmäge dürli şahsy we edara görnüşli taraplar gatnaşyp bilerler. Görkezilen sowda usuly **araçyň gatnaşmagy bilen** ýa-da onsyz guralyp bilner**.**

Önümiň öndürýän kärhanadan sarp edijä çenli geçirilişine, ýagny **daşamaga**, marketing işinde aýratyn üns berilýär. Sarp edijiň islegini çalt kanagatlandyrmak üçin **önümiň saklanýan ýeri** ony aňsatlyk bilen alyp bolar ýaly ýerde saklanmalydyr**.**

**Önümi saklamagyň ulgamy** üç sany talaplara gabat gelmelidir:
- howpsuzlyk;
- ygtybarlyk;
- tygşytlylyk**.**

Marketing işiniň satyp-paýlamak wezipesi ýerine ýetirilende harytlaryň bellenilen sortlara, ülňilere (standartlara) gabat gelmegine, bahalaryň kesilmegine, kärhananyň haryt syýasatyna , mahabatlandyrmagyna aýratyn üns berilýär.

Kärhananyň **haryt syýasaty**, iň pes önümçilik harajatlarda harytlaryň hemme taraplaýyn netjeli görnüşlerini saýlamakdan ybarat.

Mahabatlandyryş işleriň maksady sarp ediji bolup biljeklerde harytlar (hyzmatlar) barada doly düşünjesi bolar ýaly ähli maglumatlary bermek. Şol sanda harytlaryň (hyzmatlaryň) görnüşleri, hili, nyrhlary, tehniki çäkleri (parametrylary), ukyplylygy barada.

**Kärhanalarda bazary öwrenmek üçin ýörite hünärmenler** –„marketologlar“ hereket edýär. Uly kärhanalarda ýörite „marketing“ bölümleri döredilýär.

Kärhananyň marketologlary mahabatlandyryş işleriniň ähli usullaryny bilmelidirler. Olar metbugadyň, , tele- radio ýaýlymyň, şygarlaryň, kataloglaryň, prospektlaryň, sorag-jogaplaryň (sprawoçniklaryň), witrinalaryň, etiketkalaryň, harytlary gaplamak (dolamak) üçin ulanylýan serişdeleriň kömegi bilen mahabatlandyryş işleri geçirmäni başarmalydyrlar.

**Marketing işiniň dolandyryş wezipesi** gysga we uzak möhletleýin derejelerde meýillnamalaşdyryş , marketing üçiň maglumatlary üpjün etmek we gözegçiligi amala aşyrmak işleri öz içine alýar.

**Gysga möhletleýin (gündelik) meýilnamalandyryş** işler geçirilende önümiň görnüşleri (assortimenti), ýerleşdirilişi we paýlanylyşy, mahabatlandyrylyşy we satuwlaryň gyzyklandyrmagy, maliýe netijeleri we işgärler bilen üpjunçiligi meýilnamlaşdyrylýar.

**Uzak möhletleýin meýilnamalandyryş** işler geçirilende şu meseleler çözülýär:
- uzak **möhletleýin döwürlere bellenilen peýdanyň we düşewüntligiň derejeleriň üpjunçiligi;**
- **önümçilik kuwatlylygyň netijeli ösüşi;**
- **ýerleşdirmegiň täze bazarlary tapmak;**
- **dünýä bazaryna çykmak we ş.m.**

Görkezilen işler amala aşyrylanda häzirki zaman usullary ulanylýar, şol sanda kontrolling we inženiring.

**Jemläp aýdamyzda kärhananyň marketingi** – müşderleriň (bazaryň) talaplaryna laýyklykda kärhananyň önümçiligini gurnamak, önümleri we hyzmatlary ýerleşdirmek, serişdeleri netijeli sarp etmek meselelerini öz içine alýar.

Her kärhananyň marketing işleri geçirmekde öz usullary bolmalydyr. Emma bu işleri geçirmekde sarp edijileriň isleglerini we düzümini öwrenmeklik ähli kärhanalar üçin degişlidir.

Kärhananyň marketologlary diňe öz segmentlerinde bolýan üýtgemeleri öwrenmän başga bazarlarda bolýan üýtgemeleri bilen hem içgin gyzyklanmalydyrlar.

Bazary öwrenmek üçin ösen döwletleriň we käbir ýerli kärhanalaryň marketologlary **dürli usullary** ulanyp kärhana üçin köp peýdaly işleri geçirmäni başarýarlar. Şolaryň içinde:
- müşderileriň arasynda anketalary paýlap olaryň isleglerini, talaplaryny öwrenýärlar;

- satuwlaryň we harajatlaryň seljermesini geçirip peýdaly teklipleri hödürleýärler ;
- täze önümleri, hyzmatlary öndürmek (ýerine ýetirmek) we olary ýerleşdirmek üçin guramaçylyk işleri geçirýarlar;
- kärhananyň önümlerini, hyzmatlaryny ýerleşdirmek üçin mahabatlandyryş işleri geçirýarlar;
- täze tehnologiýalary hödürläp, inowasion işleri geçirip ornaşdyrýarlar;
- iş wagtyny netijeli ulanmagyň ýollaryny gözläp görkezýärler;
- önümiň, hyzmatyň hiline görä we bazaryň ýagdaýlaryna görä baha kesýärler;
- çig mallary, kärhananyň sarp edilýan harytlary, hyzmatlary saýlamagyny gurnaýarlar;
- kärhananyň önüminiň özüne düşýän gymmatyny kämilleşdirmegine gönükdirilen işleri geçirýärler;
- amatly nyrh syýasatyny hödürläp ony amala aşyrmaga ýardam berýärler;
- başga işleri geçirýärler.

Marketologlar bazary şu toparlara bölüp bilerler: maksatlaýyn, miwesiz, esasy, goşmaça, ösýän we „gytaklaýyn".

Kärhana belli bazarda harydy ýerleştirmäni maksat edinýän bolsa - **maksatlaýyn,** harytlary ýerleşdirmekden netije bermedik ýa-da bermejek bazara- **miwesiz ,** esasy harytlary ýerleşdiren bazara- **esasy, gaýry ýerlemekleriň** bazaryna bolsa **goşmaça, ö**smek üçin mümkinçilikleri köp bolan bazara - **ösýän** bazar diýilýär.

Durnukly däl, emma belli bir şertlerde geljekde çalt hereketlenip biljek bazar**„gytaklaýyn"**diýlip düşünilýär. Bu bazar miwesizem bolup çykaýmagy ahmal.

Marketing işlerde bazaryň isleglerini we tekliplerini öwrenmägine köp üns berilýär. Isleglere köp ýagdaýlar täsir edýär. Şol sanda esasy täsirleriň biri nyrh. Nyrhyň ösmegi islegleri pese düşürýär. Öz gezeginde islegleriň artmagy nyrhlaryň ýokarlanmagyna sebäp bolup durýar. Şu gatnaşyklara ykdysady edebiýatlarda **islegleriň kanuny** diýilýär.

Emma isleglere diňe nyrh täsir etmän başga **nyrhdäl ýagdaýlar** hem täsir edýärler. Bu täsirlere şular degişlidirler:
- sarp edijileriň aýratyn islegleri;
- sarp edijileriň sany we olaryň girdejileri;
- meňzeş harytlara bahalar;
- garaşmalar.

Bir ýagdaýyň başga ýagdaýa eden täsiri öwrenmek üçin "maýşgaklyk"düşünje ulanylýär. Maýşgaklygy öwrenmek üçin onuň gatnaşygy çykarylýar. Ýagny nyrhyň pese düşmegiň göterimi islegleriň artmagyň göterimi bilen deňeşdirilýär.

Islegleriň maýşgaklygynyň gatnaşygy bilen tejribede **teklipleriň maýşgaklygynyň gatnaşygy** hem öwrenilýär. Netijede harydyň ýetmezçiligi ýa-da harytlaryň artykmaçlygy çykarylyp bilner. Görkezilen gatnaşyklary öwrenmek üçin tejribede ýörite grafikler çyzylýar we bazarda bolýan ýagdaýlar seljerilýär.

Bäsdeşlik bar bazarlarda haryt ýetmezçilikler we harydyň artykmaçlygy köp wagtlap dowam edip bilmez. Ýagny nyrhyň kömegi bilen islegler we teklipler deňleşýär.

Marketing we menejment işleri bir birine berk baglydyr. Sebäbi kärhanany marketingsiz netijeli dolandyrmak mümkin däl. Tejribede marketing işleri käbir ýagdaýlarda menejerleriň özleri geçirýär.

Marketing işlerinde bazaryň nyrhlaryny öwrenmek, olara gözekçilik etmek, kärhananyň nyrh syýasatyny ýöretmek bilen bagly işler uly orun tutýar. Nyrhlar we nyrh syýasatlary barada gollanmanyň şu bölüminde aşakdaky sahypalarynda giňeşleýin maglumatlar berilýär.

**3.2. Kärhanada menejmentiň usullary we tärleri.**

**Kärhananyň dolandyrylyş usullaryny aşakdaky birinji görkezgiçden görmek bolar:**

**1-nji görkezgiç**

**Kärhananyň dolandyryş usullary.**

**Dolandyryş usullary**

| Maglumatlary ýygnamak bilen bagly usullar | | Maglumatlary işlemek we netije çykarmak usullary | | Çäre görmek bilen bagly usullar |
|---|---|---|---|---|
| **Resminamalar ýa-da barlaglar esasynda** | **Tehniki serişdeleriň kömegi bilen (telefon, faks, internet we ş.m.)** | **Seljeriş, toparlaýyş, jemleýiş, kompýuter programmalaryň kömegi bilen, deduktiw, induktiw, korelýasion we başga usullary** | **Ýeke-bara, topar-laýyn (kollegial)** | **Administratiw (hormat haty, hormatlamak barada buýruk, duýduryş, käýinç, berk käýinç), ykdysady (pul,karz,hasap laşyk) we jenaýat** |

Birinji görkezgiçde menejmentiň ýa-da dolandyryşyň usullary üç topara bölünýär:

- maglumatlary ýygnamak;
- maglumatlary işlemek we netije çykarmak;
- çäre görmek.

Görkezilen esasy usullar kärhanany dolandyrmagynda hökmany suratda ulanmalydyr. Olarsyz kärhanany dolandyryp bolmaz diýsek ýalňyşmarys. Esasy usullar kömekçi usullaryň kömegi bilen ýerine ýetirilýär. Mysal üçin, maglumatlar tejribede resminamalar ýa-da barlaglar esasynda ýygnalýar. Maglumatlar ýygnalynda dürli tehniki serişdeleri ulanylyp bilner. Şolaryň içinde telefon, faks, internet we ş.m.

Maglumatlar ýygnalyp jemlenýär. Şondan soň olar işlenip netije çykarylýar.

Maglumatlary işlemek we netije çykarmak üçin häzirki döwürde kompýuter programmalary giňden ulanylýar. Emma öňden bäri ulanylýan usullaryň ähmiýetini hem ýatdan çykarmaly däl. Sebäbi kompýutorlara maglumatlary adamlar girizýärler we kompýuter nädogry netije çykaryp biler. Şol sebäpli tejribede seljeriş, jemleýiş(sintez), toparlaýyş, korelýasion, induktiw, deduktiw we deňeşdirmek usullaryň ähmiýeti örän ulydyr.

**Seljeriş (analiz)** usuly ulanylanda statistiki we başga maglumatlar **bölünip**, netijiler çykarylýar.

Seljeriş işleri öz gezeginde ykdysady edebiýatlarda dört topara bölünýär. Şol sanda: maliýe-ykdysady, tehniki – ykdysady, wezipe - bahalandyryş we umumy dolandyrma-bahalandyryş usullara.

**Jemleýiş** (sintetiki) usuly ulanylanda ýokarda görkezilen maglumatlar **jemlenip**, netijiler çykarylýar.

**Korelýasion** usuly **ähli ýagdaýlaryň täsiriniň aragatnyşygyny** öwrenmäge ýardam berýän usulydyr.

**Deduktiw** usuly **yzygiderli** (logiki) pikirleriň esasynda dogry netijelere getirip bilýän usullaryň biridir.

Deduktiw usullary ulanman ogurlyklardan we gaýry ýitgilerden goranyp bolmaýar. Her bir çykdajynyň öz çägi bolmalydyr.

**Induktiw** usulyň kömegi bilen -belli bir **gipotezanyň (ylmy pikiriň, çaklamaň)** dogrylylygy hakyky maglumatlar esasynda barlanyp netije çykarylýar.

**Toparlaýyş** usuly bilen maglumatlar belli toparlara jemlenip seljerilýär we netijeler çykarylýar.

**Deňeşdirme** usuly tejeibede gadymy döwürlerden ulanylýar. Maglumatlary deňeşdirip dürli peýdaly netijeleri çykaryp bolýar. Deňeşdirme usul ulanynda deňeşdirilýän obýektleriň şertleri ýa-da deň, ya-da ýakyn bolmalydyr.

Kärhanany dolandyrmagyň tejribesinde maglumatlar işlenip netije çykarylýar. Ýeňil mesele boýunça netijäni **bir ýolbaşçy** ýeke özi çykaryp biler. Emma käbir ýagdaýlarda netijeler maslahatlaşyp toparlaýyn (kollegial) çykarylýar.

Dünýä tejribesinde kärhanany dolandyrmagyň üç sany dolandyryş usuly görkezilýär: administratiw , ykdysady we jenaýatçylyga çekmek. Bu usullar bir birine berk baglydyr.

**Administratiw usuly** kärhananyň dolandyryjysy tarapyndan işgärleriň gowy netijelerini bellemek hem işgärleriň kemçiliklerini düzetmek üçin geçirilip bilner. Administratiw çäreleriň mysaly hökmünde aşakdaky çäreleri görkezip bolar:

- işgäriň gazanan netijelerine görä we (ýa-da) baýramçylyk, dogulan gününe ýa-da belli sene bilen baglanşdyryp kärhananyň administrasiýasy tarapyndan hormat haty bilen, ya-da aýry buýruk bilen sylaglanmagy( bellenmegi);
- işgäriň döwlet, watan üçin bitiren uly hyzmatlaryna ýokary baha berip degişli döwlet guramalara işgäri sylaglamak üçin ýüz tutmagy;
- duýduryş, käýiňç, berk käýinç berilmegini;
- başga wezipä geçirmegini;
- işgäri işden (wezipesinden) boşatmagyny.

Dolandyrylmagyň **ykdysady usulyň** ulanmagy pul, hasaplaşyk çäreleri bilen bagly. Mysal üçin, kärhananyň gowy netijeleri gazanýan işgärleri sylaglanyp bilerler, erbet işleýän işgärleriň zähmet haklaryndan pul serişdeleri tutulyp bilner. Zerur bolan wagtynda dolandyryjylar hasaplaşyklary togtadyp bilerler.

Administratiw we ykdysady dolandyryş usullary öz arasynda bir biri bilen berk baglanyşyklydyr. Käbir ýagdaýlarda administratiw dolandyryş usullaryň netijesinde ykdysady çärelere getirýär. Mysal üçin, işgäri döwlet sylaga hödürlemegiň netijesinde ol pul serişdeleri alyp biler. Ýa-da işgär administratiw usuly bilen başga işe (wezipä) geçirilende onuň zähmet haky azalyp biler. Sol sebäpli, dolandyrmagyň usullary administratiw we ykdysady usullara şertli bölünýär diýsek ýalňyşmarys .

Dolandyrmakda jenaýat çäreleri hem ulanylyp bilner. Bu çäreler iň soňky çäreleriň biri. Ony başga çäreler netije bermedik ýagdaýlarda , kanunlara laýyýklykda kazyýet arkaly ulanyp bolýar.

Ykdysady edebiýatlarda dolandyrmagyň aşakdaky tärleri görkezilýär:

- demokratik;
- diktator(awtoritar);
- liberal.

Görkezilen tärleriň her haýsynyň gowy hem kem taraplary bar.

Dolandyrmagyň **demokratik** täri- ýolbaşçyň işgärler bilen maslahatlaşmagy, olar bilen mydama ýakyn aragatnaşykda bolmagyny talap edýär. Bu täriň gowy tarapy-agzybirlik, sagdyn psihologiýa, köpçiligiň pikirlerine ýol berilmegi. Bu dolandyryş täriň kem tarapy- ýolbaşçy bilen işgäriň arasynda düşünsizlik bolan ýagdaýda ýüze çykýär. Käbir ösen günbatar döwletleriň alymlary ylmy-barlag işleri geçirip şeýle netijä geldiler- demokratik täri ýolbaşçyny hem iş barada hem adam barada pikir etdirip , ünsini bölüp işiň netijelerini pese düşürýär.

Dolandyrmagyň **diktator (awtoritar) täri**-ýolbaşçyň görkezmelerini gürrüňsiz , gyşarnyksyz berjaý etmegini talap edýär. Bu dolandyryş täri ýolbaşçyň kärhanany dolandyrmagyň ukyplylygyna, bilimine, abraýyna bagly bolup gowy netijeleri getirip biler. Emma ýolbaşçyň görkezmeleri, buýruklary kemçilikli bolsa, onda onuň abraýy hem netijeleri pes bolar.

Dolandyrmagyň **liberal** täri-işgärlere belli wagtda çenli takyk derejede erkinligi berip, soň berk hasabatlary almagy we soňky netijeleri seljermäni talap edýär. Bu täriň gowy tarapy –işgäriň wagtlaýyn belli derejede erkinligi, garaşsyzlygy, päsgelsiz işlär ýaly mümkinçilik berýär. Işgär gowy

netijileri gazanmak üçin dürli ýollary tapyp biler. Emma bu tär ähli işgärlere gelişmeýär. Bu täre mynasyp işgärleri seçip saýlamagy talap edýär.

Iki ýolbaşçy deň dolandyryp bilmezler. Ökde ýolbaşçyň tärini doly derejede başga biri hiç haçan dikeldip bilmez. Deň barmak ýaly iki deň ýolbaşçyny tapyp bolmaz. Sebäbi her bir adamyň , ýolbaşçynyň öz hiç kime meňzeşdäl häsiýetleri bardyr.

Dolandyrmagyň iň gowy täri barada alymlaryň arasynda ýeke-täk pikir ykdysady edebiýatlarda ýok. Dolandyrmagyň her tärlerinde-gowy hem erbet taraplary bar. Şol sebäpli ýolbaşçy kärhanany dolandyrmakda öz tärini saýlap tapmalydyr. Ýagny ýolbaşçy kärhananyň ýagdaýyna, işgärleriň häsiýetlerine görä, dürli tärleriň gowy taraplaryny ulanmany başarmalydyr.

Dolandyryjy öz işinde dürli adamlar bilen iş salyşýär. Şol sebäpli ol adamlaryň häsiýetlerini gowy bilmelidir.

Dünýä belli gadymy Gresiýanyň alymy Gipokrat adamlaryň häsiýetlerini 4 topara bölýärdi: sangwinnik, holerik, flegmatik we melanholik häsiýetlere.

**Sangwinnik** sözi latyn sözünden emele gelip, adamyň durmuş güýjini, onuň ganynyň çalt aýlanýandygyny aňladýar. Sangwinnik bu örän hereketli, çalt gyzýan we ýeňillik bilen başga emosional häsiýete geçýän adam.

**Holerik** sözi grek sözünden emele gelip, çalt hereketli, güýçli çalt emele gelýän duýgylara eýe bolýan adamyň häsiýetini aňladýar.

**Flegmatik** sözi grek sözünden emele gelip, türkmen dilinde „nem“ sözüni aňladýar. Flegmatik-bu haýal hereketli, ýuwaş, öz duýgylaryny daşyna seýrek çykarýan adam.

**Melanhollik** sözi grek sözünden emele gelip, agressiw, köplenç keýpsiz, aladaly adam. Ol özünde aladalaryny saklap daşyna öz duýgylaryny görkezenok.

Menejer adamlary häsiýetlendirip kärhananyň netijeligini ýokarlandyrmany başarmalydyr. Ol adamlaryň daşky we içki dünýäsini gowy öwrenmelidir. Käbir menejerler adamyň daşky keşbini görüp ol barada köp netijeleri çykaryp bilýärler. Tejribeli menejer flegmatik häsiýetli adama satuwlary, mahabatlandyryş işleri geçirmäni buýurmaz. Olara köplenç hasap ýöretmek we şoňa meňzeş işler buýrulýar. Satuwlar, mahabatlandyryş işler köplenç özüne üns çekip biljek adamlara buýrulýar. Şol häsiýete sangwinnikler we holerikler gelşýär.

Dolandyryjylar öz işlerinde kärhanalaryň maržalaryna, zyýansyzlygyň nokatlaryna, leweražlara , balanslaryň likwidliliklerine, bahalandyryş işlere köp üns bermelidirler.

**Marža**-bu alyş we satylyş bahalaryň ara tapawudyny görkezýän görkezgiç.

**Zyýansyzlygyň nokady**-bu grafikde girdejileriň we çykdajylaryň kesişýän ýeri. Girdejiler çykdajylardan pes bolan ýerinde zyýanlar çekilip başlanýar. Girdejileriň çykdajylardan artýan ýerinde peýda alnyp başlanýar.

**Leweraž**-bu girdejileriň we çykdajylaryň aragatnaşygyny görkezýän görkezgiç.

**Balansyň likwidliligi we bahalandyryş işleri** barada maglumatlary şu gollanmanyň aşakdaky sahypalaryndan tapyp bilersiňiz.

### 3.3.Kärhananyň marketing işlerinde nyrh syýasatynyň orny .

Kärhananyň marketing işleri geçirilende aýratyn üns bazaryň nyrhlaryna berilýär. Sebäbi kärhananyň dolandyryjylary öz esasy maksatlaryna ýetmek üçin nyrhlar bilen bagly meseleleri çözüp gowy maliýe netijeleri gazanmany başarmaly. Bu işleri başarmak üçin bazary öwrenmek usullary bilen bilelikde kärhananyň ýolbaşçylary nyrhyň nazarýetini, görnüşlerini bilip kärhananyň nyrh syýasatyny saýlap we şol syýasaty durmuşa ornaşdyrmany oňarmaly.

Iňlislerde şeýle nakyl bar: „Baha - bu ylalaşyk, nyrh bolsa syýasat“.

Şu güne çenli nyrhyň düýp manysy boýunça ýeke-täk düşünje ýok. Her ykdysady nazaryýet oňa öz kesgitlemesini berýär. Ykdysady edebiýatlarda nyrhyň iň köp duşýan kesgitlemesi: „Nyrh - bu harydyň pul görnüşdäki aňlatmasydyr“.

Bazar ykdysadyýetinde nyrh kesilende haryt alyjy bilen haryt satyjyň arasynda razylyk „tereze“, „deňagramlyk“ emele gelýançä nyrh ütgäp biler. Şol sebäpli ykdysady edebiýatlarda nyrhyň

deňagramlylygy düşünje giň ulanylýar. Ýagny nyrhyň iň pes we iň ýokary derejeleriň aralygynda alyjyň we satyjyň arasynda razylyk gazanylýar.

**Nyrhyň deňagramlylygy** - bir tarapdan harydyň (hyzmatyň, işiň) özüne düşen gymmaty, başga tarapdan bolsa satyjyň ýokary derejedäki bähbitliligiň we alyjyň töleg ukyplylygyň aralagynda ýerleşýär. Käbir mejbury, alajsyz we başga ýagdaýlarda haryt özüne düşen bahasyndan arzan hem satylyp bilner. Emma köplenç satyjylar olary özüne düşen bahasyndan gymmat satýarlar. Nyrhyň derejesi satuwlaryň möçberine hem baglydyr. Satuwlaryň möçberi artanda pes nyrhlary ulanyp hem peýda gazanyp bolýar.

Nyrh şu aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirýär:

- hasaba almak;
- paýlamak;
- höweslendirmek;
- ugrukdyrmak.

Nyrhlara daşky we içki ýagdaýlar täsir edýär. **Daşky ýagdaýlara şu aşakdakylar degişlidir:**

- hödürlemek bilen hyrydarlygyň, ýagny isleg bilen teklipleriň aragatnaşyklary , ýagny bäsdeşligiň derejesi ;
- umumy ykdysadyýetiň sazlaşygy hem-de pudagyň ýagdaýy;
- kanunlaryň sazlaşygy;
- syýasy ýagdaýlar;
- pasyllar;
- sarp edijileriň töleg ukyplylygy, gyzyklanmalary, däpleri, islegleri;
- başga ýagdaýlar.

**Içerki ýagdaýlara şular degişlidir**:

- marketingiň we menejmentiň derejesi hem kärhananyň geçirýän maliýe-nyrh syýasaty;
- esasy serişdeleriň ýagdaýy;
- başga ýagdaýlar.

**Dünýä tejribesinde nyrhyň dürli görnüşleri ulanylýar. Şolaryň içinde**:- döwlet, bazar, birža, tender, ylalaşyk, hojalygyň içindäki, hojalygara, pudak, meýilnamalaşdyrylan, çäklenen, hakyky, balans, monopol (satyjynyň ýeke-täk bolmagy), korporasiýa, ownuk söwda, lomaý söwda, ýüküň barmaly we ugradylan ýeriniň bahalary, iň pes we iň ýokary derejedäki , adalatly, balans we başga görnüşleri.

Ýokarda görkezilen her bir nyrhyň öz aýratynlyklary, gowy hem-de kem taraplary bardyr. Şol nyrhlaryň aýratynlyklaryny nyrhyň ady görkezýär. Mysal üçin, döwlet nyrhlaryny - döwlet guramalary, bazar nyrhlaryny - bazar, birža nyrhlaryny - biržalar, pudaklaryň we korporasiýalaryň nyrhlaryny bolsa şol pudaklaryň we korporasiýalaryň ýolbaçylary kesgitleýär.

**Döwlet nyrhynyň** aýratynlygy -durnuklylygydyr. Bir tarapdan nyrh durnukly bolsa gowy. Emma onuň durnuklylygy birnäçe ýagdaýlarda adamlara bagly däl ykdysady kanunlary, bazaryň ýagdaýlaryny göz öňüne tutanok. Şol sebäpli durnukly nyrhlaryň ulanmagy käbir wezipeli işgärler üçin kanunlary bozmaga mümkinçilikleri döredýär. Arzan döwlet nyrhyndan satylýan harytlar dükanlardan ýitip başlaýar we gara bazara geçirilýär ýa-da daşary ýurtlara bikanun iberilýär. Oňa öňki SSSR-iň döwlet nyrhlary mysal bolup biler.

**Bazar nyrhynyň** aýratynlygy - ol gysga wagtyň içinde ykdysady ýagdaýlara görä üýtgäp bilýär. Bir tarapdan nyrh çalt ütgeýän bolsa erbet. Emma onuň üýtgemegi käbir ýagdaýlarda adamlara bagly däl bolan ykdysady kanunlary göz öňüne tutup, harytlaryň bolçulygyna getirýär.

**Birža nyrhynyň** aýratynlygy - iň ýokary nyrhy boýunça harydy (hyzmaty) alýan tarap ýeňiş gazanyp, olary almaga hukuk alýar. Şu usul bilen harydyň hakyky nyrhy bilinýär. Nyrhyň kem tarapy –onuň söwda gatnaşýanlaryň sanyna bagly bolýanlygydyr.

Birža nyrhlaryna meňzeýän **tender nyrhlary** hem tejribede ulanylýar. Geçiriljek tender barada metbugatda habar berilýär. Tender yglan edilenden soň, şoňa gatnaşjak taraplar öz taslamalaryny we onuň nyrhlaryny hödürläp, öz arasynda göreşýärler. Bäsdeşlikde ýeňiş gazanan tarap bilen şertnama (kontrakt) baglaşylýar we taslamada görkezilen nyrhy boýunça hasaplaşyklar geçirilýär. Tender

nyrhlary dogry , adalatly geçirilse wezipeli adamlara nyrhlaryň hasabyna öz şahsy bähbitlerini kanagatlandyryp bolanok.

**Ýüküň barmaly we ugradylan ýeriniň bahalary** - haryt ugradylmanka şertnama (kontrakta) arkaly kesilýär.Ýüküň barmaly ýeriň bahasy ulananda haryt iberiji ýol çykdajylaryny özi çekmelidir. Ýükiň ugradylan ýeriniň bahasy ulananda ýük ugradylan nokatdan soň başga ýol çykdajylary haryt alyjy çekmelidir Alyjy bilen ýerleşdiriji (iberiji,satyjy) özlerine amatly nyrhy saýlap ony şertnama girizmäni başarmalydyrlar. Emma käwagt bir tarapa amatly bolan nyrh, başga tarapa amatsyz bolup çykyp biler. Şol sebäpli şertnamany baglaşýan taraplar onuň ähli şertlerini gowy öwrenmelidirler.

**Lomaý nyrhlar** uly möçberde söwda edilende ulanylýar. Olaryň gowy tarapy -harydy arzan bahadan alyp bolýar. Lomaý söwdany edýän satyjy arzan nyrhdan harytlary (hyzmatlary) ýerleşdirse-de peýda gazanyp biler. Lomaý nyrhlaryň kem tarapy- haryt alyjy käbir ýagdaýlarda özüne artyk möçberde harydy satyn almaly bolýar.

**Iň pes derejedäki nyrhlar** köplenç bäsdeşlikde üstünlik gazanmaga mümkinçilik döredýär. Tejribede iň pes nyrhlary ulanýanlara - demping syýasatyny geçirýär diýlip aýdylýar. Iň pes nyrhyň kem tarapy - peýdany gazanmany kynlaştyrýar, käbir ýagdaýlarda bolsa kärhana zyýan hem çekip biler.

Harydyň (hyzmatyň) arzanlamagy dürli sebäplere baglydyr. Şol sebäpleri ýeňmek üçin haryt (hyzmat) ýerleşdirijeler (satyjylar) tarapyndan olar öwrenilýär we mümkin bolan ýagdaýlarda degişli çäreleri geçirilýärler.

**Iň ýokary nyrhlar-** köplenç monopol nyrhlardyr. Monopol sözi terjime edilende-ýeketäkligiň manyny berýär. Monopol nyrhlary bazarda ýeketäk hereket edýän tarap ýada dilleşen bir näçe taraplar ulanyp bilerler. Monopol nyrhlar bäsdeşlige ýol bermän, ösüşleriň ýollaryny ýapýar. Emma käbir ýagdaýlarda iň ýokary derejedäki nyrhlar harydyň (hyzmatyň) hiliniň ýokarlanmagynyň hasabyna gazanylýar. Şol ýagdaýlarda görkezilen nyrhlar ösüşleriň ýollaryny ýapman, olara täze ýollary açýar.

Häzirki döwürde Ýewropa bileleşiginde **adalatly** nyrhlara köp üns berilýär. Adalatly nyrhlary ulanmak üçin haryt öndürijä öňünden haýsy harydy (belli hil derejede) öňdürip berse, oňa belli nyrh boýunça tölenjekdigi öňünden ylalaşykda bellenilýär. Emma adalatly nyrhlaryň hem çözülmedik meseleleri köp. Sebäbi çig mallary öndürijiler köplenç öz harytlaryny arzan bahadan ýerleşdirýärler.

**Balans nyrhy** –edara görnüşli tarapyň balansynda görkezilen nyrhy aňladýar. Ol bazar nyrhyndan pes, ýokary, ýa-da oňa deň bolup biler. Nyrhyň gowy tarapy –hasaby durnukly ýöretmäge ýardam berýär. Erbet tarapy-balansda hasaba alnan hojalyk serişdeleriň bahalary, bazaryň nyrhy bilen tapawutlanyp biler.

Kärhananyň önüminiň nyrhyna dürli ýagdaýlar täsir edýär. Emma her kärhananyň özboluşly aýratynlyklary bar. Olar hem ýokarda görkezilen daşky we içki ýagdaýlara bagly bolýar.

Kärhanalaryň ýolbaşçylary bazar nyrhlaryna mydama gözegçilik etmelidirler, olary seljerip, olara täsir edýän ýagdaýlary anyklamalydyrlar. Her kärhananyň öz nyrh syýasaty bolmalydyr.Şol syýasatlar **nyrhyň taktikasyna we strategiýasyna** bölünýär. Dogry düzülen nyrh syýasaty kärhanany zyýanlaryndan gorap, oňa peýda getirmelidir.

**Nyrhyň taktikasy** –nyrhyň gysga döwrüň syýasatyna gönükdirilen bolmalydyr. Onuň mysaly hökmünde -belli möwsümleriň nyrh syýasatlaryny görkezip bolar.

**Nyrhyň strategiýasy** - nyrh boýunça uzak möhletleýin syýasaty ýöretmekdir. Kärhanlar dürli uzak möhletleýin syýasatlary ýöredip bilerler.

**Nyrhyň syýasaty**-bu nyrhy kesgitlemek boyunça bazardaky ülňi tertipleriň ulgamydyr. Nyrhyň syýasaty ýiti bolmalydyr we ýagdaýlara görä üýtgemelidir.

Nyrh marketing işleri bilen baglanyşyklydyr. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde nyrhlar hödürlemeklik we hyrydarlyk esasynda emele gelýär.

Ykdysady edebiýatlarda nyrh syýasatlary birnäçe toparlara bölünýär. Şolaryň içinde:

- “gaýmak ýygnamak”;
- “bazarda ýer tutmak”;
- “abraýly nyrhlary ulanmak syýasaty”;
- “öňdebaryjynyň yzyndan ýöremek”;
- “typyp peselýän nyrh” syýasaty;

- “üstünlik gazanmak üçin ýöredilýän nyrh” syýasaty;
- “bazardaky islegleri hasaba alýan nyrh” syýasaty;
- beýleki syýasatlar.

**“Gaýmak ýygnamak”** nyrh syýasaty kärhananyň önümlerini ilki başda ýerleşdirmekde, bäsdeşlik ýok şertlerinde ýokary nyrhlary ulanmaga mümkinçilik bolan wagtlarynda ulanylýar. Bu syýasat deňi ýok önümler ýerleşdirilende ulanylýar. Bazarda şoňa meňzeş önümleri başga kärhanalar ýerleşdirip başlandan soň, nyrhlar pese düşürilýär.

**“Bazarda ýer tutmak”** nyrh syýasaty geçirilende bäsdeşlikde üstünlik gazanmak üçin ýörite (bilgeşleýin) pes nyrhlar ulanylýar. Şol nyrh syýasatyna käbir edebiýatlarda demping syýasaty hem aýdylýar. Bu syýasatyň esasy maksady köpräk müşderileri (sarp edijileri) özüne çekmek. Bazarda ýer tutandan soň we ýerleşdirilen hyzmatlaryň möçberi ösenden soň, kärhana kem-kemden nyrhlary galdyryp başlaýar. Emma nyrhyň ösüşi geljekki satuwlaryň ösmegine zyýan bermeli däldir.

Eger-de “tejribäniň netijeleri” esasynda kärhananyň harajatlary kem-kemden pese düşýän bolsa, onda “bazarda ýer tutmak” nyrh syýasatynyň ulanylmagy aýratyn netijelere getirýär. Durmuşyň kanunyna laýyklykda islendik işde tejribäň köpelse, önümiň (hyzmatyň) birligine düşýän harajatlaryň möçberi kem-kemden peselýär.

Şol syýasat ýöredilende şu aşakdaky şertler bolmalydyrlar:

- önümiň (hyzmatlaryň) bazarynda şol döwürde bäsdeşýän taraplar nyrhlaryň peselmegine taýýar däl bolmaly we bäsdeşýän taraplar “nyrhlary peseltmek oýunlaryna” goşulmaly däldir;
- syýasaty ýöretmek bilen bagly harajatlar ýeterlik derejedäki peýdany gazanmaga ýoly ýapmaly däldir.

Tejribede kärhanalar köplenç ilkibaşda “gaýmak ýygnamak” nyrh syýasatyny ulanýarlar. Ilki ýokary nyrhly önümiň ýokary hilli keşbini döredýärler we ilkinji sarp edijiler nyrha kän üns berenoklar. Soňra bolsa sarp edijiler nyrha üns berip başlaýarlar. Şol sebäpli soňra “bazarda ýer tutmak” nyrh syýasaty ýöredilip başlanýar. Nyrhlaryň pese düşmegi sarp edijiler tarapyndan gowy garşylanylýar, nyrhyň birden ösmegi bolsa köplenç sarp edijiler tarapyndan bazarda garşylyk bilen kabul edilýär.

**Abraýly nyrhlary ulanmak** syýasaty eger-de bäsdeşlik bilen bagly kynçylyklary iň pes derejä getirip bolýan bolsa netijelidir. Tejribede şol kynçylyklary üstünlikli ýeňmek üçin ýörite hukuklary berýän nyşanlar, atlar, söwda markalary ulanylýar. Abraýly nyrhlar bu ýörite öňünden ýokarlandyrylan nyrhlardyr. Olaryň maksady öň görülmedik, tapawutlanýan, iň ýokary hilli önümlere isleg bildirýänleri we nyrh barada alada etmeýän, öz derejesine ýokary baha berýän sarp edijileri tapyp, olara şol nyrhlarda ýokarda görkezilen hyzmatlary (önümleri) hödürlemek bolup durýar.

**“Öňdebaryjynyň yzyndan ýöremek”** nyrh syýasaty - bu önümleriň (hyzmatlaryň) bazarynda öňdebaryjy kärhananyň nyrhlaryny hasaba alyp, olardan ugur alyp, öz nyrhlaryny kesgitleýän syýasatdyr. Täze önümleriň (hyzmatlaryň) nyrhlary “ülňi”(standart) nyrhlara golaýlaşmalydyr. Nyrh tapawutlary diňe belli derejede bolup biler. Bu syýasat öz uzak möhletleýin nyrh syýasatyny döretmeýän (geçirmeýän) kärhanalar üçin daşky keşbi boýunça örän özüne çekiji bolup görünýär. Emma ol düýpli kemçiliklere we zyýanlara getirip biler. Sebäbi öňdebaryjy ýalňyş hereketleri etse, yzyndan ýöreýän hem ýalňyşýar.

**“Typyp peselýän“**nyrh syýasaty “gaýmak ýygnamak” syýasatynyň dowamydyr we ony netijeli ulanmaklyk şol syýasatyň şertlerinde peýdalydyr. Şu syýasatyň düýp manysy - nyrh hyrydarlyga (islege) görä typyp peselýar.

**“Üstünlik gazanmak üçin “**ýöredilýän nyrh syýasaty - “Bazarda ýer tutmak” nyrh syýasatynyň dowamy bolup, kärhananyň işine garşydaş (bäsdeş) taraplaryň goşulmagynyň howpy bar bolan ýagdaýda ulanylýar. Syýasatyň esasy maksady – garşydaş tarapyň hereketlerine görä, kärhananyň şertlerini (mümkinçiliklerini) gowulandyrmak we harajatlary pese düşer ýaly ýa-da önümiň (hyzmatlaryň) hili ýokarlanar ýaly çäreleri geçirmekden ybaratdyr.

**“Bazardaky islegleri hasaba alýan”** nyrh syýasaty - hyrydarlygyň tapawutlylygyny hasaba almagy göz öňünde tutýar. Nyrhy düzmek (kesgitlemek) bilen bagly ähli hereketler hyrydarlaryň ýetirip bolýan islegini hem-de olaryň şol önümlere (hyzmatlara, harytlara) töleg ukyplylygyny we tölemäge islegini göz öňünde tutmalydyr. Mysal üçin, ýaşy uly adamlara hyzmatlaryň hili hem-de şol

hyzmatlaryň nyrhlary başga müşderileri bilen deňeşdireniňde pesräk bolýar. Sebäbi ýaşy uly adamlar nyrhlara köplenç örän duýgur bolýarlar, şol sebäpli olar köplenç möwsüm däl döwürlerde önümleri (hyzmatlary) arzanlanan nyrhlar boýunça satyn alýarlar, olar öz-özlerine hyzmat etmegini isleýärler, ýeňillikli (indirimli) nyrhlary ulanar ýaly mümkinçilikleri gözleýärler.

Tejribeli ýolbaşçylar möwsümleri göz öňünde tutup, üstünlik gazanýarlar. Mysal üçin, gök önümleriň ýetişen wagty olar arzan bolýar. Şondan ugur alyp, şol döwürlerde iýmit öndüriji kärhanalarda gök önümleriň gorlary döredilýär we şol önümler konserwirlenilýär. Şol işleri amala aşyrmak üçin ýolbaşçylar tarapyndan ýörite şertler döredilýär: goşmaça pul serişdeleri goýberilýär, önümler zaýalanmaz ýaly gerekli enjamlar, saklamak üçin ýerler taýýarlanylýar.

Möwsümi gelen döwründe kärhana öz nyrhlaryny ösdürip biler. Emma bäsdeşlik bar döwletlerde möwsüm döwürlerinde müşderileriň sanyny artdyryp, köpräk girdeji gazanmak üçin nyrhlary pese düşürýän ýolbaşçylar hem gabat gelýär. Bu usul kärhananyň kuwwatlylygyna, esasy serişdeleriniň ýagdaýyna we beýleki şertlere görä ulanylýar.

Nyrhlaryň derejeleri ýokary bolar ýaly, hyzmatlaryň hili hem ýokary bolmaly. Bazar ykdysadyýetinde ýokary nyrhly we pes hyzmatly kärhanalaryň geljegi ýokdur.

### 3.4. Bahalary kesgitlemegiň tertibi we döwletiň gözegçiligi.

Häzirki döwürde Türkmenistan bazar ykdysadyýetine geçýär. Döwletimizde dürli nyrhlar hereket edýär. Bazar nyrhlara döwletimiz kem-kemden geçýär. Halkyň hal ýagdaýy pese düşmez ýaly döwletiň käbir tebigy baýlyklary- gaz, suw, elektrik energiýasy we nahar duzy mugt paýlanýar. Käbir harytlara (hyzmatlara) döwlet tarapyndan dünýä boýunça iň pes nyrhlar kesilen. Mysal üçin, çörege, jemgyýetiň ulag serişdelerine, umumy ýaşaýyş (komunal) jaýlara, aragatnaşyk hyzmatlaryna we başgalara.

Döwlet tarapyndan kesgitlenýän nyrhlaryň berjaý edilmegine Türkmenistanyň maliýe ministriligi we ýurdymyzyň başga guramalary tarapyndan berk gözegçilik edilýär.

Döwlet tarapyndan kesgitlenilen ýeňillikli bahalar boýunça harytlar ýerlenende, işler ýerine ýetirilende we hyzmatlar edilende salgyt hasaplanylanda şeýle ýeňillikler göz öňünde tutulmalydyr. Görkezilenler Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ilata mugt goýberilýän harytlara, hyzmatlara hem degişlidir.

Býujetden sarp edijilere ýerlenýän harytlar, ýerine ýetirilýän işler we edilýän hyzmatlar boýunça **salgytlar hasaplanylanda ýerlenýän harytlaryň (hyzmatlaryň, işleriň) hakyky bahalardan kanunlara laýyklykda ugur alynmalydyr.**

Egerde Türkmenistanyň kanunçylyk namalary tarapyndan döwlet nyrhlary göz öňünde tutulmadyk bolsa kärhana eýeçiligine garamazdan öz önümlerini, işlerini, hyzmatlaryny, önümçilik galyndylaryny özbaşdak bellän nyrhlary we tarifleri boýunça ýa-da şertnamalaýyn esasda ýerleşdirmäge haklydyr.

Türkmenistanyň kanunçylyk namalaryna laýyklykda kärhanalar harytlaryň, işleriň, hyzmatlaryň **daşary ýurt pulundaky bahalary,** şeýle hem baha goşulýan daşary ýurt pulundaky serişdeleri **Türkmenistanyň Merkezi bankynyň** salgyt salynýan amallarynyň geçirilen senesindäki **resmi hümmeti boýunça manatda hasaplanmalydyrlar.**

Kärhananyň önüminiň nyrhyny kesgitlemek üçin birinji nobatda önümiň özüne düşýän gymmaty, harajatlary hasaba alynýar. Soň bolsa şol harajatlara degişli goşulmalar goşulýar. Şolaryň içinde göz öňüne tutup bolmaýan harajatlar, kärhananyň peýdasy, goşulan baha üçin salgyt (eger-de şol kärhana görkezilen salgydy töleýän bolsa) bolmalydyr.

Kärhanalar öz hasabatlarynda öz girdejilerini ilkinji buhgalterlik resminamalarynda nyrhlaryny pes görkezip, azaltmaz ýaly, döwlet tarapyndan bazar nyrhlarynyň statistiki maglumatlary ýygnalýär we kärhananyň ýokarda görkezilen resminamalarynda nyrhlar bazar nyrhlary bilen **deňeşdirilende 20 göterimden artdyrylyp, pes görkezilen bolsa**, onda salgyt gulluklary Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda şol hasabatlarda görkezilen girdejileri täzeden hasaplap, maliýe çärelerini geçirip bilerler. Şu düzgün daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahalaryna hem degişlidir.

Salgytlary dogry hasaplamak üçin kärhanalar Türkmenistanyň “Salgytlar hakynda” Bitewi kanunyň düzgünlerini göz öňünde tutup, harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahalaryny

kesgitlemelidirler.

**Kanuna laýyklykda harytlar muzdsuz berlende (işler ýerine ýetirilende, hyzmatlar edilende) salgyt hasaplananda harytlar (işler, hyzmatlar) adaty hak almak bilen ýerlenende salgyt töleýji tarapyndan ulanylýan bahalardan ugur alynmalydyr.**

Öň ulanyşda bolan esasy serişdeler **muzdsuz** berlende degişli salgytlar **galyndy balans bahasy boýunça hasaplanýar.** Geleşigiň taraplary tarapyndan **çalşylýan** harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahalary kesgitlenmedik halatlarynda salgytlar hasaplanylanda harytlar (işler, hyzmatlar) adaty ýerlenende salgyt töleýji tarapyndan **ulanylýan bahalardan ugur alynmalydyr.**

**Deň bolmadyk çalşykda çalşylýan harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasyna islendik möçberdäki goşmaça tölegler salgyt salynýan dolanyşyga kanuna laýyklykda goşulmalydyr.**

**Kärhananyň özüniň sarp etmegi** üçin harytlar peýdalanylanda, işler ýerine ýetirilende, hyzmatlar edilende, degişli harajatlar peýda (girdeýji) salgydyny hasaplamak üçin kabul edilýän aýyrmalara goşulmaýan bolsa**, kärhanalar salgytlary hasaplanlarynda kanuna laýyklykda** harytlar (işler, hyzmatlar) adaty hak almak bilen ýerlenende **ulanylýan bahalardan ugur alynmalydyr.**

**Özüniň sarp etmegi üçin gurluşyk-gurnama işleri ýerine ýetirilende salgyt hasaplanylanda** salgyt töleýjiniň olary ýerine ýetirmek üçin eden hakyky çykdaýjylaryndan ugur alnyp hasaplanan, **ýerine ýetirilen işleriň bahasy ulanmalydyr.**

Kanuna laýyklykda araçyllyk hyzmatlary, tabşyryk ylalaşygy we topar **(komissiýa) boýunça hyzmatlar ýerlenende** salgyt hasaplanylanda şu **hyzmatlar üçin hak, ýygymlar ýa-da beýleki tölegler görnüşinde alnan pul serişdeleriniň jemine deň möçberinden ugur alynmalydyr.**

Mysal üçin, raýat öz ulag serişdäni komission dukana tabşyrýar. Komission şertnama laýyklykda raýat öz ulagyny 20 müň manada bahaladýar. Komission dukany ulagy 26 müň manada satýar. 20 müň manady raýata gaýtaryp berýar. Komission dukan şol amaldan salgytlary hasaplanda 26-20=6 müň manatdan ugur almalydyr.

Görkezilenler komissionerleriň pagta süýüminiň ýerlenmegine degişli däldir. Şunuň ýaly ýagdaýda salgyt **kanuna laýyklykda** bazar **bahalara esaslanyp hasaplanmalydyr.**

Berilýän çig maldan (materialdan) harytlary taýýarlamak boýunça hyzmatlar ýerlenende, **salgytlar olary işlemegiň (gaýtadan işlemegiň) bahasyna esaslanyp hasaplanmalydyr.**

**Mysal üçin, bir kärhana başga kärhana gaýtadan işlemek üçin 20 müň manatlyk çig malyny berýar. Ikinji kärhana şol çig maly gaýtadan işläp 26 müň manatlyk harydy çykarýar. Ikinji kärhana salgytlary hasaplanda 26-20=6 müň manatlyk bahadan ugur alyp hasaplamaly.**

Kärhananyň alyjylary tarapyndan yzyna gaýtarylyp berilmeli **gaplaryň bahalary salgytlar hasaplanylanda hasaba alynmaýar**. Mysal üçin, kärhana 110 müň manada haryt ýerleşdirdi. Şol 110 müň manadyýň içinde 10 müň manatlyk gaýtarylyp berilmeli gaplar. Goşulan baha üçin salgydy hasdaplamamyzda biz 110-10=100 müň manatdan ugur alýars.Ýagny salgydy 100 müň manada esaslanyp hasaplaýarys.

**Kanuna laýyklykda** ýatyrylýan edara görnüşli tarapyň (Türkmenistana dahylly bolup durmaýan daşary ýurt edara görnüşli tarapyň şahamçasynyň ýa-da wekilhanasynyň) ýa-da işini bes eden hususy telekeçiniň harytlary we beýleki emläkleri satylanda **salgyt hasaplanylanda** salgyt töleýji tarapyndan şu harytlar we emläkler ýerlenende ulanylan hakyky bahalaryň esasynda, emma **harytlar boýunça satyn alnan bahasyndan, esasy serişdeler we maddy däl aktiwler boýunça bolsa galyndy bahasyndan pes bolmadyk derejelerinden ugur alynmalydyr**.

**Türkmenistanyň „Salgytlar hakynda“ Bitewi kanuna laýyklykda** tebigy ýitginiň ölçeglerinden artyk haryt ýetmezçiligi halatynda olaryň ogurlanandygy ýa-da zaýalanandygy resmi taýdan tassyk edilmedik ýagdaýynda **salgytlar hasaplanylanda galyndy (bazar) bahasyndan ugur alynmalydyr**.

**Mysal üçin, kärhana 100 müň manatlyk kolbasa önümlerini öndürdi. 1 müň manatlyk ölçeglere laýyk ýitgi. 9müň manatlyk kolbasa önümleri ogurlandy. Emma ogurlyk polisiýa tarapyndan resmileşdirilmedi. 10 müň manatlyk kolbasa önümleri zaýalyndy. Emma olaryň utilizasiýa edilendigini resmi taýdan tassyklaýan resminama ýok. Salgydy hasaplanda kärhana 100-1=99 müň manatdan ugur almalydyr. Ogurlyk we zaýalynan önümleriň utilizasiýasy resmileşdirilen ýagdaýda salgydy hasaplanda kärhana 100-1-9-10=80 müň manatdan ugur alyp bilerdi. Ogry tapylan ýagdaýda we ýitgiň öwezi gaýtarylanda gelen girdejiden goşmaça salgyt hasaplanmalydyr.**

## 4.Kärhanada buhgalterlik hasabyň, hasabatyň we auditorlyk işleriň esaslary.

### 4.1. Buhgalterlik hasaby we auditorlyk iş hakynda düşünje, olaryň zerurlygy we ähmiýeti.

Gadym döwürlerde hojalyk hasaplaşyklary daşlaryň we agaçlaryň ýüzünde ýöredilipdir. Wagtyň geçmegi bilen bolsa hasap ýörite kitaplarda ýöredilip başlanýar. „Buhgalter“ sözüniň özi „kitap“ sözünden emele gelen. Buhgalterlik hasaby – maliýe –hojalyk amallary ýörite kitaplarda, belliknamalarda (registrlerde) bellemäni we tassyklanylan tertipde ulgamlaşdyrmany aňladýar.

Dünýä belli alym Werner Zomberginiň aýdyşyna görä, buhgalterlik hasaby bazar ykdysadyýetine geçmäge uly ýardam berýär.

Buhgalterlik hasabynyň ýörelgeleriniň (prinsipleriň) esaslaryny ilkinji oýlap tapan we ulgamlaşdyran dünýä belli matematik Luka Paçiolidir (1445-1517). Ol birinji bolup goşa ýazgy usulynyň tejribede ulanylmagyny kagyza geçirip, çap etdi.

Şol döwürden soň buhgalterlik hasaby ulgam hökmünde ulanylyp başlanýar. Häzirki döwürde buhgalterlik hasaby ähli döwletlerde Luka Paçioliniň ulgamyna esaslanýar. Şol bir wagtyň özünde hasap ýöretmekde her döwletiň öz aýratynlyklary hem bardyr.

Türkmenistanyň “Buhgalterlik hasaba alnyşy hakynda” kanuna laýyklykda **buhgalterlik hasaba alnyş -** bu resminamalar esasynda kärhananyň maliýe-hojalyk amallaryny tutuşlygyna, üznüksiz, yzygiderli döwlet tarapyndan kesgitlenen tertip görnüşine getirýän ulgamdyr.

„Audit“ sözi latyn sözünden emele gelip, „diňlemek“ manyny berýär. Audit sözüne ýakyn sözler: auditoriýa - sapaklaryň diňlenýän ýeri, audio kassetalar - diňlenýän kasetalar.

Türkmenistanyň “Auditorlyk iş hakynda” kanunda auditorlara şeýle kesgitleme berilýar: “Attestasiýadan geçen, auditorlyk işi özbaşdak amala aşyrmaga ygtyýarnamasy bolan we auditorlaryň döwlet reýestrinde bellige alnan adam **auditor** bolup bilýär”.

Auditor barlaglary geçirilende ol ilki hasabaty “diňläp”, ony ilkinji buhgalterlik resminamalary bilen deňeşdirýär. Eger-de ilkinji buhgalterlik hasaby hasabat bilen deň gelmese, onda auditor onuň sebäplerini anyklap, hasabaty düzetmekligiň ýollaryny görkezmelidir.

Barlaglar döwletiň kanunlaryna we degişli ministrlikleriň görkezmelerine laýyklykda geçirilmelidir. Şonuň üçin auditor barlaglary diňe döwlet tarapyndan berilýan ýörite ygtyýarnamalar esasynda geçirilýär.

Hasapsyz öndüriji güýçleri we önümçilik gatnaşyklary gurnamak, dolandyrmak bolmaz. Sebäbi hasap jemgyýetiň ähli derejelerinde, şol sanda şahsýet, maşgala, pudak, döwlet derejelerde ýöredilýar. Hasaby we seljeriş işleri, barlaglary geçirmeýan kärhanalar dargaýar.

Buhgalterlik hasabynyň we auditorlyk işiniň meýdany halk hojalygynyň ähli pudaklaryny öz içine alýar, ýagny bu iş dürli-dürli pudaklara degişlidir. Her pudagyň özbolușly aýratynlygy bolanda-da umumy hasap we audit birmeňzeş ýöredilýär. Ýöne bellemeli zat, **banklaryň hasaby gaýry pudaklaryň hasaby bilen birmeňzeş däldir**. Kärhanalarda 100-e golaý hasaplaşyk hasaplary açylýan bolsa, banklarda 1000-e golaý hasaplar açylýar.

Banklar hasabyň aýnalary hökmünde çykyş edip ähli pudaklaryň, telekeçileriň, edaralaryň, käbir şahsy taraplaryň dürli hasaplaryny ýöredýärler. Şol sebäpli hem banklaryň hasap ýöredilşinde gaýry pudaklara seredeňde tapawutlar köp. Şoňa garamazdan ýönekeý kärhanalaryň we banklaryň hasap ýöredilişiň usullarynda we auditorlyk barlaglaryň geçirilişinde meňzeş häsiýetler hem köp.

Ýenede bellemeli zat, geňeşlikleriň, şäherçeleriň (etrap tabynlygyndaky şäherleriň) býujetleriniň ýerine ýetirilişini we şol edaralaryň çykdajy amallaryny buhgalterlik hasaba almak üçin hasaplarynyň **aýratyn meýilnamasy ulanylýar**.

**4.2. Kärhanalaryň maliýe-hojalyk işlerini buhgalterlik hasaba almagyň meýilnamasy we hasaplaryň ulanylyşy**.

Buhgalterlik hasabynyň meýilnamasy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan 2005-nji ýylyň ýanwar aýynyň 20-sinde AD/04 buýruk bilen tassyklanyldy.

Tassyklanylan hasaplar 01-den 97-ä çenli bellikler bilen bellenildi. Şolaryň içinde 34 aktiw, 19 passiw, 23 aktiw-passiw hasaplar we hasaplaryň 21-si tassyklanmady.

Meýilnama 9 bölümden ybarat. Käbir hasaplaryň hasapiçi (kömekçi) hasaplary bar. Meýilnama bilen aşakdaky 2-nji görkezgiç esasynda tanşyp bolar:

2-nji görkezgiç

**Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasarynyň 2005-nji ýylyň ýanwar aýynyň 20-ndäki AD/04 belgili buýrugy bilen tassyklanyldy**

**KÄRHANALARYŇ MALIÝE-HOJALYK IŞLERINI BUHGALTERLIK HASABA ALMAGYŇ MEÝILNAMASY**

| Hasaplaryň ady | Hasaplaryň belgisi | Balansa gatnaşygy boýunça | Hasapiçi hasaplaryň ady we belgisi |
|---|---|---|---|
| ***I.BÖLÜM*** ***Esasy serişdeler we beýleki uzak möhletleýin goýumlar*** | | | |
| Esasy serişdeler | 01 | A | Esasy serişdeleriň görnüşleri boýunça |
| Esasy serişdeleriň könelmegi | 02 | P | 1. Öz esasy serişdeleriniň könelmegi.<br>2. Uzak möhletleýin kärendesine alnan serişdeleriň könelmegi. |
| Uzak möhletleýin kärendesine alnan esasy serişdeler. | 03 | A | Esasy serişdeleriň görnüşleri boýunça |
| Maddy däl aktiwler | 04 | A | Maddy däl aktiwleriň görnüşleri. |
| Maddy däl aktiwleriň könelmegi | 05 | P | |
| Uzak möhletleýin maliýe goýumlary. | 06 | A | 1. Paýlar we paýnamalar.<br>2. Obligasiýalar.<br>3. Berlen karzlar. |
| Oturdylmaga degişli enjamlar. | 07 | A | Enjamlaryň görnüşleri boýunça |
| Düýpli maýa goýumlar. | 08 | A | 1. Esasy serişdeleriň gurulmagy.<br>2. Esasy serişdeleriň satyn alynmagy.<br>3. Esasy serişdeleriň gymmatyny. Artdyrmaýan harajatlar.<br>4. Ýaş mallary esasy sürä geçirmek.<br>5. Ýaşy uly mallaryň satyn alynmagy.<br>6. Mugt alnan esasy serişdeleri getirmegiň çykdajylary. |
| Gelmeli kärende borçlary. | 09 | A | |

| | | | |
|---|---|---|---|
| ***II. BÖLÜM*** ***Önümçilik gorlary*** | | | |
| Materiallar | 10 | A | 1. Çig mallar we materiallar.<br>2. Satyn alnýan ýarymtaýýar önümler, toplaýjy önümler, gurnamalar we düzüm bölekleri.<br>3. Ýangyç.<br>4. Gap we gaplyk materimateriallar.<br>5. Ätiýäçlyk şaýlar.<br>6. Gurluşyk materiallary.<br>7. Başgalara gaýtadan işlemäge berlen materiallar.<br>8. Gaýry materiallar. |
| Ösdürimdäki we bakydaky mallar. | 11 | A | 1. Ýaş mallar.<br>2. Bakydaky mallar.<br>3. Guşlar.<br>4. Ýabany haýwanlar.<br>5. Towşanlar.<br>6. Balary maşgalalary. |
| Arzan we tiz könelýän zatlar. | 12 | A | 1. Ammardaky arzan we tiz könelýän zatlar.<br>2. Ulanylýan arzan we tiz könelýän zatlar.<br>3. Wagtlaýyn (titulsyz) desgalar. |
| Arzan we tiz könelýän zatlaryň könelmegi. | 13 | P | |
| Maddy gymmatlyklara täzeden baha kesilmegi. | 14 | A – P | |
| Materiallary taýýarlamak we satyn almak. | 15 | A | |
| Materiallaryň gymmatyndaky gyşarmalar (tapawutlar). | 16 | A – P | |
| …….. | 17 | | |
| ……….. | 18 | | |
| ***III. BÖLÜM*** ***Önümçilik harajatlary*** | | | |
| Satyn alnan harytlaryň goşulan bahasy üçin salgyt. | 19 | A | 1. Satyn alnan esasy serişdeler boýunça goşulan baha üçin salgyt.<br>2. Düýpli gurluşyk binalary, deňiz we howa gämileri, demir ýol ulaglary boýunça goşulan baha üçin salgyt.<br>3. Satyn alnan maddy däl aktiwler boýunça goşulan baha üçin salgyt.<br>4. Satyn alnan maddy-önümçilik ätiýaçlyklary boýunça goşulan baha üçin salgyt.<br>5. Ýerine ýetirilen işler we hyzmatlar boýunça potratçy guramalara tölenen goşuldy baha üçin salgyt.<br>6. Satyn alnan harytlar boýunça goşulan baha üçin salgyt. |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | | | |
| Esasy önümçilik | 20 | A | |
| Öz öndüren ýarym taýýar önümleri. | 21 | A | |
| ……. | 22 | | |
| Kömekçi önümçilikler. | 23 | A | |
| …….. | 24 | | |
| Umumy önümçilik çykdajylary | 25 | A | |
| Umumy hojalyk çykdajylary | 26 | A | |
| …… | 27 | | |
| Önümçilikdäki zaýaçylyk | 28 | A | |
| Hyzmat ediji önümçilikler we hojalyklar. | 29 | A | |
| Düýpli däl işler. | 30 | A | 1. Wagtlaýyn (titully) desgallary gurmak.<br>2. Wagtlaýyn (titulsyz) desgalary gurmak.<br>3. Gaýry düýpli däl işler. |
| Geljekki döwürleriň çykdajylary. | 31 | A | |
| | 32 | | |
| | 33 | | |
| | 34 | | |
| | 35 | | |
| | 36 | | |
| | 37 | | |
| | 38 | | |
| | 39 | | |
| ***IV BÖLÜM***<br>***Taýýar önümler, harytlar we olaryň satylmagy.*** | | | |
| Taýýar önümler. | 40 | A | |
| Harytlar. | 41 | A | 1. Ammarlardaky harytlar.<br>2. Bölek satuwdaky harytlar.<br>3. Harytly we harytdan boşan gaplar.<br>4. Satyn alnan önümler.<br>5. Kireýine ulanmaga berilýän zatlar. |
| Söwda goşundysy. | 42 | P | 1. Söwda goşundysy (baha gaýdymy, goşundysy).<br>2. Ulag çykdajylarynyň öwezini dolmak üçin haryt iberijiniň baha gaýdymy. |
| Täjirçilik çykdajylary. | 43 | A | |
| Dolanyşyk harajatlary | 44 | A | |

| | | | |
|---|---|---|---|
| Ýüklenen harytlar, ýerine ýetirilen işler we hyzmatlar. | 45 | A | |
| Önümleri (işleri, hyzmatlary) ýerlemek. | 46 | A-P | |
| Esasy serişdeleriň ýerlenmegi we gaýry çykmagy. | 47 | A-P | |
| Gaýry aktiwleriň ýerlenmegi. | 48 | A-P | |
| …… | 49 | | |
| V BÖLÜM<br>Pul serişdeleri | | | |
| Kassa | 50 | A | |
| Hasaplaşyk hasaby. | 51 | A | |
| Daşary ýurt pullarynyň hasaby. | 52 | A | 1. Ýurduň içindäki daşary ýurt pullarynyň hasaplary.<br>2. Ýurduň daşyndaky daşary ýurt pullarynyň hasaplary. |
| …………. | 53 | | |
| ………….. | 54 | | |
| Banklardaky ýörite hasaplar. | 55 | A | 1. Akkreditiwler.<br>2. Çek depderçeleri.<br>3. Maksatly toplaýyş hasaplary. |
| Pul resminamalary. | 56 | A | |
| Geçirilen pullaryň ýoldakylary | 57 | A | |
| Gysga möhletli maliýe goýumlar. | 58 | A | 1. Obligasiýalar we beýleki gymmat bahaly kagyzlar.<br>2. Depozitler.<br>3. Wekseller.<br>4. Berlen karzlar. |
| …………. | 59 | | |
| VI BÖLÜM<br>Hasaplaşyklar | | | |
| Haryt iberijiler we potratçylar bilen hasaplaşyklar. | 60 | A – P | |
| Berlen hakujy boýunça hasaplaşyklar. | 61 | A – P | |
| Satyn alyjylar we buýrujylar bilen hasaplaşyklar. | 62 | A – P | 1. Töleg talapnamasyny goýmak tertibi bilen hasaplaşyklar.<br>2. Meýilnamaly tölegler bilen hasaplaşyklar.<br>3. Alnan wekseller. |
| Bildirilen | 63 | A – P | |

| | | | |
|---|---|---|---|
| nägilelikler boýunça hasaplaşyklar. | | | |
| Alnan hakujy tölegler boýunça hasaplaşyklar. | 64 | P | |
| Emläk we şahsy ätiýaçlandyrma-lary boýunça hasaplaşyklar | 65 | A – P | |
| ……….. | 66 | | |
| Döwlet gaznalary bilen hasaplaşyklar. | 67 | A – P | 1. Döwlet gaznalary bilen tölegler boýunça hasaplaşyklar (görnüşleri boýunça).<br>2. Döwlet gaznalary bilen beýleki amallar boýunça hasaplaşyklar. |
| Býujet bilen hasaplaşyklar. | 68 | A – P | 1. Salgytlar we beýleki tölegler boýunça hasaplaşyklar.<br>2. Kliriň boýunça alnan harytlar üçin býujet bilen hasaplaşyklar |
| Durmuş ätiýaçlandyr-malary boýunça hasaplaşyklar. | 69 | A – P | 1. Durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirmeler boýunça hasaplaşyklar.<br>2. Meýletin pensiýa ätiýäçlandyrmasyna geçirmeler boýunça hasaplaşyklar.<br>3. Meýletin medisina ätiýaçlandyrmasyna geçirmeler boýunça hasaplaşyklar. |
| Zähmet haky boýunça hasaplaşyklar. | 70 | A – P | |
| Hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklar. | 71 | A – P | |
| …………….. | 72 | | |
| Gaýry amallar boýunça Işgärler bilen hasaplaşyklar. | 73 | A – P | 1. Bankyň karzyna satylan harytlary üçin hasaplaşyklar.<br>2. Karz bermeler boýunça hasaplaşyklar.<br>3. Maddy zyýanyň öwezini dolmak boýunça hasaplaşyklar. |
| **……………** | 74 | | |
| Döredijiler bilen hasaplaşyklar. | 75 | A – P | 1. Esaslyk maýa goýumlar boýunça hasaplaşyklar.<br>2. Girdejiler boýunça hasaplaşyklar. |
| Her hili algydarlar we bergidarlar bilen hasaplaşyklar. | 76 | A – P | |
| Hökümetiň karary bilen üzlüşmeklik möhleti gaýra goýlan algy-bergiler boýunça hasaplaşyklar. | 77 | A-P | |
| Golçur kärhanalar | 78 | A – P | |

| | | | |
|---|---|---|---|
| bilen hasaplaşyklar. | | | |
| Pudagiçi hasaplaşyklar. | 79 | A – P | 1. Ýokarda durýan gurama (ministrlik, pudaklaýyn dolandyryş edarasy) bilen hasaplaşyklar.<br>2. Birleşikler, kärhanalar we guramalar bilen hasaplaşyklar (ministrilige, pudaklaýyn dolandyryş edarlara garaşly) |
| ***VII BÖLÜM***<br>***Maliýe netijeler we peýdanyň ulanylyşy*** | | | |
| Peýdalar we zyýanlar. | 80 | A – P | |
| Peýdanyň ulanylyşy. | 81 | P | 1. Peýdadan býujete tölegler.<br>2. Peýdanyň beýleki maksatlara ulanylmagy. |
| Şübheli algylaryň ätiýaçlyklary. | 82 | P | |
| Geljek döwrüň girdejileri. | 83 | P | 1. Geljek döwürleriň hasabyna alnan girdejiler.<br>2. Geçen ýyllarda ýüze çykarylan kem çykmalar boýunça bergilerden gelmeli tapawutlar.<br>3. Kem çykan gymmatlyklar boýunça, günäkärlerden tutup almaly puluň möçberi bilen onuň balans bahasynyň aratapawudy. |
| Gymmatlyklaryň zaýalanmagyndan dörän kemçilikler, ýitgiler. | 84 | A | |
| ***VIII BÖLÜM***<br>***Gaznalar we ätiýaçlyklar.*** | | | |
| Esaslyk maýa | 85 | P | |
| Ätiýaçlyk gory | 86 | P | |
| Paýlanylmadyk peýda (ýapylmadyk zyýan). | 87 | A – P | 1. Hasabat ýylynyň paýlanylmadyk peýdasy (ýapylmadyk zyýany).<br>2. Geçen ýyllaryň paýlanylmadyk peýdasy (ýapylmadyk zyýany). |
| Ýörite maksatly gaznalar. | 88 | P | 1. Toplaýyş gaznalary<br>2. Sarp ediş gaznalary |
| Geljekki çykdajylaryň we tölegleriň ätiýaçlyklary. | 89 | P | Ätiýaçlyklaryň görnüşleri boýunça. |
| ***IX BÖLÜM***<br>***Karzlar we maliýeleşdirmeler*** | | | |
| Banklaryň gysga möhletleýin karzlary. | 90 | P | 1. Banklaryň gysga möhletleýin karzlary (görnüşleri boýunça).<br>2. Hökümetiň karary bilen üzlüşilmegi gaýra goýlan gysga möhletleýin bank karzlary.<br>3. Gysga möhletleýin bank karzlary boýunça göterimler we hyzmatlar |
| …………… | 91 | | |
| Banklaryň uzak | 92 | P | 1. Banklaryň uzak möhletleýin karzlary |

| | | | |
|---|---|---|---|
| möhletleýin karzlary. | | | (görnüşleri boýunça).<br>2. Hökümetiň karary bilen üzlüşilmegi gaýra goýlan uzak möhletleýin bank karzlary.<br>3. Uzak möhletleýin bank karzlary boýunça göterimler we hyzmatlar. |
| Işgärler üçin banklaryň karzy. | 93 | P | 1. Bank karzyna satylan harytlar üçin.<br>2. Hususy gurluşygy üçin.<br>3.Bag öýüniň gurluşygy üçin<br>4.Öý satyn almak üçin |
| Gysga möhletleýin gaýry karzlar. | 94 | P | 1. Gysga möhletleýin gaýry karzlar (görnüşleri boýunça).<br>2. Hökümetiň karary bilen üzlüşmegi gaýra goýlan gysga möhletleýin gaýry karzlar.<br>3. Gysga möhletleýin gaýry karzlar boýunça göterimler we hyzmatlar |
| Uzak möhletli karzlar. | 95 | P | 1. Uzak möhletleýin gaýry karzlar (görnüşleri boýunça).<br>2. Hökümetiň karary bilen üzlüşilmegi gaýra goýlan uzak möhletleýin gaýry karzlar.<br>3. Uzak möhletleýin gaýry karzlar boýunça göterimler we hyzmatlar. |
| Maksatly maliýeleşdirmeler we gelip gowuşmalar . | 96 | P | |
| Tölenmeli kärende borçlary. | 97 | P | |

**Balansdan daşary hasaplar**

| Hasaplaryň ady | Belgisi |
|---|---|
| Kärendesine alnan esasy serişdeler | 001 |
| Jogapkärçilikli saklamaga alnan maddy-haryt gymmatlyklary | 002 |
| Gaýtadan işlemäge alnan materiallar | 003 |
| Satmaga kabul edilen harytlar | 004 |
| Gurnamak üçin alnan enjamlar | 005 |
| Berk hasabatly resmi kagyzlar | 006 |
| Tölege ukypsyz bergidarlaryň bergileriniň zyýanyň hasabyna öçürleni | 007 |
| Alnan borçlary we tölegleri üpjün etmek | 008 |
| Berlen borçlary we tölegleri üpjün etmek | 009 |

**Buhgalterlik hasabynyň meýilnamasy şu ýörelgilere (prinsiplere) esaslanýar:**

1. Meýilnama Türkmenistanyň ähli hojalyk hasaplaşygynda işleýän kärhanalara eýeçiligine garamazdan degişlidir. Öz gezeginde hojalyk hasaplaşygynda işleýän kärhanalar üç sany ýörelgilerden (prinsiplerden) ugur alýarlar. Şol ugurlary üç sany „Ö” harp bilen belläp bolar: özbaşdaklyk, öz-özüni dolandyrmak we öz-özüni maliýeleşdirmek Ýokarda bellinilişi ýaly diňe banklar, geňeşlikler , şäherçeler (etrap tabynlygyndaky şäherler) öz meýilnamalary esasynda hasaby ýöredýärler.

2. Hojalyk amallary, borçnamalar, emläkler, buhgalterlik hasaby meýilnamada görkezilen hasaplaryň kömegi bilen goşa ýazgy usul esasynda amala aşyrylýar.

3. Buhgalterlik kitaplarynda , belliknamakarda (registrlerde) hasap ýazgylary ilkinji resminamalar esasynda ýöredilýär. Ýazgylar hojalyk amallary geçirilýän döwürde ýa-da olary ýerine ýetirmegiň öň ýanynda düzülmeli we hökmany maglumatlary öz içine almalydyr.

4. Hojalyk amallaryna, emläklere, borçnamalara milli manatda baha berilmelidir we olar manatda hasaba alynmalydyr. Daşary ýurt pul birliklerinde geçirilen amallaryň hasaby şol amallaryň amala aşyrylýan pursatyna çenli **Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan daşary ýurt pul birliklerine bellenilen kurslara laýyklykda gaýtadan hasaplanylyp çykarylmalydyr**.

5. Girdejiler we çykdajylar öz wagtynda hasaba alynmalydyr.

Ikinji görkezgiçde „A“ harp bilen bellenilen hasaplar - aktiw . „P“ harp bilen bellenilen hasaplar - passiw „A-P“ harplar bilen bellenilen hasaplar bolsa aktiw-passiw hasaplardyr.

Aktiw hasaplara şular degişlidir:

01, 03, 04, 06, 07, 08, 09, 10, 11, 12, 15, 19, 20, 21, 23, 25, 26, 28, 29, 30, 31, 40, 41, 43, 44, 45, 50, 51, 52, 55, 56, 57, 58, 84.

**Aktiw hasaplarda girdejiler,** başlangyç we ahyrky galyndylar **hasabyň debet , çykdajylar bolsa kredit tarapyndan görkezilýär**.

Mysal üçin, 01 aktiw hasapda esasy serişdeler hasaba alynýar hem olar satyn alnanda hasapda şeýle ýazgylar edilýär.

Debet 01 „ Eesasy serişdeler” - 1000

Kredit 76 „ Her hili algydarlar we bergidarlar bilen hasaplaşyklar” - 1000

Kredit 51 „Hasaplaşyk hasaby” - 1000

Debet 76 „ Her hili algydarlar we bergidarlar bilen hasaplaşyklar” - 1000

Mysal üçin, 10-njy aktiw hasapda „Materiallar” hasaba alynýar hem olar satyn alnanda şeýle ýazgylar edilýär:

Debet 10 „Materiallar” - 1000

Kredit 60”Satyjylar bilen we potratçylar bilen hasaplaşyklar” – 1000

Kredit 51 „Hasaplaşyk hasaby” - 1000

Debet 60”Satyjylar bilen we potratçylar bilen hasaplaşyklar” – 1000

Passiw hasaplara şular degişlidir:

02, 05, 13, 42, 64, 81, 82, 83, 85, 86, 88, 89, 90, 92, 93, 94, 95, 96, 97. **Passiw hasaplarda başlangyç we ahyrky galyndylar hasabyň kredit tarapyndan ýazylýar. Passiw hasaplarda çeşmeler görkezilýär. Çeşmeleriň köpelmegi kredit tarapyndan, azalmagy bolsa hasabyň debet tarapynda ýazylýar.**

Mysal üçin, 02-nji hasapda esasy serişdeleriň könelmegi hasaba alynýar. Şol çeşme esasy serişdeleri täzeden dikeltmek üçin niýetlenendir.

Esasy serişdeleriň könelmegini hasaba alamyzda hasapda şeýle ýazgylar edilýär:

Debet 20 „Esasy önümçilik“ -1000

Kredit 02 „Esasy serişdeleriň könelmegi“-1000

Karz berlende hasap şeýle ýöredilýär:

DT 51 „Hasaplaşyk hasaby”-10000

Kt 90 „Banklaryň gysga möhletli karzlary”-10000

Alnan karzlar yzyna gaýtarylanda aşakdaky ýazgylar ýazylýar:

DT 90 „Banklaryň gysga möhletli karzlary -10000

Kt 51 „Hasaplaşyk hasaby”-10000

Aktiw-pasiw hasaplara şular degişlidir:

14, 16, 46, 47, 48, 60, 61, 62, 63, 65, 67, 68, 69, 70, 71, 73, 75, 76, 77, 78, 79, 80, 87.

**Kärhana boýunça jemleýji aktiw-passiw hasaplarda başlangyç we ahyrky galyndylar hem aktiw hem passiw, hem „0”,ýagny hasabyň galyndylary hem debet hem kredit tarapyndan hem „0” netijeli ýazylyp bilner. Kärhananyň maliýe-hojalyk amallarynyň netijesinde bir ( bir näçe) müşderilere bergisi, şol bir wagtda hem bir (bir näçe) kärhanadan algysy bolup biler. Kärhana algysyz, bergisiz hem bolup biler.**

**Emma aýry (bir hasapiçi) aktiw-passiw hasaplar boýunça başlangyç we ahyrky galyndylar ýa - da aktiw ýa – da passiw, ýagny hasabyň ýa –da debet ýa – da kredit tarapyndan ýazylyp, ýa - da „0” bolup biler. Bir müşderi boýunça kärhananyň ýa – da algysy ýa –da bergisi bolup biler, ýa-da şol müşderi bilen kärhananyň netijesi algysyz-bergisiz bolup biler.**

Mysal üçin, 14-nji balans hasapda maddy gymmatlyklara täzeden baha kesilmegi hasaba alynýar. Bahalar dürli taraplara üýtgäp biler. Eger-de taýar önümleriň bahalary 1000 manatlyk ösýän bolsa onda şeýle hasap ýazgy edilýar:

Debet 40 ”Taýýar önümler”-1000

Kredit 14 „Maddy gymmatlyklara täzeden baha keselmegi”-1000

Eger-de taýar önümleriň bahasy pese düşýän bolsa, onda şeýle hasap ýazgy edilýar:

Debet 14 „Maddy gymmatlyklara täzeden baha kesilmegi”-1000

Kredit 40 ”Taýýar önümler”-1000

Eger-de kärhana materiallary başga kärhanadan alýan bolsa we şol kärhana bilen hasaplaşmadyk bolsa , onda şeýle hasap ýazgy edilýar:

Debet 10 ”Materiallar”-1000

Kredit 60 „Haryt iberijiler we potratçylar bilen hasaplaşyklar”-1000

Ýagny, berginiň mukdary hasabyň kredit hem-de balansyň passiw tarapynda görkezilýär.

Eger-de kärhana başga kärhana 1000 manatlyk harytlary iberen bolsa we şol kärhana hasaplaşmadyk bolsa , onda şeýle hasap ýazgy edilýar:

Debet 45 „Ýüklenen harytlar we ýerine ýetirilen işler we hyzmatlar”- 1000

Kredit 41 ”Harytlar”-1 000 000

Ýagny, algynyň mukdary hasabyň debet hem-de balansyň aktiw tarapynda görkezilýär. Bergiler hasabyň kredit tarapyndan görkezilip, balansyň passiw tarapynda görkezilýär

80-nji hasapda kärhananyň gazanan peýdasy ýa-da çeken zyýanlary görkezilýär.

Kärhana peýda gazanan bolsa, onda onuň peýdasy hasabyň kredit hem-de çeşme bolup balansyň passiw tarapynda görkezilýär.

Kärhana zyýan çeken bolsa onda onuň zyýany hasabyň debet we çykdajy bolup balansyň passiw tarapynda „aýyrmak” belgisi bilen görkezilýär. Öňki döwürlerde zyýanlar balansda aktiw tarapynda „goşmak” belgisi bilen görkezilýärdi.

Mysal üçin, kärhanada tükelleýiş işleriň netijesinde hasaba alynmadyk 1000 manatlyk harytlar ýüze çykaryldy, onda şeýle hasap ýazgy edilýar:

Debet 41”Harytlar”-1000

Kredit 80 „Peýdalar we zyýanlar”- 1000

Eger-de kärhanada tükelleýiş işleriň netijesinde 1000 manatlyk harytlaryň ýetmizçiligi ýüze çykarylan bolsa, onda şeýle hasap ýazgy edilýär:

Debet 80 „Peýdalar we zyýanlar”- 1000

Kredit 41”Harytlar”-1000

Ýenede bir mysal: başlangyç bahasy 1000 manatlyk, könelmegi –100 manatlyk esasy serişdeler 800 manada ýerleşdirilen bolsa şeýle hasap ýazgylar edilýär:

1) Debet 47 „Esasy serişdeleriň ýerlenmegi“-1000

Kredit 01 „Esasy serişdeler“-1000

2) Debet 02„Esasy serişdeleriň könelmegi“—100

Kredit 47 „Esasy serişdeleriň ýerlenmegi we gaýry çykmagy“-100

3)Debet 76 „Her hili algydarlar we bergidarlar bilen hasaplaşyklar“-900

Kredit 47 „Esasy serişdeleriň ýerlenmegi we gaýry çykmagy“-900

4)Debet 51 „Hasaplaşyk hasaby”-800

Kredit 76 „Her hili algydarlar we bergidarlar bilen hasaplaşyklar“-800

5)Debet 80 “Peýdalar we zyýanlar”-100

Kredit 76 „Her hili algydarlar we bergidarlar bilen hasaplaşyklar“-100

Amallaryň netijesinde kärhananyň 01,02,47,76 hasaplary ýapylýar we kärhana 100 manat zyýan çekýär. 51-nji hasaba bolsa esasy serişdeleriň deregine 800 manat girdeji gelýär.

Kärhanalar hasap ýöredenlerinde ilki bir hasabyň debet tarapynda ýazgy etmelidirler, soňra bolsa hökmany suratda kredit tarapynda ýazgy edilýär. Diňe bir hasapda ýazgy edilmeýär.

Debet we kredit taraplarda edilýan ýazgylara ykdysady edebiýatlara iki taraplaýyn ýazgy , ýa-da goşa ýazgy diýilýar.

Goşa ýazgysyz hasaby ýöretmek mümkin däl, ýagny her çykdajyň we girdejiň çeşmesi hökmany suratda bolaýmalydyr. Sebäbi çeşmesiz çykdajy we girdeji bolanok. Egerde goşa ýazgy edilmese, ýa-da ýalňyş edilse, herekede niýetlenen we hereketdäki hojalyk serişdeleri olaryň çeşmeleri bilen deň gelmezler, ýagny hasap nädogry ýörediler.

Hasabyň dogry ýöredilişini barlamak üçin, tejribede balans , ýa-da deňeşdirme ýöredilýar. Balansyň çep -aktiw tarapynda- herekede niýetlenen we hereketdäki hojalyk serişdeleti, sag – passiw tarapynda bolsa şol serişdeleriň çeşmeleri görkezilip, olar deňeşdirilýar. Hasap dogry ýöredilen bolsa aktiwyň we passiwyň jemleri deňleşýar.

Aktiw hasaplaryň galyndylary esassanam balansyň aktiw , passiw hasaplaryňky bolsa resminamanyň passiw , aktiw-passiw hasaplaryň galyndylary- hem aktiwde hem passiwde, hem „0" görnüşinde görkezilip bilner. Emma käbir passiw hasaplaryň galyndylary balansyň aktiw tarapynda görkezilýär. Mysal üçin, 02, 05, 13-nji passiw hasaplaryň galyndylary balansyň aktiw tarapynda görkezilýär. Balansda görkezilen passiw hasaplaryň galyndylary 01, 04, 12-nji aktiw hasaplaryň galyndylardan aýrylýar we soňunda aktiw hasaplaryň netijesi çykarylýar.

### 4.3. Kärhanada buhgalterlik hasabynyň we auditorlyk işiniň guralyşy.

Kärhanada hasaby ýöretmek işini dogry guramak üçin ilki Türkmenistanyň şu kanunlary we Düzgünnamalary bilen tanyşmaly: "Buhgalterlik hasaba alnyşy hakynda", „Türkmenistanda buhgalteriýa hasaba alşy we hasabaty hakynda Düzgünnama", „Baş buhgalter hakynda Düzgünnama" „Auditorlyk iş hakynda", „Salgytlar hakynda" we başgalar bilen.

Türkmenistanyň "Buhgalterlik hasaba alnyşy hakynda" kanuny 1996-njy ýylyň dekabr aýynda Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanyldy. Şol kanunyň esasy maksady Türkmenistanda buhgalterlik hasabynyň we hasabatlylygyň guralyşyny kesgitlemek we düzgünleşdirmekdir.

Öňde goýlan maksada ýetmek üçin bu kanun hasaby guramagyň we alyp barmagyň ýeke-täk esaslaryny kesgitleýär, maliýe hasabatyny düzmäge we şony degişli guramalara tabşyrmagy bildirilýän talaplary belleýär, hasaby ýöretmegiň meseleleri boýunça özara gatnaşyklary düzgünleşdirýär.

Türkmenistanyň "Buhgalterlik hasaba alynyşy hakynda" kanunyň güýji Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän ähli kärhanalara, şol sanda daşary ýurt kärhanalaryna, şeýle hem olaryň şahamçalaryna, wekilçiliklerine we beýleki düzümleýin bölümlerine degişlidir.

Kärhananyň maýasy , maliýe-hojalyk işleri, maddy, maddy däl hem pul serişdeleri, borçnamalary, inwestisiýalary we olaryň çeşmeleri bilen bagly hojalyk amallary - **hasabyň meýdançysy diýlip hasaplanylýar.**

**Buhgalterlik hasabynyň predmety** –bu hasaby ýöretmeliň usullaryň, ülneleriň, tärleriň, düzgün-tertipleriň jemi .

Türkmenistanda buhgalterlik hasaba alnyşynyň ülňüleri maliýe ministriligi tarapyndan işlenilip taýýarlanylýar we Ministrler Kabineti olary nazara alyp tassyklaýar.

Kärhanalar üçin hasaby we hasabaty düzmegiň bütewi usul esaslaryny belleýän kada, hukuk namalarynyň berjaý edilişine ýokarda agzalan guramalar tarapyndan gözegçilik edilýär.

**Kärhana** hasabyň tassyklanylan ülňülerini we Türkmenistanyň beýleki kada, hukuk namalaryna laýyklykda onuň işiniň gurluşyndan we beýleki aýratynlygyndan ugur alyp, **hasap ulgamyny düzmelidir**. Kärhana tarapyndan kabul edilen hasap ulgamy onuň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanylyp we ýylyň-ýylyna yzygiderli peýdalanmalydyr.

Kärhananyň hasaba alyş ulgamyny onuň iş şertleri düýpli üýtgände **maliýe ýylynyň başyndan**, ýa-da **Türkmenistanyň kanunçylygy üýtgese bellenilen seneden** üýtgetmäge ygtyýar berilýär.

**Her kärhananyň hasabynyň guralyşynda öz aýratynlyklary bolup biler, emma olar döwlet tarapyndan kesgitlenen umumy tertibiň, düzgüniň çäklerinden çykmaly däldir.**

**Kärhanada hasaby ýöretmek işi onuň** möçberine baglylykda şu görnüşlerde **guralyp** bilner:

- **özbaşdak** gullugy (bölümi) ýa-da **hasapmerkezi** ;
- şertnama esasynda **hasap we auditorlyk guramalarynyň**, şeýle hem **hasapçy hünärmenleriniň** hyzmatlaryndan peýdalanýan;
- **kompýuterleşdirilen** ulgamy görnüşinde.

Turkmenistanyň „Buhgalterlik hasaba alnyşy hakynda" kanuna laýyklykda ähli kärhanalarda, hasaby ýöretmegiň guralyşy, **kärhananyň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanan ýörite buýruk esasynda amala aşyrylmalydyr.**

**Kärhanada hasaby ýöretmek işini gurnamak üçin** şular **işlenilip taýýarlanylmalydyr**:

- ulanyljak **hasaplaryň iş meýilnamasy**;

- bir nusga getirilen (tipli) görnüşleriniň bolmagy göz öňünde tutulmadyk **ilkinji hasaba alyş resminamalarynyň görnüşleri**;

- **resminamalaryň aýlanyşygynyň kadalary**;

- ykdysady seljermäniň, içerki hojalyk hasabynyň we **gözegçiliginiň ulgamy**;

- **tükellemek işlerini geçirmegiň tertibi**.

Türkmenistanyň "Buhgalterlik hasaba alnyşy hakynda" kanuna laýyklykda kärhanada hasabyň guralyşy döwletimizde tassyklanylan ülňülere , kada, hukuk namalara laýyk gelmelidir.we şoňa **jogapkärçiligi** kärhananyň **ýolbaşçysy çekýär**.

Kärhanada hasap işiniň guralmagyna we alnyp barylmagyna, hasabyň ýöredilişine , hasaba alynýan obýektleriniň ýagdaýyna we hereketine gözegçiligi **baş hasapçy ýa-da onuň deregine galan adam amala aşyrmalydyr**.

Baş hasapçy ýa-da onuň deregine galan adam kärhananyň ýolbaşçysynyň **gös-göni tabynlygynda** bolup, ýolbaşçy tarapyndan **wezipä bellenilýär we wezipeden boşadylýar**.

Kanuna laýyklykda baş hasapçy ýa-da onuň deregine galan adam kärhananyň ýolbaşçysy bilen bilelikde **pul we hasaplaşyk resminamalara, maliýe we karz borçnamalaryna öz goluny ( olar dogry düzelen bolsa) çekmelidir**.

Baş hasapçy öz işinde, döwletiň kanunlaryna we Düzgünnamalaryna laýyklykda şulary üpjün etmäge **borçludyr**:

- **hasaba alyş ulgamyny gurnap, oňa gözegçilik etmäge**;

- gelip gowuşýan pul serişdelerini, haryt-maddy gymmatlyklary we esasy serişdeleri , şeýle hem olaryň hereketi bilen baglanyşykly **maliýe-hojalyk işlerini we olaryň** netijelerini takyk **wagtynda hasaba almaga**;

- ýerleşdirilen önümleriň (harytlaryň, işleriň, hyzmatlaryň) **özüne düşýän bahasynyň** ykdysady taýdan esaslandyrylan **hasabat kalkulýasiýasynyň düzmäge**;

- Türkmenistanyň Döwlet býujetine , döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna, ýörite gaznalara we gorlara geçirmeli serişdeleri **dogry hasaplanmagyny hem-de öz wagtynda geçirilmegini**;

- banklara karzlar boýunça **bergileriň bellenilen möhletlerde üzülmegini**, serişdeleriň geçirilmegini;

- pul serişdeleriniň we haryt-maddy gymmatlyklaryň kem çykmagy hem-de ogurlanmagy boýunça materiallaryň resmileşdirmegi we degişli bolan çäreleriň geçirmegine, şol sanda **materiallaryň hukuk goraýjy edaralara berilşine gözegçilik etmäge;**

- kärhanalaryň önümçilik (gurluş) birliklerinde , şeýle hem aýratyn balansa bölünen önümçiliklerde we hojalyklarda hasabyň **we hasabatlylygyň guralyşynyň barlagyny geçirmegiň we gözegçilik etmäge;**

- hasabatlylygyň we ykdysady **seljerişiň** meseleleri boýunça işgärlere öz wagtynda **düşündiriş maslahatlary bermäge;**

- ilkinji hasaba alyş resmi kagyzlarynyň we hasap ýazgylarynyň esasynda ynamdar maliýe **hasabatlylygynyň we balansynyň bellenilen möhletlerde düzülmegini** we bellenilen möhletlerde degişli edaralara berilmegini;

- beýleki birlikler we guluklar bilen bilelikde içerki hojalyk gorlaryny ýüze çykarmak, ýitgeleriniň we önümçilige dahylsyz çykdajylaryň öňüni almak maksady bilen, hasabyň we hasabatlylygyň maglumatlary boýunça kärhananyň **maliýe hojalyk işiniň ykdysady seljermesini amala aşyrmaga**;

- hasap gullugynyň **işgärleriniň döwlet düzgün-nyzamyny berjaý etmäge gönükdirilen çäreleri işläp taýarlamaga** hem-de amala aşyrmaga işjen gatnaşmaga;

- beýleki birekler we gulluklar bilen bilelikde kärhanalaryň önümçilik (gurluşa) birekdirilende , şeýle hem aýratyn balansa bölünen önümçiliklerde we hojalyklarda barlaglaryň we resmi kagyzlar

arkaly derňewleriň öz wagtynda geçirilmegiň, olaryň **işini gowulandyrmak baradaky teklipleri taýýarlamany;**

- hasap bilen bagly **resminamalaryň abat saklanylmagy olaryň resmileşdirmegi we bellenilen tertipde arhiwe berilmegini .**

Baş hasapçy degişli birlikleriň we gülluklary ýolbaşçylary bilen bilelikde şulara **aýratyn gözegçilik etmäge borçludur:**

- haryt-maddy gymmatlyklary kabul etmegiň we göýbermegiň resmileşdirmegiň bellenilen kadalaryň berjaý edilşine;
- iş haky gorunyň dogry harçlanylyşyna, wezipe aýlyk iş haklarynyň bellenilişine, wezipe, maliýe we kassa düzgün-nyzamynyň berk berjaý edilişine;
- pul serişdelerini, haryt - maddy gymmatlyklary, esasy gaznalary, hasaplaşyklary we töleg borçnamalaryny tükellemegiň bellenilen möhletleriniň hem-de kadalarynyň berjaý edilişine;
- algylary we bergileri wagtynda tutulyp alynmagyna hem-de üzülmegine, töleg düzgün-nyzamynyň berjaý edilişine;
- kem çykmalaryň, algylaryň we beýleki ýitgeleriň balansdaky hasabyndan kanuna laýyklykda çykarylmagyna.

Wezipeli adamlaryň bikanun hereketleri (artdyrylyp ýazmalar, serişdeleriň niýetlenilişi boýunça peýdalanylmazlygy we beýleki bozulmalar hem-de hyýançylyklar) ýüze çykarylsa baş hasapçy bikanun alnan pul möçberini we emlägi dikeltmek boýunça **çäreler görmek üçin bu barada kärhananyň ýolbaşçysyna habar bermelidir.**

Pul serişdelerini we haryt-maddy gymmatlyklary kabul etmek hem-de bermek üçin esas bolup hyzmat edýän resminamalara, şeýle hem karz borçnamalaryna kärhananyň ýolbaşçysy we baş hasapçy gol çekmelidirler. Resmi kagyzlara gol çekmek hukugynyň berilmegi kärhana boýunça çykarylýan **buýruk arkaly resmileşdirilmelidir.**

Baş hasapçynyň goly bolmadyk ýagdaýda şol görkezilen resmi kagyzlar **hakyky däl diýlip hasap edilýär** we şol kärhananyň maddy taýdan jogapkär adamlary we hasapçylar şeýle hem bank edaralary tarapyndan ýerine ýetirilmäge **kabul edilmeli däldir**.

Baş hasapçylara pul serişdelerii, haryt maddy-gymmatlyklary we beýleki gymmatlyklary kabul etmegiň, saklamagyň we harçlanmagyň bellenilen tertibine , kanuna ters gelýän işler boýunça resmi kagyzlary ýerine ýetirmäge hem-de resmileşdirmäge **kabul etmek gadagan edilýär**.

Kärhananyň ýolbaşçysyndan şeýle hereketleri amala aşyrmak baradaky dilde görkezme berilse baş hasapçy ony ýerine ýetirmän, bu görkezmäniň bikanunlygy barada ýolbaşça habar berýär. Kärhanyň ýolbaşçysy tarapyndan ýazmaça görkezme berilse baş hasapçy ony ýerine ýetirip, bu barada **ýokarda durýan edaranyň ýolbaşçysyna habar berýär. Şunda görkezilen iş üçin baş hasapçydan jogapkärçilik aýrylýar.**

Ýokarda durýan edaranyň ýolbaşçysy şol habary alyp oňa gyssagly seredip degişli çözgüdi kabul edip bu barada kärhananyň ýolbaşçysyny habardar edýär. Ol hem baş hasapçy bilen kärhananyň ýolbaşçysynyň arasyndaky çaprazlyk meseläni çözülýär.

Baş hasapçy **özüne tabyn işgärleriň gulluk borçlaryny belleýär**. Beýleki birlekleriň we-gulluklaryň hasapçylary , hem-de **hasabatlylygy guramak we ýöretmek meseleleri boýunça işler bilen bagly başga işgärler** baş hasapça tabyndyrlar.

Baş hasapçyň işleri resmileşdirilmegiň we buhgalteriýa ýa-da hasaplaýyş merkezlerine zerur resmi kagyzlary we maglumatlary bermegiň tertibi baradaky talaplary kärhananyň **ähli birlekleri, gulluklary , düzümleýin bölümleri we işgärleri üçin hökmanydyr** .

Kärhananyň birlikleri we gulluklary hasaba almak we gözegçilik etmek üçin zerur bolan resmi kagyzlary-buýruklary, kararlary, görkezmeleri, şeýle hem şertnamalary, ylalyşyklary, çykdajylaryň sanawnamalaryny, kadalaşdyryjy we beýleki materiallary buhgalteriýa we hasaplaýyş merkezlerine **öz wagtynda bermäge borçlydyrlar.**

Bu resmi kagyzlaryň wagtyndan gijekdirilip, pes hilli resmileşdirilmegi we düzülmegi, hasaba almakda we hasabatlylykda beýan etmek üçin olaryň berilmeginiň bökdelmegi üçin, resmi kagyzlarda bar bolan maglumatlaryň ynamdar bolmazlygy üçin , şeýle hem bikanun işleri beýan edýan resmi kagyzlaryň düzelendigi üçin şol **resmi kagyzlary düzen hem-de olara gol çeken wezipeli adamlar**

**jogapkärçilik çekýärler.** Ilkinji resmi kagyzlary düzmek borjy ýüklenilen we özlerine gol çekmek hukugy berilýän wezipeli adamlaryň sanawlary **baş hasapçy bilen ylalaşyp**, ýolbaşçy tarapyndan **tassyklanylýar**.

**Maddy taýdan jogapkär adamlaryň** (kassirleriň, ammar müdirleriniň we beýlekelriň) wezipä bellenilmegi, işden boşadylmagy we başga işe geçirilmegi **baş hasapçy bilen ylalaşyp geçirilýär.**

Haryt-maddy gymmatlyklary almak we goýbermek, işleri hem-de hyzmatlary ýerine ýetirmek üçin kärhana tarapyndan baglaşylýan şertnamalara we ylalaşyklara, şeýle hem işgärlere wezipe aýlyk iş haklaryny, iş haklaryna goşmaçylary bermek baradaky buýruklara we görkezmelere baş hasapçy tarapyndan **deslapdan garalýar we gol çekilýär.**

**Baş hasapçynyň şulara hukugy bar:**

- toparlaryň (brigadalaryň), bölümleriň (uçastoklaryň), işhanalaryň hem-de gulluklaryň ýolbaşçylaryndan zähmet serişdeleriniň peýdalanylyşynyň netijeligini ýokarlandyrmak, eýeçiligiň abat saklanmagyny güýçlendirmek, hasaba almagyň we gözegçiligiň dogry guralyşyny üpjun etmek, ammar we terezi –ölçeg hojalygyny gowylandyrmak, çig maly, materiallary we beýleki maglumatlary kabul etmegi hem-de saklamagy göwnejaý gurmak, önümçiligiň, hyzmat etmegiň we dolandyryşyň hajatlary üçin şol gymmatlyklaryň goýberilişiniň esaslandyrylandygyny ýokarkandyrmak üçin **çäreler görmegi talap etmäge**;

- kärhanaýň gurluş birliklerinde we gulluklarynda pul serişdeleriniň , haryt-maddy we beýleki gymmatlyklaryň kabul edilmeginiň, girdeji edilmeginiň, saklanylmagynyň hem-de harçlandyrylmagynyň bellenilen tertibiniň berjaý edilişini barlamaga.

Döwlet we ýokarda durýan edaralara, şeýle hem kärhanalaryň ýolbaşçylary baş hasapça Türkmenistanyň kanunlarynda we Düzgünnamalarynda göz öňünde tutulan öz borçlaryny ýerine ýetirmekde we hukuklaryny peýdalanmakda hemme taraplaýyn **ýardam etmäge borçludyrlar**.

Öz borçlaryny ýerine ýetirendigi we hukuklaryny peýdalalandygy üçin baş hasapçy yzyrlamaga bolan islendik synanyşyklaryň **öňi alynmalydyr. Günäkär adamlar bolsa jogapkärçilige çekilmelidir**.

**Baş hasapçy şu halatlarda jogapkärçilik çekýär:**

- hasapda we hasabatlylykda düýpli kemçilikler ýüze çykarylanda, ýagny hasabat ýoýlanda;

- pul serişdelerini, haryt-maddy we beýleki gymmatlyklary kabul etmegiň, girdeji etmegiň, saklamagyň we harçlamagyň **bellenilen tertibine ters gelýän işler boýunça resmi kagyzlar** ýerine ýetirmäge hem-de resmileşdirmäge **kabul edilende**;

- banklarda we hasaplaşyk hem-de beýleki hasaplar boýunça işler, algydarlar we bergidarlar bilen hasaplaşyklar **öz wagtynda barlanylyp görülmände hem-de nädogry barlanyp görlende**;

- kem çykmalary, algylary we beýleki ýitgeleri hasapdan bikanun çykarlanda;

- kärhanalaryň önümçilik (gurluş) birleklerinde, şeýle hem özbaşdak balans bölünen önümçiliklerde we hojalyklarda barlaglar we derňewler öz wagtyndan gijikdirilip geçirilende;

- hasapçylaryň günäsi bilen ynamdar bolmadyk maliýe hasabatlylygy düzülende;

- hasaby guramak boýunça düzgünnamalar we gollanmalar beýleki hili bozulanda.

**Baş hasapçy şulara** kärhananyň ýolbaşçysy bilen deň derejede jogapkärçilik çekýär:

- maliýe –hojalyk düzgünleşdirýän kadalaryň we düzgünleriň bozulandygy üçin;

- çärýekleýiň we ýyllyk maliýe hasabatlarynyň we balanslarynyň degişli edaralara berilmeginiň möhletleriniň bozulmagy üçin;

- salgyt kanunçylygynyň bozulmagy üçin.

Baş hasapçyň **edara ediş (administratiw), maddy we jenaýat jogapkärçiligi** degişli kanunlara laýyklykda kesgitlenýär.

Baş hasapçy ýa-da onuň deregine galan adam kärhanada hasabyň ýola goýulyşynyň we alnyp barlyşynyň dogrulygy üçin hem doly we **takyk maliýe hasabatynyň öz wagtynda berilmegi üçin jogapkärçilik çekýär**;

Kanun boýunça ähli kärhanalar belli bir hasap syýasatyny ýöretmelidirler. Hasap syýasaty ýylyň başynda bellenilip, tutuş ýylyň dowamynda üýtgemeli däldir. Bellenilen hasap syýasaty diňe kanun arkaly üýtgedilip bilner. Hasap syýasatlar **pul serişdeleriň gelmegine ýa-da harytlaryň iberilmegine, işleriň (hyzmatlaryň) amala aşyrylmagyna görä** ýöredilip bilner.

2000-nji ýyla çenli Türkmenistanyň kärhanalary, kärhananyň amala aşyrýan işlerine görä, öz islegi boýunça ýokarda görkezilen iki syýasatlardan haýsam bolsa birini saýlamaga hakly boldular. 2000-nji ýyldan başlap Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň görkezmesi esasynda döwletiň ähli kärhanalary diňe birinji usul esasynda hasap syýasatyny ýöredip başladylar. 2004-nji ýylda kabul edilen „Salgytlar hakynda" Bitewi kanuna laýyklykda bolsa **2004-nji ýylyň noýabr aýynyň 1-nji gününden başlap we şu güne çenli Türkmenistanda hasap syýasaty harytlarynyň iberilmegine, işleriň (hyzmatlaryň) amala aşyrylmagyna görä ýöredilýär**.

Her **ýylyň soňunda kärhanalar hökmany suratda tükelleýiş işlerini geçirmelidirler**. Şol işler geçirilende ähli maddy serişdeler, maliýe borçlar täzeden hasaba alynmalydyr.

Maliýe borçlaryň tükellenmegi diýlende kärhananyň bergileriniň we algylarynyň **ýylyň ahyrynda delilnama esasynda täzeden anyklanylmagyna we tassyklanmagyna** düşünilýär. Şol iş geçirilmese, döwlet guramalary hasabatlary **kabul etmekden boýun gaçyrmaga haklydyrlar**.

Tükellemek işleri **her ýylyň soňundan başga** ýagdaýlardada hem geçirilmelidir. Şolaryň içinde:
- kärhananyň eýeçligi başga görnüşine öwrülende;
- maddy jogapkärçilik çekýän adamyň çalşylanda;
- nagt duran haryt-material gymmatlyklarynyň resmi ýazgylara laýyk gelmeýändigi ýüze çykarlanda;
- kärhananyň gaýtadan guralmagy ýa-da ýatyrylmagy netijesinde;
- Türkmenistanyň hukuk kadalary tarapyndan göz öňünde tutulan beýleki halatlarda geçirilýär.

Tükellemek işlerini geçirmäge bildirilýän talaplar döwletde hasaby düzgünleşdirýan guramalar tarapyndan bellenilýär.

Türkmenistanda "Buhgalterlik hasaba alnyşy hakynda" kanunda kärhanalaryň hasabaty tabşyrmaly möhletleri görkezilýär. Şol möhletler barada maglumatlar gollanmanyň aşakdaky sahypalarynda giňeşleýin berilýar.

Türkmenistanyň "Auditorlyk işi hakynda" kanuny 1996-njy ýylyň iýun aýynyň 18-ne Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklandy. Şol kanunyň esasy maksady Türkmenistanda auditorçylyk işini kadalaşdyrmak, onuň guramaçylyk meselelerini çözmek we düzgünleşdirmek bolup durýar.

Öňde goýlan esasy maksada ýetmek üçin bu kanunda şular amala aşyrylan:
- Auditorlar we auditorlyk işi barada hukuk düşünjeleri berlen.
- Auditor derejä ýetmek üçin onuň düzgün-tertibi kesgitlenen.
- Auditorlaryň hukuklary we borçlary tassyklanylan.
- Auditorlyk firmalaryny açmagyň tertibi kesgitlenen.
- Auditorlyk Palatasy barada umumy düşünjeler berlen.
- Auditorlyk işiniň resmileşdirilişi kesgitlenen.

Bu kanuna laýyklykda auditor bolmak üçin dalaşgär hünär synagyndan (attestasiýadan) geçmeli. Hünär synagyndan geçmegiň tertibi ony geçirmek we ygtyýarnama bermek baradaky topar tarapyndan bellenilýär.

Hünär synagyny geçirýän we ygtyýarnama berýän toparyň synagyndan geçmek üçin **dalaşgär aşakdaky şertlere gabat gelmelidirler:**

- ykdysadyýet we hukuk hünärler boýunça **gutarnykly ýokary bilimli bolmaly;**

- hasapçy, ykdysadyýetçi, derňewçi, , kärhananyň ýolbaşçysy, ykdysady we hukuk ugur boýunça ylmy işgär ýa-da mugallym bolup işlän adamlar bolmaly;

- **bäş ýyldan az bolmadyk** iş tejribesi bolmaly.

Attestasiýa synag ulgamynda geçirilýär. Attestasiýadan geçen dalaşgär auditoryň **hünär şahadatnamasyny alýar.**

Hünär synagyndan geçip bilmedik dalaşgäriň ondan **gaýtadan geçmäge hukugy** bardyr, ýöne ol **bir ýyldan öň bolmaly däldir.**

Hünär synaglary **tölegli** esasda amala aşyrylýar. Ony geçirmek üçin bir wagtlaýyn ýygymyň möçberi **Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär**.

Synagdan geçen auditorlara kanuna laýyklykda **ygtyýarnama berilýär we olar auditorlaryň döwlet reýestrinde bellige alynýar**.

Auditorlyk işe ygtyýarnama bermegi „Auditorlyk işe attestasiýa geçirmek we ygtyýarnama bermek” baradaky iş topary amala aşyrýar.

Ygtyýarnama degişli **arzanyň** esasynda we **ýanyna** şular goşulanda berilýär:

- şahsy tarap üçin – hünär şahadatnamasy we ýygymy tölänligi hakynda döwlet resminamasynyň göçürmesi;

- gurama üçin esaslandyryş resminamalary, döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakyndaky şahadatnamanyň göçürmesi, şol guramanyň ýolbaşçysy hakyndaky maglumatlar, üç auditoryň hünär şahadatnamalary we ygtyýarnamalary, ýygymy tölänligi hakyndaky töleg tabşyrygynyň göçürmesi. **Ygtyýarnama berlendigi üçin töleg ýygymyň möçberi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär** we ol merkezleşdirilen býujetiň girdejisine geçirilýär.

Auditorlyk işi amala aşyrmaga ygtyýarnamanyň berilmegi hakyndaky **arza** göz öňünde tutulan resminamalaryň hemmesiniň berlen wagtyndan soň**, otuz güniň dowamynda seredilmelidir.**

Ygtyýarnama berlen wagtyndan güýje girýär we hereket edip başlaýar. **Ygtyýarnamanyň hereket ediş möhleti çäklendirilmeýär.**

Auditorlyk işini amala aşyrmak üçin berlen **ygtyýarnama ony beren gurama tarapyndan şeýle halatlarda ýatyrylyp bilner**:

- ygtyýarnama berlenden soň, ony almak üçin auditor ýa-da auditorlyk gurama tarapyndan nädogry maglumatlar berlendigi ýüze çykarylanda;

- auditorlyk gurama tarapyndan Türkmenistanyň "Auditorlyk iş hakynda" kanunynda gadagan edilen işiň görnüşleri amala aşyrylanda;

- auditorlyk barlaglaryň barşynda alnan maglumatlar auditor ýa-da auditorlyk gurama tarapyndan üçünji bir adama barlanýan tarapyň hususy eýesiniň (ýolbaşçysynyň) razylygy bolmazdan berlende;

- auditoryň betnebislikli we şahsy işi babatdaky eden jenaýatçylyklary üçin göz öňünde tutulan jeza boýunça kazyýetiň hökümi güýje girende;

- auditorlyk barlaglary geçirmäge we auditorlyk hyzmatlary etmäge mümkinçiligi aradan aýyrýan ahwalatlar auditor ýa-da auditorlyk gurama tarapyndan **bilkastlaýyn** (bilgeşleýin) ýaşyrylanda.

Auditor eger auditiň tassyklan ülňüsini (standartyny) ýerine ýetirmese, **üç gezek ýazmaça duýduryşdan soň**, “Auditorlyk işe attestasiýa geçirmek we ygtyýarnama bermek baradaky” **iş topary auditorlyk ygtyýarnamany togtamak ýa-da ýatyrmak hakyndaky meselä seredýär**.

Auditor eger **iki ýylyň dowamynda auditorlyk işe girişmese,** ol auditi amala aşyrmaga bolan **hukugyny ýitirýär.**

Banklaryň, inwestision institutlaryň we ätiýaçlandyryş guramalarynyň auditorlyk barlaglaryny geçirmek uçin **auditoryň ýörite ygtyýarnamasy bolmalydyr**. Ýörite ygtyýarnama auditorlyk barlagyň her bir görnüşi üçin berilýär.

Ýörite ygtyýarnama almak üçin auditor aýratynlykda ýöretilişdirilen synag tabşyrmalydyr, ony tabşyrmagyň tertibi“Auditorlyk işe attestasiýa geçirmek we ygtyýarnama bermek baradaky” iş topary tarapyndan kesgitlenilýär.

**Ýörite ygtyýarnamanyň hereket möhleti bäş ýyldyr**, şol möhlet geçenden soň ygtyýarnamany täzelemek talap edilýär.

Auditoryň auditorlyk işini özbaşdak amala aşyrmaga ýa-da auditorlyk guramany döretmäge ýa-da onda şertnama esasynda işlemäge hukugy bardyr.

Kanuna laýyklykda auditor firmasyny açmak üçin şol firmada **iň azyndan ygtyýarnamaly üç auditor işlemelidir**. Auditorlyk işlerini amala aşyrmak üçin auditor **firmasynyň ýörite ygtyýarnamasy bolmaly**.

**Auditorlaryň we auditorlyk guramalarynyň** şulara **hukuklary bardyr**:

- auditorlyk barlagy geçirmegiň görnüşlerini we usullaryny özbaşdak kesgitlemäge;

- maliýe-hojalyk işiniň hasap we beýleki kadalaşdyrylan resminamalaryny, aktiwini we borçnamalaryny, näçe nagt pul serişdeleriniň barlygyny, gymmatly kagyzlaryny, maddy gymmatlyklaryny hem şolaryň barlanýan taraplarynyň, şol sanda baş kärhananyň, bölünip aýrylan kärhanalaryň, şahamçalaryň we wekillikleriň hasabynyň we maliýe hasabatynyň maglumatlaryna laýyk gelýändigini barlamaga;

- auditorlyk barlagy amala aşyrmak üçin üçünji bir tarapdan zerur bolan ýazmaça maglumaty talap edip almaga;

- Türkmenistanyň "Auditorlyk iş hakynda" kanunynyň talaplaryna laýyk gelýän hünärmenleri auditorlyk barlaga gatnaşmaga şertnama esasynda çekmäge;

- barlanýan tarapyndan zerur bolan resminamalar berilmedik ýagdaýynda auditorlyk barlagy geçirmekden boýun gaçyrmaga;

**Auditorlar we auditorlyk guramalar** şulara **borçludyrlar**:

- Türkmenistanyň "Auditorlyk iş hakynda" kanunyny, beýleki namalaryny, ülňülerini, barlanýan tarap bilen baglaşylan şertnamalary goldamaga;

- auditorlyk barlaglary we beýleki auditorlyk hyzmatlary oňat hilli amala aşyrmaga;

- alnan maglumatlaryň syryny saklamaga;

- auditorlyk barlagyň barşynda alynýan we düzülýän resminamalaryň ynamlylygyny üpjün etmäge;

- barlanýan tarapyň ýolbaşçylaryna hasabynyň ýola goýluşynda we maliýe hasabatyny düzmekde ýüze çykarylan kemçilikler we düzgün bozulmalar hakynda habar bermäge;

- auditorlyk netijede auditoryň salgylanýan bellikleri we gelen netijeleri boýunça kanunçylygyň we kadaly resminamalaryň talaplary hakynda barlanýan tarapa doly maglumat bermäge;

- “Auditorlyk işine attestasiýa geçirmek we ygtyýarnama bermek baradaky” iş toparyna öz işi hakynda ýyllyk hasabatyny bermäge.

**Audirlenilýän (barlanýan) kärhananyň şulara haky bardyr:**

- auditorlyk barlagy geçirmek üçin auditory özbaşdak saýlamaga;

- auditordan ýa-da auditorlyk guramadan şertnamadan gelip çykýan borçlary ýerine ýetirmegi talap etmäge.

**Audirlenilýän (barlanýan) kärhana şulara borçludyr:**

- auditora barlagy öz wagtynda we gowy hilli geçirmek üçin şert döretmäge;

- oňa zerur bolan ähli resminamalary bermäge;

- auditoryň talap etmegi boýunça dilden ýa-da ýazmaça görnüşde aýdyňlaşdyrma we düşündiriş bermäge;

- auditorlyk barlag döwründe auditoryň işine gatyşmazlyga;

- buhgalterlik hasabyny ýola goýmagyň we maliýe hasabatyny düzmegiň kanun tarapyndan bellenilen tertibiniň auditor tarapyndan ýüze çykarylan bozulmalaryny öz wagtynda aradan aýyrmaga;

- auditoryň we auditorlyk guramasynyň şertnamasynyň şertlerinden gelip çykýan talaplary ýerine etirmäge.

Auditorlar **diňe audit işi bilen meşgullanyp**, **gaýry telekeçilik işleri** bilen kanun boýunça **meşgullanmaly däldir.**

Kanuna laýyklykda her bir auditoryň **öz şahsy möhüri bolmaly.**

Auditorlyk işleri **şertnama esasynda** geçirilmelidir we auditorlyk işiniň **netijesi hem hasabaty** bilen jemlenmelidir.

**Auditorlyk işiniň hasabatynda aşakdaky maglumatlar bolmalydyr:**

- barlanýan tarapyň salgysy we geçirilen barlagyň döwri barada ;

- buhgalterlik hasabynyň ýola goýluşynyň we maliýe hasabatlylygynyň düzülişiniň Türkmenistanyň kanunçylyk namalaryna laýyk gelşi baradaky netijiler;

- ýyllyk maliýe hasabatynda barlanýan kärhananyň aktiwleriniň, borçnamalarynyň, sermaýanyň (kapitalyň), onuň maliýe netijeleriniň dolulygy, ygtybarlylygy we takyklygy hakyndaky maglumat;

- buhgalterlik hasabynyň ýola goýluşynda we maliýe –hojalyk hereketleri (amallary) amala aşyrylanda Türkmenistanyň kanunçylygynyň bozulan halatlary bar bolan bolsa, şolar hakyndaky maglumatlar;

- beýleki hünärmenleriň tarapyndan berlen (beýannamalaryň) materiallaryň sanawy;

- auditorlyk barlagyň netijesi we teklipleri.

Hasabat barlagy geçirýän auditoryň goly we möhüri bilen berkidilýär. Eger auditor auditorlyk guramanyň adyndan hereket edýän bolsa, hasabat auditorlyk guramanyň möhürleri bilen berkidilýär.

Auditorlyk hasabaty barlanýan tarapa auditorlyk **barlag gutaryndan soň iki hepdäniň dowamynda berilýär.**

Auditorlyk netije auditorlyk hasabatyň bir bölegi bolup durýar we barlanýan tarapyň buhgalterlik hasabyň ýola goýulşynyň we ýyllyk maliýe hasabatynyň alnyp barlyşynyň dogrulylygyny tassyklamakdan ýa-da onuň ygtybarlydygyny tassyklamakdan esasly boýun gaçyrmakdan ybarat bolmalydyr.

Eger auditor auditorlyk guramanyň adyndan hereket edýän bolsa, auditorlyk netije auditoryň we auditorlyk guramanyň goly hem-de möhürleri bilen berkidilýär.

Auditorlyk netije hasabatlylygynyň hökmany bölegi bolup durýar we ol Türkmenistanyň statistiki baradaky döwlet komitetiniň edaralaryna, salgyt gulluklaryna, döwlet Bellige alyş gullugyna, banklara, döwlet ätiýaçlandyryş guramasyna we Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen beýleki peýdalandyryjylara berilýär.

Auditor we auditorlyk gurama auditorlyk işi amala aşyranda Türkmenistanyň kanunlaryň we beýleki kanunçylyk namalaryň talaplaryň bozulandygy üçin jogapkärçilik çekýär.

Auditor ýa-da auditorlyk gurama tarapyndan Türkmenistanyň "Auditorlyk işi hakynda" kanunynyň 11-nji maddasynda görkezilen ýagdaýlarda, ýagny iş buýrujydan zerur bolan maglumatlary **bilkastlaýyn ýaşyrylan halatlarynda, şeýle hem auditoryň ynsapsyzlygy bilen edilen hereketleriň netijesinde barlanan tarapa maddy zyýan ýetirilende,** şertnamalaryň şertlerine we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda auditor ýa-da auditorlyk gurama tarapyndan oňa (barlanan tarapa) **ýetiren maddy zyýanynyň öwezi tölenmelidir.**

Barlanýan tarapyň ýolbaşçysy auditorlyk barlagy geçirmek üçin auditora berilýän resminamanyň we beýleki maglumatlaryň dolulygyna hem-de ygtybarlylygy üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilişi ýaly, şahsy jogapkärçiligi çekýär.

Audirlenilýän kärhanalaryň ýolbaşçylary ýa-da beýleki wezipeli adamlar tarapyndan Türkmenistanyň "Auditorlyk iş hakynda" kanunyň auditi hökmany geçirmek hakyndaky talaplary ýerine ýetirilmese ýa-da onuň geçirilmegine päsgelçilik döredilse, onda olar hereket edýän kanunçylykda göz öňünde tutulan jogapkärçiligi çekilýärler.

Auditorlyk işi amala aşyrmak bilen baglanyşykly meseleler boýunça ýüze çykan jedellere kazyýetde ýa-da hojalyk kazyýetinde seredilýär.

Türkmenistanyň “Salgytlar hakynda” Bitewi kanunyň maglumatlary bilen şu gollanmanyň aşakdaky sahypalarynda tanşyp bilersiňiz.

### 4.4.Kärhanada ulanylýan buhgalterlik hasabynyň, auditorlyk barlaglaryň usullary.

Kärhanalarda buhgalterlik hasabynyň we auditiň dürli usullary ulanylýar. Şolaryň içinde: resminama, galyndy, dolanyşyk, galyndy-dolanyşyk, goşa ýazgy, balans, harajatnama (kalkulýasiýa)-bahalandyryş, tükelleýiş, deňeşdirmek, saýlamak we başga usullary.

Agzalan usullary hem hasapçylar hem auditorlar ulanýarlar. Emma olaryň içinden deňeşdirmek we saýlamak barlag usullary auditorlyk işe has ýakyndyr.

Türkmenistanda **ilkinji buhgalterlik resminamalarsyz hasaby ýöretmek gadagandyr**. Şol sebäpli käbir ykdysady edebiýatlarda **resminama usuly buhgalterlik hasabynyň esasy usullarynyň biri hökmünde** görkezilýär. Ilkinji buhgalterlik resminamalaryna şular degişlidir: hasap-harytnama (inwoýs), çek, girdeji we çykdajy kassa orderleri, töleg tabşyrygy, talaby we talaby-tabşyrygy, jarnama, haryt-ulag ( demir ýol , awia ) ýanhatlary, ynanç haty, şahsy hasapdan bankyň göçürmesi, tabel, töleg sanawnamasy, ýol haty (putýowka), ugradyjy sanawnama we başgalar.

Käbir ykdysady edebiýatlarda we tejribede resminama usuly barada düşündiriş berlende buhgalterlik belliknamalary (registrleri) – žurnal, memorial orderler, galyndy-dolanyşyk sanawnamalar, baş we kassa kitaplary ilkinji buhgalterlik resminamalary ýaly seridelýär. Emma hakykatdan belliknamalar –ilkinji buhgalterlik resminamalaryň esasynda belli tertibe getirilen maglumatlar. Şol sebäpli görkezilen aýratynlyklary resminama usuly barada gürrüň edilende unutmaly däl.

Türkmenistanda we başga döwletlerde hasap ýöredilende ähli hasaplaryň başlangyç we ahyrky galyndylary hasaba alynýar, ýagny **galyndy usuly** ulanylýar. Şol galyndylaryň jemleri balansda jemlenýär.

Kärhanalarda hasabyň galyndysyny çykarmak üçin köplenç hasaplaryň dolanyşygy hem hasaba alynýar, ýagny **dolanyşyk usuly** ulanylýar. Dolanyşyk usulsyz hasaplaryň ahyrky galyndysyny hasaplamak mümkin däl. Sebäbi hasabyň ahyrky galyndysyny hasaplamak üçin onuň başlangyç galyndysyna girdejileriň dolanyşygy goşulyp, çykdajylaryň dolanyşygy aýrylýar.

Tejribede galyndy we dolanyşyk usullary bile ulanylýar. Şol sebäpli käbir ykdysady edebiýatlarda usullar **galyndy-dolanyşyk usuly** diýlip hem atlandyrylýar.

Ýokarda bellenilişi ýaly, Türkmenistanda we gaýry döwletlerde buhgalterlik hasaby **goşa (iki taraplaýyn) ýazgy usuly** esasynda ýöredilýär.

Bir hasapdan pul serişdelerini aýyrman, gaýry hasaba pul serişdeleri goşulmaly däl. Sebäbi çeşmesiz pul serişdelerini sarp etmek mümkin däl we çeşmesiz girdeji bolup bilmez.

Şol sebäpli bir hasapda girdeji ýazgy etjek bolsaň, başga hasapdan hökman çykdajy ýazgy edilmelidir. Bir hasabyň debet tarapynda ýazgy etseň başga hasabyň kredit tarapyndan ýazgy edilmelidir, ýagny girdejiniň we çykdajynyň çeşmesini görkezmeli.

Goşa ýazgy usuly durmuşda maşgalada, kärhanalarda, halk hojalygynyň ähli pudaklarynda we döwlet derejesinde hasap ýöredilende ulanylýar. Mysal üçin, maşgalaň pul hasabyny ýöredemizde biz hasap ýazgylary etmesegem gelen pul girdejileri çeşmeler boýunça hasaba alýars , çykdajy edemizde puly hasapdan aýyryp şol bir wagtyň içinde pikirde çeşmeleri azaldýars. Emma käwagt durmuşda biz şol usula üns beremzok. Usulyň taryhy gadymy döwürlerden gelýär. Goşa ýazgy usulsyz hasaby dogry ýöretmek bolanok. Ol durmuşdan, tejribeden alnan usullaryň biri.

Goşa ýazgy usuly balansy düzmäge hem ýardam berýär. Eger-de goşa ýazgy usuly esasynda hasap ýöredilmese, balans (deňleşme) hasabyň netijesinde çykmaz, ýagny çykdajylaryň jemi olaryň çeşmelerine gabat gelmez.

B**alans (deňleşme) usulynyň** kömegi bilen her girdejiniň çeşmesi hasaba alnandygy we her edilen harajadyň öz çeşmesiniň barlygy barlanylýar. Balans usulynyň kömegi bilen goşa ýazgylaryň dogrylygy barlanýar.

**Harajatnama (kalkulýasiýa), bahalandyryş usuly** -bu usulyň kömegi önümiň özüne düşen gymmatyny hasaplamak üçin bellenilen tertipde harajatnama (kalkulýasiýa) düzülýär, işlere (hyzmatlara, harytlara) pul görnüşinde baha kesilýär.

Tejribede hasaby ýöretmek we auditorlyk işleri amala aşyrmak üçin **deňeşdirmek usuly** giňden ulanylýar, ýagny gymmatlyklar bir ölçege getirilip deňeşdirilýär.

Deňeşdirmek usulynyň mysaly hökmünde takyk we jemleýji hasabyň deňeşdirmesini görkezip bolar.

Hasap ykdysady edebiýatlarda iki topara bölünýär: **takyk (analitik) we jemleýji (sintetik) hasaplara.**

**Takyk** hasap - belli bir amaly hasaba alýar, **jemleýji** hasap bolsa birnäçe amallaryň jemlenen hasabyny görkezýär.

Takyk hasabyň maglumatlary jemleýji hasabyň maglumatlaryna gabat gelmelidir. Eger-de ýokarda görkezilen hasaplarda aratapawut bar bolsa, onda hasap nädogry ýöredilýär diýip hasaplanýar.

Takyk hasabyň mysaly hökmünde haýsam bolsa bir hasabyň hasabyny, hasaba alnan belli bir ilkinji buhgalterlik resminamasy çykyş edip biler.

**Jemleýji hasabyň mysaly** hökmünde– balansy, galyndy-dolanyşyk sanawnamany, maliýe netijeleriň hasabyny, baş, kassa hem başga kitaplaryň we gaýry hasabyň maglumatlaryny görkezip bolar.

Takyk we jemleýji hasabatlarynyň maglumatlaryny deňeşdirmek üçin ilki takyk hasabynyň maglumatlary alynýar. Şol hasaby ýöretmek üçin esas bolan ilkinji buhgalterlik resminamalar galdyrylýar. Eger-de hasap dogry ýöredilip, hasaplarda dogry ýazgylar ýazylan bolsa, onda takyk hasabyň jemi jemleýji hasabyň jemine deň geler.

Eger-de ýazgylar nädogry ýazylan bolsa, onda düzediş işleri geçirilýär ýa-da olary geçirmek barada teklip berilýär.

Düzediş girizilenden soň ýa-da olary nazara alyp, jemleýji hasap täzeden çykarylýar.

Käbir hasap bilen bagly amallary tutuşlygyna barlamak mümkin ýa-da zerur däl bolup biler Şol ýagdaýlarda tejribede **saýlap barlamak usuly** ulanylýar. Başga söz bilen aýdanyňda ähli amallar barlanman, käbir amallar saýlanylyp barlanýar.

Emma barlag geçirilende esasy amallar, netijeler hökman barlanýar. Ýagny, hasabyň maglumatlarynyň bir-birine hem-de takyk hasaplaryň jemleýji hasaplara gabat gelmegine aýratyn üns berilmelidir.

Saýlap barlamak usuly ýitgileriň (kemçilikleriň) ähtimallygy pes bolup biljek ýagdaýlarda geçirilýär. Emma ýitgileriň (kemçilikleriň) ähtimallygy ýokary bolsa gymmatlyklar, hasaplar (işler) tutuşlygyna barlanýar. Eger saýlap barlamak usuly geçirlende kemçilikler we ynamsyzlyk ýüze çyksa, amallar tutuşlygyna barlanyp hem bilner.

Uly kärhanalarda hasaby diňe bir hasapçy ýöretmän, birnäçe hasapçylar ýöredýär. Biri, mysal üçin, esasy serişdeleri hasaba alýar. Beýleki hasapçy bolsa materiallary, harytlary , algylary, bergileri hasaplaýar. Üçünji hasapçy zähmete hak tölemek bilen bagly hasaplaşyklary hasaba alýar. Dördünji hasapçy satuwlary, harajatlary hasaplaýar.

Hasapçylaryň işinde täze hasapçy bar bolsa, onda onuň işini barlamaga köplenç köp wagt sarp edilýär.

Tejribeli barlagçylar saýlamak barlag usulyny ulananlarynda dürli döwürleri, hasaplary, gymmatlyklary we hasapçylaryň işlerini barlap, hasapda köp kemçilikleri tapýarlar.

**Tükelleýiş usuly** bilen ýörite düzülýän toparlar hasabatlarda, resminamalarda, buhgalterlik belliknamalarda (registrlerde) görkezilen maglumatlary hakykat bilen deňeşdirýärler. Tükellemek işleriniň kanuna laýyklykda geçirilişi şu gollanmanyň ýokarky sahypalarynda görkezilendir.

Kärhanalar birmeňzeş hasaplaryň meýilnamasyny hem-de usullaryny ulanýarlar. Şol bir wagtyň özünde her kärhanada hasap ýöredilişiniň käbir aýratynlyklary bardyr. Ol aýratynlyklar şulardan gelip çykýar:

- kärhana degişli kanunlaryň aýratynlyklardan;
- salgytlary salmagyň tapawutlardan;
- önüme baha kesmegiň aýratynlyklardan.

Öz gezeginde şol aýratynlyklar girdejileriň we harajatlaryň hasaba alynmagynyň aýratynlyklaryndan emele gelýär.

### 4.5. Kärhanada buhgalterlik hasabynyň resmileşdirilişi.

Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda buhgalterlik hasaba alnyşda resminamalaryň şu toparlary (görnüşleri) ulanylýar:

- hasabyň döwlet gurama tarapyndan bellenilen hökmany alamatlaryny (rekwizitleri) özünde saklaýan, hojalyk amallarynyň geçirilen pursatyny (faktyny) ýa-da şeýle amaly geçirmäge onuň hukugynyň bardygyny görkezýän **ilkinji hasaba alnyş resminamasy.** Resminamalar hojalyk amal geçirilen wagty düzülmelidir, eger şeýle etmäge mümkinçilik bolmasa, onda olar gös-göni şol amal gutarandan soň düzülýär;
- geçirilýän hojalyk amallaryny hronologiki yzygiderlilikde görkezýän **ilkinji hasaba alnyşyň belliknamalary (registrleri)**. Registrleri düzmegiň tertibi döwlet (häzirki döwürde Türkmrnistanyň maliýe ministriligi) tarapyndan kesgitlenilýär;
- hasabyň meýdançalaryň (obýektleriniň) ýagdaýy we hereketi beýan edilýän **buhgalterlik kitaplary;**
- hasabyň maglumatlaryny bölekleýin görkezýän **kömekçi sanawnamalar**;
- **maliýe hasabatlary**.

Kärhana hasaba alnyş resminamalarynyň **bir nusga getirilen (tipli) we ýöretelişdirilen görnüşlerini** peýdalanyp biler.

Kärhana banklaryň üsti bilen amallary geçirende Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan taýýarlanylyp tassyklanylan we bir nusga getirilen resminamalarynyň görnüşlerini peýdalanyp biler.

Bank we kassa resminamalarynda **ýalňyşy düzetmäge rugsat berilmeýär.**

**Buhgaltetlik hasaba alyş resminamalary** „Buhgalterlik hasaba alnyşy hakynda“ kanunyň 10-nji maddasyna laýyklykda **döwlet we rus dillerinde düzülýär**.

Hasaba alnyşyň kompýuterleşdirilen ulgamy peýdalanylan mahalynda resminamalar ulanyjylar üçin amatly we düşnükli görnüşde düzülmelidir.

Hasabyň resminamalary, şol sanda kompýuterleşdirilen ulgam ulanylan mahalynda şol resminamalar Türkmenistanyň hukuk, kada namalary tarapyndan bellenilen talaplaryna laýyklykda saklanylmalydyr.

Ilkinji hasaba alnyş resminamalary diňe Türkmenistanyň kanunlary tarapyndan **bellenilen ýagdaýlarda we tertipde aýrylyp bilner.** Resminamalary aýyrýan wezipeli adamlar şolaryň aýrylýandygy hakynda **beýannama** (protokol) düzýärler, onuň göçürmesi bolsa kärhananyň ýolbaşçysyna berilýär. Aýrylýan resminamalaryň **göçürmelerini özünde** galdyrmaga kärhananyň haky bardyr.

Ilkinji hasap resminamalary esasynda kärhanalar dergi-orderlerde (žurnal-orderlerde), memorial-orderlerde bellenilen tertipde degişli ýazgylary ýöretmelidirler. Häzirki döwürde kärhanalar esasanam dergi-order (žurnal-order) ulgamyny ulanýarlar.

Dergi-orderleriň sany 1-16-a çenli bolup biler. Her dergi-orderiň ýörite maksady Türkmenistanyň maliýe ministriligi tarapyndan bellenilen.

1-nji dergi-orderde pulhananyň amallary ;
2-nji - de hasaplaşyk hasabyndan geçirilen amallar ;
3-nji - de daşary ýurt pullar bilen geçirilýän amallar .
4-nji - de banklardan alnan karzlar;
5-nji - de zähmet haklary tölemek bilen bagly amallar ;
6-njy – de haryt iberijiler we potratçylar bilen hasaplaşyklar ;
7-nji - de hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklar ;.
8-nji - de býujet hasaplaşyklary , her hili algydarlar we bergidarlar bilen hasaplaşyklar;
9-nji - de satyn alyjylar we buýrujylar bilen hasaplaşyklar;
10-nji – de ambarlaryň hasaby we harajatlar;
11-nji – de ýüklenen harytlar, ýerine ýetirilen işler we hyzmatlar;
12-nji – de gorlar we gaznalar;
13-nji –de esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň könelmegi;
14-nji –de esaslandyryjylar bilen we pudagiçi hasaplaşyklar;
15-nji –de maliýe we hojalyk netijeleri;
16-njy – de peýdanyň hasaplanylyşy , paýlanylyşy we ulanylyşy
hasaba alnyýar.

Dergi-orderlerde girdeji we çykdajy amallar aýry hasaba alnyýar.

Dergi – orderlerde degişli hasabyň başlangyç galyndasy görkezilip , geçirilen amallar jemlenip hasabyň ahyrky galyndylary çykarylýar. Her amal hasaba alnanda habarçy (korrespondent) hasaplara hem degişli ýazgylar edilýär.

Dergi-orderleriň maglumatlary esasynda dolanyşyk sanawnamalary doldyrylýar.

Dolanyşyk sanawnamalarynda her hasabyň dolanyşygy hasaplanylýar.

Dolanyşyk sanawnamalarda hasaplaryň başlangyç we ahyrky galyndylary hem görkezilip bilner. Şol sebäpli dolanyşyk sanawnamalara käbir edebiýatlarda galyndy-dolanyşyk sanawnamasy diýip at berilýär. Galyndy-dolanyşyk sanawnamalary “küşt” usuly esasynda hem düzülýär. Sanawnamanyň bir tarapynda hereketdäki we herekede niýetlenen hojalyk serişdeleri hasaba alýan hasaplaryň galyndylary hem dolanyşyklary görkezilip, beýleki tarapynda edilen hereketleriň çeşme bolan hasaplarynyň galyndylary hem dolanyşyklary görkezilýär. Şol usul esasynda hasap ýöredilende hasabyň kemçiligi bar bolsa, ony anyklamak aňsat bolýar. Sebäbi her herekediň girdejiň we çykdajyň deň derejedäki çeşmesi hökmany suratda bolmalydyr.

Galyndy-dolanyşyk sanawnamanyň kömegi bilen haýsy hasapdan haýsy hasaba pul serişdeleriniň geçýänini bilip bolýar.

Dergi-orderleriň, dolanyşyk sanawnamalarynyň netijeleri jemlenilip baş kitaba ýazylýar.

Kärhananyň hökmany suratda pulhana we baş kitaplary bolmalydyr.

Nagt pul serişdeler bilen bagly amallar kärhanalarda, edaralarda pulhana (kassa) kitabynda hasaba alynýar. Pulhana kitabynyň sahypalarynyň her haýsynda san belligi goýulýar, kitapdan ýüp geçirilýär hem daşyna ýa-da içki tarapyna kagyz ýelmenilip, möhür basylýar. Möhüriň aşagynda kärhananyň ýolbaşçylarynyň gollary bolmalydyr. Pulhana kitabynda günüň başyndaky galyndysy, debet tarapynda girdejiler, kredit tarapynda çykdajylar hasaba alynýar. Pulhana kitabynda her gündeki ýa-da amal geçirilen gününiň ahyryndaky galyndysy görkezilýär. Pulhana kitabynyň maglumatlary ilkinji resminamalaryň maglumatlaryna we gözegçilik-pulhana abzalarynyň maglumatlaryna gabat gelmelidir.

Baş kitap sintetik (jemleýji) hasabyň bir görnüşidir. Baş kitapda ähli hasaplar boýunça ýylyň başyndaky başlangyç galyndysy, aýlar boýunça girdejileriň we çykdajylaryň dolanyşygy we ahyrky galyndylary görkezilýär. Kitapda takyk hasabyň başga hasaplar bilen gatnaşygy hem görkezilýär Häzirki döwürde baş kitap kompýuterde hem ýöredilip bilner. Baş kitap hasabyň maglumatlaryny jemlemäge kömek berýär. Şu kitaby we balansy seljerip, kärhana hakynda köp maglumatlary çykaryp, jemläp bolýar. Kitabyň üsti bilen haýsy hasapdan haýsy hasaba pul geçirilendigini bilip bolýar.

Baş kitabyň maglumatlary esasynda kärhana balansy düzýär. Balansy düzmek tertibi barada maglumatlar şu gollanmanyň aşakdaky sahypalarynda giňeşleýin berilýär.

Auditor barlaglarynyň resmileşdirilişi şu kitabyň ýokarky sahypalarynda görkezilendir.

Salgyt salynýan amallar resmileşdirilende kärhanalaryň hasapçylary (ýolbaşçylary) öz töleg resminamalaryny kanuna laýyklykda dogry düzmelidirler we işdeş taraplardan kabul edilýän resminamalar dogry düzüler ýaly talap etmäni başarmalydyrlar. Şol işde goşulan baha üçin salgyt bilen bagly resminamalara aýratyn üns berilmelidir**.**

Goşulan baha üçin salgydyň degişli pul möçberi **hasaplaşyk resminamalarynda aýratyn setirde görkezilmelidir**.Türkmenistanyň “Salgytlar hakynda” bitewi Kanuna laýyklykda bölek satuw bahalary ýa-da nyrhlary boýunça ilata harytlar (işler, hyzmatlar) ýerlenende satyjylar tarapyndan berilýän haryt **ýarlyklarynda we bahanamalarynda agzalan salgydyň degişli pul möçberi aýratyn görkezilmeýär**.

Salgyt salynýan amallar boýunça, olary geçirýän salgyt töleýji- harytlary, işleri we hyzmatlary alyja bellenen nusgalykdaky **hasap-fakturany ýazyp bermäge borçludyr.** Hasap-faktura **iki nusgalykda** ýazylmalydyr, olaryň **birinjisi satyn alyja** (buýruja, sarp edijä) berilýär, **ikinjisi ony ýazyp beren tarapda** galmalydyr.

Hasap-faktura başga bir ýagdaý göz öňünde tutulmadyk bolsa, harydyň iberilen, işleriň ýerine ýetirilen we hyzmatlaryň edilen senesinden **bäş günden gijä galman** berilmelidir. Elektrik energiýasyny, suwy, gazy, aragatnaşyk hyzmatlaryny, jemagat hyzmatlaryny ýerlemegi amala aşyrýan salgyt töleýjileriň harydyň iberilen (işleriň ýerine ýetirilen, hyzmatlaryň edilen) **aýyndan soňky aýyň bäşinden gijä galman**, hasap-fakturany ýazyp bermäge haklydyr.

**Hasap-fakturanyň görnüşi** Türkmenistanyň **maliýe ministrligi tarapyndan tassyklanylan**.

Goşulan baha üçin salgydy tölemekden boşadylýan salgyt salynýan amallar geçirilende hasap-faktura goşulan baha üçin salgyt görkezilmän ýazylyp berilýär we onda degişli ýazgy edilýär ýa-da **"Goşulan baha üçin salgytsyz"** diýlen **dörtburç möhürçe** goýulýär.

Söwda we hyzmatlar ulgamyndaky işleri amala aşyrýan taraplar tarapyndan berlen harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) satyn alnandygy baradaky çekler (talonlar) hasap-faktura bolup hyzmat edýär we harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) umumy bahasyny we goşulan baha üçin salgydyň oňa goşulan pul möçberini görkezmelidir. Käbir maglumatlaryň bolmadyk halatynda olar **çeke (talona) goşulan, bellenen tertipde doldurylan hasapda görkezilmelidir.**

Harytlar satyn alnanda satyn alyjynyň hasap-fakturany ýazyp bermegi talap etmäge haky bardyr, onda lomaý we bölek söwda kärhanalary tarapyndan harytlary satyn almak we söwda nyrh goşundysyndan **goşulan baha üçin salgydyň möçberi aýratynlykda görkezilmelidir.**

Türkmenistanyň maliýe ministrligi tarapyndan bellenen halatlarda hasap-fakturasy hökmünde

bellenen görnüşdäki we hasap-fakturalara bildirilýän talaplara laýyk gelýän beýleki resminamalar hem hyzmat edip biler.

Görkezilenler Türkmenistanyň “Salgytlar hakynda” bitewi Kanuna laýyklykda salgyt salynýan amallar bolup durmaýan harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) ýerlenilmegine hem degişlidir.

### 4.6. Kärhananyň balansyny düzmegiň tertibi.

Balans sözi deňagramlylygy aňladýar, ýagny balansyň iki tarapy - aktiw bilen passiw taraplary deň bolmaly. „Aktiw“ sözi „gymmatlyklar“sözi bilen manydaş söz. Balansyň aktiw tarapynda kärhananyň hereketdäki we herekede niýetlenen **hojalyk serişdeleri (gymmatlyklary)** görkezilýär. Balansyň passiw tarapynda görkezilen hojalyk serişdeleriniň **emele getiren çeşmeleri** görkezilýär. Balansda aktiwleriň jemi passiwleriň jemine hökmany suratda deň gelmelidir. Sebäbi çeşmesi bolmasa çykdajy edip bolmaz we her girdejiniň öz çeşmesi bolmalydyr.

Eger-de balansyň aktiw we passiw taraplaryň jemleri deň gelmeýän bolsa, onda hasabatda bir ýa-da ondan köp ýalňyş bardyr.

Balans-bu belli bir döwrüň içinde geçirilen, ýylyň başyna we takyk senelere (köplenç hasabat çärýegiň ahyrky aýyndan soň gelýan aýynyň 1-nji gününe) hasaplanan, kärhananyň (edaranyň) maliýe ýagdaýyny we netijesini görkezýän resminama.

Kärhanalar balanslary düzenlerinde amallaryň daşky görnüşine seretmän, içki manysyna üns bermelidirler. Kärhananyň hasaplary 2-nji görkezgiçde görkezilişi ýaly, iki topara bölünýär: balans hasaplaryna we balansdan daşary hasaplara.

Balans jemleýji (sintetik) hasabynyň görnüşi bolup, özüne esasy balans hasaplarynyň galyndylaryny, kärhanaýň (edaranyň) maliýe netijesini jemleýar.

Agzalan häsiýetleri jemläp balansa şu aşakdaky kesgitlemäni berip bolar**: Balans - belli bir döwrüň içinde geçirilen ähli maliýe-hojalyk amallarynyň netijelerini döwlet tarapyndan kesgitlenen ulgamyna getirýän, ähli balans hasaplaryň galyndylaryny, ýagny kärhananyň (edaranyň) pul görnüşinde maliýe ýagdaýyny görkezýän, maliýe hasabatynyň birinji görnüşidir.**

Balans şu aşakdaky görkezgiçde görkezilen düzgün boýunça düzülýär:

**Balansy düzmekligiň tertibi**
**3-nji görkezgiç**




3-nji görkezgiçde görkezilişi ýaly, kärhanalarda hasap ilkinji buhgalterlik resminamalary esasynda ýöredilip başlanýar. Şol resminamalaryň esasynda ilkinji hasaba alnyşyň belliknamalarynda (ýörite inwentarizasion kartoçkalarda we dergi (žurnal) ýa-da memorial orderlerde degişli ýazgylar edilip, amallar hasaba alnyp jemlenilýär. Orderleriň jemleri kömekçi sanawnamalarynda (galyndy -dolanyşyk sanawnamalarynda) bir hasapdan başga bir hasaba geçirilen serişdeleriň jemleri, ýagny dolanyşygy hem hasaplaryň ahyrky galyndylary görnüşlerde görkezilýär.

Galyndy-dolanyşyk sanawnamanyň maglumatlary baş kitaba geçirilýär. Baş kitabyň maglumatlary bolsa balansy we maliýe hasabatyň başga görnüşlerini düzmek üçin ulanylýar.

Balansy düzmekde iň esasy işleriň biri maliýe netijelerini jemlemek we olary kesgitlemek bolup durýar. Şol iş we maliýe hasabatlary tabşyrmagyň tertibi barada şu gollanmanyň 13-nji bölüminde giňeşleýin maglumatlar berilýär. Balansyň nusgasy bolsa gollanmanyň 12-nji goşulmasynda görkezilen.

**5. Kärhanalaryň maliýe we karz ulgamy bilen aragatnaşyklary.**

**5.1. Maliýe-karz ulgamynyň düzümi, wezipeleri we amallary.**

Maliýe-karz ulgamy döwletiň esasy bölegi bolup, döwleti dolandyrmakda örän wajyp orny tutýar. Maliýe-karz ulgamsyz döwleti dolandyrmak mümkin däl. Oňa taryhdan köp mysallary tapyp bolýar. Maliýe-karz ulgamy bu döwletiň hem ýüregi, hem-de gan damarlary. Sebäbi ulgamyň kömegi bilen pul gaznalary ýygnalýar we paýlanýar. Pul gaznalary bolsa raýatlary, edaralary, kärhanalary we bütin döwleti herekede getirýär.

Türkmenistanyň maliýe-karz ulgamynyň düzümini aşakdaky dördünji görkezgiçden görüp bolar:

4-nji görkezgiç

Türkmenistanyň maliýe-karz ulgamynyň düzümi.

| Türkmenistanyň Ministrler kabineti | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Türkmenistanyň Maliýe ministriligi | Türkmenistanyň Merkezi banky | Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy | Türkmenistanyň döwlet ätiýäçlandyryş kompaniýasy | Türkmenistanyň Durmuş üpjünçuncilik ministriligi |
| Welaýatlaryň we etraplaryň maliýe bölümleri | Täjirçilik we beýleki banklary | Welaýatlar we etraplar boýunça döwlet salgyt gulluklary | Welaýatlar we etraplar boýunça ätiýäçlandyryş guramalar. | Ministrilrgiň welaýatlar we etraplar boýunça bölünleri |

Maliýe-karz guramalary öz alyp barýan işinde Türkmenistanyň Prezidentine tabyndyr.

Türkmenistanyň maliýe ministriligi Hökümet üçin maliýe syýasatynyň esasy ugurlary boýunça teklipleri işläp taýýarlaýan döwlet çaklaýyş-seljeriş guramasy bolup durýar.

Türkmenistanyň maliýe ministriliginiň döwletiň ähli welaýatlarynda we etraplarynda maliýe bölümleri hereket edýär. Olar bir tarapdan ýerli häkimliklere ikinji tarapdan bolsa Türkmenistanyň maliýe ministriligine degişlidirler.

**Türkmenistanyň maliýe ministriligi öňki Türkmenistanyň ykdysadyýet we maliýe ministriligiň düýbinde döredildi. Şol sebäpli ol öňki ministriligiň belli wezipeleri** özüne aldy. Şolaryň içinde:

- döwletiň maliýe işini guramak we dolandyrmak;
- maliýe, býüjet, salgyt syýasaty, maliýe bazarlary ösdürmek, ätiýäçlandyryş we auditorlyk işleri babatda ýeke-täk syýasaty işläp taýarlamak we durmuşa geçirmek);
- Türkmenistanyň býujet ulgamyny kämilişdirmek;
- döwletiň, ministrilikleriň we pudak edaralarynyň maliýe ýagdaýyny seljermek;
- döwletiň eýeçiligini we bähbidini goramak;
- bahalara döwlet gözegçiligini amala aşyrmak hem olara kadalaşdyryjy ulgamyny düzüp taýarlamak;

- döwlet eýeçiligindäki edara görnüşli taraplaryň zähmete hak tölemek , ilatyň iş we durmuş üpjunçilik syýasatyny amala aşyrmagyň ulgamyny işläp taýarlamak;
- başga wezipeleri.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň işi „Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda“ kanun esasynda dolandyrylýar.

**Türkmenistanyň Merkezi bankynyň esasy maksatlary we wezipeleri şu**lardan ybaratdyr:

- durnukly pul birliklerini üpjün etmek;
- nyrhlaryň durnuklylygyny gazanmak we goldamak;
- durnukly bank ulgamynyň işlemegini üpjün etmek;
- Türkmenistanyň Ministrler Kabinetini maliýe tarapyndan goldamak;
- karz we pul syýasatyny döretmek we ony amala aşyrmak;
- walýuta syýasatyny döretmäge, kabul etmäge we amala aşyrmaga gatnaşmak;
- ygtyýarnamalary bermek we banklara hem-de bank ulgamyna gözegçiligi amala aşyrmak;
- döwletiň halkara ätiýaçlyklaryny saklamak we olara ygtyýarlyk etmek;
- hasaplaşyk ulgamynyň netijeli işlemegine ýardam etmek;
- Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň bankiri, geňeşçisi we fiskal agenti bolmak;
- pul syýasatynyň meseleleri boýunça hökümetara maslahatlarynda, ähli geňeşlerde we guramalarda Türkmenistan döwletine wekilçilik etmek;
- daşary ýurt banklaryna ygtyýarnamalary bermek we şolaryň peýdalylygyna gözegçiligi amala aşyrmak hem-de öz ygtyýarlygyndaky beýleki meseleleri çözmek;
- daşary ýurtlaryň hökümetlerine, daşary ýurtlaryň merkezi banklaryna we maliýe guramalaryna, şonuň ýaly-da Türkmenistan döwletiniň ýa-da Türkmenistanyň merkezi bankynyň agzalykda durýan halkara guramalaryna bank hyzmatlaryny etmek;
- halkara guramalaryň hataryna girmek we halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmäge gatnaşmak;
- Türkmenistan döwletiniň wekili hökmünde Türkmenistanyň halkara guramalaryna gatnaşmagy bilen baglanyşykly borçnamalary öz üstüne almak we degişli çäreleri amala aşyrmak.

Türkmenistanyň täjirçilik we beýleki banklary öz işinde 1993-njy ýylyň oktýabr aýynda kabul edilen Türkmenistanyň “Kommersiýa banklary we bank işi hakynda” kanuny we döwletiň beýleki kanunlara laýyklykda işlenilip düzilen esasnamalardan ugur alýarlar.

Esasnamada bankyň ady, hukuk salgysy, bank Geňeşiniň we bankyň müdiriýetiniň auditor gullugynyň ygtyýarlary, esaslyk maýasynyň möçberi, onuň paýnamalarynyň sany we nominal gymmaty, şeýle hem paýdarlaryň hukuklary görkezilýär. Bankyň esasnamasyna şonuň ýaly-da, kanunlara ters gelmeýän, bank işiniň aýratynlygy bilen baglanyşykly düzgünler goşulyp bilner.

Bank öz işinde Müdiriýeti tarapyndan tassyklanylýan içerki tertip-düzgüniň kadalaryndan ugur alýar. Şonda bankyň düzümi, işgärler (ştat) rejesi (tertibi), bölümler hakyndaky düzgünnama, olaryň maksatlary hem wezipeleri, şeýle hem bankyň kiçi bölümleriniň özara gatnaşygy, bankyň başlygynyň, onuň orunbasarlarynyň, Müdiriýetiniň agzalarynyň wezipe borçlary bellenilýär.

Banklar- täjirçilik işleri (biznes) bilen meşgullanýan özboluşly kärhanalardyr. Banklar elindäki wagtlaýyn ulanylmaýan serişdeleri , edara görnüşli we şahsy taraplara , döwlete möhletlilik, yzyna gaýtarmak, töleglilik şertler esasynda satýarlar.

Banklar köplenç hususy däl serişdeler bilen „işleýärler“. Olar başga kärhanalaryň, edaralaryň, ilatyň, döwletiň serişdelerini süýşürip paýlaýarlar. Şonuň üçinem banklar diňe öz hususy gyzyklanmalaryna seretmän, jemgyýetiň gyzyklanmalaryna hem köp üns berýändirler.

Türkmenistanyň bank ulgamynda banklar iki derejeli banklara bölünýär. Birinji derejede Merkezi bank, ikinji derejede bolsa beýleki banklar. Emma, eýeçilik, hukuk –guramaçylyk görnüşleri boýunça Türkmenistanyň banklaryny şertli bir näçe topara bölüp görkezmek bolar:

**Birinji nobatda banklaryň bankyny-** Türkmenistanyň Merkezi banky görkezmek zerurdyr. **Ikinji toparda** bolsa „Prezident“, daşary ykdysadyýet, „Halk“ „Türkmenbaşy“ , „Türkmenistan“ hem-de „Daýhan“ döwlet täjirçilik banklary görkezip bolar.

**Üçünji** banklaryň toparlaryna paýdarlar täjirçilik „Senagat“,we „Garagum“ banklary degişlidir.“Garagum“ bankyna daşary ýurtlaryň paýdarlary hem gatnaşýar. Şol sebäpli ol halkara-paýdarlar täjirçilik banky diýlip hasaplanýar.

Türkmenistanyň bank ulgamynda häzirki döwürde bir sany bilelikdäki Türkmen-türk täjirçilik banky hem-de iki sany daşary ýurtlaryň banklary – „Saderat“(Eýran), we Päkistanyň merkezi bankynyň şahamçasy hereket edýärler.

Türkmenistanda käbir daşary ýurt banklaryň wekilhanalary açylan. Mysal üçin, Ýewropa abatlaýyş we ösüş , Aziýa abatlaýyş we ösüş, „Doýçe“ banklaryň wekilhanalary.

Käbir ykdysady edebiýatlarda maliýe ulgamynda girewhanalar (lombardlar) hem görkezilýär. Girewhanalardan raýatlar we başga taraplar öz gymmat bahaly zatlaryny girew hökmünde belli möhlete goýup pul serişdeleri alýarlar. Eger-de alnan pul serişdeler göterim bilen bilelikde girewhana tabşyrlsa, girewe goýlan zatlar gaýtarylýar. Pul serişdeler we göterimler gaýtarylmadyk ýagdaýlarda girewe goýlan zatlary girewhana ýerleşdirip olaryň hasabyna çeken zyýanlaryň öwezini ýapýar.

Täjirçilik we beýleki banklaryň dolandyrylyşyny aşakdaky bäşinji görkezgiç bilen şekillendirip bolar:

**5-nji görkezgiç**

**Täjirçilik we beýleki banklaryň dolandyrylyşy**

| |
|---|
| Paýdarlaryň (esaslandyryjylaryň) umumy ýygnagy |

| |
|---|
| Bankyň Geňeşi |

| | |
|---|---|
| Bankyň Müdiriýeti | Bankyň auditor gullugy |

| |
|---|
| Departamentler, müdirlikler(uprawleniýalar) |

| | |
|---|---|
| Bankyň şahamçalary | Bankyň bölümçileri |

| | | |
|---|---|---|
| Karz bölümi | Pulhana | Amallar,hasap, pensiýa we başga bölümler |

| |
|---|
| Bankyň işgärleri, gullukçylary |

Täjirçilik we beýleki banklar şu bank amallaryny we gepleşikleri geçirip bilerler:

- müşderileriň we banklaryň habarçylarynyň tabşyrmagy boýunça hasaplaşyklary we olaryň kassa hyzmatyny amala aşyrmagy, karzlary bermegi;
- inwestirleýän serişdeleriň eýeleriniň we şol serişdeleri berijileriň tabşyrygy boýunça, şeýle hem bankyň öz serişdeleriniň hasabyna maýa goýumlaryny maliýeleşdirmegi;
- paýnamalary we beýleki gymmat bahaly kagyzlary goýbermegi. Öz hasabyna ýa-da müşderileriniň hasabyna töleg resminamalaryny ýa-da gymmat bahaly kagyzlary satyn almagy, satmagy we saklamagy, şeýle hem şolar bilen häzirki hereket edýän kanunlar tarapyndan gadagan edilmedik beýleki amallary amala aşyrmagy;
- ýerine ýetirilmegi pul görnüşde göz öňünde tutulan kepillikleriň, zamunlyklaryň we gaýry borçnamalaryň üçünji taraplaryň adyndan berilmegini;
- harytlary ibermegiň, daşamagyň we hyzmatlary ýerine ýetirmek hakyndaky şertnamadan gelip çykýan talap hukuklaryny edinmegi, şeýle talaplary ýerine ýetirmegiň töwekgelçiliklerini kabul etmegi we şol talaplary inkassirlemegi (forfeýting), şeýle hem şol amallaryň, harytlaryň hereketiniň goşmaça gözegçilik bilen ýerine ýetirilmegi (faktoring);
- edara görnüşli we şahsy taraplarda, şol sanda daşary ýurtly taraplardan nagt daşary ýurt walýutasynyň hem-de hasaplarda we goýumlarda bar bolan walýutany satyn almagy we olara satmagy;
- Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ygtyýarnamasy esasynda döwletiň içinde we onuň çäginden daşary ýurtlarda gymmat bahaly metallary, daşlary, hem şolardan ýasalýan önümleri kabul etmegi we saklamagy;

- müşderileriň tabşyrmagy boýunça serişdeleri çekmegi we ýerleşdirmegi hem-de gymmat kagyzlary dolandyrmagyň ynanç (trast) amallary;

- bank işi bilen baglanyşykly maslahat (konsultatiw) hyzmatlary etmegi, şol sanda müşderileriň maýa goýumlaryny (inwestisiýalaryny) dolandyryjy, geňeşçi ýa-da maliýe agenti ýa maslahatçy hökmünde hyzmatlary ýerine ýetirmegi;

- enjamlary, ulag serişdelerini we gaýry emlägi kärende şertlerinde bermek üçin olary bankyň öz serişdeleriniň hasabyna satyn almagy (lizing amallaryny amala aşyrmagy);

- häzirki hereket edýän kanunlara laýyklykda gozgalmaýan emläk bilen girewine goýmak –almak amallaryny geçirmegi;

- degişli ygtyýarnama bar bolan halatynda we kanunlarda gadagan edilmedik beýleki amallary we gepleşikleri geçirmegi;

- maddy önümçiligiň we maddy gymmatlyklaryň söwdasy, şeýle hem ätiýäçlandyrmanyň ähli görnüşleriniň ugrundaky banklaryň işi gadagan edilýär, muňa walýuta ätiýaçlandyrmasy, karz we göterim töwekgelçilikleri girmeýär.

**5.2. Kärhanalaryň maliýe-karz guramalary bilen gatnaşyklary.**

Türkmenistanyň maliýe ministriligi we onuň welaýatlardaky we etraplardaky bölümler bilen döwlet eýeçiligindäki we hususylaşdyrylan kärhanalary mydama gatnaşykda bolmalydyrlar. Sebäbi olar öz maliýe meýilnamalaryny we hasabatlaryny ýokarky edaralar bilen ylalaşmalydyrlar. Eger-de kärhana býujet serişdeleri berilýän bolsa şol kärhanalara aýratyn gözegçilik edilýär.

Türkmenistanyň maliýe ministriligi we onuň welaýatlardaky we etraplardaky bölümleri kärhanalaryň nyrh düzgünleriň berjaý edilşini barlamaga haklydyrlar.

Türkmenistanyň maliýe ministriligi we onuň welaýatlardaky we etraplardaky bölümleri döwlet eýeçilikdäki ähli kärhanalaryň işgärleriniň zähmet haklaryň çäklerini kesgitltýärler. Çäklenen zähmet haklardan ýokary haklary tölemek gadagan. Oňa Ministrilik tarapyndan gözegçilik edilýär. Ministrilikde we onuň bölümlerinde ýörite gözegçilik-barlag müdiriýeti (bölümleri) hereket edýär.

Kärhanalar Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda islendik bankda öz hasabyny açyp biler. Banky saýlamak üçin kärhanalar öz ýerleşýan ýerini, geçirjek amallaryny, bankyň hyzmatlarynyň hilini, onuň maliýe ýagdaýyny göz öňünde tutmalydyrlar. Käbir amallary geçirmek üçin banklaryň ýörite ygtyýarnamalary bolmalydyr. Mysal üçin, walýuta amallary geçirmek üçin bankyň görkezilen amallary amala aşyrmaga rugsat berýän ýörite baş ygtyýarnamasy bolmaly.

Eger-de kärhana hasaplaşyk hasabyny açan bankynda karz gatnaşyklaryny saklajak bolsa, onda ol ilki şol bankda karz almagyň ähli şertlerini öwrenmeli. Häzirki döwürde hasaplaşyk hasabyny bir bankda açyp, karzlary başga bankdan hem alyp bolar. Şoňa garamazdan karz berýän banklar karz bermegiň öň ýanynda hasaplaşyk hasabynyň açylan ýeri, kärhananyň döwlet belligine alnandygy hakynda we başga gerekli maglumatlary täzeden talap etmäge haklydyr.

Türkmenistanyň banklary durnukly işleýärler. Başga döwletleriň banklary käwagt bergä batyp ýapylýarlar. Şol ýagdaýlarda olaryň müşderileri bolan taraplar hem köp zyýanlary çekýärler. Zyýanlardan goranmak üçin kärhanalar banklary saýlanlarynda olaryň maliýe ýagdaýyny barlaýarlar. Bankyň maliýe ýagdaýy pes bolsa şol bankda öz pul serişdeleriňi saklamak howply hasaplanýar. Şol sebäpli daşary ýurtlarda iň abraýly, baý banklarda hasaplary açmak amatlydyr.

Kärhanalar banklaryň kömegi bilen ýokarda görkezilen amallaryň dürli görnüşlerini geçirip bilerler. Şolaryň içinde esasylary:

- nagt we nagt däl görnüşdäki geçirilýän pul hasaplaşyklary;
- karz amallary;
- pul saklamak, çalyşmak amallary;
- faktoring, forfeýting, lizing, ynanç (trast );
- maslahat bermek we başga amallary.

**Faktoring amallary** daşary ýurt banklaryň işinde giň ýaýran we dellalçylyk amallarynyň dürli görnüşleriniň biridir. Ykdysady edebiýatlarda faktoring amallaryň bir näçe görnüşleri gökezilýär. Şolaryň içinde **giň (konwension) we ýaşyryn (konfidisial)** faktoring.

Taryhy taýdan ilkinji gezek **giň (konwension) faktoring** ýüze çykdy. Ol buhgalterlik hasabyny, önüm iberijiler we alyjylar , işgärler bilen hasaplaşyklary, karzlaryň ätiýäçlandyrmasyny, wekilçiligi we şoňa meňzeşleri özüne birleşdirýär. Bankyň müşderiniň özünde, şol sanda kärhanada diňe önümçilik wezipesi saklanýar. Bellinilen wagtda bankyň we müşderiniň arasynda hasaplaşyklar geçirilýär.

**Ýaşyryn (konfidisial) faktoring** diňe käbir amallary ýerine ýetirmek bilen çäklendirilýär. Bank müşdere bergileri üzlüşmek , algylary almak ýardam berip belli göterimi özüne alýar.

**Mysal üçin, haryt iberijiň (işi , hyzmaty amala aşyran tarapyň) 10000 manat almaga hukugy bar. Şol hukugyny bank ondan satyn alýar. B**ankyň we müşderiniň (kärhananyň) arasynda şertnama baglaşylýar. Şertnama laýyklykda bank müşderä algysyny almaga kömek eden üçin 10000 manatdan belli göterimi, mysal üçin 10 göterimi, ýa-da 1000 manady alýar. Eger-de bank bilen müşderiň arasynda bergidardan pul serişdeleri alnandan soň hasaplaşyklar geçirilýän bolsa, oňa faktoring amaly diýilýär. Eger-de bank bergidardan pul almak hukugyny ulanmanka, şol hukugy banka beren tarapa öňünden pul serişdeleri geçiren bolsa, mysal üçin 9000 manady, onda bu amala ykdysady edebiýatlarda - **forfeýting** amal diýilýar.

**Lizing** amallary barada giňeşleýin maglumatlar şu gollanmanyň aşakdaky sahypalarynda beriler.

**Ynanç (trast ) amallary** ýerine ýetirende banklar müşderiň wagtlaýyn ulanylmaýan pul serişdelerini çekip belli maksatlara ulanýar we müşdere belli derejede girdeji (göterim) getirýär.

Nagt pullary bankdan almak, olary tabşyrmak, halkara we içerki hasaplaşyklary geçirmek, karzlary almak barada maglumatlar şu gollanmanyň indiki sahypalarynda berlendir.

Karhanalaryň ýolbaşçylary käbir amallary geçirmänkä, bankdan ýörite maslahatlary alyp bilerler.

Banklar bilen kärhanalaryň arasynda geçirilýän amallar kanunlara laýyklykda geçirilmelidir. Käbir meseleler boýunça kanunlara laýykda banklaryň ýolbaşçylary öz buýruklaryny, görkezmelerini, bildirişnamalary çykaryp bilerler. Eger-de şol buýruklar, görkezmeler kärhananyň pul serişdeleri bilen bagly bolsa, onda kärhananyň dolandyryjylary olar barada habarly bolmalydyr. Köplenç şol buýruklaryň, görkezmeleriň göçürmeleri banklarda görünýän ýerlerde görkezilýär (asylýar) ýa-da bankyň müşderilerine ýörite habar berilýär.

Kärhanalaryň ýolbaşçylary bank hyzmatlarynyň ähli görnüşleri bilen tanşyp, olaryň şertlerini gowy öwremegi başarmalydyrlar.

Merkezi bank kärhanalar bilen gatnaşyklary esasanam täjirçilik we başga banklaryň üsti (kömegi) bilen amala aşyrýar. Kärhana bilen bankyň arasynda jedelli meseleler ýüze çykanda, şol meseleler Merkezi bankyň kömegi bilen çözlüp bilner.

Merkezi bankyň kömegi bilen kärhanalar milli manady başga döwletleriň walýutalaryna we başga döwletleriň walýutalaryny milli manada çalşyp bilerler. Daşary ýurt eýeçiligindäki kärhanany Türkmenistanda açmak üçin olaryň döredijileri bellenilen möçberlerde Merkezi banka daşary ýurt walýutalaryny tabşyrmalydyrlar.

Kärhanalaryň salgyt gulluklary we ätiýaçlandyryş kompanýalary bilen gatnaşyklary barada maglumatlar kitabyň indiki sahypalarynda giňişleýin beriler.

Gollanmanyň aşakdaky sahypalarynda durmuş üpjünçilik ministriligi hakynda hem käbir maglumatlar beriler. Ministriligiň esasy işi barada onuň ady özi aýdyp dur. Bu ministrlik pensiýalaryň, kömek pullaryň berilmegine gözekçilik edýär.

## 6. Kärhananyň salgyt gatnaşyklary.

### 6.1. Salgydyň nazary esaslary we düşünjileri.

Kärhananyň salgyt gatnaşyklaryny öwrenmek üçin ilki „Salgytlar hakynda“ bitewi kanun bilen tanşmaly. Türkmenistanyň hormatly Prezidentiň tagallasy bilen täze özgertmeler zamanysynda şol kanuna girizilen üýtgemeleri we goşmaçalary öwrenmeli.

Şondan soň salgytlar hakynda ýazylan gollanmalar we makalalar bilen tanşmaly. Türkmen dilinde şu ugur boýunça iň köp maglumat N.Halow, Ý.Çarygeldiýew, A.Muhanow, A.Mämikow tarapyndan ýazylan gollanmalardan we makalalardan alyp bolar. Şol gollanmalar we makalalar (olaryň atlary

edebiýatlaryň sanawynda berilen) size salgyt gatnaşyklaryň iň kyn , iň çylşyrymly ýerlerini öwrenmäge ýardam berer.

**Salgyt** döwlet işini maliýe taýdan üpjün etmek maksady bilen döwlet tarapyndan bellenilýän edara görnüşindäki we şahsy taraplardan alynýan, Türkmenistanyň Döwlet býujetine gelip gowuşýan hökmany, hususy muzdsuz tölegdir.

Salgydyň şu alamatlary kanun arkaly kesgitlenilýär:

- salgyt töleýjileriň topary;
- salgyt salynýan binýat;
- salgydyň özeni;
- salgydyň möçberi (möçberleri);
- salgydy hasaplamagyň we tölemegiň möhletleri;
- salgyt ýumuşçysy.

**Salgyt töleýjiniň topary**-salgydy haýsy taraplar tölemeledigini görkezýär. Her salgydyň dürli salgyt töleýjileri bolup biler. Şolaryň içinde: şahsy (fiziki) we edara görnüşli taraplar, Türkmenistana dahyllylar we dahyllysyzlar, edara görnüşli tarap bolmadyk telekeçiler.

Türkmenistanyň raýatlary, daşary döwletleriň raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar **şahsy (fiziki) taraplar** diýlip hasaplanylýar.

**Edara görnüşli (ýuridiki) taraplar -**bu döwletiň Bellige alyş edarasynda, hasaba alnan kärhanalar, guramalar we edaralar.

**Şahsy we edara görnüşli taraplar** Türkmenistana dahylly hem dahyllysyz bolup bilerler.

**Türkmenistana dahylly** hem dahylsyz şahsy taraplar barada maglumatlar şu gollanmanyň ikinji bölüminde berilen .

**Türkmenistana dahylly edara görnüşli taraplar-**Türkmenistanyň kanunlaryna laýyyklykda döredilip, olaryň baş ýolbaşçy edarasy (ýolbaşçylary, direksiýasy, müdirýeti ýa-da şulara meňzeş edaralary) biziň döwletimiziň çäginde ýerleşen bolmalydyr. Galan edara görnüşli taraplar **Türkmenistana dahyllysyz** diýlip hasaplanýar.

Daşary ýurt döwletiniň dahyllysy hökmünde **edara görnüşli** hem şahsy tarapyň derejesini bellemek bilen bagly meseleler: salgyt gullugy tarapyndan- salgyt töleýji hökmünde olar hasaba goýlan mahaly we salgyt ýumuşçysy tarapyndan tabşyrýan resminamalar esasynda çözülýär.

**Edara görnüşli tarap bolmadyk telekeçi** bu-salgyt gullugynda bellige alnan, bellige alyş şahadatnamasy, ýa-da patent esasynda hereket edýan taraplara düşünilýar.

**Salgyt salynýan binýat**-salgydyň nämeden alynýandygyny görkezýän düşünje. Ol salgydyň her bir görnüşi boýunça kanun arkaly bellenilýär. Salgyt salynýan binýat hökmünde emläkler, girdejiler, goşulan bahalar we belli amallar çykyş edip bilerler.

**Salgyt özeni- kanuna laýyklykda** salgydy hasaplamaga esas bolan **salgyt salynýan binýatlaryň jemi** .

Mysal üçin, humarly oýunlardan gelýan girdejiler-**salgyt salynýan binýat** bolup çykyş edýärler. Şol girdejilere esaslanyp oýnalýan awtomatlaryň, stollaryň ýa-da oturguçlaryň, ýa-da pullary kabul edýan kassa aparatlaryň sanyndan, ýa-da oýnalýan otaglaryň inedördül metrden ugur alyp, olary jemläp **salgyt özeni** hasaplanýar.

**Salgydyň möçberi** –salgydyň göterimlerini ýa-da pul mukdaryny görkezýär.

**Salgydy hasaplamagyň we tölemegiň möhletleri.** Her salgydy hasaplamakda we tölemekde öz möhletleri hem aýratynlyklary kanun arkaly bellenilýär. Umumy alaňda (deslapky geçirilýän salgytlary hasaba almaňda), salgytlaryň käbiri her aýda, käbiri her çärýekde, hasaplanyp degişli beýannamalary töleýjini hasaba alan salgyt gulluga tabşyrylýar. Her aýda tabşyrylýan beýannamalar hasabat bermeli aýyndan soňky aýyň 20-sinden gijä galman tabşyrylmaly we 5 günüň dowamynda, ýagny aýyň 25-ne çenli salgyt tölenmeli . Mysal üçin, fewral aýy boýunça beýannama 20-nji marta çenli tabşyrylmaly, we salgyt 25-nji marta çenli tölenmeli. Her çärýekde tabşyrylýan beýannamalar hasabat döwründen soňky aýyň 20-sine çenli tabşyrylýar we 5 günüň dowamynda tölenmeli. Mysal

üçin, birinji çärýegiň beýannamasy aprel aýynyň 20-sine çenli tabşyrylýär we 25-nji aprele çenli salgyt tölenmeli.

Ýylda bir gezek diňe ilatly ýerleri abadanlaşdyrmak üçin ýygym hasaplanyp tölenýär. Käbir ýygymlar, diňe esas bar bolan ýagdaýda hasaplanyp , beýannama tabşyrylyp tölenýär.

Türkmenistanyň “Salgytlar hakynda” Bitewi kanuna laýyklykda görkezilen möhletler bellenilen ýagdaýlarda Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan uzaldylyp bilner.

**Salgyt ýumuşçysy** diýlip şunuň ýaly **salgydy tölemek borjy peýda bolýan** Türkmenistana dahylly bolup duran edara görnüşli tarapa düşünilýär.

Salgyt bilen baglanyşykly düşünjeler hem bar. Olardan paçlary, ýygymlary, puşmanlary, tölegleri, goşmaça tölegleri, jerimeleri we başga düşünjeleri görkezip bolar.

**Paçlarlara we ýygymlara** salgytlaryň aýratyn görnüşi hökmünde seredilýär we olarda Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda salgydyň käbir alamatlary bolman biler.

Paçlar alnanda köplenç döwlet guramalary tarapyndan onuň töleýjilerine ýörite hyzmatlar ýa-da gözegçiluk edilýär. Mysal üçin, kazyýetde işleri seretmek üçin döwlet tarapyndan hukuk hyzmatlar, gümrük pajy töleýänlere bolsa gözegçilik edilýär.

**Ýygymlar** köplenç ýörite gaznalara ýa-da ýerli býujetlere geçirilýär. Mysal üçin, Aşgabat şäherini abadanlaşdyrmak üçin (balans peýdadan - 0,5 göterim) we oba hojalygy ösdürmek üçin ýygymlar (balans peýdadan-3 göterim).

**Puşmanlary-** şertnamalary (kontraktlary), kanunlary bozýan taraplar töleýärler. Puşmanlaryň möçberleri her gün ösüp biler. Mysal üçin, wagtynda tölenmedik salgytlara we ýygymlara salgyt gulluklary her günine tölenmeli salgydyň (ýygymyň) möçberine 0,03 göterim möçberde puşman goşýarlar.

**Jerimeleri** döwletiň guramalary kanunlary bozýan taraplara töledýär**.** Mysal üçin, salgyt gulluklary kem hasaplanylan salgytlary üçin üstüne 40 göterim möçberde jerime töledýärler.

Türkmenistanyň kanunçylygynyň bozulandygy üçin salynýan puşmanlar, jerimeler hem-de gaýry çäreler **salgyt diýlip hasaplanmaýarlar**.

**Töleglere-** hyzmatlar, işler, harytlar üçin kärhananyň çykdajylaryna düşünilýär. Tölegiň mysaly hökmünde elektrik energiýasy , suw, gaz üçin ýa-da başga kärhananyň harajatlaryny görkezip bolar. Salgytlary hasaplamak üçin ýokarda görkezilen çykdajylar haryt hökmünde seredilýär.

**Goşmaça tölegler (aksizler)** döwletiň geçirýän syýasatyna görä belli harytlaryň üstüne goşulýar. Goşmaça tölegler öndürilýan ýa-da daşary ýurtlara iberilýän we olardan gelýän harytlara goşulýar. Köplenç olar ilata zerur däl harytlara goşulýar. Mysal üçin spirt içgilere, temmäki önümlere. Häzirki döwürde piwo içgileriniň bahasyna 10% goşmaça töleg goşulýar, spirtli içgilere - 1 litri üçin ABŞ-yň 4 dollary goşulýar.

Salgytlar, ýygymlar **merkezi ýa-da ýerli býujetlere** geçirilýar.

Salgytlar boýunça berilýän ýeňillikler Türkmenistanyň “Salgytlar hakynda” Bitewi kanunynda bellenilýär. Hususy häsiýete eýe bolan **ýeňillikleri bermek** kanun boýunça **gadagan edilen**.

Salgyt töleýjiniň hukuk esaslary ýüze çykan pursadyndan we olaryň güýji bolan bütin döwrüniň içinde salgyt boýunça ýeňilliklerden peýdalanmaga hukuklydyr.

Salgyt töleýjiniň salgyt boýunça ýeňillikleri ulanmazlyga, şeýle hem degişli salgyt ýa-da gümrük edaralaryna ýazmaça arza beren ýagdaýynda, olary ulanmakdan ýüz öwürmäge hukugy bardyr. Şu ýagdaýda salgyt töleýjiniň salgytlar boýunça ulanmadyk **ýokarda görkezilen ýeňillikleri geçen salgyt döwürlerinden geljekki salgyt döwürlerine geçirilmäge, geljekki tölegleriň hasabyna soňundan hasaplaşyk geçirmäge ýa-da býujetden öwezi dolunmaga degişli däldir**.

Salgyt töleýji degişli salgyt ýa-da gümrük edaralaryna ýazmaça arza berende, salgytlar boýunça ýeňilliklerden **täzeden peýdalanmaga haky** bardyr, emma bu onuň ýeňilliklerden peýdalanmakdan boýun gaçyran **soňky kalendar ýylyndan ir bolmaly däldir**.

Eger-de Türkmenistanyň kanunçylygynda gaýry ýagdaýlar göz öňünde tutulmadyk bolsa, onda salgytlar Türkmenistanyň **milli pulunda hasaplanylýar we tölenlýär.**

Salgyt salmak maksady bilen, daşary ýurt pulunda geçirilýän islendik amallar, amallaryň geçirilýän gününde Türkmenistanyň Merkezi bankynyň bellän **resmi hümmeti boýunça,** resmi hümmeti

bellenmedik daşary ýurt pullary bolsa, eger “Salgytlar hakynda” Bitewi kanunda başga ýagdaýlar göz öňünde tutulmadyk bolsa, **ABŞ-nyň dollary babatynda kross – hümmet boýunça Türkmenistanyň milli pulunda hasaplanylýar.**

Döwlet öz wezipelerini salgytsyz ýerine ýetirip bilmeýär. Şonuň üçin salgytlaryň taryhy döwletleriň ösüş taryhy bilen gabat gelýär.

Ykdysady edebiýatlarda salgydyň dürli wezipeleri görkezilýär. Şol sanda, birinji alymlaryň topary salgydyň 2 wezipäni : toplaýyş (fiskal) we ykdysady wezipeleri görkezýärler. Başga alymlaryň topary salgydyň 4 wezipesini görkezýärler: sazlaýyş, höweslendiriş, paýlaýyş we toplaýyş (fiskal) wezipeleri. Birinji topar alymlaryň pikirine görä köp wezipeleri „salgyt“ ýerine ýetirmän olary salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralar ýerine ýetirýärler. Bu pikir gaty dogry pikir. Emma ykdysady wezipäni hem dürli ygtyýarly edaralar ýerine ýetirýärler we bu wezipe örän köp gatnaşyklary öz içine alýar.

Biziň pikirimiz boýunça salgydyň wezipelerini salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralaryň wezipelerinden aýry görkezmek mümkin däl. Şol sebäbli bir tarapdan umumylaşdyryp , başga tarapdan takyklamak üçin, salgydyň we salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralarynyň wezipeleri ýokarda görkezilen 4 wezipeden ybarat diýip bellemek makul bildik.

**Sazlaýyş** wezipesi töleýjileriň arasynda sazlaýyş işlerini amala aşyrmaga ýardam berýär. Töleýjileriň düşewüntliligine görä, dürli salgytlar alynýar. Mysal üçin, ýerasty baýlyklardan gelýän girdejilerden, kärhanalaryň düşewüntliligine görä salgyt alynýar, ýagny **salgydyň möçberleri şu ölçeglerde bellenýär:**

**- uglewodorod serişdeleri bilen baglanyşykly salgyt salynýan amallar boýunça:**

**- tebigy we ugurdaş gaz üçin - 22 % ;**

**- çig nebit üçin – 10%;**

**- düşewüntliligiň derejesine görä beýleki gazylyp alynýan peýdaly zatlardan 6-njy görklezgiçde görkezilen göterimler alynýar:**

**6-njy görkezgiç**

**Düşewüntlik we salgydyň göterimleri.**

| Düşewüntlilik göterimlerde | Salgydyň möçberleri Göterimlerde |
|---|---|
| 15-e çenli | 0 |
| 15-den ýokary,17-ä çenli | 30 |
| 17-den 19-a çenli | 32 |
| 19-dan 21-e çenli | 35 |
| 21-den 23-e çenli | 40 |
| 23-den 25- e çenli | 45 |
| 25-den ýokary | 50 |

***Höweslendiriş*** wezipesi döwlete zerur bolan pudaklara, belli önümleri öndürýän kärhanalara salgyt ýeňilliklerini bermek arkaly ulanylýar.

**Paýlaýyş** wezipesi döwlet bilen ýerli býujetleriň arasynda salgytlary paýlamaklykda ulanylýar.

Türkmenistanda köplenç merkezleşdirilen býujetiň meýilnamasy artygy bilen ýerine ýetirilýär Artýan bölegi Türkmenistanyň Prezidentiniň karary boýunça ýerli býujetlere paýlanýar.

**Toplaýyş (fiskal)** wezipesi ähli döwletlerdäki salgytlaryň esasy wezipesidir. Onuň kömegi bilen döwletiň pul gorlary emele gelýär we döwletiň hereket etmegine maddy şertler döredilýär.

Ykdysady edebiýatlarda görnüşleri boýunça salgytlar, ýygymlar 4 topara bölünýär:

- merkezleşdirilen (döwlet býujetine);
- ýerli (ýerli býujete);
- göni;
- gytaklaýyn.

**Merkezleşdirilen** salgytlara -ýerasty baýlyklardan gelýän girdejilerden, goşmaça tölegler, goşulan baha üçin, peýdadan (girdejiden) we emläkden alynýan salgytlar degişlidir.

Biziň döwletimizde ýerli býujetlere doly möçberlerde ýerli ýygymlar geçirilýär.

**Ýerli ýygymlara** şular degişlidir:
- mahabatnamalar üçin ýygym;
- ilatly ýerleri abadanlaşdyrmak üçin ýygym;
- ulag serişdelerini satmakdan gelýän girdejilerden alynýan ýygym;
- ulag serişdeleriniň duralgalarynyň eýelerinden tutulýan ýygym;
- itleriň eýelerinden tutulýan ýygym.

**Göni salgytlara** peýdadan (girdejiden) we emläk üçin alynýan salgytlar degişlidir. Peýdadan (girdejiden) alynýan salgytlar şahsy we edara görnüşli taraplardan hem-de telekeçilerden alynýar. Olar döwletiň çäklerinde ähli çeşmelerden gelýän girdejilerden , alnyp bilner.

**Gytaklaýyn salgytlara** goşulan baha üçin alynýan salgytlar, goşmaça tölegler we ş.m. degişlidir.

**Salgyt ýyly** ýanwar aýynyň 1-inden başlanýar we dekabr aýynyň 31-inde tamamlanýar hem-de maliýe ýyly bilen gabat gelýär.

Salgytlary hasaplamak maksatlary üçin **ýerlenýän ýa-da ýerlenmäge niýetlenen emläkler, gymmatlyklar, önümler-haryt diýlip hasaplanylýär**. **Harytlary (hyzmatlary) ýerlemek diýlip** satyn almagyň-satmagyň (ibermegiň), çalyşmagyň, peşgeş bermegiň (muzdsuz bermek) ýa-da eýeçilik hukugyny bir tarapdan beýleki tarapa berilmegine (geçirilmegine) düşünilýär. Görkezilenler eýeçilik hukugy geçirilen, öň alnan harydy gaýtarmak baradaky amallara hem degişlidir.

**Işleri ýerine ýetirmek diýlip**, netijeleri maddy görnüşe eýe bolan we şahsy hem-de edara görnüşli taraplaryň isleglerini kanagatlandyrmak üçin ýerlenip biljek işlere düşünilýär.

**Hyzmat etmek diýlip** şu işlere (amallara**) düşünilýär:**

- başga taraplaryň isleglerini kanagatlandyrmakda edilýän hereketlere we şol hereketleriň döwamynda ýerlenýän we sarp edilýän işlere, harytlara;

- lizing, maddy däl aktiwleri ýerlemek (bermek) boýunça hyzmatlar, emläk kärendesi ýa-da ony ylalaşyk esasynda ulanmak (konsessiýa) hereketlere. **Konsessiýa** sözi-türkmen diline terjime edeniňde-rugsat , razylaşmak , manyny berýär. Konsessiýa ylalaşyklary esasynda döwlet ýa-da döwletiň başga dolandyryş guramalary tebigy baýlyklary, kärhanalary başga döwletleriň taraplaryna belli şertler bilen rugsat (hukuk) berýär;

- öz işgärleri üçin harytlary bermek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmat etmek, harytlary ýerlemek, işleri ýerine ýetirmek;

- emläk hukugyny bermek, **.**

Tebigy ýitgileriň ölçeginden artyk haryt ýetmezçiligi, şu harytlaryň ogurlanandygy ýa-da zaýalanandygy resmi taýdan tassyklanmadyk ýagdaýynda, **harytlary ýerlemek diýlip hasaplanylýar.**

**Harytlaryň ýerlenýän ýeri** diýlip şular hasaplanylýar:

- harytlar iberiji, alyjy ýa-da başga biri tarapyndan iberilýän ýa-da ulag bilen ugradylýan bolsa, **olaryň iberilip ýa-da ugradylyp başlanan ýeri**;

- harytlar tehniki, tehnologiki ýa-da başga bir sebäplere görä alyjylara sökülen ýa-da ýygnalmadyk görnüşden başga hili ýetirilip bilinmedik ýagdaýynda gurnamak, oturtmak ýa-da olary ýygnamak haryt iberiji tarapyndan ýa-da onuň adyndan ýerine ýetirilýän bolsa, **harytlaryň gurnalýan, oturdylýan ýa-da ýygnalýan ýerleri.**

Kanuna laýyklykda beýleki işleriň ýerine ýetirilýän, hyzmatlaryň edilýän ýeri diýlip edara görnüşli

tarapyň döredilen, onuň şahamçasynyň ýa-da wekilhanasynyň (hemişelik wekilhanasynyň) **ýerleşýän ýeri**, hususy telekeçiler üçin bolsa hemişelik **ýaşaýan ýa-da işleriň ýerine ýetirilýän, hyzmatlaryň edilýän hemişelik iş ýeri diýlip** hasaplanylýar.

**Hemişelik iş ýeri** diýlip hususy telekeçiniň öz işini doly ýa-da bölekleýin alyp barýan Türkmenistanyň çäklerindäki hemişelik ýerine düşünilýär we ol "Salgytlar hakynda" Bitewi kanuna laýyklykda edara görnüşli tarapyň hemişelik wekilhanasyny kesgitlemek boýunça düzgünnamalara degişlilikde kesgitlenilýär.

**Işiň ýerine ýetirilýän, hyzmatyň edilýän ýeri diýlip**:

- gozgalmaýan emläk bilen baglanyşykly işler, hyzmatlar üçin – şu emlägiň ýerleşýän ýeri. Görkezilenler hususan-da gurluşyk, gurnama, gurluşyk gurnama, abatlaýyş, dikeldiş işlerini, kärende boýunça hyzmatlary özünde jemleýär;
- gozgalýan emläk bilen baglanyşykly işler, ( ony kärendä bermek muňa girmeýär)- hakykatdan şeýle işleriň geçirilýän, hyzmatlaryň ýeri. Görkezilenler hususan-da olary düşürip almagy, gaýtadan işlemegi, işläp geçirmegi, abatlamagy we tehniki taýdan hyzmat etmegi özünde jemleýär;

- medeniýet, sungat, bilim, bedenterbiýe we sport babatlarynda edilýän hyzmat üçin – şeýle hyzmatlaryň hakyky edilýän ýeri hasaplanylýär.

**Salgyt syýasaty** – bu döwlet tarapyndan salgyt hakynda geçirilýän çäreleriň ulgamydyr. Salgyt syýasaty döwletiň maliýe syýasatynyň düzüm bölegidir.

Türkmenistanyň salgyt syýasaty türkmen milletiniň taryhyna, başga döwletleriň tejrebisine we ýurdumyzyň içerki aýratynlyklaryna esaslanýar.

Döwletiň salgyt syýasaty häzirki döwürde „Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry" Milli Maksatnamasy esasynda alnyp barylýar. Şol Maksatnamada býujetiň girdejileri babatdaky syýasat bir tarapdan, kärhanalara salgyt salmagy artdyrmaga ýol bermezlik, maýa goýumlar işini janlandyrmak we telekeçiligiň kiçi hem-de orta görnüşlerini ösdürmek üçin höweslendirmeleri döretmek, beýleki tarapdan bolsa salgytlaryň ýygnalyşyna maliýe taýdan gözegçilik etmegi güýçlendirmegiň usullaryny kämilleşdirmek boýunça birnäçe çäreler göz öňünde tutulan.

Milli maksatnamada görkezilen salgyt syýasatynyň esasy ugurlary 2004-nji we 2005-nji ýyllarda geçirilen XV, XV1 Halk Maslahatlarda kabul edilen Türkmenistanyň „Salgytlar hakynda" Bitewi kanunlarda öz çuňnur beýanyny tapdy hem şol kanuna soň girizilen üýtgemelerde , goşmaçalarda dowam etdirildi.

Milli maksatnamada býujetiň salgyt binýadyny artdyrmak, eýeçiligiň dürli görnüşindäki kärhanalara deň şertleri döretmek üçin salgyt baradaky kanunlary hem-de salgyt töleglerini ýygnamagyň ulgamyny kämilleşdirmäge gönükdirilen özgertmeler mundan beýlägem dowam etdirilmegi meýilnamalaşdyrylan.

**6.2. Kärhananyň salgyt ulgamy bilen gatnaşyklary.**

Türkmenistanda kärhanalaryň salgyt ulgamy bilen gatnaşyklary döwletiň Konstitusiýasyna, "Salgytlar hakynda" bitewi Kanuna we beýleki hukuknamalara esaslanýarlar.

Kadalaşdyryjy hukuknamalarda **çapraz gelmeler bar bolan halatynda Bitewi kanunyň düzgünleri ulanylýar**.

Salgyt - hukuk gatnaşyklaryna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek diňe Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegi bilen amala aşyrylyp bilner.

Täze salgytlary bellemek ýa-da hereket edýän salgytlary üýtgetmek bilen "Salgytlar hakynda" bitewi Kanuna üýtgetme girizýän Türkmenistanyň Kanunlary, olar resmi taýdan çap edilenden **bir aý geçen soň, emma degişli salgyt boýunça nobatdaky salgyt döwrüniň başlanmagy bilen güýje girýär.**

**Salgyt töleýjileriň ýagdaýlaryny gowulandyrýan,** şeýle hem hereket edýän salgytlary ýatyrmak

baradaky düzgünleri belleýän Türkmenistanyň kanunlary, eger - de bu olarda göni göz öňünde tutulan bolsa, **çap edilen pursatyndan güýje girip bilerler**.

Türkmenistanda şular kärhanalar bilen **salgyt - hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan edaralar** bolup durýarlar:

- döwlet salgyt gullugynyň edaralary ;
- döwlet gümrük gullugynyň edaralary ;
- maliýe ministrliginiň edaralary .

Türkmenistanyň döwlet salgyt gullugynyň edaralary Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan dolandyrylýar.

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy öz gezeginde döwletiň Ministrler Kabinetine tabyndyr we ol özi hakyndaky Düzgünnamanyň esasynda hereket edýär.

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň başlygy we onuň orunbasarlary Prezident tarapyndan bellenilýär.

**Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň esasy wezipeleri şulardan ybaratdyr**:

- salgyt töleýjileriň (salgyt ýumuşçylarynyň) doly we wagtynda hasaba alynmagyny üpjun etmek, döwlet býujetine salgytlaryň doly we wagtynda tölenişine gözegçilik geçirmek;
- salgyt kanunçylygynyň ýerine ýetirilişi boýunça maglumatlary ýygnamak, seljermek we ony kämilleşdirmek boýunça teklipleri taýýarlamak;
- öz ygtyýarlyklaryna degişli edilen meseleler boýunça usulyýet we gollanma görkezmelerini çykarmak, şahsy we edara görnüşli taraplaryň arzalaryna we ýüz tutmalaryna bellenilen tertipde garamak;
- beýleki döwletler bilen salgyt salmak meseleleri boýunça ylalaşyklaryň taslamalaryny taýýarlamaga gatnaşmak;
- beýleki döwletleriň salgyt edaralary bilen özara iş alyp barmak.

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň ähli welaýatlarda öz bölümleri bardyr.

Türkmenistanyň etraplara degişli däl şaherlerinde döwlet şäher salgyt gulluklary döredilendir. Mysal üçin, Aşgabat, Türkmenabat şäheri boýunça salgyt gulluklary bar.

Aşgabat şäheri boýunça döwlet salgyt gullugyna Köpetdag, Azatlyk, S.A.Nyýazow adyndaky, Çandybil etraplary boýunça döwlet salgyt gulluklary degişlidir. Türkmenistanyň ähli etraplarynda salgyt gulluklary ýerleşýär.

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy özüniň welaýatlardaky, şäherlerdäki, etraplardaky düzüm birlekleriniň işlerine ýolbaşçylyk edýär.

Türkmenistanyň salgyt gulluklary „Salgytlar hakynda“ bitewi Kanuny esasynda hereket edýärler. Bu kanunda salgyt gullugynyň hukuklary we borçlary görkezilýär. Şol kanuna laýyklykda Türkmenistanyň **salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň esasy hukuklary** şulardan ybaratdyr:

- salgyt töleýjilerden (ýumuşçylaryndan) salgydy hasaplamak we tölemek bilen bagly tassyklanan görnüşler boýunça **resminamalary we beýleki maglumatlary**, şeýle hem düşündirişleri, olary tassyklaýan resminamalary **talap etmäge we almaga**;
- Türkmenistanyň hereket edýan kanunlaryna laýyklykda salgyt barlaglaryny geçirmäge we beýleki döwlet edaralary bilen bilelikde barlaglara gatnaşmaga, resminamalaýyn salgyt barlaglary geçirilende barlanýan taraplaryň girdeji (peýda) almaga gönükdirilen telekeçilik we beýleki işleri geçirmek üçin peýdalanylýan önümçilik, ammar, söwda we beýleki jaýlaryny, şeýle hem şu işler bilen baglanyşykly emlägi gözden geçirmäge;
- elektron-gözegçilik pulhana abzallaryny ulanmagyň düzgünleriniň berjaý edilişine gözegçilik etmäge;
- öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde salgyt düzgünleriniň bozulmalary hakyndaky işler boýunça teswirnama düzmäge;
- salgyt töleýji tarapyndan resminamalar (maglumatlar) berilmedik ýagdaýynda bar bolan maglumatlaryň esasynda tölenmäge degişli salgydyň möçberini özbaşdak anyklamaga we kesgitlemäge;

- salgyt töleýjileri (salgyt ýumuşçylaryny), şeýle hem barlag geçirilýän döwürde olara degişli resminamalary ýa-da maglumatlary bolan beýleki adamlary salgyt gullugy edaralaryna çagyrmaga;

- salgyt kanunçylyk namalarynda bellenen başga hukuklar.

**Türkmenistanyň salgyt gullugynyň edaralarynyň wezipeli adamlary we gullukçylary şulara borçludyrlar**:

- kanunlara laýyklykda berk iş alyp barmaga;

- salgyt syrlaryny we salgyt töleýjiler (ýumuşçylary) baradaky maglumatlary saklamagyň düzgünlerini berjaý etmäge;

- öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde salgyt kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik etmäge, salgyt töleýjilerden (ýumuşçylaryndan) ýüze çykarylan düzgün bozulmalary düzetmegi we görkezilen talaplary ýerine ýetirmegi talap etmäge;

- öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde salgyt töleýjileri (ýumuşçylaryny) hereket edýän salgytlary tölemegiň tertipleri we möhletleri, salgyt töleýjileriň hukuklary we borçlary, şeýle hem Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň degişli namalary barada habardar etmäge;

- salgyt töleýjileriň we salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň abraýyny hem- de mertebesini hormatlamaga.

Türkmenistanyň salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň kanunlarda bellenen beýleki borçlary hem bardyr.

**Kärhana salgyt töleýji hökmünde häsiýetnama berlende onuň aşakdaky taraplaryna aýratyn üns berilýär**:

- kärhananyň döwletiň kanunlaryna laýyklykda açylmagyna hem hereket edilmegine;

- onuň girdejilerine, harajatlaryna we maliýe netijelerine;

- kärhananyň töleg ukyplylygyna, onuň bergilerine , algylaryna we likwidliligine;

- gaýry häsiýetlerine.

**Kärhananyň, edaranyň hökmany suratda esasnamasy, ygtyýarnamasy we sertifikatlary bolmaly.**

**Kärhana diňe esasnamasynda görkezilen işleri ýerine ýetirmäge haklydyr. Kärhananyň şu gollanmanyň 12-nji goşulmasynda görkezilen işlerine hökmany suratda ygtyýarnamasy bolmaly.**

Kärhananyň esasnamasy tassyklanmadyk bolsa ýa-da onda görkezilen işlerden başga-da işler ýerine ýetirilýän bolsa, ýa-da ol ygtyýarnamasyz, sertifikatsyz hereket edýan bolsa, onda salgyt töleýjä garşy degişli çäreler geçirilýar. Ygtyýarlandyrmaga degişli işiň kärhana tarapyndan ygtyýarnamasyz amala aşyrylmagy şeýle işden **alnan girdeji** (peýda) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde döwleti**ň Merkezleşdirilen býujetiniň girdejisine alynmaga degişlidir**.

Kärhananyň girdejilerini, harajatlaryny, maliýe netijelerini, şol sanda balans we arassa peýdany hasaba almagyň tertibi bilen şu gollanmanyň 13-nji bölümini okap tanşyp bolar.

Kärhananyň **töleg ukyplylygyny** onuň pul serişdeleri bilen üpjun edilişi, hasaplaşyklaryň öz wagtynda geçirilişi, bergileriň üzilişi görkezýär.

Kärhananyň töleg ukyplylygyna ýakyn düşünje-onuň balansynyň **likwidliligi**. Şol bir wagtyň içinde bu düşünjileriň öz aýratynlyklary bar. Likwidlilik sözüň özi - gymmatlyklaryň bazarda ýerleşdirilişiniň çaltlygyny we milli pula öwürmekligiň ukyplylygyny görkezýän düşünje. Käbir gymmatlyklary bazarda ýerleşdirmek we milli pula öwürmek aňsat bolýar. Mysal üçin, erkin aýlanýan walýutalar görnüşinde serişdeleri, gymmat bahaly daşlary, metallary we başgalary. Käbir gymmatlyklary bolsa bazarda ýerleşdirmek we milli pula öwürmek kyn düşýär. Mysal üçin, ulanyşda bolan tehniki serişdeleri, gurallary we başga zatlary. Kärhananyň balansy likwidli bolsa onuň emläkleri bazarda ýerleşdirilende, kärhananyň ähli maliýe borçlary (bergileri) ýapylmalydyr. Eger-de kärhana balansda hasaba alnan ähli emläklerini bazar nyrhy boýunça ýerleşdirip, alyp biljek algylaryny alyp, öz bergilerini ýapyp bilmese, kärhananyň balansy likwidli däl diýlip hasap edilýär.

Türkmenistanyň kärhanalary häzirki döwürde şu aşakdaky salgytlary we ýygymlary töleýärler:

- ýerasty baýlyklardan gelýän girdejilerden , - goşulan baha üçin , edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) , şahsy adamlaryň girdejisinden we emläk üçin alynýan salgytlary;

- goşmaça tölegleri (aksizleri);

- durmuş ätiýaçlandyryş goruna geçirilýan ýygymlary;

- ýerli ýygymlary (olaryň görnüşleri ýokarda gorkezilen).

Ýerasty baýlyklardan gelýän girdejilerden alynýan salgydy barada umumy maglumat gollanmanyň ýokarky sahypalarynda berlen. Başga salgytlar we ýygymlar barada maglumatlary gollanmanyň aşakdaky sahypalaryndan alyp bilersiňiz.

**6.3.Goşulan baha üçin alynýan salgydy hasaba almagyň we tölemegiň tertibi.**

Goşulan baha üçin alynýan salgyt Türkmenistanyň býujetine iň köp girdeji getirýän salgytlaryň biridir. Bu salgyt harytlaryň öndürilişiniň (işleriň, hyzmatlaryň ýerine ýetirilişiniň) ähli derejesinde döredilýän goşulan bahanyň belli böleginiň döwlet býujetine ýygnalyşynyň görnüşidir.

Goşulan baha üçin alynýan salgyt ilkinji gezek 1954-nji ýylda Fransiýada işlenip düzüldi.

Türkmenistanda goşulan baha üçin alynýan salgyt ilkinji gezek 1992-nji ýylyň ýanwar aýynyň 6-na Türkmenistanyň Prezidentiniň №512 kararynyň esasynda girizildi. Emma salgydyň ady we ony tölemek tertibi şol wagtda häzirki döwürdäkiden tapawutlanýar. Häzirki döwürde goşulan baha üçin alynýan salgyt 2005-nji ýylyň oktýabr aýynda kabul edilen Türkmenistanyň „Salgytlar hakynda“ bitewi Kanuny we oňa girizilen üýtgemeler , goşmaçalar esasynda salynýar.

Goşulan baha üçin salgydy kanuna laýyklykda hasaplamak örän kyn diýsek ýalňyşmarys. Sebäbi ony hasaplamak üçin kärhananyň töleg resminamalaryň doldyrylyşyny barlap , ähli amallaryny syndan geçirip, olaryň aýratynlyklaryny göz öňünde tutup, bahasyny kanuna laýyklykda kesgitläp hasaba almaly.

Şonuň üçin, şu salgydy hasaba almany we tölemäni öwrener ýaly „Salgytlar hakynda“ bitewi Kanundaky ähli maddalaryny , oňa girizilen üýtgemeleri, goşmaçalary **çuňňur öwrenmelidir**.

Goşulan baha üçin salgydy dogry hasaplamak üçin şu gollanmada ýokarky sahypalarynda görkezilen bahalary kesgitlemegiň tertibini we töleg resminamalaryň resmileşdirilmegini hem **çuňňur öwrenmelidir.**

Biziň pikirimiz boýunça goşulan baha üçin salgydy hasaplamagyň, tölemegiň tertibini öwrenmek üçin ilki başda salgydyň esasy (umumy) düzgünlerine düşünmelidir. Şondan soň , salgydy hasaba almagyň aýratynlyklaryna düşünmek aňsatlaşar. Sebäbi şu salgyt barada umumy düşünjeleri bolmadyk adamlara hem esasy (umumy), hem aýratynlyklaryny birden bile öwrenmek agyr düşýär.

Goşulan baha üçin salgyt barada umumy düşünje bolar ýaly salgydy öwrenýän adam aşakdaky sowallara jogap bermäni başarmalydyr:

1. Salgyt töleýjiler bolup haýsy taraplar çykyş edýärler? (Kärhananyň hasapçylary (ýolbaşçylary) bolsa: „Kärhana salgyt töleýjisi hökmünde kanun boýunça seredilýärmi ?“-soraga jogaby tapmalydyrlar).

2. Haýsy amallar salgyda degişli amallar diýlip hasaplanylýar? (Kärhananyň hasapçylary (ýolbaşçylary) bolsa kärhananyň öz amallaryny seljerip- salgyda degişli we degişli däl amallary anyklamalydyrlar).

3. Goşulan baha üçin salgydyň özenini we hasaplaşylýan salgydyň möçberini nädip çykarmaly ?

4. Salgydyň möçberleri näçe, ony hasaplamagyň we tölemegiň umumy tertibi nähili?

5. „Salgytlar hakynda“ bitewi Kanuna laýyklykda salgytdan haýsy ýeňillikler berilýär?

Şonuň bilen bilelikde bir zady unutmalydäl-salgydyň aýratynlyklaryny (inçe ýerlerini) bilmezlik kärhanany agyr ýagdaýa getirip biler. Sebäbi salgyt hasaplamakda daşyndan seredeňde ýönekeý zatlar hakykatda wajyp (agyr) mesellelere öwrülip kärhana (salgyt töleýja) uly zyýanlary getirip biler. Ýenede bir zady unutmaly däl - **bilmezlik jogapkärçilikden, ýagny jerimelerden we puşmanlardan kärhanany (salgyt töleýjini) boşadanok**.

Indi ýokarda goýulan soraglara jogap bereli. Soraglara jogap beremizde olar çalt kabul ediler ýaly umumy düzgünlere esasy ünsüňizi çekip, käbir amallara, aýratynlyklara (inçe ýerlere) bilgeşleýin ünsüňizi çekmedik. Şol sebäpli hem kanunçylyga düzedişleriň girizilmeginiň ähtimallygyny göz öňünde tutup, salgydy hasaplap tölejek bolaňyzda Türkmenistanyň „Salgytlar hakynda“ bitewi Kanuny we başga kanunçylyk namalary täzeden okap görmegiňizi haýyş edýäris.

Salgydyň hasaplanylyşy aňsatlyk bilen düşündirmek üçin käbir amallary şertli mysallar bilen şekillendirip düşündirmek makul bildik.

**Birinji soraga-** „Salgyt töleýjiler bolup haýsy taraplar çykyş edýärler?“- **jogap**:

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda **goşulan baha üçin salgydy töleýjiler bolup** kanunda bellenilen salgyt salynýan **amallary geçirýän edara görnüşli we şahsy taraplar - hususy telekeçiler bolup dutýarlar.** Agzalan amallar şu gollanmanyň indiki setirkerinde görkezilen.

Şular **goşulan baha üçin salgydy töleýjiler bolup durmaýarlar:**

- Türkmenistanyň Merkezi banky;

- Türkmenistanyň "Uglewodorod serişdeleri hakynda" kanunyna laýyklykda potratçylar we kömekçi potratçylar bolup durýan, **nebit işlerine degişli amallary geçirýän** taraplar. Egerde şunuň ýaly taraplar **nebit işlerine degişli bolmadyk amallary geçirýän bolsalar, şol amallara salgyt salynýar.**

- hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplar ;

- hususy telekeçiler, ýeňillikli salgyt salmak ulgama degişli bolan iş boýunça.

**Ikinji soraga-** „Haýsy amallar salgyda degişli amallar diýlip hasaplanýar?“**jogap**:

Türkmenistanyň çäklerinde salgyt töleýjiler tarapyndan geçirilýän şu **amallar** go**şulan baha üçin salgyda degişi amallar diýlip hasaplanylýar**:

**- harytlary ýerlemek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary etmek, şeýle hem emläk hukuklary bermek;**

**- öz hajatlary üçin gurluşyk-gurnama işlerini ýerine ýetirmek**. Görkezilenler diňe satyn alynýan ýa-da öndürilýän enjamy gurnamak ýa-da oturtmak bilen baglanyşykly işleriň ýerine ýetirilmegini , şeýle hem ony abatlamagy öz içine almaýar;

- harytlar ogurlananda ýa-da zaýalananda günäkär taraplardan ýetirilen **zyýanyň öwez töleginiň alynmagy, şeýle hem ätiýaçlandyryş öwezini dolmalar;**

**- özüniň sarp etmegi üçin harytlary peýdalanmak, işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary etmek.** Egerde şu amallara degişli harajatlar peýda (girdeji) salgydyny hasaplamak üçin kabul edilip aýyrmalara goşulýan bolsa, onda **olar** go**şulan baha üçin salgyt salynýan amallar diýlip hasaplanmaýar**:

Şular goşulan baha üçin salgyt salynýan amallar diýlip hasaplanmaýar:

- numizmatika maksatsyz, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň tabşyrygy boýunça ýerleşdirmek üçin taýarlanan bolmadyk , puly saklamak , inkassasiýa etmek hyzmat bolup durmaýan, kanuny töleg serişdesi bolup durýan **daşary ýurt pullarynyň, pullaryň, banknotlaryň dolanyşygy**;

- kärhananyň paýly gatnaşmak hukugy aýrybaşgoýlanda **gymmatly kagyzlaryň dolanyşygy**. Dellalçylyk we araçyllyk hyzmatlary muňa girmeýär;

- berilen karzlara göterimleri almak;

- daşary ýurt döwletleri ýa-da halkara guramalary ýa şahsy adamlar tarapyndan Türkmenistana berilýan halkara ynsanperwer, maliýe we tehniki kömeginiň we kreditleriň (karzlaryň) maksatnamalarynyň hem-de taslamalarynyň çäklerinde harytlary ýerlemek, işleri ýerine ýetirmek we hyzmatlary etmek. Görkezilenler **şu taraplara degişlidir**:

daşary ýurt döwletleriniň, halkara guramalarynyň ýa-da şahsy adamlaryň harytlary (işleri, hyzmatlary) şunuň ýaly ýerlemegi aşyrmaga ygtyýarly eden adamlaryna ;

şeýle kömegi we kreditleri (karzlary) hökmünde bellenilen adamlara;

tölegi görkezilen serişdeleriň hasabyna geçirilýän , ýokarda görkezilen ygtyýarly edilen taraplar we şeýle kömegi hem-de kreditleri (karzlary) alýanlar bilen şertnama boýunça önümi iberijiler (işleri ýerine ýerine ýetirijiler, hyzmatlary edijiler ) bolan taraplara;

- telekeçi däl edara görnüşli taraplar we döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz - özüni dolandyryş edaralary tarapyndan, peýda almak maksady bolmazdan harytlaryň ýerlenmegi, işleriň ýerine ýetirilmegi we hyzmat edilmegi;

- **Türkmenistanyň kanunçylygy bilen belli işleri ýerine ýetirmegiň (hyzmatlary etmegiň) hökmanlygy bellenilende we** üstüne ýüklenilen wezipeleriň çäklerinde **döwlet gurmalary tarapynda şu işleri ýerine ýetirilmegi (hyzmatlary etmegi)**. Görkezilen hususanda döwlet **ýangyna garşy göreş gullugynyň hyzmatlaryny, gümrük hyzmatlaryny, harytlary (işleri, hyzmatlary) güwälendirmek** boýunça hyzmatlary, beýleki şular ýaly işleri we hyzmatlary özünde jemleýär;

- harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemek baradaky ylalaşykdan gelip çykýan talaplara hukugy ilki başdan bermek ýa-da görkezilen talaplaryň kanun esasynda başga tarapa geçmegi;

- emlägiň gaýry edara görnüşindäli taraplaryň we şereketleriň esaslyk maýalaryna gatançlar hökmünde berilmegi.

Şulary **muzdsuz** bermek **goşulan baha üçin salgyt salynýan amallar diýlip hasaplanmaýar**:

- üýtgedilip guralan kärhananyň hukuk mirasdüşerine (mirasdüşerlerine) onuň esasy serişdelerini, maddy däl aktiwlerini ýa-da beýleki emläklerini;

- döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyň çözgütleri boýunça emläkler;

- telekeçi däl edara görnüşli taraplara we döwlet guramalaryna harytlar berlende (işler muzdsuz ýerine ýetirilende we hyzmatlar edilende);

- haýyr-yhsan guramalary tarapyndan harytlar berlende (işler muzdsuz ýerine ýetirilende we hyzmatlar edilende);

- ynsanperwerlik ýa-da haýyr-yhsan kömegi hökmünde harytlar berlende (işler muzdsuz ýerine ýetirilende we hyzmatlar edilende).

Şu emläkler **aýrybaşgalananda (muzdsuz berlende) goşulan baha üçin salgyt salynýan amallar diýlip hasaplanmaýar**:

- döwlet ýa-da jemgyýetçilik hajatlary üçin ýa-da ýeriň, medeni gymmatlyklaryň bolmalysy ýaly peýdalanylmaýandygy sebäpli döwlet guramalarynyň çözgütleri boýunça alynmaga degişli ýer böleginde ýerleşen emläkler;

- miras alynýan emläge bolan eýeçilik hukugy döwletiň haýryna mejbury alnanda, döwletiň haýryna geçirilende ýa-da başga birine berlende, şeýle hem eýesiz galan emläk ýa-da hazynalar döwlet tarapyndan kabul edilende.

Eger-de kärhana kanuna laýyklykda salgyt töleýji hökmünde seredilýän bolsa , onda kärhana tarapyndan geçirilýän amallardan haýsy amallar goşulan baha üçin salgyt salynýan amallar hasaplanýar we haýsylardan kanuna laýyklykda ýeňillikler berilýär meseläni çözmeli. Kärhana salgyt özenini hasaplanda şol ýeňillikleri göz öňünde tutmalydyr**.**

**Üçünji soraga-** „Goşulan baha üçin salgydyň özenini we hasaplaşylýan salgydyň möçberini nädip çykarmaly ?"- **jogap:**

Kanuna laýyklykda eger-de kärhana **döwlet nyrhlary boýunça amallary geçirmeýän bolsa** goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini öz içine **almaýan** baha salgyt özeni bolup durýar. Mysal üçin, döwlet nyrhlary ulanmaýan kärhana goşulan baha üçin salgyt bilen bilelikde 115 müň manat girdeji gazandy, şol girdejileriň içinde goşulan baha üçin salgyt hasaplanan. Salgyt özeni:115-15=100 müň manat. Salgyt özeninden goşulan baha üçin salgydy hasaplamak üçin biz 100x15%=15 müň manat-alnan (gazanylan) goşulan baha üçin salgydy tapýarys.

Eger-de kärhana **döwlet nyrhlary boýunça amallary geçirýän bolsa goşulan baha** üçin salgydyň pul möçberini öz içine **alýan** baha salgyt özeni bolup durýar. Mysal üçin, döwlet nyrhlary boýunça hereket edýan kärhana goşulan baha üçin salgyt bilen bilelikde 115 müň. manat girdeji gazandy, şol girdejileriň içinde goşulan baha üçin salgyt hasaplanan. **Salgyt özeni-115 müň manat**. Salgyt özeninden alnan goşulan baha üçin salgydy hasaplamak (çykarmak) üçin biz 115x15%:115=15 müň manady tapýarys, ýagny alnan (gazanylan) goşulan baha üçin salgydyň möçberi -15 müň manat.

**Döwletiň kesgitlän bahalary boýunça hereket edýän** kärhanalaryň goşulan baha üçin salgydyny hasaplamak üçin tejribede käbir ýagdaýlarda 13,34 göterim derejesi ulanylýar. Bu göterim hasaplaşygy aňsatlaşdyrýar, sebäbi 15 göterime köpeltmek we 115 göterime bölemizde biz bir amaly artyk

edilýäris. Iki usulyň netijeri bir birine golaý bolup çykýar. Emma salgyt özeni uly bolanda az möçberde aratapawudy emele geläýmegi ahmal. Şu ýagdaýy göz öňünde tutup salgydy kanuna laýyklykda hasaba almalydyr.

Salgyt özenini kesgitlemek maksady üçin, Türkmenistanyň "Salgytlar hakynda" bitewi Kanunyň düzgünleri göz öňünde tutulyp, harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahalary kabul edilýär.

Şol düzgünler barada maglumatlar gollanmanyň ýokarky sahypalarynda, ýagny üçünji bölüminde berilen.

Tebigy ýitginiň ölçeglerinden artyk haryt ýetmezçiligi halatynda, olaryň ogurlanandygy ýa-da zaýalanandygy resmi taýdan **tassyk edilmedik** ýagdaýynda, salgyt özeni Türkmenistanyň "Salgytlar hakynda" bitewi Kanunda bellenen tertipde kesgitlenýär, **ýagny şol ýitgileriň möçberi salgyt özenine goşulýar.**

Hasabat döwründe salgyt özeni şol döwürde Türkmenistanyň Hökümetiniň Daşary ýurt pulundaky ätiýaçlygyna gönükdirilen pul serişdeleriniň möçberinde **azaldylmaga degişlidir**.

Salgyt salynmaga degişli, harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemek baradaky ylalaşykdan gelip çykýan **talaplar** berlende ýa-da görkezilen talaplar kanun esasynda beýleki tarapa geçirilende, görkezilen harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemek amallaryň möçberine **salgyt özenine goşulýar.** Talaplar täze karzdarlara ýerlenende salgyt özeni talaplar soňundan ýerlenende ýa-da degişli borçlar bes edilende onuň alan girdejisiniň möçberiniň görkezilen talaby satyn almak üçin **çykdajylarynyň möçberinden artyk bolan möçberi hökmünde kesgitlenýär.**

**Mysal üçin, kärhana 100 müň manatlyk harydy iberip şol puly almak hukugyny özi ulanman beýleki tarapa geçirýär. Görkezilen puly özi almasada 100 müň manat salgyt salmaga degişli özenine goşulýar. Egerde pul almak hukuk ulanmadyk bolsa we başga karzdara 110 müň manada geçirilse onda salgyt özenine goşmaça 110-100=10 müň manat goşulýar.**

Emläk hukuklary geçirilende salgyt özeni Türkmenistanyň "Salgytlar hakynda" bitewi Kanunynda bellenilen aýratynlyklary hasaba almak bilen kesgitlenýär.

Başga kärhanalara tölenen goşulan baha üçin salgyt **19-njy balans hasapda "Satyn alnan harytlaryň goşulan bahasy üçin salgyt"**hasaba alynýar. Bu hasap 6 sany hasapiçi hasaplara bölünýär. Olar şu gollanmanyň 2-nji görkezgiçde görkezilýär.

Goşulan baha üçin salgydy hasaplamak üçin **ähli alnan harytlaryň goşulan baha üçin salgydy** göni tölemäge degişli salgydyň möçberinden aýyrylmaly däl. Sebäbi kanuna laýyklykda esasy serişdeler, tamamlanmadyk gurluşyk binalary we maddy däl aktiwler boýunça goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi olaryň satyn alnan (özüniň öndüren) pursadyndan başlap, şular ýaly hasap edilmelidir:

- olaryň satyn alnan nyrhy (goşulan baha üçin salgytsyz) **10 müň denomirlenen manatdan geçmeýän bolsa, birwagtlaýyn;**

- olaryň satyn alnan nyrhy (goşulan baha üçin salgytsyz) 1**0 müň manatdan geçýän bolsa, soňky iki ýylyň dowamynda deň böleklere bölmek bilen, her aýda**;

- düýpli gurluşyk binalary (jaýlar, desgalar, ýollar, esasy geçiriji enjamlar), deňiz we howa gämileri, demir ýol ulaglary boýunça **7 ýylyň dowamynda deň böleklere bölmek bilen, her aýda.**

Ýokarda agzalan setirlere aňsat düşüner ýaly şeýle mysallary getirip bolar: Kärhana salgyt hasap-faktura boýunça 11,5 müň manatlyk esasy serişdäni satyn alan bolsa hem bahaň içinde 1,5 müň manatlyk goşulan baha üçin salgyt hasaplanyp tölenen bolsa, onda şol kärhana goşulan baha üçin salgydy döwlete tölän pursatynda býujete geçirmäge degişli salgydyň möçberini 1,5 müň manada birwagtlaýyn azaldyp tölemäge haklydyr.

Egerde satyn alnan esasy serişdäniň bahasy 11,5 müň manatdan artýan bolsa, mysal üçin goşulan

baha üçin salgyt bilen bilelikde 115 müň manada satyn alnan bolsa, onda şol kärhana goşulan baha üçin salgydy döwlete tölän pursatynda döwlete geçirmäge degişli salgydyň möçberini iki ýylyň dowamynda (24 aý) her aýda 4792 manada azaldyp tölemäge haklydyr (115000:24=4792 manat).

Ýenede bir mysal. Iki kärhana her haýsy 100 million manatlyk (goşulan baha üçin salgytsyz) gurluşyk işleri amala aşyrdylar. Biri gurluşyk işleri potrat usul bilen amala aşyryp **potrat edarasyna** goşmaça 15 million manatlyk goşulan baha üçin salgydy **töledi**. Ikinji bolsa gurluşyk işleri hojalyk usuly bilen tamamlap15 million manatlyk goşulan baha üçin salgydy **döwlete geçirdi.** Kanun boýunça şol iki kärhana goşulan baha üçin salgydy döwlete tölejek pursatlarynda 7 ýylyň dowamynda her aýda döwlete geçirmäge degişli salgydyň möçberini 178571,4 manada azaltmaga haklydyr:15000 000:(7X12)=15000000:84=178571,4 manat.

Kärhana salgyt salynýan hem salgytdan boşadylan amallary geçiren halatynda, kanunda başga ýagdaý görkezilmedik bolsa, **hasap edilýän salgydyň pul möçberi diňe salgytdan boşadylmadyk salgyt salynýan amallar boýunça** hasaplanmalydyr. Şeýle amallar aýry-aýrylykda hasaba alynmaly. Olary aýry-aýrylykda hasaba almak mümkin bolmasa, şol amallaryň möçberi **ähli amallaryň umumy möçberine barabarlykda hasaplanylýar.**

Goşulan baha üçin salgytdan kanuna laýyklykda boşadylan we **salgyt salmak binýady bolup durmaýan amallary ýerine ýetirmek üçin** satyn alynan we peýdalanan harytlar, işler we hyzmatlar boýunça **tölenen salgydyň möçberini** salgyt özeninden aýyrmaga hakly däldir.

Mysal üçin, kärhana 115 müň manatlyk harydy alanda 15 müň manat möçberde goşulan baha üçin salgydy haryt iberijä töledi. Şol haryt goşulan baha üçin salgytdan boşadylan amaly ýerine ýetirmek üçin ulanyldy. Kärhana ýerine ýetiren salgyt salynýan amallar boýunça salgydy hasaplanda tölenen 15 müň manady **salgyt özeninden aýyrmaga hakly däldir.**

Döwlet eýeçiligi görnüşdäki kärhanalarynda we alyjylar birleşmeleriniň kärhanalarynda, olar tarapyndan lomaý we bölek söwda amala aşyrylanda (şol sanda üpjünçilik-ýerleýiş we taýýarlaýyş işi we şunuň ýaly aýry-aýry işler, şeýle hem söwda amallary amala aşyrylanda) soňundan ýerlemek üçin niýetlenen harytlar boýunça üpjün edijilere tölenen, **goşulan baha üçin salgydyň möçberi hasaplaşyga kabul edilmäge degişli däldir**.

Mysal üçin, döwlet kärhanasy 115 müň manatlyk harydy üpjünçilik kärhanadan satyn aldy. Şol kärhana 15 müň manat goşulan baha üçin salgydy töledi. Soň şol harydy başga kärhana satdy. **Salgydyň özeni hasaplanda kärhana tölän 15 müň manatlyk salgydy salgyt özeninden aýyrmaga hakly däldir.**

Kärhana esasy serişdeleri, gurluşyk binalary, maddy däl aktiwleri, dürli hyzmatlary (aragatnaşyk,elektrik energiýa, agyz suw üpjünçiligi we ş.m.) harytlary satyn alanda goşulan baha üçin salgyt tölän bolsa, hökmany suratda töleg resminamalarda salgydyň möçberini öz hyzmatdaş taraplaryndan görkezmäni **talap etmelidir**.

Harytlary (işleri, hyzmatlary) iberijilere tölenen, goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini hasap etmek üçin “Salgytlar hakyndaky” Bitewi kanunda bellenen tertipde ýazylyp berilýän salgyt hasap-faktura we iberiji (potratçy) bilen **tölegiň (hasaplaşyklaryň) geçirilendigini tassyklaýan resminamalar esas bolup durýar**.

Elektrik energiýasy ýerlenende we daşalanda harytlary (işleri, hyzmatlary) iberijiler tarapyndan salgyt töleýjilere berlen, goşulan baha üçin salgydyň möçberini hasaplaşyga kabul etmek üçin “Salgytlar hakynda” Bitewi kanunda bellenen tertipde ýazylyp berilýän **salgyt hasap-fakturasy esas bolup durýar.**

Harytlar ogurlananda ýa-da zaýalananda ýetirilen zyýanyň öwezinini dolmagyň hasabyna günäkär tarapdan alnan pul möçberi, şeýle hem ätiýaçlandyryş öwezini dolmalaryň pul möçberi **salgyt özenine goşulmalydyr**.

G**oşulan baha üçin salgyt, amaldan girdeji alnan ýa-da alynmadyk ýagdaýlara seredilmän**

**hasaplanmalydyr**. Sebäbi „Salgytlar hakynda“ bitewi Kanuna laýyklykda **hasap syýasaty harydyň iberilmegine, hyzmatlaryň ýerine ýetirilmegine görä ýöredilmelidir.**

Işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary etmek barada **uzak möhletli salgyt salynýan amallar** her bir hasabat döwrüniň soňky gününde hakyky ýerine ýetirilen möçberlere laýyklykda, her bir **hasabat (salgyt) döwründe geçirildi diýlip kärhanada hasaplanmalydyr.**

Şu maksatlar üçin **uzak möhletleýin şertnamalar diýlip üç aýyň içinde tamamlanmaýan islendik şertnamalara düşünilýär.**

Mysal üçin, kärhana iki aýa kärende şertnamany baglaşan bolsa we şol şertnamanyň şertlerini doly ýerine ýetirýän bolsa, oňa şol şertnama boýunça pul serişdeleri tölenilmedik bolsada, kärhana **meýilnamalaşdyrylan pul girdejisinden salgydy hasaplamalydyr.**

Eger-de kärhana başga tarap bilen dört aýlyk kärende şertnamasyny baglaşan bolsa we şertnamada görkezilen hyzmatlary her aýda hakykytdan ýerine ýetiren bolsa, emma müşderi hyzmatlary doly tölemedik bolsa, **goşulan baha üçin salgyt hakykatdan alnan girdejilere görä hasaplanyp bilner**.

Eger-de kärhanada döwlet ölçeglerinden artyk tebigy ýitgiler emele gelen bolsa, ýa-da haryt ýetmezçiligi ýüze çykarylan bolsa **salgyt salynýan amal onuň ýüze çykarylan döwründe hasaba alynmalydyr**. Harytlaryň ogurlanmagy we zaýalanmagy bilen baglanyşykly ýetirilen zyýanyň öwezi **günäkär taraplar tarapyndan dolunanda ätiýaçlandyryş öwezini dolmalar alnanda salgyt salynýan amallar şol öwezini dolmalaryň alnan hasabaty (salgydy) döwründe geçirildi diýlip hasap edilmelidir. Ýagny salgyt ýitgeleriň öwezi dolmanka hasaplanyp tölenýär. Ýitgeleriň öwezi dolanda ikinji gezek salgyt hasaplanylanok.**

Eger-de kärhana öz hajatlary üçin gurluşyk-gurnama işlerini ýerine ýetiren bolsa, olar tamamlananda ýa-da binalar ulanyp başlan bolsa, kärhana şol **döwürde goşulan baha üçin salgydy hasaplanmalydyr**. Şol işleri ýerine ýetirilende we şunuň ýaly işleriň geçirilen binalary soňundan ýerlenende salgyt hem **hasaplamalydyr**.

Kärhana özüniň sarp etmegi üçin harytlary (işleri, hyzmatlary) peýdalanan bolsa salgyt salynýan amallar harytlaryň peýdalanmaga (sarp etmäge) berlen we işleriň ýa-da hyzmatlaryň tamamlanan hasabaty (salgydy) döwründe **geçirildi diýlip hasaplanmalydyr. Mysal üçin, söwda edýän kärhanasy satmak üçin niýetlenen harydy oktýabr aýynda özüne sarp etdi, şol aýyň salgyt özenine harydyň möçberini goşup, noýabr aýynda salgyt gulluga tabşyrýan beýannamasynda görkezmeli. Emma,** şu amallara degişli harajatlar peýda (girdeji) salgydyny hasaplamak üçin kabul edilip aýyrmalara goşulýan bolsa, onda **olar goşulan baha üçin salgyt salynýan amallar diýlip hasaplanmaýar**:

Býujet serişdeleriniň hasabyna satyn alnan esasy serişdeler, tamamlanmadyk gurluşyk binalary we maddy däl aktiwler boýunça **goşulan baha üçin salgydyň möçberi hasaplanmaly däldir.**

**Dördünji soraga-“** Salgydyň möçberleri näçe, ony hasaplamagyň we tölemegiň möhletleri, umumy tertibi nähili?“ **jogap**:

Goşulan baha üçin salgyt hasaplanylanda esasanam **15 göterim derejesi** ulanylýar. Emma käbir amallara salgyt salmaklyk kanunda hem **0 göterim derejesinde** bellenilen**.** Şol amallar barada gollanmanyň aşakdaky sahypalarynda (salgydyň ýeňillikleri barada soraga jogap berlende ) giňişleýin maglumatlar berilýär.

„0 göterim derejedäki salgytlary görkezmegiň zerurlygy näme ?“- diýlip , sorag ýüze çykaýmagy ahmal. Onuň sebäbi bir kärhana bir meňzeş harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerleşdirip dürli salgytlary tölemäge borçly bolup biler. Mysal üçin, sement zawody sementi döwletiň çäginde we daşary ýurtlara ýerleşdirip biler. Türkmenistanyň çäginde ýerleşdirilen semende 15 göterim derejede salgyt hasaplanmalydyr. Daşary ýurtlara iberilen semente bolsa 0 göterim derejede salgyt ýazylmalydyr. Ýagny, dürli salgyt möçberleri kanunda görkezilen bolsa, **salgyt möçberleri** salynýan amallaryň her bir görnüşine görä aýratynlykda ulanylýar.

Goşulan baha ücin salgydy kärhana başga kärhanalardan girdejileri alan badyna we özi ony başga kärhanalaryň harytlaryny , hyzmatlaryny satyn alanda töläp hasaba almalydyr we belliknamada degişli ýazgylary etmelidir. Salgydy hasaplanda kärhana özüne gelip gowuşan goşulan baha üçin salgydyň möçberinden kanunda bellenilen ( ýokarda görkezilen ) tertipde tölenen salgytlaryň möçberini hasaba alyp döwlete tölenmeli salgydyň möçberini çykarýar. Mysal üçin, kärhana 115 müň manatlyk girdeji gazandy. Girdejiň içinde 15 müň manat-goşulan baha üçin salgyt. Öz gezeginde kärhana şol girdejileri gazanmak üçin hasabat döwürde başga kärhanalaryň harytlaryna (hyzmatlaryna) 5 müň manat goşulan baha üçin salgydy töledi. Şol ýagdaýda kärhana döwlete 15-5=10 müň manat goşulan baha üçin salgydy tölemelidir. Emma, salgyt hasaplanynda bir zady unutmalydäldir. Kärhana tarapyndan başga taraplara tölenilen goşulan baha üçin salgyt mydama we birwagtlaýyn doly möçberlerde hasaba alnanok. Tölenilen salgytlaryň hasaba alynmagyň tertibi şu gollanmanyň ýokarky sahypalarynda seredilýän bölüminiň üçünji soragyna jogap berlende berilen.

“Salgytlar hakynda” bitewi Kanunda görkezilenlerden başga salgyt töleýjiler **her bir hasabat döwrüne goşulan baha üçin salgyt boýunça beýannamalaryny bermäge borçludyrlar.** Şol beýannamanyň nusgasyny şu gollanmanyň 15-nji goşulmasynda görüp tanşyp bilersiňiz. Beýannamanyň nusgasy salgydy hasaplamagyň tertibini çalt düşünmäge kömek eder.

Goşulan baha üçin salgyt boýunça beýannama geçen salgyt döwri üçin salgyt döwründen soňky aýyň **20-sinden gijä galman berilmelidir.** Salgyt beýannamada hasaplanan salgyň möçberi hasabat döwründen soňky aýyň **25-inden gijä galman, Türkmenistanyň döwlet býujetine tölenmelidir.**

Görkezilen taraplar hasabat döwrüniň dowamynda deslapky (hakujy) tölegler görnüşinde goşulan baha üçin salgydy hem töleýärler.

Deslapky tölegleriň goşulan baha üçin salgydyň çak edilýän (göz öňünde tutulýan) salgyt özeninden ugur alnyp kesgitlenen möçberi bilen ep-esli tapawudy bolan halatynda kärhana hasabat döwri başlanmazdan öň, salgyt hasabyna duran ýeri boýunça salgyt gullugyna **geljekki hasabat döwri üçin çak edilýän salgyt özeniniň pul möçberi barada maglumat bermelidir. Eger-de kärhana tarapyndan maglumat berilmese** Türkmenistanyň döwlet býujetine tölenmäge degişli deslapky tölegler **salgyt gullugy tarapyndan çak edilýän görkezijilerden ugur almak bilen bellenilip bilner.**

Salgyt ýumuşçysy hökmünde çykyş edýän taraplar goşulan baha üçin salgydyň tutulyp alnan pul möçberini tölemegi “Salgytlar hakynda” bitewi Kanuna laýyklykda salgydy tutup almak üçin bellenen günden **soňky bäş günüň (tölegler daşary ýurtlarda geçirilende bolsa on bäş günüň) dowamynda geçirmelidirler.**

Salgyt töleýjileriň aýry-aýry toparlaryna Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan salgyt beýannamasyny bermek üçin we goşulan baha üçin salgydy tölemeklige başga bir möhletler bellenilip bilner, emma ol “Salgytlar hakynda” bitewi K**anunda bellenen möhletlerden otuz günden giç bolmaly däldir.**

Goşulan baha üçin salgydy tölemekden boşadylýan ýa-da ýeňillikler göz öňünde tutulýan ýa-da salgydyň nol möçberiniň ulanylanda salgyt töleýji salgydyň pul möçberini hasap-faktura ýa-da başga bir resminama **ýalňyşyp goşan bolsa, görkezilen pul möçberi bellenen tertipde Türkmenistanyň döwlet býujetine tölenmäge, öz wagtynda tölenmedik bolsa puşman tölegini tölemek bilen geçirilmäge degişlidir**. Şonda satyn alyja (buýruja) **tölenen salgydy hasaplamaga rugsat berilýär.**

**Bäşinji soraga-** „Salgytlar hakynda“ bitewi Kanuna laýyklykda salgytdan haýsy ýeňillikler berilýär?“ **jogap**:

Türkmenistanyň“Salgytlar hakynda” bitewi Kanuna laýyklykda käbir kärhanalar we olaryň belli amallary dürli ýagdaýlara, sebäplere görä goşulan baha üçin salgytdan boşadylyp bilner. Şol sebäplere we ýagdaýlara şular degişlidir:

- kärhana (edara) kanuna laýyklykda salgyt töleýji hökmünde seredilmeýär ýa-da salgydy tölemekden boşadylýar;
- kanun boýunça kärhananyň geçirýän amaly salgyt salynýan amal diýlip hasaplanmaýar. Şu

amallar barada maglumatlar gollanmanyň ýokarky sahypasynda berilen;

- amala kanuna laýyklykda 0 göterim derejede salgyt salynýar;

- kanuna laýyklykda amal geçirilende goşulan baha üçin salgyt tölenilmeýär;

“Salgytlar hakynda” bitewi Kanunyň aşakdaky görkezilen salgyt salynýan amallar babatynda **0 (nol) göterim derejesinde salgyt görkezilmelidir:**

- tebigy (ugurdaş) gazy, nebiti, pagtany we olary gaýtadan işlemekden alnan önümleri **goşmazdan**, özüniň öndüren, şeýle hem satyn alan harytlary **daşary ýurtlara ýerlenende** (Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilendiginiň bellenen tertipdäki tassyklanmasy bolsa);

- halkara derejesinde ýolagçylary gatnatmak hem-de şahsy we edara görnüşli taraplaryň ýüklerini daşamak boýunça hyzmatlar edilende. Şunda ýolagçylaryň we ýükleriň ugradylýan we barmaly ýeri Türkmenistan bolsa, gatnaw halkara diýlip hasaplanmaýar;

- daşary ýurtlara iberilýän harytlary ulagly daşamak, ýüklemek, düşürmek, birinden beýlekä ýüklemek boýunça hyzmatlar, şeýle hem Türkmenistanyň çäklerinden üstaşyr geçirilýän daşary ýurt ýükleri boýunça hyzmatlar;

- halkara ýüklerini daşamak we ýolagçylary gatnatmak üçin ulanylýan daşary ýurt deňiz hem-de howa gämilerini ýangyçdan doldurmak bilen hem-de olara hyzmat etmek (aýeronawigasiýa we uçuş-gonuş hyzmatlaryny goşmak bilen) baglanyşykly hyzmatlar, şeýle hem şular ýaly ýükleri daşamakda, ýolagçylary gatnatmakda ekipažyň we ýolagçylaryň sarp etmegi üçin göz öňünde tutulan harytlary ýerlemek;

- paçsyz söwda edýän dükanda gümrük düzgüninde ýerleşdirilen harytlary ýerlemek;

- daşary ýurt diplomatik we olara deňleşdirilen wekilhanalaryň, halkara guramalarynyň resmi taýdan ulanmaklary üçin ýerlenýän harytlar, ýerine ýetirilýän işler, edilýän hyzmatlar;

- Türkmenistanyň Hökümetiniň daşary ýurt pulundaky ätiýaçlyk gaznasynyň hasabyndan tölegi tölenýän harytlary ýerlemek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary etmek;

- "Uglewodorod serişdeleri hakyndaky" Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda potratçylar we kömekçi potratçylar bolup durýan taraplara olaryň **nebit işlerini ýerine ýetirmek maksatlary üçin harytlary ýerlemek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary etmek**. Eger şeýle harytlar (işler, hyzmatlar) diňe nebit işlerini ýerine ýetirmekden başga üçin niýetlenen bolsa; soňra olar haýsy iş üçin peýdalandygyny kesgitläp ýa-da bölmek mümkin bolmasa **görkezilenler ulanylmaýar**. Bu barada şeýle taraplar wagtynda, ýagny olara hasap-faktura berilýänçä (ýazylyp berilýänçä)) öz üpjün edilişiniň ýa-da başga kontragentiniň dykgytyna ýetirmäge borçludyr;

- özüniň öndürilen oba hojalyk önümlerini ýerlemek.

Goşulan baha üçin salgydyň **0 (nol) möçberi** ulanylanda, şeýle hem beýleki zerur ýagdaýlarda Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan goşulan baha üçin salgydy hasap etmäge hukugy tassyklamak üçin goşmaça talaplar bellenýär.

Şu **amallar geçirilende goşulan baha üçin salgyt tölenilmeýär:**

- umumy ulanylýan şäher ýolagçylar ulagynyň hyzmatlary (taksiden, şol sanda bir ugur boýunça gatnaýan taksilerden başgasy), şeýle hem şäher etegindäki gatnawlarda derýa, demir ýol ýa-da awtomobil ulaglarynda ýolagçylary gatnatmak boýunça hyzmatlar;

- olar üçin ätiýaçlyk şaýlarynyň we olara degişli bölekleriniň bahalaryny goşmak bilen, harytlaryň ulanylmaly möhleti kepillendirilen döwründe goşmaça hiç hiç hili töleg alynmazdan ýerine ýetirilýän abatlamak we tehniki taýdan hyzmat etmek boýunça hyzmatlar we işler;

- derman serişdelerini, zyýansyzlandyryjy serişdeleri, saglygy goraýyş maksatly önümleri, saglygy goraýyş enjamlaryny, protez-ortopediýa önümlerini we maýyplar üçin ýörite ulag serişdelerini ýerlemek;

- weterinar we sanitariýa-epidemiologiýa hyzmatlary;

- saglygy goraýyş hyzmatlary, ýasama diş oturtmak, şunda bejeriş häsiýeti däl kosmetologiýa hyzmatlary goşulan baha üçin salgytdan boşadylmaýar;

- näsaglara, maýyplara we garrylara seretmek boýunça hyzmatlar, maýyplary dikeltmek boýunça hyzmatlar;

- bilim ulgamyndaky hyzmatlar;

- jaýlaýyş däp-dessurlar we olar bilen baglanyşykly hyzmatlar;

- däpleriň we dessurlaryň geçirilmegini goşmak bilen dini guramalaryň hyzmatlary( zatlary

ýerlemek);

- körler we kerler jemgyýetiniň okuw-önümçilik kärhanalarynyň we maýyplaryň beýleki jemgyýetçilik guramalarynyň öndüren harytlaryny ýerlemek;

- ätiýaçlandyryş guramalary tarapyndan edilýän ätiýaçlandyryş we gaýtadan ätiýaçlandyryş hyzmatlary;

- pagtany gaýtadan işlemekden akýlnan önümleri ýerlemek (pagta süými, pagta çigidi, gysga süýüm, pagta sütügi, pagta übrügi, galyndylar);

- oba hojalyk kärhanalary tarapyndan özleri tarapyndan öndürilýän, ýag önümlerinden başga oba hojalyk önümlerini gaýtadan işlemek bilen alnan önümleri ýerlemek;

- tohumlary; pile we ýüpek gurçuklarynyň tohumlary hem-de olary ösdürip ýetişdirmekdäki hyzmatlary ; mineral dökünleri; gerbisidleri, awuly himikatlary we ösümlikleri goraýyş maksatly beýleki serişdeleri; oba hojalyk önüm öndürijileriniň ekin meýdanlaryna hojalykiçi suwaryş akabalary arkaly suw bermek we hojalykiçi şor suwlary akdyrmak boýunça edilýän hyzmatlary; şeýle hem oba hojakyk önümini öndürmek we ýygnamak üçin mehanizirlenen hyzmatlary ýerlemek;

- uny, çöregi we çörek önümlerini, aş önümlerini, ýarma önümlerini, şol sanda tüwini, garyşyk iýmleri, süýdi we süýt önümlerini, syrlary, peýniri, doňdurmany, margarini, ýumurtgany, ösümlik we mal ýagyny, eti, guşy we et önümlerini, şol sanda olaryň konserwlerini, şöhlat önümleriniň hemme görnüşlerini, balygy we balyk önümlerini (has tagamly görnüşlerinden başga), süýji-köke önümlerini, çaýy, şekeri, çagalar iýmitini, duzy, gök önümlerini, miweler we bakja önümlerini, şerbeti, jemi, baly ýerlemek;

- ýerleri hususy eýeçilige bermek boýunça ýer gurluşyk işleri;

- azyk harytlaryna (iýmit önümlerine) degişli harytlary (goşmaça töleg tölenmäge degişlilerden başga) we iýmit önümleri öndürilende, taýarlananda we gaýtadan iýlenilende ulanylýan harytlary , garyşyk iýmleri ýerlemek;

- ilata edilýän ýaşaýyş jaý-jemagat we ulanyş hyzmatlary (jaý tölegini goşup);

- Türkmenistanyň döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna ýerine ýetirilýän ylmy-barlag we tejribe-konstruktorçylyk işleri;

- bir birigini satyn almak (döretmek) üçin çykdajylary Türkmenistan boýunça bellenilen iň az iş hakynyň 0,4 möçberinden geçmeýän, harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) mahabatlandyrma maksadsy bilen berilmegi;

- milli syýahatçylyk zonalarynyň subýektleri tarapyndan gurluşyk we gurluşyk-gurnama işlerini, syýahatçylary we milli syýahatçylyk zonalaryň infrastrukturasyny kabul etmek boýunça täze desgalaryň gurulmagy bilen baglynyşykly işleri ýerine ýetirmek. Milli syýahatçylyk zonalaryň subýektleri diýen düşünje “Syýahat hakynda” Türkmenistanyň Kanunynda kesgitlenýär;

- ilata edilýän ýaşaýş-jaý jemagat we ulanyş hyzmatlary (jaý tökegini goşmak bilen), şeýle hem köçeleriň , seýilgähleriň, skwerlwriň we ş.m. daşky yşyklandyrmasy boýunça hyzmatlary;

- milli syýahatçylyk zonalarynyň subýektleri tarapyndan şol zonalarynyň çäginde syýahatçylary kabul etmek, olary ýerleşdirmek, jemgyýetçilik iýmiti, hususy durmuş taýdan we bejeriş-sagaldyş hyzmatlarynyň berilmegi, dürli oýunlary (humarly täjirçilikden başga) guramak boýunça hyzmatlar-degişli desgalaryň ulanylmaga berlen pursatyndan başlap, ilkinji 15 ýylyň dowamynda;

- lotoreýalary , humarly oýunlary we pully oýunlary (humarly oýun işi ) geçirmek;

- jaýlary we oýleri şahsy adamlara, şol sanda husysylaşdyrmak tertibinde ýerlemek;

Ýokarda görkezilen ýeňňillikler, 0 göterim derejesinde bellenilen harytlar (işler, hyzmatlar) üçin ulanylmaýar.

Goşulan baha üçin salgyt maýa goýum pensiýa gaznalary, maýyplaryň jemgyýetçilik birleşikleriniň kärhanalary we bilim edaralary tarapyndan amala aşyrylýan **işleri we hyzmatlary, harytlaryň (goşmaça töleg tölenmezligine degişli harytlardan başgasy), ýerlenmegi üçin tölenmeýär.**

Diplomatik we olara deňleşdirilen wekilhanalaryň, halkara guramalarynyň diplomatik ýa-da edara ediş-tehniki işgärleriniň, olar bilen bile ýaşaýan maşgala agzalaryny hem goşmak bilen **hususy peýdalanmaklary üçin** (iş için 0 göterim derejede salgyt salynýar) niýetlenen harytlary ýerlemek, işleri ýerine ýetirmek we hyzmat etmek goşulan baha üçin salgydy goşmak bilen amala aşyrylýar. Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan bellenýän tertipde görkezilen çykdajylary tassyklaýan haryt (kassa) çekleri bolan mahalynda, salgydyň pul möçberi maliýe edaralary tarapyndan tölenilýär.

### 6.4. Peýdadan (girdejiden) alynýan salgydy hasaba almagyň we tölemegiň tertibi.

Salgyt ulgamynda peýdadan (girdejiden) alynýan salgydyň orny örän uludyr. Sebäbi bu salgyt döwlete esasy girdejileri getirýän salgytlaryň biridir. Biziň ýurdumyzda iň köp girdeji getirýän salgytlara ýerasty baýlyklardan peýdalanmak , goşulan baha üçin we edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgytlar.

Peýdadan (girdejiden) alynýan **salgydy töleýjiler şular bolup durýarlar**:

- Türkmenistana dahylly edara görnüşli taraplar;

- Türkmenistanyň çäklerinde hemişelik wekilhanalarynyň üsti bilen iş alyp barýan ýa-da ýurdyň çäklerindäki çeşmelerden girdeýji alýan döwlete dahylsyz edara görnüşli taraplar.

Şular peýdadan (girdejiden) alynýan **salgydy tölemeýärler:**

- Türkmenistanyň Merkezi banky;
- Türkmenistanyň Cyzyl Ýarymaý Milli jemgyýeti.

Hasabat döwründe salgyt töleýjiniň alan **peýdasy**, şeýle hem **girdejileriniň aýry-aýry görnüşleri salgyt salynýan binýat bolup** durýar.

Türkmenistanyň“Salgytlar hakynda” bitewi Kanuna laýyklykda kärhananyň peýdasy, girdejä degişli bolan **aýyrmalary pul möçberine azaldylan ähli girdejisiniň jemi** hökmünde hasaplanylýar.

Peýdadan alynýan salgyt kärhananyň işleýşiniň netijesini görkezýär. Peýdadan alynýan salgydy dogry hasaba almak üçin kärhanalar ilkinji nobatda kärhananyň **jemi girdejisini** hasaba almalydyrlar.

Salgyt töleýjiniň **jemi girdejisine** ýerlenen önümlerden, ýerine ýetirilen işlerden, edilen hyzmatlardan alnan girdejiler, **gaýry ýerlemekligiň girdejileri** , şeýle hem ýerlenmekden daşarky amallardan alynýan girdejiler goşulýar.

Kärhananyň jemi girdejisini hasaplamak tertibini şu gollanmanyň 13-nji bölüminiň birinji bölümçäni okap öwrenip bilersiňiz.

**Peýdadan alynýan salgydyň özenini** hasaplanda kärhana öz hasabat döwründäki jemi **girdejisinden** aşakdaky aýyrmalary aýyrmaga haklydyr:

- Türkmenistanyň Daşary ýurt pulunyň ätiýäçlyk goruna geçirmeleri**;**
- goşulan baha üçin alynýan salgydyň möçberini;
- goşmaça tölegleri (aksizleri);

- harytlaryň bahasyny;
- harajatlaryň möçberlerini;
- Türkmenistanyň töleg çeşmelerinde öň salgyt salnan edara görnüşli taraplara paýçy bolup gatnaşmakdan gelen düşewüntleri;
- oýun işlerinden (humarly oýunlar we pully oýunlar bilen baglanyşykly işler ) gelýän girdejileri;
- emläk üçin we ýerasty baýlyklary peýdalanandygy üçin salgytlary;
- kärhananyň geçen döwürleriniň ýapylmadyk (üç ýyl geçmedik) zyýanlaryny.

Kärhana peýdadan alynýan salgydyň özenini hasaplanda hökmany suratda **salgyt ýeňillikleri** hem **kanuna laýyklykda ulanmalydyr**. Salgyt ýeňillikleri barada maglumatlar şu gollanmanyň aşakdaky sahypalarynda giňişleýin berilýär**.**

Salgyt töleýjiler peýdadan alynýan salgydy tölemekden boşadylan girdejileri (peýdany) aýratyn hasaba almalydyrlar. Şunuň ýaly peýdany we aýyrmalaryň aýry-aýry böleklerini hasaplaplamak mümkinçilik bolmasa, olar harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemekden alnan ýeňillikli girdejiniň **jemi girdejiniň umumy möçberine gatnaşygyny ulanmak bilen hasaplanmalydyr.**

Kärhananyň girdejileri we aýyrmalary çärýekden çärýege ýyl boýunça goşulyp hasaplanýar.

Salgyt töleýji salgyt (hasabat) döwründe **zyýan çeken bolsa**, onda şol döwürde **salgyt özeni nola deň diýlip hasaplanylýar.**

Indi peýdadan alynýan salgydy hasaplamagyň mysalyny görkezeli. Mysal üçin , kärhananyň umumy harytlary ýerleşdirmekden girdejisi 115 müň manat, şol sanda 15 müň manat goşulan baha üçin salynýan salgyt. Başga hiç hili, şol sanda hem daşky amallardan gelen kärhananyň girdejileri ýok. Kärhana goşmaça tölegleri (aksizleri) tölemäge degişli däl we ýerasty baýlyklary peýdalynmady . Jemi girdejiň içinde 50 müň manatlyk ýerleşdirilen harytlaryň bahasy. Kärhana şol harytlary ýerleşdirmek üçin 10 müň manatlyk harajat etdi. Hasabat döwründe emläge salynýan salgyt 1 müň manat möçberde hasaplandy. Geçen döwürleriň ýapylmadyk (üç ýyl geçmedik) zyýany 5 müň manat. Kanunda kärhana degişli salgyt ýeňillikleri göz öňünde tutulmandyr. Şol kärhananyň hasabat döwründe balans peýdasy şeýle hasaplanmaly:115-15-50-10=40 müň manat. Peýdadan alynýan salgydyň özeni bolsa şeýle hasaplanmaly:40-1-5=34 müň manat. Kärhana Türkmenistana dahylly bolsa býujete 34x8%=2,72 müň manat möçberinde salgydy tölemelidir**.**

Peýdadan alynýan salgydy dogry hasaplamak üçin iň kyn işleriň biri harajatlary hasaba almakdyr. Sebäbi ähli çykdajylary harajatlara goşup bolmaýar. Harajatlary hasaba almak barada maglumatlary şu gollanmanyň 13-nji bölüminiň 2 bölümçesinde giňişleýin berilýar.

**Kanunda peýdadan alynýan salgytlaryň möçberleri şu derejelerde bellenilen:**

**8 göterim - Türkmenistana dahyllylar üçin** (esaslandyryş maýasy döwlete doly degişli edara görnüşli taraplardan we öz işini Türkmenistanyň "Uglewodorod serişdeleri hakyndaky" Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan taraplardan başga**);**

**20 göterim – beýleki edara görnüşli taraplar üçin.** **Ý**agny daşary ýurt kompaniýalaryň şahamçalary**,** esaslandyryş maýasy döwlete doly degişli edara görnüşli taraplara we başgalar üçin**;**

Düşewünt görnüşindäki we edara görnüşli beýleki taraplarda paýçy bolup gatnaşmakdan alynýan beýleki serişdeler görnüşindäki girdejiler üçin salgyt möçberi salgyt ýumuşçysy tarapyndan kanunyna laýyklykda kesgitlenilýän salgyt özeniniň **15% salgyt möçberine köpeldilen jemi hökmünde hasaplanýar.**

**Humarly oýunlardan alynýan girdejilerden şu möçberler bellenilen:**

her bir oýun awtomaty üçin-**günde 30 denomirlenen manat**;

her bir oýun stoly üçin-**günde 370 manat**;

her bir oturylýan ýer üçin-**günde 7 manat ýa**-da

bu iş üçin peýdalanylýan jaýyň her bir inedördül metri üçin-**günde 3 manat ýa-da**

tölegleri kabul edýän her bir kassa üçin **- günde 38 manat.**

Humarly oýunlaryň bir görnüşi amala aşyrylanda dürli salgyt möçberleri ulanylyp bilinýän halatynda salgydyň has ýokary pul möçberine getirýän salgyt möçberi ulanylmaly;

Hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplar üçin (öz işini Türkmenistanyň "Uglewodorod serişdeleri hakyndaky" Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan taraplardan başga) girdeji salgydyň derejesi **2 göterim möçberde** kesgitlenilen.

Käbir ýurtlaryň firmalary peýdadan alynýan salgydy Türkmenistanda tölemän, öz ýurtlarynda şol salgydy tölemäge haklydyr. Öz gezeginde biziň kärhanalarymyz käbir daşary ýurtlarda peýda gazanýan bolsalar, şol ýurtlarda salgydy tölemän, biziň döwletimizde salgydy tölemäge haklydyr.

Türkiýe, Eýran, Germaniýa, ABŞ, Özbegistan we başga döwletler bilen Türkmenistanyň ýörite ratifisirlenen ( mejlis, bundestag, kongres ýa-da döwletiň başga iň ýokary guramasy tarapyndan tassyklanylan) ylalaşyklary bardyr. Şol ylalaşyklar esasynda görkezilen döwletleriň kärhanalary ähli ýa-da käbir salgytlary we ýygymlary, şolaryň içinde hem peýdadan alynýan salgydy bir döwletde tölemäge haklydyr.

Salgytlaryň tölenilişi ýörite resmileşdirilýär. Biziň salgyt gulluklarymyz Türkmenistanyň çäginde salgydyň tölenmegi hakynda güwänamalary berip, özleri gaýry döwletlerde tölenen salgytlar hakynda resminamalary hem talap edýärler.

Türkmenistanyň çäklerinde hemişelik wekilhananyň döredilmegine getirmeýän işi amala aşyrylyp döwletiň çeşmelerinden girdeji alynanda, girdeji salgydy salgyt ýumuşçysy tarapyndan salgyt töleýjiniň jemi girdejisinden aýyrmalary geçirmezden tutulyp alynýar, muňa goşulan baha üçin salgyt girmeýär (salgyt özeni). Şol salgyt özeninden **15 % tutulyp, biziň döwletimiziň haýryna geçirilmelidir**. Görkezilen amal geçirilende 15 % derejede goşulan baha üçin salgyt hem tutulyp döwletiň haýyryna geçirilýär. Muňa deňiz we howa gämilerini kärendä bermekden alnan girdejiler girmeýär. Olary **kärende bermekden alnan girdejiler üçin salgydyň möçberi 6 göterime** deňdir.

Eger-de çeşmesinde salgytlar tutulmadyk bolsa, onda kärhana şol barada özi hasaba alnan salgyt gullugyna habar bermelidir. Salgyt gullugy öz gezeginde döwletiň çeşmesinden girdeji alýanyň ýeňňilikleri barada onuň haýsy döwlete dahyllydygyny özi çözmelidir. Eger-de şu düzgün töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan berjaý edilmese salgyt gullugy ýokarda görkezilen salgytlary ýumuşçydan tutmaga we oňa garşy kanunda görkezilen başga çäreleri geçirmäge haklydyr.

Indi salgydyň ýeňillikleri barada we salgydy hasaplamagyň käbir aýratynlyklary barada maglumat bereli.

**Şular peýdadan alynýan salgytdan boşadylýar**:

- maýa goýum pensiýa gaznalary;
- maýyplary dikeltmegi amala aşyrýan guramalar;
- bilim edaralary;
- maýyplaryň jemgyýetçilik birleşikleriniň kärhanalary;
- dini guramalar;
- oba hojalyk kärhanalary;
- halkara, hökümetara, döwletara guramalar , muňa olaryň telekeçilik (täjirçilik) işinden alýan girdejileri girmeýär.
- hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplar peýdadan alynýan salgytdan boşadylýar, sebäbi olar girdeji salgydyny töleýärler.

**Salgyt salynýan peýda (girdeji) şu möçberlere çenli kemeldilýär**:

- bilim babatyndaky işden alnan peýdanyň möçberine;
- oba hojalyk önümlerini öndürýän edara görnüşli tarapyň şol önümleri ýerlemekden alýan peýdasynyň möçberine, ýöne ol önümler senagat taýdan gaýtadan işlenen bolmaly däldir;
- milli syýahatçylyk zonalarynyň subýektleri tarapyndan şol zonalaryň çäginde syýahatçylary kabul etmrk, olary ýerleşdirmek, jemgyýetçilik iýmiti, hususy durmuş taýdan we bejeriş-sagaldyş hyzmatlarynyň berilmegi, dürli oýunlary (humarly täjirçilikden başga) guramak boýunça hyzmatlardan alynýan peýdanyň möçberine – degişli desgalaryň ulanylmaga berlen pursadyndan başlap, ilkinji 15 ýylyň dowamynda;
-maýa goýum taslamasynyň bellige alnan pursatyndan başlap, birinji üç ýylyň dowamynda edara görnüşdäki taraplaryň öz öndüren öý guş we bedene etini (olaryň iýmitlik we iýimlik däl subönümlerini) we olary gaýtadan işlemekligiň netijesinde alnan önümleri ýerlemekden alýan

peýdasynyň möçberine;

- protez-ortopediýa önümlerini we maýyplar üçin ýörite ulag serişdelerini öndürmekden alnan peýdanyň möçberine.

Türkmenistanyň “Salgytlar hakynda” bitewi Kanuna laýyklykda käbir amallardan gelýan **girdejiler boýunça salgyt özeni hasaba almakda aýratynlyklary bar. Şol aýratynlyklary kanuny** okap tanşyp bilersiňiz.

Peýdadan (girdejiden) alynýan salgyt üçin **salgyt döwri salgyt ýylyna deň** bellenilen, emma **hasabat döwri üçin birinji çärýek, birinji ýarym ýyl, dokuz aý we salgyt ýyly bellenilen.**

Oýunlardan alynýan girdeji salgydynyň salgyt we hasabat döwürleri **senenama (kalendar) aýyna deň bellenilen.**

Salgyt töleýji tarapyndan peýdadan alynýan salgyt, şeýle hem oýun işlerinden alynýan girdeýji boýunça salgyt özbaşdak hasaplanylýar.

Düşewünt we beýleki edara görnüşli taraplara paýçy bolup gatnaşmakdan alynýan beýleki serişdeler görnüşindäki girdeji boýunça salgyt, **salgyt ýumuşçysy tarapyndan her bir tölegde hasaplanylýar we tutulyp alynýar.** Islendik görnüşdäki talaplaryň bes edilmegi **töleg diýlip hasaplanmaly. Mysal üçin, bir kärhana başga kärhana öz paýyny goýum edýär. Şol goýulan paýyna birinji girdeji alýan bolsa, onda şol girdeja degişli salgydy ikinji kärhana tutup döwletiň haýyryna geçirmelidir. Eger-de goýum edýan kärhana girdejileri pul görnüşinde almaýan bolsa we başga talaplary bildirýän bolsa onda goýum eden kärhana şol talaplary bes eden bolsa ol girdeji aldy diýlip hasaplanylýar we ikinji kärhana degişli salgytlary döwletiň haýyryna geçirmelidir.**

**Hasabat döwrüniň dowamynda salgyt hakujy görnüşinde tölenilmäge degişlidir, ol şeýle kesgitlenen**:

- çärýegiň birinji aýy üçin – ondan öňki hasabat döwrüniň **iň soňky aýy üçin hasaplanan deslapky tölegleriň möçberinde;**

- çärýegiň ikinji we üçünji aýlary üçin – şol ýylyň ondan öňki hasabat döwründäki salgydyň möçberine azaldylan we “Salgytlar hakynda” bitewi Kanuny hasaba almak bilen, geçen hasabat döwründe hasaplanan **salgydyň hakyky möçberiniň 6/1 bölegine deň bolan möçberde.**

**Geçen hasabat döwrüniň soňky aýy üçin hasaplanan öňünden tölenýän tölegleriň möçberinde** hasabat döwrüniň öňünden tölenýän tölegleri hem şeýle ýagdaýlarda, ýagny olaryň tölenmeli möhletiniň pursadyna çenli **geçen hasabat döwri üçin salgyt beýannamasynyň tabşyrylmaly möhleti dolmadyk bolsa** ýa-da şeýle salgyt beýannamasy salgyt töleýji tarapyndan **düzülmedik we salgyt gullugyna berilmedik bolsa, tölenilýär**.

Ýokarda görkezilen tertipde hasaplanan deslapky tölegleriň **çak edilýän (göz öňünde tutulýan)** salgyt binýadyndan ugur alnyp kesgitlenen, peýdadan alynýan salgydyň ölçeginden ep-esli tapawudy bar bolsa, onda Türkmenistanyň döwlet býujetine **tölenmäge degişli deslapky tölegler salgyt gullugy tarapyndan çak edilýän görkezijilerden ugur almak bilen bellenip bilner.**

Şunuň ýaly ýagdaýda salgyt töleýji täze çärýek başlanmazyndan öň salgyt hasabyna goýlan ýerindäki salgyt gullugy edarasyna **öňde duran çärýek üçin çak edilýän salgyt özeni baradaky maglumatlary bermelidir**.

Birinji çärýek üçin Türkmenistanyň döwlet býujetine tölenmäge degişli peýda üçin salgydyň möçberi şol döwürde hasaplanyp ýazylan deslapky tölegleri, ýarym ýyl, dokuz aý we salgyt ýyly üçin soňky çärýegiň deslapky töleglerini we **şol ýylyň şu çärýeginiň öňündäki hasabat döwri üçin hasaplanyp ýazylan (bellenen) salgydy hasaba almak bilen kesgitlenilýär**.

**Oýun işlerinden alynýan girdeji** salgydyň pul möçberi her aýda şu gollanmanyň ýokarky setirlerinde görkezilen salgyt möçberleriniň we hasabat döwründe **işlenilen günleriň sanynyň jemi** hökmünde hasaplanýar. Şu görnüşdäki girdejilerden **salgyt ýeňillikleri ( boşatmalar) berilmeýär.**

Edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça beýannamasynyň nusgasy bilen şu gollanmanyň 16-njy goşulmasyny görüp tanşyp bilersiňiz. Beýannama size salgydy hasaplamagyň tertibine çalt düşünmäge we ýokarda alnan maglumatlary jemlemäge hem ýardam berer.

Kärhanalar görkezilen beýannamany **maliýe hasabatyny tabşyrmak üçin göz öňünde tutulan möhletlerde** özüniň salgyt hasabyna duran ýerindäki salgyt gullugyna tabşymalydyrlar. Şol gulluga **hasabat döwründen** soňky aýyň **20-ne çenli** o**ýun işlerinden** alynýan girdejiler üçin salgyt beýannamasy hem tabşyrylýar.

Salgyt ýumuşçylary bolsa **girdeji tölenen aýyndan** soňky aýyň **20-ne çenli ýokarda görkezilen (özüne degişli)** salgyt gullugyna düşewünt we paýçy bolup gatnaşmakdan, beýleki serişdeler görnüşindäki girdejilerden hasaplanyp tutulan we döwlet býujetine geçirilen salgydynyň **pul möçberleri barada maglumatlary bermäge borçludyrlar**.

Peýdadan alynýan salgyt, şeýle **tölenilýär**:

- deslapky töleg görnüşinde - salgyt ýylynyň **her aýynyň 13-nde we 28-nde;**
- her çärýekde peýdadan alynýan salgyt üçin salgyt **beýannamasynyň berilmeli gününden soňky bäş gün möhletde.**

**Girdejiden alynýan salgyt** ýokarda görkezilen döwürlerlerde we möhletlerde salgyt **beýannamasyna laýyklykda tölenilýär.** Tölegler daşary ýurtlarda geçirilýän bolmasa, düzgün salgyt ýumuşçylara hem degişlidir . Daşary ýurtlarda **t**ölegler geçirilýan bolsa salgyt ýumuşçylary hasaplaşygy **on bäş günüň** dowamynda geçirilmelidir . Wagtynda tölenmedik salgytlaryň üstüne, möhletden geçen her gününe 0,03 göterim derejede puşman ýazylýar.

### 6.5. Emläk üçin salgydy hasaplamagyň we tölemegiň tertibi.

Emläk üçin salgydy hasaplamagyň we tölemegiň tertibi Türkmenistanyň "Salgytlar hakynda" bitewi Kanunda kesgitlenen.

Kanunda başga bir ýagdaý göz öňünde tutulmadyk bolsa, **emlägiň eýesi , şeýle hem** balansyna emläk berlen döwlet eýeçiligindäki edara görnüşli taraplar, **,** lizinge alyjylar , konsessionerler **we kärende berijiler** ( döwlet eýeçiligindäki edara görnüşli tarapdan başga) **emläk üçin salgydy töleýjiler diýlip hasaplanýarlar.** Döwlet ýa-da ýerli emläk kärendä berlende **balansda saklaýjy salgyt töleýji bolup durýar.**

**Lizinge** bank ýa-da lizing kompaniýa tarapyngan kärendä berilýän gymmat bahaly esasy serişdelere düşünilýär**.**

**Konsessiýa-**tebigy we başga baýlyklary ulanmaga hukuk berýän ylalaşyk. Bu söze ýakyn söz **sessiýa.** Ol **başga bir tarapa öz hukugyňy bermäni aňladýar.**

Salgyt salynýan binýat birnäçe tarapyň umumy paýçylyk eýeçiliginde bolsa şol taraplaryň her biri **kanuna laýyklykda salgyt töleýji diýlip hasaplanylýar.**

**Şular emläk üçin salgydy töleýjiler bolup durmaýarlar:**

**-** Türkmenistanyň "Uglewodorod serişdeleri hakynda" kanunyna laýyklykda potratçy we kömekçi potratçy bolup durýan edara görnüşli taraplar. Egerde şu taraplar nebit işleri amala aşyrmak üçin ulanylmaýan we başga işleri amala aşyrmaga ulanýan emläkleri bar bolsa, onda şol emläklere salgyt salynýar; ;

- býujet guramalary;
- Türkmenistanyň Milli gymmatlyklar muzeýi;
- Türkmenistanyň Merkezi banky;
- hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplar ;
- döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz özüni dolandyryş edaralary.

Şu emläkler **salgyt salynýan binýatlar bolup durýar**:

**-** Türkmenistanyň dahyllylary bolup durýan taraplara **ýurdumyzynyň çäklerinde we onuň daşynda ýerleşýän** , döwletimize dahylly bolup durmaýan edara görnüşli taraplar üçin bolsa (egerde

olar öz işini, şahamçanyň, wekilhananyň ýa-da hemişilik wekilhananyň üstünden amala aşyrýan bolsalar) **diňe biziň döwletimiziň çäklerinde ýerleşýän** önümçilik maksatly peýdalanylýan esasy we maddy dolanyşyk serişdeleri.;

- Türkmenistanyň çäklerindäki işi şahamçanyň, wekilhananyň ýa-da hemişilik wekilhananyň üstünden amala **aşyrmaýan** Türkmenistana **dahylly bolup durmaýan** daşary ýurtly edara görnüşli taraplar üçin - önümçilik maksatly we Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän gozgalmaýan emläk.

**Şu aşakdakylar salgyt salynýan binýatlar bolup durmaýar:**

- ýer; desgalary döretmek bilen baglanyşygy bolmadyk, ýerleri gowulandyrmak boýunça düýpli maýa goýumlarynyň hasabyna geçirilýän harajatlar;

- döwlet ätiýaçlygy emlägi, şeýle hem Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgüdi bilen goralyp saklanylýan (konserwasiýa) emläk**;**

- gurluşyk-gurnama işlerini ýerine ýetirmekligi (şol sanda hojalyk usuly bilen) amala aşyrýan salgyt töleýjileriň maddy-dolanyşyk serişdeleriniň düzüminde, bellenilen tertipde işe girizilmedik ýa-da esasy serişdeler hökmünde hasaba alynmadyk gurluşyk desgasynyň bahasy hasaba alynýar.

**Şu aşakdakylar emläk üçin salgydyň salgyt özeni bolup durýar:**

- esasy serişdeler boýunça - olaryň ortaça ýyllyk galyndy bahasy;

- maddy dolanyşyk serişdeleri boýunça - olaryň ortaça ýyllyk bahasy.

Maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy buhgalterlik hasabynyň maglumatlaryň **ortaça ölçenen baha bermek usuly esasynda kesgitlenýär**.

Ulanyş taýdan könelişip, möwriti öten ýa-da özüniň başdaky hilini bölekleýin ýitiren harytlaryň we beýleki maddy gymmatlyklaryň gymmaty olary **ýerläp bolaýjak bahadan ugur alnyp kesgitlenilýär.**

Emläge gaýtadan nyrh kesilende salgyt özenini hasaplamak maksady bilen **emlägiň bahasy gaýtadan kesilen nyrhy hasaba almak bilen kesgitlenilýär.**

Salgyt özeni "Salgytlar hakynda" bitewi Kanunda görkezilen emläkden başga şol kanunda görkezilen salgyt salynýan binýadyň her biri boýunça aýratynlykda, her bir degişli hasabat döwri üçin görkezilen **salgyt salynýan binýatlaryň ortaça bahasy hökmünde kesgitlenilýär**.

Birinji çärýek, birinji ýarym ýyl, dokuz aý we salgyt ýyly üçin salgyt özeni degişlilikde hasabat döwrüniň her aýynyň birine we hasabat döwründen soňky aýyň birine **salgyt salynýan binýatlaryň bahalaryny (galyndy bahalaryny) goşmak bilen alynýan jeminiň degişlilikde dörtden biri, ýediden biri, ondan biri we on üçden biri hökmünde kesgitlenilýär**.

Mysal üçin, kärhananyň 2009 –njy ýylyň birinji çärýeginde esasy serişdeleriň galyndylary denomirlenen manatda hasap boýunça şeýle maglumatlar bilen häsiýetlendirilýär:

1.01.2009 ý.-10000

1.02.2009 ý.-9500

1.03.2009 ý.-9000

1.04.2009 ý.-8500

Esasy serişdeleriniň galyndy orta bahasy şeýle hasaplanylýar:

(10000+9500+9000+8500):4=9250 manat.

Emläk üçin salgydyň möçberi bir ýylda salgyt özeniniň 1 göterimi möçberinde bellenen. Emma hasabat döwri bolup **birinji çärýek, birinji ýarym ýyl, dokuz aý we salgyt ýyly durýar.**

**Görkezilen döwrürler üçin salgydyň şu möçberleri kesgitlenilen:**

- birinji çärýek üçin salgyt özeniniň **0,25** göterimi;

- birinji ýarym ýyl üçin salgyt özeniniň **0,5** göterimi;

- 9 aý üçin salgyt özeniniň **0,75** göterimi;

- bir ýyl üçin salgyt özeniniň **1** göterimi.

**Şular emläk üçin salgytdan boşadylýarlar:**

- maýa goýum pensiýa gaznalary;

- maýyplaryň jemgyýetçilik birleşikleriniň we oba hojalyk kärhanalary;

- jemgyýetçilik birleşikleri;

- dini guramalar;

- saglygy goraýyş, bilim edaralary we kärhanalary;

- oba hokalyk kärhanalary.

**Şulara emläk üçin salgyt salynmaýar:**

- gaz geçirijiler (esasy gaz geçirijilerden başga), demir ýollaryň esasy ugurlary, demir ýollaryň giriş ýollary, umumy ulanylýan awtomobil ýollary, aragatnaşyk we elektrik geçiriji ulgamlar, suwlandyryş we suw geçiriji desgalar, köprüler we olary ulanmak üçin niýetlenen inženerçilik we beýleki desgalar;

- tokaý we oba hojalyk önümlerini öndürmek we saklamak üçin peýdalanylýan emläk, şeýle hem olaryň öz öndüren önümleri;

- ýaşaýyş jaý-jemagat hojalyklarynyň emläkleri;

- diňe ylym, bilim, maýyplary dikeltmek, daşky gurşawy goramak, ýangyn howpsuzlygy we raýat goranyşy babatda ulanylýan emläkler;

- umumy ulanylýan şäher ýolagçylar awtoulaglary (taksiden başga);

- sport toplumlary, stadionlar we beýleki sport binalary we desgalary, şeýle hem olarda peýdalanýan sport enjamlary we inwentarlary;

- asma ýollar, şeýle hem olary ulanmak üçin niýetlenilen beýleki enjamlar;

- çagalar dynç alyş lagerleriň we öýleriniň , çagalar sagaldyş we göwün açyş merkezleriniň emläkleri, şeýle hem çagalaryň dynç almaklaryny, çagalaryň göwüni açyş işlerini guramak üçin ulanylýan emläk, atraksionlary, oýun oýnalýan abzalary we ş.m. goşmak bilen;

- milli syýahatçylyk zonalarynda syýahatçylary kabul etmek boýunça täze desgalary we olaryň infrastrukturasyny gurmak ýa-da gurlup tamamlanmadyk gurluşygyu gutarmak bilen baglanyşykly gurluşyl we gurluşyk gurnama işlerini ýerine ýetirmek üçin ulanylýan emläk;

- milli syýahatçylyk zonalarynda syýahatçylary kabul etmek boýunça täze desgalaryň emläkleri we olaryň infrastrukturalary-şolaryň ulanylmaga berlen pursatyndan başlap, ilkinji 15 ýylyň dowamynda.

Emläk üçin salgydyň pul möçberi salgyt töleýjiler tarapyndan özbaşdak hasaplanylýar.

Türkmenistanyň çäklerinde şahamçanyň, wekilhananyň ýa-da hemişelik wekilhananyň üsti bilen iş alyp barmaýan we döwletimiziň çäklerinde gozgalmaýan emlägi bolan ýurdymyza dahylsyz bolan daşary ýurtly edara görnüşli tarap degişli salgyt gullugynda salgyt hasabynda durmaga we gozgalmaýan emläk üçin salgyt tölemek borjuny ýerine ýetirmäge borçludyr.

Emläk üçin salgyt beýannamasy salgyt töleýjiler tarapyndan ýokarda bellenilişi ýaly her bir çärýek tamamlanandan soň salgyt hasabynda durýan ýerindäki salgyt gullugyna hasabat döwründen soňky aýyň **20 - nden gijä galman** berilmelidir.

Salgyt töleýjiler tarapyndan emläk üçin salgydy tölemek hasabat döwründen soňky aýyň **25 - nden**

**gijä galman geçirilýär.**

Emläk üçin salgyt beýannamasy bilen siz şu gollanmanyň 14-nji goşulmasyny açyp tanyşyp bilersiňiz. Beýannama size salgydy hasaplamagyň tertibini çalt öwrenmäge we ýokarda berilen maglumatlary jemlemäge ýardam berer.

Salgyt töleýjileriň aýry-aýry toparlary üçin Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan beýannamany bermegiň we emläk üçin salgydy tölemegiň **başga möhletleri bellenilip bilner**, emma ol "Salgytlar hakynda" **bitewi Kanunda görkezilen möhletlerden otuz günden giç bolmaly däldir**.

Türkmenistana dahylly kärhana beýleki döwletleriň kanunçylygyna laýyklykda başga döwlete şol döwletde ýerleşýän özüne degişli emläk üçin salgydy tölän bolsa, döwletimizde salgyt tölenende görkezilen salgydyň möçberi hasaba alynýar. Şunda hasaplaşylan salgydyň pul möçberi "Salgytlar hakynda" Bitewi kanuna laýyklykda hasaplanyp çykarylan salgydyň möçberinden köp bolup bilmez.

Daşary ýurtlaryň salgyt ýa-da beýleki ygtyýarlandyrylan edarasy tarapyndan berlen Türkmenistanyň çäklerinden daşarda salgydyň tölenendigine şaýatlyk edýän resminamalar hasaplaşmak üçin esas bolup durýar.

"Salgytlar hakynda" bitewi Kanuna laýyklykda salgyt salmak **binýady bolup durmaýan**, şeýle hem **ýeňillik berlen emläk** boýunça daşary ýurtlaryň salgyt kanunçylygyna laýyklykda hasaplanan we tölenen salgyt **hasaplaşylmaga degişli däldir.**

Emläk üçin salgydy tölemekden boşatmak ýa-da beýleki salgyt ýeňilliklerini almak üçin Türkmenistana dahylly bolup durmaýan salgyt töleýji degişli salgyt döwründe (ýa-da onuň bir böleginde) hereket edýän ikitaraplaýyn salgyt salmagy aradan aýyrmak barada Türkmenistan bilen şertnama (ylalaşyk) baglaşan döwletine dahylly bolup durýandygy barada **resmi tassyknama bermelidir.**

Tassyknama emläk üçin salgyt tölenmezden öň hem, salgyt töleýjiniň salgytdan boşamaga we ýeňillik almaga dalaş edýän **salgyt döwri tamamlanandan soňky üç ýylyň dowamynda** hem berlip bilner.

Salgyt hasaplanylanda emläkleriň bahasy **orta hasap bilen her aý boýunça çykarylýar.** Her çärýegiň maliýe hasabaty taýýarlananda emläge salynýan salgyt ýörite **beýannamada hasaplanylýar.** Beýannamany düzgün esasynda salgyt gullugynyň işgärleri kameral barlagy geçirip, onuň aşagynda gol çekýärler. **Kameral barlaglar** salgyt gullugynyň içinde geçirilýän barlaglar.

Emläge salynýan salgyt peýdadan alynýan salgyt tölenende onuň tölemeli **mukdaryndan aýrylýar.**.

### 6.6. Ýerli ýygymlary hasaplamagyň we tölemegiň tertibi.

Ýerli ýygymlar - bu şahsy we edara görnüşli taraplardan ýerli býujetlere kanuna laýyklykda ýygnalýan hökmany hususy muzdsyz töleglerdir.

Dürli ýurtlarda ýerli ýygymlar dolandyryş guramalary tarapyndan maliýe serişdelerini ýygnamagyň esasy usuly bolup hyzmat edýar. Döwletleriň köpüsine ýerli ýygymlaryň köp dürlüligi mahsusdyr. Käbir döwletlerde ýerli ýygymlaryň we salgytlaryň 100-e golaý görnüşi hereket edýär we olaryň girizilmegi merkezi häkimiýet tarapyndan makullanýar ýa-da ylalyşylýar.

Käbir döwletlerde merkezi häkimiýet tarapyndan ýerli dolandyryş guramalaryna ýerli ýygymlary we salgytlary kesgitlemäge formal rugsat berilse-de, olar öz hukugynda salgytlaryň kesgitlenilişini we olaryň jemini barlap geçirmekligi galdyrýarlar.

Ýerli salgytlar we ýygymlar dürli görnüşlerde hereket edýär. Iň giňden ulanylýan ýerli salgytlar - bu döwletiň ähli künjeklerinde (ýerlerinde) ýa-da aýry-aýry administratiw-gurama birliklerinde hereket edýän özbaşdak ýerli ýygymlardyr we salgytlardyr. Olara hem göni (emläk, ýer, hünärmentçilik, ulag serişdeleriň eýelerinden alynýan we başga) hem-de gytaklaýyn ýygymlar ya-da salgytlar (köpçüligiň satyn alýan harytlaryna, elektroenergiýa we gaza salynýan ) degişlidir.

Käbir ýurtlarda ýerli ýygymlar we salgytlar degişli çäklerde (territoriýalarda) ýygnalýan döwlet salgytlaryna göterim görnüşinde kesgitlenilýär, ýagny döwlet salgytlarynyň üstüne goşulan bölek görnüşinde amala aşyrylýar.

Käbir ýurtlarda ýerli ýygymlar we salgytlar umumy döwlet salgytlary görnüşinde salynýarlar (gaýtalanýarlar) we olaryň üstüne goşmaça salgyt ýygnalýar. Mysal üçin, ABŞ-da girdejä salynýan salgyt merkezi hökümet, ştatlar, ýerli administratiw birlikler, şäherler tarapyndan ýygnalýar. Döwletleriň köpüsinde ýerli ýygymlar we salgytlar söwda bilen meşgullanmaklyga, ulag serişdelerine, eýeçilik edilmegine, ygtyýarnama berilmegine we başga işlere kesgitlenilýär.

**Türkmenistanda ýerleşýän kärhanalar şu aşakdaky ýerli ýygymlary töleýärler:**

- mahabatnamalar üçin ýygymlary;
- ilatly ýerleriň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli maksada gönükdirilen ýygymlary;
- ulag serişdeleriň ýerlenmegi üçin ýygymlary;
- itleriň eýelerinden alynýan ýygymlary;
- awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygymlary.

Häzirki döwürde Türkmenistanda ýerli ýygymlar, „Salgytlar hakynda“ bitewi Kanuna laýyklykda ýygnalýar.

Şol kanuna laýyklykda täjirçilik häsiýeti bolan **mahabatlandyrmany ýaýradýan** şahsy we edara görnüşli taraplar **mahabatlandyrma üçin ýygymy töleýjiler** bolup durýarlar.

Türkmenistanyň „Uglewodorod serişdeleri hakyndaky“ Kanunyna laýyklykda öz işini amala aşyrýan edara görnüşli taraplar mahabatlandyrma üçin ýygymy **töleýjiler bolup durmaýarlar.**

**Şulara mahabatlandyrma üçin ýygym tölenilmeýär:**

- telekeçilik (täjirçilik) işini amala aşyrmak bilen baglanyşykly bolmadyk bildirişlere, habarlara;
- jemgyýetçilik we döwlet bähbitlerine gönükdirilen mahabatlandyrma;
- jaýa girilýän ýerdäki, jaýyň içindäki ýa-da witrinalardaky mahabatlandyrma ýazgylara;
- maýyplar guramalarynyň dikeldiş ýa-da durmuşy çäreleriniň mahabatlandyrmalaryna;
- haýyr-sahawat çäreleriň mahabatlandyrmaryna;

**Mahabatlandyryş maglumatlaryny özbaşdak ýerleşdirýän taraplar üçin mahabatlandyrma ýygymynyň möçberi:**

- Aşgabat şäheri üçin olaryň mahabatlandyrma üçin çykarylan harajatlarynyň bahasynyň 5%-i;
- welaýat merkezleri bolup durýan şäherlerde mahabatlandyrma üçin harajatlaryň bahasynyň 4%-i;
- beýleki ilatly ýerlerde mahabatlandyrma üçin harajatlaryň bahasynyň 3%-i.

**Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygym**.

**Ýygym töleýjiler we ýumuşçylar** şu aşakdakylardyr:

- Türkmenistana dahylly bolan edara görnüşli taraplar;
- Türkmenistanyň çäklerinde öz işini şahamçanyň, wekilhananyň ýa-da hemişelik wekilhananyň üsti bilen amala aşyrýan daşary ýurtly edara görnüşli taraplar ;
- şahsy taraplar, hususy telekeçiler;

Işleýän raýatlar zähmet hakyndan häzirki döwürde 2 denomirlenen **manady töleýärler**. Häzir ol salgytlary we ýygymlary hasaplamagyň bellenilen binýatlyk ululygynyň ýüzden dört möçberidir.

Beýleki edara görnüşli taraplardan peýdadan alynýan salgydy hasaplamak üçin kabul edilen peýdanyň pul möçberiniň **1 göterimi** tutulýar. Peýda kesgitlenende oýunly işlerden alynýan girdejiler hem hasaba alynýar. Ýygym ýylda bir gezek tölenýar.

**Türkmenistanyň „Salgytlar hakynda“ bitewi Kanunyna laýýyklykda awtoduralganyň meýdanynyň bir inedördül metri üçin ýygymyň möçberi şeýle bellenilen:**

- Aşgabat şäheri üçin – 1**,5 denomirlenen** manat;
- welaýat merkezleri bolup durýan şäherler we Türkmenbaşy, Abadan şäherleri üçin – 1**,2** müň manat;
- beýleki ilatly ýerler üçin – 0,9 manat derejede .

Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygym üçin onuň salgyt we hasabat döwürleri **senenama (kalendar) çärýegine deň laýyklykda bellenilýär.**

Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygymy hasaplamak töleýjiler tarapyndan özbaşdak amala

aşyrylýar.

Ýygymy hasaplamak üçin salgyt (hasabat) döwründe töleýjiniň **awtoduralgany näçe wagtlap ulanjakdygy baradaky möhlete garalmaýar.**

Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygym üçin beýannama töleýjiler tarapyndan hasapda duran salgyt gullugyna her bir hasabat döwri tamamlanandan soň, **hasabat döwründen soňky aýyň 20-nden gijä galman berilýär**. Ýygymyň tölegi töleýjiler tarapyndan **hasabat döwründen soňky aýyň 25-nden gijä galman geçirilýär**.

Türkmenistanyň çäklerinde awtomobilleri ýerlemegi amala aşyrýan edara görnüşli we şahsy taraplar awtomobilleriň ýerlenilmegi üçin ýygymy töleýjiler bolup durýarlar.

**Şu aşakdakylar awtomobilleri ýerlemekden alynýan ýygymy töleýjiler bolup durmaýarlar:**

- öz işlerini Türkmenistanyň "Uglewodorod serişdeleri hakyndaky" Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan edara görnüşli taraplar;

- Türkmenistanyň Merkezi banky.

**Ýerlenen awtomobilleriň** (awtobuslaryň, pnewmatiki usulda ýöreýän ýük we ýeňil awtomobilleriň) **bahasy ýygym binýady bolup durýar.**

**Ýygym salynýan binýada aşakdakylar goşulmaýar**:

- kanunyna laýyklykda mirasdüşerler diýlip ykrar edilýän adamlara awtomobilleriň berilmegi;

- edara görnüşli taraplar gaýtadan guralanda mirasdüşere (mirasdüşerlere) awtomobilleriň berilmegi;

- döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralarynyň, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerini öz-özüni dolandyryş edaralarynyň çözgüdi boýunça awtomobilleriň berilmegi;

- awtomobilleriň ene-atasyna, ýanýoldaşyna, doganlaryna, aýal doganlaryna, ogullaryna, gyzlaryna, agtyklaryna, şeýle hem ýanýoldaşynyň ene-atasyna, doganlaryna, aýal doganlaryna we şolaryň çagalaryna sowgat berilmegi;

- awtomobilleriň býujetdäki edaralar tarapyndan ýerlenilmegi;

- awtomabilleriň binýadyna gurulan ýörite tehnikany –awtokranlary göçme labaratoriýalary , tiz kömek maşinlaryny we ş.m. ýerlemek;

- daşary döwletler ýa-da halkara guramalary tarapyndan Türkmenistana berilýän halklara ynsanperwerlik , maliýe we tehniki kömek taslamalarynyň we maksatnamalaryň çäklerinde alynýan awtomobilleriň ýerlenmegi;

- döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralary, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralary tarapyndan awtomobilleriň girdeji almazdan ýerlenmegi.

Awtomobilleriň ýerlenilmegi üçin ýygymyň möçberi Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň az iş hakynyň ululygynyň aşakdaky möçberlerinde bellenilen:

- ýük awtomobilleri üçin **-8 esse ululukda;**

**-** awtobuslar üçin **-5 esse ululukda**;

- ýeňil awtomobiller üçin **-6 esse ululykda.**.

Awtomobilleriň ýerlenilmegi üçin ýygymy hasaplamak töleýjiler tarapyndan özbaşdak amala aşyrylýar.

Awtomobilleriň ýerlenilmegi üçin ýygymy hasaplamak üçin ýerlenen awtomobilleriň sany bellenen ýygymyň möçberine köpeldilip jemlenýär.

Awtomobilleriň ýerlenilmegi üçin ýygym awtomobilleri ýerlemek boýunça **geleşik resmileşdirilýän pursatyna çenli tölenýär**.

**Awtomobilleriň ýerlenilmegi üçin ýygymyň dogry hasaplanandygyna we doly tölenedigine gözegçilik etmek borjy** Türkmenistanyň içeri işler ministrliginiň Polisiýa ýol gözegçiligi müdirliginiň **üstüne ýüklenen we** a**wtomobiller hasapdan çykarylanda ýa-da** bellige alnanda hökmany suratda şol **barada resminama awtomobili (awtomobilleri) ýerleşdirýän tarapa** berilýar.

**Jemläp aýdymyzda, Türkmenistanyň kärhanalary aşakdaky ýerli ýygymlary töleýärler:**

- mahabatnama üçin ýygymy- hyzmatlaryň bahasyndan 3-5 göterim möçberinde;

- ilatly ýerleri abadanlaşdyrmak üçin ýygymy- peýdadan alynýan salgydy hasaplamak üçin kabul edilen peýdanyň pul möçberinden 1 göterim möçberinde;

- ilatly ýerleri abadanlaşdyrmak üçin ýygymy- her işgäriň zähmet hakyndan täze pul birliginde-2 manat möçberinde;

-awtomobilleriň ýerlenmegi üçin ýygymy- Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň az iş hakynyň ululygynyň aşakdaky möçberlerinde töleýärler:

-ýük awtomobilleri üçin **-8 esse (häzirki döwürde 400 manat);**

-awtobuslar üçin -**5 esse (häzirki döwürde 250 manat**);

-ýeňil awtomobiller üçin **-6 esse ululykda (häzirki döwürde 300 manat).**.

-awtoulaglaryň eýelerinden alynýan ýygymy - awtoduralganyň meýdanynyň bir iňedördül metri üçin:

- Aşgabat şäheri üçin – 1,5 manat derejede;
- welaýat merkezleri bolup durýan şäherler we Türkmenbaşy, Abadan şäherleri üçin – 1,2 manat derejede;
- beýleki ilatly ýerler üçin – 0,9 manat derejede .

**6.7. Kärhananyň salgyt gatnaşyklary we ýolbaşçylaryň wezipeleri.**

Kärhanalaryň ýolbaşçylary şu aşakdakylary anyk bilip berjaý etmelidirler:

- ähli salgytlaryň we ýygymlaryň hasaplamak hem tölemek tertiplerini;
- kärhananyň salgyt (ýygym) töleýji hökmünde borçlaryny we hukuklaryny;
- salgyt gulluklarynyň we olaryň wezipeli işgärleriniň borçlaryny we hukuklaryny.

Şu üç ugur boýunça gollanmanyň ýokarky sahypalarynda maglumatlar berilen. Şoňa garamazdan ýene-de birnäçe düzgünlere siziň ünsüňizi çekmegi makul bildik.

Türkmenistanyň “Salgytlar hakynda” bitewi Kanuna laýyklykda salgyt gulluklary kameral (deslapky), resminamalaýyn we maksatlaýyn (bir ugur boýunça) salgyt barlaglaryny geçirmäge haklydyrlar. Salgyt barlagy salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) barlag geçirilýän ýyldan öňki bäş **salgyt ýylyndan köp bolmadyk wagtdaky işini öz içine alyp biler**. Haçanda bu salgyt özeni öňki döwürlerde amala aşyrylýan amallary ýa-da şolar boýunça girdejileli (aýyrmallary, ýitgeleri) hasaba almak bilen hasaplanylsa, görkezilen çäklendirme uzaldylyp bilner

Kanuna laýyklykda salgyt barlaglary barlagçynyň **şahsy şahadatnamasy we** salgyt gullugynyň ýolbaşçysy (ýolbaşçynyň orunbasary) tarapyndan gol çekilýän **görkezmäniň asyl nusgasy esasynda geçirilýär.** Görkezmäniň görnüşi Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan tassyklanýar.

Salgyt töleýjiniň görkezme bilen tanyşmakdan boýun gaçyrmagy resminamalaýyn **salgyt barlagyny ýatyrmak üçin esas bolup durmaýar.**

Salgyt töleýji zerur bolan halatlarda resminamalaýyn barlag geçiriljekdigi barada **ol başlanmazyndan azyndan bäş iş gün öňünden gijä galman habarly edilýär.**

Resminamalaýyn barlag salgyt tölemekden ýüz öwrülýändigini görkezýän ýeterlik esaslar bolanda öňünden **habar berilmezden** hem geçirilip bilner.

Resminamalaýyn salgyt **barlagy iki aýdan köp dowam etmeli däldir**. Aýratyn halatlarda, ýokarda durýan salgyt gullugy onuň dowamlylygyny ony barlamak üçin zerur bolan, emma bir ýyldan köp bolmadyk möhlete **çenli uzaldyp biler**.

Barlag geçiren aşakda durýan salgyt gullugynyň edarasynyň işine gözegçilik etmek tertibinde ýokarda durýan salgyt gullugy tarapyndan geçirilýän resminamalaýyn salgyt barlagy edara görnüşli tarap üýtgedilip guralan ýa-da ýatyrylan ýagdaýlarynda, şeýle hem beýleki zerur ýagdaýlarda **öňki barlagyň haçan geçirilen wagtyna garamazdan geçirilip bilner.**

Kanuna laýyklykda salgyt kanunçylygynyň bozulandygynyň ýüze çykarylan ýylyndan öňki **bäş salgyt ýylyndan köp bolmadyk döwür aralygynda amala aşyrylan düzgün bozulmalar üçin maliýe jerimesi salnyp bilner.**

Salnan maliýe jerimeleri kararyň gowşurylan pursadyndan başlap **bäş günüň dowamynda tölenýär**.

Salnan maliýe jerimelerini tölemek **salgyt tölenenden soň geçirilýär.**

Eger resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhatyna seredilende Türkmenistanyň Jenaýat bitewi Kanunynda jogapkärçilik çekilmegi bellenen jenaýat alamatlarynyň barlygyna şaýatlyk edýän salgyt

hukuk bozmalarynyň mysallary ýüze çykarylan halatynda, resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhaty we barlagyň resminamalary, olara salgyt gullugynyň ýolbaşçysy (ýolbaşçysynyň orunbasary) tarapyndan seredilenden soň **on günden gijä galman hukuk goraýjy edaralara geçirilýär.**

Salgyt gulluklaryň barlagçylary kanun bozulmalaryna subutnama hökmünde hyzmat edip biljek r**esminamalaryň bellenen tertipde tassyklanan nusgalaryny talap etmäge haklydyrlar.**

Salgyt töleýji salgyt gullugynyň işgäriniň talap etmegi boýunça, **üç gün möhletde** şunuň ýaly resminamalaryň nusgasyny bermäge borçludyr.

Resminamalary almak salgyt gullugynyň resminamalaýyn **barlagy geçirýän işgäriniň kararynyň esasynda** geçirilýär. Resminamalary almak baradaky kararyň görnüşi Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan tassyklanýar.

Resminamalary almak barlanýan salgyt töleýjiniň - edara görnüşli tarapyň kanuny **wekiliniň gatnaşmagynda**, salgyt töleýji – şahsy tarap barlanan halatynda bolsa, şol tarapyň özüniň ýa - da onuň wekiliniň gatnaşmagynda **geçirilýär.** Resminamalary almagy geçirmek barada, resminamalary takyk görkezmek bilen **teswirnama düzülýär**, onuň nusgasy resminamalary alnan tarapa gowşurylýar. Şunda salgyt töleýjä **alnan resminamalaryň nusgasy galdyrylýar.**

Öň alnan resminamalary yzyna gaýtarmak salgyt töleýjiniň salgyt gullugyna we kazyýete beren şikaýatlaryna garalandan ýa-da olar alnan pursadyndan **bir ýyl geçenden soň geçirilýär**. Zerur bolan halatlarda görkezilen möhlet Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň çözgüdi bilen **uzaldylyp bilner**.

Salgyt gullugynyň geçirilen barlaglaryň netijesinde ykrarhaty ýazylýar. Kanuna laýyklykda ykrarhaty **barlagyň soňky gününden gija galman ýazylmalydyr.**

Kanuna laýyklykda ykrarhaty bilen tanyşmak **möhleti üç iş gününden köp bolmaly däldir**. Salgyt barlagynyň ykrarhatyna gol çekmekden ýüz öwrülende onuň ýüzünde degişli ýazgy edilýär.

Resminamalaýyn salgyt barlagynyň geçirilýän döwründe salgyt töleýji tarapyndan barlanýan döwrüň maliýe hasabatyna, salgyt beýannamalaryna we gaýry resminamalaryna **üýtgetmeler we goşmaçalar girizilmegine ýol berilmeýär.**

Kanuna laýyklykda salgyt gullugynyň ýolbaşçysy (ýolbaşçynyň orunbasary) tarapyndan **barlag resminamalaryna seredilmeli wagty 5 günden geçmeli däldir.**

Kärhana (salgyt töleýji hökmünde) salgyt gullugynyň çözgüdinden, şeýle hem salgyt gullugynyň wezipeli adamynyň we gullukçysynyň özi babatynda geçiren işlerinden närazy bolsa ýokarda durýan salgyt gullugyna ýa-da kazyýete şikaýat etmäge haklydyr.

Salgyt gullugynyň gullukçylarynyň hereketlerinden edilýän şikaýat şu gullugyň ýolbaşçysyna berilýär.

Şikaýat boýunça çykarylan karara kanagaty bolmadyk kärhana ,şol karary alnan gününden başlap **bir aý möhletden soň** ikinji şikaýaty ýokarda durýan salgyt gullugyna bermäge haklydyr. Esasly sebäbe görä görkezilen möhlet berjaý edilmedik ýagdaýynda, şikaýat eden kärhananyň ýüz tutmasy boýunça bu möhlet ýokarda durýan salgyt gullugy tarapyndan **uzaldylyp bilner.**

Şikaýat ýazmaça görnüşde berilýär we onda salgyt töleýjiniň ady, familiýasy we salgysy, salgyt belgisi, şikaýatyň ýazylan senesi we salgyt gullugynyň ýa-da onuň wezipeli adamynyň we gullukçysynyň şikaýat edilýän çözgütleri we hereketleri, şeýle hem şikaýatyň esaslandyrmalary beýan edilmelidir.

Salgyt gullugynyň çözgüdinden, onuň wezipeli adamynyň ýa-da gullukçysynyň hereketlerinden şikaýat edilmegi Türkmenistanyň „Salgytlar hakynda“ bitewi Kanunda göz öňünde tutulan ýagdaýlardan başga halatlarda, çözgüdiň ýa-da hereketleriň ýerine ýetirilmegini **togtatmaýar**.

Emma salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) şikaýatyna garaýan **salgyt gullugynyň ýolbaşçysynyň (onuň orunbasarynyň),** şikaýat edilýän çözgüt ýa-da hereket Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyk gelmeýär diýlen netijä gelmäge ýeterlik esaslar bolan ýagdaýynda, şikaýat edilýän çözgüdi ýa-da hereketi şikaýata seredilýän döwürde doly ýa-da bölekleýin **togtatmaga hukugy bardyr.**

Şikaýata seretmegiň netijeleri boýunça salgydyň öň hasaplanan pul möçberleri we ulanylan maliýe jerimeleri, şeýle hem puşman tölegleri üýtgedilmäge degişli bolsa, onda kanuna laýyklykda, barlagyň

ykrarhaty boýunça kabul edilen **karar ýatyrylmaga degişlidir we täze karar çykarylýar.**

Salgyt gullugy şikaýat berlenden soň **bir aýdan gijä galman** oňa seredýär we **çözgüt kabul edýär**. Kabul edilen çözgüt barada şikaýat eden salgyt **töleýjä ýazmaça habar berilýär**.

Salgyt gullugynyň çözgüdinden, onuň wezipeli adamlarynyň hereketlerinden şikaýat edilmegi hak isleginiň wagt möhletini **şikaýat edilýän döwrüň dowamynda togtadýar**.

Ýokarda agzalan düzgünler salgyt ýumuşçysyna-da, şeýle hem salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan beýleki ygtyýarly edaralara, şol edaralaryň wezipeli adamlaryna we gullukçylaryna **degişlidir**.

Kärhanalaryň ýolbaşçylary käbir salgytlara, amallaryň bahalandyrylyşyna, töleg resminamalaryň düzülşine, olaryň talap edilşine, salgyt ýumuşçysy hökmünde wezipesini ýerine ýetirilişine we salgyt salmagyň başga inçe ýerlerine aýratyn üns bermelidirler. Şolaryň içinde goşulan baha üçin alynýan we girdejisinden çeşmesinde tutulýan salgytlara köp wagt sarp edilmelidir. .

Kärhanalaryň ýolbaşçylary hasabatlaryň öz wagtynda tabşyrylmagyna, kanun esasynda berilýän salgyt ýeňillikleriniň ulanmagyna aýratyn üns bermelidirler. Ýolbaşçylar diňe kanun esasynda berilýän ýeňilliklerden peýda gazanmany başarmalydyrlar. Kanunlara laýyk gelmeýän ýeňillikler geljekde uly zyýanlara, ýagny jerimelere we puşmanlara getirip biler.

Kärhanalar salgytlary hem-de ýygymlary öz wagtynda, döwlet tarapyndan kesgitlenilen tertipde tölemelidirler.

Salgytlary hasaplamakda we tölemekde baş hasapçynyň orny has hem ulydyr. Şol sebäpli baş hasapçyny saýlamak, ony işe kabul etmek üçin ýolbaşçy (menejer) öz işinde köp wagt sarp etmelidir. Baş hasapçyny saýlanda ýolbaşçy (menejer) onuň bilimine, tejribesine aýratyn üns bermelidir. Sebäbi tejribede salgytlar köplenç bilimsizlik esasynda nädogry hasaplanylýar. Bilimsizlik salgytlary, ýygymlary tölemeklikden boşatman, eýsem kärhanalary agyr maliýe ýagdaýlara getirip biler.

Kärhananyň ýolbaşçysy bilen baş hasapçy hasabatlary, salgytlaryň we ýygymlaryň hasaplaryny öz wagtynda tabşyrylmagyna hem-de olaryň dogry hasaplanylyşyna deň jogap berýärler.

## 7. Kärhanada pul gatnaşyklary.

### 7.1.Pul aýlanyşygy, onuň nazaryýeti, düzümi we kanunlary.

Pullaryň emele gelmegiň taryhy gadymy döwürlerden başlanýar. Adamzadyň ösmegiň netijesinde, zähmet bölünişigi çuňlaşyp, önümçilik ýöriteleşip, artykmaçlyk we ýetmezçlik ýüze çykyp, adamlaryň arasynda alyş-çalyş emele gelýär. Şunuň bilen baglylykda alyş-çalyşa niýetlenip öndürilen harytlaryň gymmatyny ölçemek we kesgitlemek zerur şerte öwrülýär. Adamzat jemgyýeti alyş-çalyşlary aňsatlaşdyrmak üçin bir harydy saýlap almaly bolýar. Şol haryt dürli wezipeleri ýerine ýetirip, özüniň hakyky görnüşini ýitirmän, islegi ödeýiş gymmatyny hem saklaýan aýratyn haryt bolmaly. Adamzat jemgyýeti özüniň ösüş döwründe köp ýollary geçip, iň gymmat bahaly serişdeleri, ýagny altyny, kümüşi saýlap almaly bolýar.

Altyn, kümüş pullardan soň jemgyýet kagyz, elektron we başga pullara geçýär.

Ykdysady edebiýatlarda pula dürli kesgitlemeler berilýär**.** Şolaryň içinde, iň köp duşýan kesgitlemeleriň biri şu aşakdakydyr**:**

**„Pul** - umumy barabarlygyň wezipesini ýerine ýetirýän aýratyn haryt“.

**Haryda** bolsa ykdysady edebiýatlarda **satmak ýa-da çalyşmak üçin öndürilen önüme düşünilýär.** Salgytlary hasaplamak üçin peşgeş etmek üçin öndürilýän önümler hem haryt diýlip hasaplanylýar.

Käbir alymlaryň hasaby boýunça pul barada ýazylan kitaplaryň sany söýgi barada ýazylan kitaplardan hem köp. Sebäbi söýgi barada kitaplarda hem pul gatnaşyklary köplenç agzalýar. Ýagny, biri baý, biri garyp barada ýazylýar.

Ykdysady edebiýatlarda puluň dürli nazaryýetleri görkezilýär. Şolaryň içinde mukdar, keýnsian, neokeýnsian we başga nazaryýetler. Nazaryýetleriň köpüsi puluň düýp manysyny has giň öwrenmäge ýardam berýär. Emma pul bilen bagly köp nazary meselelerde alymlaryň arasynda ýeke-täk pikir (düşünje) ýok. Şol sebäpli tejribede dürli nazaryýetleriň amatly taraplary ulanylýar. Onuň aýdyn mysaly hökmünde pul dolanyşygynyň esasy kanuny özüne jemleýän mukdar nazaryýetini görkezip bolar.

Mukdar nazaryeti boýunça döwlet pul serişdeleri dolanyşyga çykaranda pul dolanyşygynyň esasy kanuny gyşarnaksyz berjaý edilmegini talap edilýär. Şol kanuna laýyklykda döwletiň içinde dolanyşyga çykarylan puluň möçberi şu usul esasynda hasaplanmalydyr.

P=(HHB-ÜT-K+BT):T;

Bu ýerde:

P-dolanşyga çykarylmaly puluň möçberi;

HHB-harytlaryň, hyzmatlaryň bahasy;

ÜT-üzülişýän tölegler;

K-karzyna alnan harytlar (hyzmatlar);

BT-borçnamalar boýunça tölegler;

T-pul dolanyşygynyň tizligi.

Harytlaryň, hyzmatlaryň möçberi artýan bolsa puluň möçberi hem artdyrylmalydyr. Pul serişdeleri çalt aýlansa dolanyşyga gerkli puluň möçberi azalmalydyr. Pullar haýal aýlansa dolanyşyga gerekli puluň möçberi artýar.

Pul dolanyşygyň esasy kanuny ilkinji oýlap tapan we çap eden dünýä belli alym - Karl Marks. Bu nazarýetiň ilki tarapdary bolan alym Jon Keýns soň mukdar nazarýetiniň kem tarapyny tapdy. Onuň pikirine görä mukdar nazarýeti önüm öndürijiligiň çalt ösmegine zyýan berýär. Harytlaryň teklipleri köpelende nyrhlar pese düşüp önüm öndürijileriň batmagyna hem ykdysady öwrülişiklere (krizislere) getirýär. Alymyň pikirine görä hakykatdan haryt teklipleriň artmagy ilatyň töleg ukyplylygyň pesligi bilen baglydyr. Meseläni çözmek üçin alym dolanyşyga goşmaça pul serişdeleri goýbermegi teklibi öňe sürdi. Günbatar Ýewropa döwletleriň baş tutanlary geçen asyrda şol tekliplere ýol berip ykdysady öwrülişiklerden (krizislerden) üstünlikli çykdylar. Häzirki döwürdede ösen döwletleriň baştutanlary dünýä boýunça ýaýran maliýe krizisi ýeňmek üçin neokeýnsian nazrýete esaslanyp döwlet kömeklerini berýärler. Emma, neokeýnsian nazarýetiniň hem kem tarapy bar. Ol goşmaça pullaryň dolanyşyga goýberilmegi pullaryň hümmetiniň pese düşmegine getirmegi.

Ykdysady edebiýatlarda köplenç **puluň** şu aşakdaky **5 wezipesi** görkezilýär:

- harydyň gymmat ölçegi;
- dolanyşyk serişdesi;
- töleg serişdesi;
- maýa toplaýyş;
- dünýä puly.

Puluň wezipeleriniň atlary öz düýp manysyny görkezýär.

Birinji wezipesini ýerine ýetirip puluň kömegi bilen ähli harytlaryň gymmat ölçegi geçirilip olaryň bahalary kesgitlenýär.

Ikinji wezipesiniň kömegi bilen pul haryda, ýa-da harytdan pul görnüşine geçirilip dolanýar (aýlanýar).

Puluň üçünji wezipesi onuň kömegi bilen dürli tölegler amala aşyrylanda ýüze çykýar. Mysal üçin, zähmete hak, býujete, harytlara (hyzmatlara), ýerine ýetirilen işlere we başga tölegler amala aşyrylanda.

Puluň dördünji wezipesi dürli maksatly , ähli görnüşlerde maýa goýumlar toplanynda ýüze çykýar.

Puluň bäşinji wezipesi puluň dünýä bazarlaryna çykmagyny aňladýar. Daşary ýurtlar bilen ykdysady gatnaşyklary saklamak üçin, milli puly başga pul birliklere çalşmaly bolýar. Sebäbi pulsyz (harytsyz) dünýä bazaryna çykmak mümkin däl. Dünýä bazaryna çykmagyň şertleri barada şu gollanmanyň aşakdaky sahypalarynda giňişleýin maglumatlar beriler.

Puluň kömegi bilen üznüksiz önümçilik emele gelýär. Üznüksiz önümçiligi aşakdaky formula esasynda görkezmek bolar:

P-(Ög+I.g)-(H+)-(P+), nirede P-pul, Ög-öndüriji güýçler, Ig-iş güýji, (H+)-haryt goşmak bilen, (P+)-pul goşmak bilen.

Öndüriji güýçlere öz gezeginde esasy we dolanyşyk serişdeleri degişlidir.

Egerde pul serişdeleri yzygiderli ýokarda görkezilen tertipde täzeden goýum edilýän bolsa şu herekletlere (dolanyşyga) **üznüksiz önümçilik diýlip düşünilýär**.

Üznüksiz önümçilik ykdysady edebiýatlarda iki topara bölünýär:**ýönekeý we giňeldilen**. Bir möçberdäki pul goýumlaryna **ýönekeý üznüksiz önümçilik diýlip düşünilýär**. Egerde üznüksiz önümçilige goýulýan goýumlaryň möçberi artýan bolsa oňa ykdysady edebiýatlarda **giňeldilen üznüksiz önümçilik diýlip düşünilýär.**

Pullaryň hümmeti (gymmaty, kursy), alyjylyk ukyby döwlet tarapyndan we bazarda (biržalarda) kesgitlenilýär. Adamzat jemgyýeti üçin puluň hümmetini saklamak wajyp meseleleriň biridir. Puluň hümmetine dürli hadysalar täsir edýär. Şol sanda banklaryň kärhanalar bilen pul gatnaşyklary puluň hümmetine täsiri örän ulydyr.

Pul aýlanyşygy – bu pul serişdeleriniň bankdan çykyp, birnäçe işjeň hereket pursatlaryndan geçip, ýene-de öňki ýerine barmagyny aňladýar.

Pul aýlanyşygyny ykdysady edebiýatlarda, nagt we nagt däl, karz we elektron pul serişdeleriniň aýlanyşygyna bölünýär. Banklar bolsa pul toplumlary (agregatlary) şeýle bölýärler: MO-nagt pul serişdeleri;

M1=M0 +hasaplaşyk hasabyndaky serişdeler;

M2 =M1 + talap edilýänçe goýumlar, möhletli depozitler, gysga möhletli gymmatly kagyzlar;

M3= M2+bank tarapyndan gözegçilik edilýän gymmat bahaly kagyzlaryň hemmesi;

M4=M3+ gymmat bahaly kagyzlaryň hemmesi.

### 7.2. Kärhanada pul aýlanyşygy we onuň meýilnamalaşdyrylyşy.

Kärhanalar banklardan pul amallary, ýagny nagt we nagt däl hasaplaşyklary geçirmek üçin şahsy hasaplaşyk hasaplary açdyrmalydyrlar we çek kitapçasyny satyn almalydyrlar.

Bankda hasaplaşyk hasabyny açmak üçin kärhana tarapyndan banka aşakdaky resminamalar tabşyrylýar:

- arza;
- esaslandyryş resminamalarynyň göçürmeleri (döwlet belligine alnandygy hakyndaky şahadatnamanyň, esasnamanyň, esaslandyryjylaryň şertnamasynyň göçürmeleri);
- gollaryň nusgalary bolan kartoçka;
- salgyt töleýji hökmünde hasaba alnandygy hakynda salgyt gullugynyň güwanamasy;
- ygtyýarnamalaryň göçürmeleri.

Kärhananyň hasaplaşyk hasabynda pul serişdesi bolmadyk halatynda ol şol hasapdan hiç hili amallary geçirip bilmez.

Çek kitapçysyny satyn almak üçin kärhanalar banka ýörite arza ýazmalydyrlar. Alnan çekleriň sanawy bankda hasaba alynýar.

Kärhanalara girdejiler dürli görnüşde gelip biler: nagt, nagt däl, elektron (karz kartoçkalar) pul serişdeleri, haryda - haryt (barter) we başga görnüşlerde. Girdejiler dürli görnüşdäki resminamalar esasynda hasaba alynýar. Ýagny, girdeji kassa orderi, çek, töleg tabşyryknamasy ýa-da talaby, bank ýa-da elektron geçirmesi, we başga görnüşlerde.

Kärhananyň dürli görnüşdäki çykdajylary hem ýokarda görkezilen girdejiler ýaly degişli resminamalar esasynda hasaba alynýar. Şol sanda çykdajy kassa orderi, töleg sanawy, hasap faktura , şertnama we başgalar.

Häzirki döwürde **nagt hasaplaşyklar** 2006-njy ýylyň noýabr aýynyň 27-ne Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 84-nji buýrugy bilen tassyklanylan we şol ýylyň dekabr aýynyň 8-ne 423-nji sanaw bilen Türkmenistanyň Adalat Ministriligi tarapyndan bellige alnan „ Türkmenistanda kassa amallary ýöretmegiň düzgüni“, **nagt däl hasaplaşyklar** bolsa 2009-njy ýylyň 19-nji ýanwarynda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 6-njy buýrugy bilen tassyklanylyp we şol ýylyň fewral aýynyň 24-ne 483-nji bellik bilen Türkmenistanyň Adalat Ministriligi tarapyndan bellige alnan „ Türkmenistanda nagt däl hasaplaşyklaryň düzgünnamasy“ esasynda geçirilýär.

Kärhanalaryň girdejileri we çykdajylary görnüşleri boýunça, kärhana tarapyndan meýilnamalaşdyrylýar. Meýilnamanyň bir nusgasyny ähli kärhanalar kesgitlenilen görnüşinde banklara tabşyrýarlar.

Banklar şol resminamalary kärhanalardan ýygnap, öz pulhanasynyň çaklamasyny we nagt pullaryň töleg meýilnamasyny düzýärler.

Kärhanalar öz resminamalarynda nagt görnüşinde geljek girdejileriň we sarp ediljek pul serişdeleriniň mukdaryny görkezýärler.

Biziň döwletimizde kärhanalar zähmet haky köplenç aýda iki gezek töleýärlar. Aýyň birinji ýarymynda hakujy (awans), ikinji ýarymynda bolsa gutarnykly zähmet haklary meýilnamalaşdyrylyp tölenýär.

Zähmet hakynyň tölenjek gününi banklar we müşderiler (kärhanalar) öňünden bilmelidirler.

Kärhanalaryň meýilnamalary banklar üçin pul aýlanyşygyny sazlaşykly guramaga esas bolmalydyr.

Kärhana bilen bankyň arasynda hasaplaşyk-kassa hyzmatlary üçin ýörite şertnama baglaşylýar. Şertnamada başga şertler bilen bilelikde hyzmatlaryň bahasy görkezilýar.

Öňünden meýilnamany (resminamany) bermedik we hyzmatlar üçin şertnamany baglaşmadyk kärhanalara, bank öz hyzmatlaryny ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmaga haklydyr.

Bankyň öz nagt pul serişdeleri ýetmezçilik edýän wagtynda ol öňünden hereket edip, Merkezi bankyň kömegi bilen şol ýetmezçiligi ýapmalydyr.

Kärhanalar öz nagt pul serişdelerini hökmany suratda banka tabşyrmalydyrlar. Kärhananyň pulhanasynda saklanylmaly pul serişdeleriniň mukdary bank tarapyndan kesgitlenilýär we çäklendirilýär. Çäklenen derejeden artykmaç pul serişdelerini saklaýan kärhanalara garşy salgyt gullugy we bank tarapyndan maliýe çäreleri geçirilip bilner.

7.3. **Kärhananyň nagt däl pul hasaplaşyklary, olaryň görnüşleri we pul gatnaşyklarda tutýan orny.**

Ýokarda bellenilişi ýaly biziň döwletimizde nagt däl hasaplaşyklar 2009-njy ýylyň 19-nji ýanwarynda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 6-njy buýrugy bilen tassyklanylyp we şol ýylyň fewral aýynyň 24-ne 483-nji bellik bilen Türkmenistanyň Adalat Ministriligi tarapyndan bellige alnan „ Türkmenistanda nagt däl hasaplaşyklaryň düzgünnamasy“ esasynda geçirilýär.

Şol düzgünnama Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän ähli kärhanalara olaryň eýeçilik we hukuk-guramaçylyk görnüşlerine garamazdan degişlidir. Düzgünnama laýyklykda kärhanalar hasaplaşygyň görnüşini şertnama düzenlerinde özleri saýlap bilerler. Banklar kärhanalaryň baglaşýan şertnamalaryna goşulmaýarlar.

Nagt däl hasaplaşyklar halk hojalygynda hasaplaşygyň esasy görnüşi. Nagt hasaplaşyklary diňe belli ýagdaýlarda , eger-de nagt däl hasaplaşygy geçirip bolmaýan bolsa , bankdan şol maksat üçin çek arkaly pul serişdeleri alyp geçirip bolýar. Mysal üçin, bazardan çig mallary, gök önümleri satyn almak üçin.

Nagt däl hasaplaşyklar geçirilende banklar pul geçirýän tarapyň hasabyndan serişdeleri aýyryp pul alyjyň hasabyna olary ýazýarlar. Kärhanalar öz borçnamalary boýunça bellenilen möhletlerde hasaplaşmalydyrlar.

Türkmenistanyň çäginde kärhanalaryň arasynda nagt däl hasaplaşyklary şu görnüşlerde we aşakdaky resminamalar esasynda geçirilip bilner:

- töleg tabşyryknamasy;
- akkreditiwler;
- çekler;
- töleg talaby ;
- inkassa tabşyryknamalar ( serişdeleri jedelsiz aýyrmagyň buýrugy);
- töleg talaby-tabşyrygy;
- meýilnamalaşdyrylan tölegler tertibinde hasaplaşyklar;
- bir-biriniň talaplaryny hasaba almagyň esasynda hasaplaşyklar görnüşinde.

**Töleg tabşyryknamasy** esasynda geçirilýän hasaplaşyklaryň düýp manysyny onuň ady görkezýär. Hasaplaşyk geçirilende töleýji öz pul serişdelerini başga tarapa geçirmäge öz bankyna **tabşyryk** berýär. Banklar töleg tabşyryknamany beren tarapyň pul serişdesini onuň hasabyndan aýyryp müşderiň

görkezen **hasabyna geçirýärler.** Pul alyjyň bilen pul iberijiň hasaplaşyk hasaplary bir ýa-da dürli banklarda ýerleşip biler. Töleýji pul serişdeleri dürli maksatlar üçin geçirip biler. Şol sanda:

- harytlar, hyzmatlar, işler üçin;
- salgytlary, ýygymlary tölemek üçin;
- karzlary üzmek üçin;
- başga maksatlar üçin.

Töleg tabşyrknanamasynyň nusgasyny şu gollanmanyň 11-nji goşulmadan görüp bilersiňiz. Olar 0401001 görnüşdäki blankalarda, çap edýän maşynkalaryň ya-da kompýüteriň kömegi bilen düzülýär (doldurylýar).

Tejribede bank tarapyndan razylygy berilen (akseptlenen) töleg tabşyryknamalar hem şu hasaplaşyklarda ulanylyp bilner:

- aragatnaşyk ministriligiň kärhanalary bilen , poçta arkaly geçirmeleri we poçta ýükleriň (posylkalaryň) üçin tölegleri boýunça hasaplaşyklary geçirlende;
-ýükleri, işgärleri (passažirlary) we olaryň ýüklerini daşamak üçin ulag aragatnaşyk edaralary bilen bir wagtlaýyn hasaplaşyklarda.

Mysal üçin, kärhana öz işgärini iş sapar bilen başga döwlete iberýär. Işgäre ýol petegi almak üçin kärhana nagt pul serişdeleri bermän akseptlenen töleg tabşyryknamasyny berýär. Şol resminamada işgäriň ady familiýasy we atasynyň ady görkezilip oňa gol çekdirilýär.

Akseptlenen töleg tabşyryknamany bankyň iki jogapkär işgäri barlap öz gollaryny çekmelidirler we resminama bankyň gerbli möhüri kesgitlenilen tertipde basdyrylýar.

Bu işleri geçirmezden öň ýanynda ýörite 742-nji **„**Akseptlenen töleg tabşyryknamalar we hasaplaşyk çekleri“ atly hasaba töleýjiň pul serişdeleri tabşyryknamada görkezilen möçberde geçirilýär (deponirlenýär). Şondan soň , bank tarapyndan töleg tabşyryknamalary akseptlenýär.

Akseptlenen töleg tabşyryknama esasynda kärhananyň ýokarda görkezilen işgäri öz adyna ýol petegi ulag-aragatnaşyk edaradan , mysal üçin „Türkmenhowýollary“ edarasyndan satyn alyp biler.

Deponirlenen pullar aýyrlyp, başga maksatlara ýa-da bergileri ýapmaga ulanylyp bilmez. Banklar eger-de akseptlenen töleg tabşyryknamada galp gol çekilen bolsa oňa jogap berenoklar.

742 –nji hasapda deponirlenen serişdeler ulag - aragatnaşyk ýa-da tabşyryknamada görkezilen başga edara bank tarapyndan geçirilýär.

**Akkreditiw hasaplaşygy** hasaplaşýan taraplaryň arasynda ynamsyzlyk bar wagtynda ulanylýar. Akkreditiw hasaplaşygy ulanylanda pul serişdeler belli bir harydy (hyzmaty) satyn almak üçin ýörite akkreditiw hasaplara geçirilýär. Akkreditiw hasaplaşygy haryt iberijiň ýa-da hyzmat (iş) ýerine ýetirijiň töleýjiň hasaplaşmaga ýagdaýy barlygy barada ynamyny artdyrýar. Emma tejribede käbir haryt iberijiler töleýjä akkreditiw hasaby açdyryp özleri harytlary wagtynda iberenoklar. Şol sebäpli haryt alyjyň pul serişdeleri dolanyşykdan aýrylyp, ol käbir ýagdaýlarda maliýe kynçylyklary çekýär.

Akkreditiw hasaby açýan banka – „emitent banky“ diýilýär. Pul alyjy bolsa ykdysady edebiýatlarda we tejribede „benefisiar“ diýlip atlandyrylýar.

Türkmenistanyň çäginde soňky döwürlerde akkreditiw hasaplaşyklary seýrek ulanylýar. Daşary ykdysady gatnaşyklarda bolsa hasaplaşygyň bu görnüşi giňden ulanylýar. Şu hasaplaşyklar barada goşmaça maglumatlary gollanmanyň dokuzynjy bölümini okap alyp bilersiňiz.

Dünýä we Türkmenistanyň tejribesinde **çekleriň** dürli görnüşleri ulanylýär. Şolaryň içinde nagt pullary bankdan almak, kassa çekleri we nagt däl hasaplaşyklary geçirmek üçin- haryt , daýhan , ýol we başga **çekleri.**

**Nagt pullary bankdan almak üçin çekler** barada giňeşleýin maglumatlar şu gollanmanyň aşakdaky sahypalarynda beriler**.**

**Kassa çekleri,** kassa abzalaryň kömegi bilen haryt alnanda alyja satyjy bermelidir.

**Haryt çekleri** soňky döwürlerde dolanyşykda ulanmaýar. Sebäbi olara kabul edijileriň ynamy peseldi. Emma çekler bilen nagt däl hasaplaşyklary geçirmek şahsy we edara görnüşli taraplar üçin örän amatly we oňaýly. Haryt çekleri kagyz pul serişdeleriň deregine -harytlara, hyzmatlara, işlere hasaplaşyk geçirilende ulanylýardy. Çekler çäklenen we çäklenmedik çeklere bölünýardy. Çäklenen çekleriň bahasy bank tarapyndan çegiň ýüzünde çaklendirilýärdi. Çäklenmedik çekde bolsa çegiň çägi (iň ýokary bahasy) görkezilenokdy.

Türkmenistanda nagt däl hasaplaşyklary geçirmek üçin **daýhan** çekleri öňräkde giň ulanylýardy. Olary daýhanlar dökünleri almak, ýerleri traktor bilen sürdürmek we başga harytlara (hyzmatlara, işlere) hasaplaşyklary geçirmek üçin ulnylýardy. Daýhan çekleriň kömegi bilen daýhanlara karz berilip , hasyl ýetişenden soň hasaplaşyklar geçirilardy.

**Ýol çekleri** barada maglumatlar şu gollanmanyň dokuzynjy bölüminde berilýär.

Türkmenistanyň tejribesinde **weksel** hasaplaşyklary hem geçirilýärdi. „Weksel“ sözi türkmen diline terjime etseň „borçnama“ manyny berýär. Wekselleri býujet edaralary harytlara, hyzmatlara, işlere puluň deregine töleýärdiler. Wekselleri gazanan edara we başga görnüşli taraplar olaryň döwlete bergileri ýüze çykanda şolar (wekseller) bilen hasaplaşýardylar, ýagny maliýe gurmalary olary hasaba alýardy. Käbir edara we başga görnüşli taraplarda wekselleriň möçberi döwlete bolan bergilerden çalt ösüp başlady we olar wekselleri doly ulanyp bilmediler. Hasaplaşygyň şol kemçiligini nazara alyp weksel hasaplaşygy ýatyryldy.

**Töleg talaby** hasaplaşygyň düýp manysyny onuň ady görkezýär. Ýagny hasaplaşygyň bu görnüşi geçirilende -haryt iberiji ýa-da işleri (hyzmatlary) ýerini ýetiriji öz harydyna (işine, hyzmatyna) pul serişdeleri tölemäni **talap** edýär. Şertnama we Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda harytlary iberýan ýa-da işleri (hyzmatlary) ýerine ýetirýän taraplar üçin bu iň amatly hasaplaşygyň görnüşleriň biridir. Emma häzirki döwürde tejribede bu hasaplaşygyň görnüşi seýrek ulanylýar. Töleg talaby haryt iberiji tarapyndan doldyrylyp, hyzmat edýän bankyň kömegi bilen haryt alyjyň bankyna iberilýär. Töleg talabyň nusgasyny şu gollanmanyň 9-nji goşulmadan görüp bilersiňiz. Töleg talaby 0401002 görnüşdäki blankada doldurylýar.

Töleg talaby doldyrylyp düzelinde resminamada hökmany maglumatlary bilen bilelikde tölegiň şertleri we razylygyň (akseptiň) möhletleri görkezilýär.

Töleg talaby boýunça hasaplaşyklary geçirmek üçin bank töleýjiden **öňünden** puly geçirmäge **razylygy (aksepti)** alyp ýa-da razylyksyz geçirip biler.

Töleýjiden razaylygy alman hasaplaşyklary geçirmäge bank şu ýagdaýlarda haklydyr:

- egerde taraplaryň şertnamalarynda töleýjiň razylygyny alman pul geçirilmegi göz öňünde tutulan bosa , hem hyzmat edýän banka , töleýji onuň pul serişdelerini buýruksyz geçirmäge hukuk beren bolsa;

- Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda razylyksyz pul serişdeleri geçirmek göz öňünde tutulan bosa.

Töleg talaplara razylygy almak möhletini şertnama baglaşýan taraplar özara şol şertnamada belleýärler. Bellenilýän möhlet töleýji bank hasaplaşyk resminamalary kabul eden günden soňky 7 (ýedi) iş günden artyk bolman 3 (üç) iş günden az bolmaly däl.

Pul alyjy töleg talabynda razylygyň möhletini şertnama laýyklykda görkezmelidir. Eger-de töleg talabynda möhlet görkezilmese, şol möhlet 3 (üç) iş güni diýlip hasaplanylýar. Şonda töleýjiň bankyna töleg talabyň gelen güni bankda hasaba alynmaýar.

Töleýjiden pul geçirmäge razylygy almak üçin töleýjiň banky töleg talabyny töleýja özara şertnama laýyklykda geçirýär. Töleg talabyň bir nusgasy kabul edilenden soňky iş güni töleýja habar bermek üçin gowşyrylýar.

Razylyk alynýança resminamalar ýörite kartotekada N9842 „ Tölemek üçin razylygy garaşýan hasaplaşyk resminamalary“balans hasapda hasaba alynýar.

Töleýji **doly ýa-da bölekleýin** serişdeleri geçirmekden (razylygyny bermekden) boýun gaçyrmagy haklydyr: Razylygy bermekden boýun gaçyrmak üçin töleýji banka ýörite görnüşde arzasyny ýazmalydyr.

Pul geçirmäge razylygy bermekden boýun gaçyrmaga töleýji şu ýagdaýlarda haklydyr:

- harytlar ýa-da hyzmatlar şertnamada göz oňünde tutulmadyk ýa-da talap (zakaz) edilmedik bolsa;

- harytlar başga ýere ugradylan bolsa;

- razylygy bermek möhleti geçmänkä resminama boýunça ähli harytlar zaýa ýa-da komplekt däl bolsa;

- eger-de haryt alyjy harydyň (önümiň) hilini tassyklaýan resminama esasynda onuň sortynyň şertnamada göz öňünde tutulandan pesdigini anyklandan soň harydy (önümi) kabul etmäge boýun gaçyran bolsa;

- eger-de haryt alyjy razylygy bermegiň möhleti geçmänkä harydyň (önümiň) markirlenmegi geçirmedik ýa-da ol talaplara laýyk gelmeýan bolsa we şol sebäpli alyjy olary ulanyp bilmese we harydyň markirowkasyny geçirmäge ýa-da üýtgetmäge onuň (alyjyň) mümkinçiligi bolmadyk hem şol ýagdaý resminama bilen tassyklanan bolsa ;

- eger-de haryt iberiji öň tölenen harytlara (hyzmatlara) täzeden pul serişdeleri talap edýän bolsa;

- iberilmedik harytlara ýa-da ýerine ýetirilmedik hyzmatlara talaplar bildirilýän bolsa;

- ýolda haryt iberiji harytlaryň barmaly ýerini üýtgeden bolsa.

Şu ýagdaýlarda töleýji pul serişdeleri geçirmek **razylygy bermäge bölekleýin** boýun gaçyrmaga haklydyr:

- eger-de talap (zakaz) edilen harytlar (hyzmatlar, işler) bilen bilelikde talap edilmedik harytlar iberilen , hyzmatlar (işler) ýerine ýetirilen bolsa .ýa-da harytlar talap edilenden artyk iberilen, hyzmatlar, işler artykmajy bilen ýerine ýetirilen bolsa;

- eger-de razylygy almaga möhleti geçmänkä haryt alyjy harydyň (önümiň) bir bölegini zaýalanan ýa-da doly komplektlinen däl , ýa-da onuň sortynyň ulag ýanhatlarda görkezilenlerden pesdigi resminama arkaly tassyklanylan bolsa;

- eger-de haryt alyjyň razylygy bermegiň möhleti geçmänkä harydyň (önümiň) bir böleginiň markirlenmegi geçirilmedik ýa-da ol talaplara laýyk gelmeýan bolsa we şol sebäpli alyjy olary ulanyp bilmese we harydyň markirowkasyny geçirmäge ýa-da üýtgetmäge onuň (alyjyň) mümkinçiligi bolmasa hem şol ýagdaý resminama bilen tassyklanan bolsa;

- talapda şertnamada görkezilmedik nyrh goşundalary goşulan , ýa-da nyrhlar şertnamadakylardan artdyrylan bolsa,

- töleg talabynda ýa-da haryt ýanhatda arifmetiki ýalňyşy ýüze çykarylan bolsa;

- käbir öň bir bölegi tölenen harytlara (hyzmatlara, işlere) ikinji gezek talap bildirilen bolsa;

- harytlaryň iberilişini, ýerine ýetirilen işleriň (hyzmatlaryň) kabul edilişini tassyklaýan resminamalaryň içinde hakykytdan ýok harytlar, ýa-da ýerine ýetirilmedik hyzmatlar (işler) ýüze çykarylsa we şoňa garamazdan olara talap bildirilýän bolsa ;

- haryt alyjyň razylygy bermegiň möhleti geçmänkä haryt iberijiden kabul edilende haryt ýetmezçiligi resminama arkaly tassyklanylan bolsa.

Şertnamada göz öňünde tutulan başga sebäplere görä hem töleýji öz razylygyny doly ýa-da bölekleýin bermän biler. Şu ýagdaýda töleýji razylygyny bermäge boýun gaçyrýandygy hakynda arzasyny ýazanda şertnamanyň belli maddasyny we tölemekden boýun gaçyrmagyň sebäbini görkezmerlidir.

Töleýjiň bankyna talap gelenden soň, bank umumy alaňda **üç iş günüň içinde** şäheriçi we şäherara talaplary tölemekden boýun gaçyrmak barada arzalary töleýjilerden kabul edýär. Şu möhleti töleýji kärhananyň esaslandyrylan arzasy boýunça bankyň ýolbaşçysy **on güne çenli** uzaltmaga haklydyr.

Eger-de töleýji ýokarda görkezilen sebäplerden başga sebäplere görä talaby tölemekden boýun gaçyrýan bolsa onda bank şol boýun gaçyrmalary kabul edenok.

Talaby ýerine ýetirmek we ondan boýun gaçyrmak meselelerde töleýji bilen alyjyň arasynda ýüze çykýan jedelleri banklar çözmäge borçlydäldir. Olar diňe ýokarda görkezilen özara düzgünnama laýyklykda hereket edýändirler. Jedelli meseleleri töleýji we alyjy hojalyk kazyýet arkaly hem çözüp bilereler.

Käbir töleg talaplary banklar **töleýjiň razylygyny alman** ýerine ýetirmäge haklydyr. Şolaryň içinde:

- ölçeji enjamlaryň görkezmeleri esasynda we tassyklanylan nyrhlar boýunça kommunal , gaz, suw , elektrik we ýylydyjy energiýa, kanalizasiýa, telefon, şol sanda halkara gepleşikleri üçin tölegleri;

- demir ýollardan ýükleri daşamak, gara ýollary gurmaga şärekli gatnaşmak üçin tölegleri.

Razylyksyz tölenýan töleg talaplaryň ähli nusgalarynda „Razylyksyz“ bellikli möhürçe goýulýär. Eger-de şol bellik bolmasa serişdeler umumy tertip boýunça geçirilýär.

Razylyksyz tölenýan töleg talaplaryň esasly bolmagyna pul alyjy kanuna laýyklykda jogap çekýär.

Şäheriçi we şäherara hasaplaşyklarda **öňünden razylygy almagy** şu aşakdaky ýagdaýlarda zerurdyr:

- eger-de öňünden razylygy almaklygy şertnamada görkezilen bolsa;
- döwlet gorlaryna geçirilýän harytlar üçin hasaplaşyklar amala aşyrylanda;
- býujet edaralary, şol sanda Türkmenistanyň goranmak, içeri işler ministrilikler we milli howpsuzlyk Komitetiniň haryt iberijileri we alyjylary bilen hasaplaşyklar geçirilende.

**Töleg talaby-tabşyrygy**-öz içine töleg haryt iberijiň talabyny we haryt alyjyň tabşyrygyny alýar, ýagny ol hem haryt alyjy hem iberiji tarapyndan tassyklanýar. Töleg talaby-tabşyrygy haryt iberiji tarapyndan 0401004 görnüşdäki blankada doldyrylyp başga resminamalar bilen bilelikde göni töleýjiň özüne iberilip bilner. Emma resminamany (töleg talaby-tabşyrygy) haryt iberiji töleýji banka ýörute kitapda gol çekderilip bermäge hem haklydyr. Şol ýagdaýda bank resminamanyň tölenilşine özi gözegçilik etmelidir.

Töleg talaby-tabşyrygy resminamasynyň nusgasyny şu gollanmanyň 10-nji goşulmadan tanşyp bilersiňiz.

**Inkassa tabşyryknamalar boýunça hasaplaşyklar diňe** Türkmenistanyň kanunçylyk namalarynda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda töleýjileriň razylygyny alman geçirilýär. Serişdeler ýerine ýetiriji resminamalar esasynda töleýjileriň hasaplaryndan aýrylýar. Serişdeleri aýrmak üçin esas hökmünde şu görkezilen resminamalar çykyş edip bilerler:

- kazyýetleriň ýerine ýetiriji kagyzlary;
- hojalyk kazyýetiň buýruklary;
- salgyt gulluklaryň ykrar hatlary;
- notarius tarapyndan ýerine ýetiriji ýazgylar;
- kärhanalaryň kärdeşler arkalaşyklaryň şahadatnamalary.

Banklar şol resminamalar boýunça pul serişdeleri gyşarnaksyz aýyryp degişli hasaplara geçirýärler. Olar şu meseleler boýunça kärhanalaryň we başga taraplaryň nägiliklerine jogap berenoklar. Jogapkärçilik puly aýyrmagy mejbur eden tarapa ýüklenýär.

**Meýilnamalaşdyrylan tölegler tertibinde hasaplaşyklar** mydama belli möçberlerde harytlar iberilende, hyzmatlar ýerine ýetirilende ulanylýar. Hasaplaşyklar şertnama esasynda geçirilýär. Hasaplaşyklar töleg tabşyryknamasy ýa-da töleg talaby esasynda geçirilip bilner. Resminamalarda „ Meýilnamalaşdyrylan töleg“ sözli bellik edilýär. Töleg talaby doldyrylanda „Razylyksyz“ bellik edilýär.

**Bir-biriniň talaplaryny hasaba almagyň esasynda hasaplaşyklar.** Halk hojalygynda dürli taraplaryň bir-birine hem algylary hem bergileri bolup biler. Hasaplaşyklary geçirmek üçin taraplaryň (kärhanalaryň) pul serişdeleri ýetmezçilik edýän wagtlar hem az däl. Şol ýagdaýlarda banklaryň kömegi bilen talaplar hasaba alnyp hasaplaşyklar geçirilip bilner.

Hasaplaşyklar geçirilende algylar we bergiler deň derejede hasaba alnyp, galan algylaryň we bergileriň hasaplaşygy bolsa tassyklanylan tertipde geçirilýär. Talaplary hasaba almaklygy iki ýa-da bir topar kärhanalaryň we dürli pudaklaryň arasynda geçirilip bilner.

Banklar müşderileriniň bir-biriniň talaplaryny hasaba almasalar diňe müşderiň hasaplaşyk hasabynda pul serişdeleri bar bolanda hasaplaşyklary geçirýärler, ýagny bir hasaplaşyk hasapdan pul serişdeleri aýyryp başga hasaba geçirýärler. Eger-de töleýjiniň pul serişdeleri hasaplaşyk hasabynda tamamlan bolsa töleg resminamalary **ikinji kartoteka** goýulýar. Töleýjiniň hasaplaşyk hasabyna pul serişdeler gelenden soň hasaplaşyklar dowam etdirilýär.

Bir-biriniň talaplaryny hasaba alnanda iberilen ýa-da goýberilen harytlar, ýerine ýetirilen hyzmatlar üçin ikinji kartotekada ýerleşýän we hasap geçirilýän güni gelen töleg resminamalar hasaba alynýar. Hasaba alnan töleg resminamalarda başga mydama ýazylýan ýazgylar bilen bilelikde „Hasap“ sözi goşulýar. Eger-de töleg resminamasy doly hasaba alynmaýan bolsa, „Bölekleýin hasaba alnan „ diýlip bellik edilýär.

Eger-de kärhananyň töleg resminamalary bankda hasaba alnan bolsa kärhana olary bankyň bellikleri bilen alyp öz hasabynda degişli ýazgylary geçirmelidir, ýagny algylary we bergileri üýtgedip galan gelen ýa-da geçirilen pul serişdeleri hasaba almalydyrlar.

Kärhanalar ähli maliýe-hojalyk amallary, şol sanda nagt däl hasaplaşyklary buhgalterlik hasabyna almalydyrlar. Nagt däl hasaplaşyklary hasaba almak üçin olar bankdaky şahsy hasaplaşyk hasabyndan göçürmelerini we olara esas bolan resminamalary almalydyrlar. Resminamalary ýörite kärhana berkidilen bankyň jogapkär işgärinden, ýa-da ýörite çekerlerden alyp bolar.

Banklar şahsy hasaplaşyk hasabyndan göçürmeleri häzirki döwürde kompýüterlerde hasaba alýarlar. Olarada kärhananyň ady, hasaplaşyk hasabyň sanawy, başlangyç we ahyrky galyndylary, debet we kredit tarapyndan geçirilen amallaryň möçberleri, amallaryň geçirilen seneleri, amaly geçirmek üçin esas bolan resminamanyň sanawy, amalyň görnüşine görä belgisi we başga maglumatlar görkezilýär.

Hasaplaşyk hasabyndan geçirilen amallar kärhananyň **ikinji dergi orderinde** hasaba alynmalydyr. Kärhananyň hasaplaşyk hasabyna geçirilen pul serişdeleri şahsy hasaplaşyk hasabynyň göçürmesinde kredit tarapynda görkezilýär, hasapdan aýrylan pul serişdeler bolsa hasabyň debet tarapynda görkeziär.

Kärhana amallary ikinji dergi orderde hasaba alanda debetden geçirilen amallary 51-nji hasabyň kredit tarapyna ýazýar. Şahsy hasapdan göçürmesinde kredit tarapynda görkezilen amallary kärhana debet tarapynda görkezmelidir. Sebäbi bank üçin girdeji bolan amallar kärhana üçin çykdajy amal bolup çykyş edýär. Bank üçin çykdajy bolan amal bolsa , kärhana üçin girdeji amal bolup çykyş edýär.

Hasaplaşyk hasabyndan amallar geçirilende buhgalterlik hasabynda şeýle ýazgylar edilip bilner:
Debet 51 „Hasaplaşyk hasaby“ Kredit 62 „Satyn alyjylar we buýrujylar bilen hasaplaşyklar.
Debet 51 „Hasaplaşyk hasaby“ Kredit 75 „Esaslandyryjylar bilen hasaplaşyklar”.
Debet 51 „Hasaplaşyk hasaby“ Kredit 80 „Peýdalar we zyýanlar”.
Debet 51 „Hasaplaşyk hasaby“Kredit 46 „Önümleri (işleri, hyzmatlary) ýerlemek“
Debet 51 „Hasaplaşyk hasaby“Kredit 47 „Esasy serişdeleriň ýerlenmegi we gaýry çykmagy“
Debet 51 „Hasaplaşyk hasaby“Kredit 48 „Gaýry aktiwleriň ýerlenmegi.
Debet 51 „Hasaplaşyk hasaby“Kredit50 „Kassa“.
Debet 51 „Hasaplaşyk hasaby“Kredit 55 „Banklardaky ýörite hasaplar“.
Debet 51 „Hasaplaşyk hasaby“Kredit 71 „Hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklar“
Debet 51 „Hasaplaşyk hasaby“Kredit 64 „Alnan hakujy boýunça hasaplaşyklar“.
Debet 01 „Esasy serişdeler“ Kredit 51 „Hasaplaşyk hasaby“.
Debet 10 „Marteriallar “Kredit 51 „Hasaplaşyk hasaby“.
Debet 12 „Arzan we tiz könelýän zatlar”. Kredit 51 „Hasaplaşyk hasaby“.
Debet 50 „Kassa“ Kredit 51 „Hasaplaşyk hasaby“.
Debet 60 “Haryt iberijiler we potratçylar bilen hasaplaşyk” Kredit 51 „Hasaplaşyk hasaby“.
Debet 67 “Döwlet gaznalary bilen hasaplaşyklar” Kredit 51 „Hasaplaşyk hasaby“.
Debet 68 „Býujet bilen hasaplaşyklar” Kredit 51 „Hasaplaşyk hasaby“.
Debet 69 “Durmuş ätiýaçlandyrmalary boýunça hasaplaşyklar” Kredit 51 „Hasaplaşyk hasaby“

Nagt däl hasaplaşyk amallary geçirilende düzgünler doly gyşyrnyksyz berjaý edilmese düzgünnamany bozýan taraplara garşy dürli çäreler görülip bilner. Şol sanda şu aşakdaky çäreler:

- Bank edarasy tarapyndan kärhana ýa-da başga görnüşli taraplara hasap açylandygy barada salgyt gullugyna habar bermek borçlarynyň ýerine ýetirilmändigi bank edarasyna şol hasaplara düşen ähli pul serişdeleriniň **10 göterimi möçberinde maliýe jerimeleriniň salynmagyna getirýär.**

- Edara we başga görnüşli taraplaryň hasaplary boýunça amallary togtatmak baradaky salgyt gullugynyň çözgüdini bozmak bilen, bank edarasy tarapyndan olaryň hasaplary boýunça çykdajy amallarynyň geçirilmegi, bank edarasyna şol hasaplardan hasapdan öçürilen ähli pul serişdeleriniň **10 göterimi möçberinde maliýe jerimeleriniň salynmagyna getirýär.**

- Bank edarasy tarapyndan salgyt töleýjiniň önümleri (harytlary, işleri, hyzmatlary) ýerlemekden alan pul serişdelerini onuň hasaplaşyk hasabyna geçirmän, karz, depozit ýa-da başga bir hasaplaryna geçirilmegi, bank edarasyna geçirilen serişdeleriň pul möçberiniň **10 göterimi möçberinde maliýe jerimeleriniň salynmagyna getirýär.**

- „Türkmenistanda nagt däl hasaplaşyklar hakynda düzgünnama„ laýyklykda hasaplaşyklaryň iň soňky möhleti **bäş gün** diýlip bellenen. Ýagny pul serişdeler töleýjiň hasabyndan aýrylyp döwletiň çäginde ýerleşýän alyjyň hasabyna şol möhletde ýazylmalydyr. Bu tertip hasaplaşyk resminamalaryň başga döwletlerden gelenden alyjyň hasabyna ýazylýançä hem degişlidir. Şol möhletde hasaplaşyklary

geçirmedik banklardan hasaplaryň eýeleri her artyk geçen gününe **0,5 göterim möçberde puşman** talap etmäge haklydyrlar.

- Eger-de kärhananyň ýa-da başga tarapyň hasabyna ýalňyşyp pul serişdeleri geçirilen bolsa we hasabyň eýesi **üç iş günüň** dowamynda banka şol barada habar bermedik bolsa hasabyň eýesi banka ýalňyş düşen pul serişdäniň möçberinden her gününe **0,5 göterim derejede puşman** tölemelidir.

Banklar kärhanalaryň arasynda hasaplaşyklaryň dürli görnüşleri boýunça ýüze çykýan nägilikleri çözmäge goşulanoklar. Düzgünnama boýunça olar diňe banklaryň geçiren amallaryna bolan nägiliklere jogap berýändirler.

Ýokarda bellenilişi ýaly hasaplaşykda çözülmedik meseleler ýüze çykanda , kärhana şol meseleleri hojalyk kazyýetiň üsti bilen çözüp hem biler.

**7.4. Banklara nagt pullary tabşyrmagyň we olardan pul serişdeleri almagyň tertibi.**

**Kärhanalar banklara nagt pullary, şol sanda hem daşary ýurtlaryň pul birliklerini aşakdaky usullar boýunça tabşyryp bilýär,** ýagny:

- goragçylar bilen **kärhananyň öz işgärleri tarapyndan** ;
- bankyň **pul ýygnaýjysynyň (inkassatorlaryň) kömegi bilen**;
- birleşdirilen kassalaryň üsti bilen;
- aragatnaşyk kärhanalaryň kömegi bilen .

Birinji usul esasynda nagt pullary iberýän kärhanalar şu gollanmanyň 8-nji goşulmasynda görkezilen resminamany doldurmalydyrlar. Şol resminamanyň üç bölegi bar. Şol sanda bildiriş, kwitansiýa we order. Bildiriş bankda galýar , kwitansiýa puly tabşyrýana berilýär, order bolsa kärhananyň özüne şahsy hasabynyň göçürmesi bilen bilelikde gowşurylýar.

Pul ýygnaýjylaryň kömegi bilen pul serişdelerini tabşyrmak üçin kärhana Merkezi bankyň inkassasiýa bölümi bilen ýörite şertnama baglaşmalydyr. Şol şertnamada pul tabşyrmagyň tertibi, inkassasiýa hyzmatlarynyň bahasy , taraplaryň hukuklary, borçlary we başga şertler görkezilýär. Pul serişdelerini tabşyrmak we kabul etmek işleri köplenç kärhananyň binasynyň birinji gatynda amala aşyrylýar. Eger-de kärhana ikinji ýa-da ýokary gatlarda ýerleşýän bolsa, onda kärhananyň işgärleri bankyň pul ýygnaýjylaryny daşyna çykaryp, tä ulag serişdesine münýänçäler ugratmalydyrlar.

Inkassasiýa işlerini geçirmek üçin her kärhana ýörite jübüt sanly pul haltasy berkidilýär. Şol pul haltalaryň deň paýynyň bir bölegi banka iberilýän bolsa, beýlekisi kärhananyň özünde bolmalydyr.

Pul ýygnaýjylar gelmänkä, pul serişdeleri kärhana tarapyndan taýýarlanmalydyr. Pul haltasy ýörite düzgün boýunça ýapylmalydyr. Ýygnaýjylar (inkassatorlar) gelýänçä pul haltasy demir arjada (seýfde) saklanmalydyr. Demir arjanyň (seýfiň) açary pulhananyň işgäriniň özünde saklanmalydyr. Pul haltasynyň ýörite jübüsine puly iberýän tarapyň maddy jogapkärçiligini çekýän işgäri ugradyjy sanawnamany goýmalydyr. Şol sanawnama üç görnüşde doldurylýar. Birinji nusgasy kärhananyň özünde galmalydyr. Ikinji nusgasy pul haltanyň ýokarda bellenilişi ýaly ýörite jübüsine salynýar. Üçünji nusgasy bolsa gol çekderilip pul ýygnaýjynyň öz eline berilýär.

Pul ýygnaýjylary pul haltanyň özüniň we pul haltanyň daşyndaky gurşun berkitmesiniň (plombanyň) bütewiligine jogap berýärler. Eger-de pul haltasy we pul haltanyň daşyndaky berkitmesi bütew bolmasa hem-de bankda sanalanda pul haltasynda ýetmezçilik ýüze çyksa, onda oňa **pul ýygnaýjylar jogap bermelidir**. Eger-de pul haltasy we pul haltanyň daşyndaky berkitmesi bütew bolsa hem-de pul haltasynda bankda sanalanda ýetmezçilik ýüze çyksa, onda **ýetmezçilige pul ugradýan tarap jogap bermelidir.**

Kärhananyň bölümçileri, dükanlary köp bolanda pullar bir b**irleşdirilen** kassa ýygnalýar we şol kassadan banka ýokarda görkezilen usuly bilen tabşyrylýar.

Hyzmat edýan bank kärhanadan daşda ýerleşende pul serişdeler banklara a**ragatnaşyk kärhanalaryň kömegi bilen** tabşyrylyp bilner. Tabşyrylan pul serişdeleri kärhananyň bankdaky hasaplaşyk hasabyna ýazylýar. Aragatnaşyk kärhanalary pullary banka tabşyrmak üçin ýöretilişdirilen işgärleri , tehniki we başga serişdeleri ulanylýar.

Bankdan nagt pullar çek esasynda alynýar.

Çek üç bölekden ybarat:

- koreşok;
- çek ;
- gözegçilik markasy.

Çekde aşakdaky maglumatlar ýazylýar:

- kärhananyň doly ady;
- hasaplaşyk hasabyň sanaw belgisi;
- pul alyjynyň ady, familiýasy, atasynyň ady;
- çegiň doldurylan senesi;
- pul almaklygyň maksady;
- alynjak pul serişdeleriniň möçberi (san bilen we ýazmaça);
- pul serişdelerini alýan raýatyň reminamasynyň maglumatlary (pasport seriýasy, sanawy, berlen wagty, kim tarapyndan berleni);
- pul berýän bankyň möhür-tagmasy (ştampy) we onuň ýerleşýän ýeri (şäheri, etraby, etrapçasy).

Doldurylan çegi **on günüň** dowamynda ulanyp bolýar. Çekde düzediş işlerini geçirmek gadagandyr. Ýalňyş goýberilen bolsa täze çek doldurylýar. Eger-de çek doldurylanda ýalňyş goýberilen bolsa, onuň ýüzi çyzylýar hem özi çek kitapçasyndan aýrylman, degişli ýagdaýda hasaba alynmalydyr.

Çeklerde ýazmaça alynjak pul serişdeleriniň möçberi uly harpdan başlanmalydyr. Pul serişdeleriniň möçberi üýtgedilmez ýaly, ýazmaça we san bilen ýazgylaryň öň ýanynda we soňunda boş ýer galdyrylmalydäldir. Alynjak puluň möçberi ýazylandan soň çekde boş ýer galýan bolsa, olaryň üsti çyzyklar bilen çyzylýar.

Bankyň işgäri dogry doldurylan çegi alyp, onda görkezilen gollary , möhüri gollaryň nusgalary bolan kartoçkasy bilen deňeşdirip, hasaplaşyk hasabynda pul serişdeleriniň möçberi ýeterlik derejede bar bolsa, çekde görkezilen möçberini hasapdan aýryp, pulhananyň dergisinden amaly geçirip, çegiň gözegçilik markasyny pul alyja kesip berýär. Şondan soň çek içerki ýol bilen bankyň pulhanasyna iberilýär.

Bankyň pulhanasynyň işgäri çegi alandan soň, ony täzeden barlap, gollary olaryň nusgalary bilen deňeşdirip, pul serişdelerini taýýarlap başlaýar. Pullar taýýar bolandan soň, bankyň pulhanasynyň işgäri yörite tabloda çegiň sanawyny ýazýar. Öz çegiň sanaw belgisini görüp, pul alyjy pulhananyň ýanyna baryp, gözegçilik markasyny berip şahsy resminamany görkezmeli we alynmaly pul serişdeleriniň möçberini agzamaly. Agzalan möçberi we çegiň hem gözegçilik markanyň sanawnamalary deň gelen wagtynda pul serişdeleri çekde görkezilen pasportyň ýa-da başga ş.m. resminamanyň esasynda berilýär. Eger-de bankda tablo bolmasa, onda pul alyjy bankyň pulhanasyna özi barmalydyr.

Puly alandan soň pul alyjy bankyň içinde ýörite görkezilen ýerde olary sanap, hasabyny çykarmaly. Kem çykan pul serişdeleri ýörite resmileşdirilýär we müşderä onuň **ýetmedik möçberi doly gaýtarylyp berilýär**.

Eger-de pullaryň ýetmezçiligi (kemligi) olar bankdan çykarylandan soň ýüze çykarylsa, banklar müşderileriň **şikaýatlaryny hasaba alanoklar**.

Bankdan alnan pul serişdeleri kärhanada şol günüň içinde barlanyp hasaba alynmalydyrlar. Kärhananyň buhgalterlik hasabynda şeýle ýazgy edilýär:

Debet 50 „Kassa“ Kredit 51 „Hasaplaşyk hasaby“.

Kärhanyň pulhanasyna serişdeleri hasabat bermeli adamlardan gelende hasapda şeýle ýazgy edilýär:

Debet 50 „Kassa“ Kredit 71 „Hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklar“.

Hasabat bermelere pul serişdeleri pulhanadan berlende buhgalterlik hasabynda şeýle ýazgylar edilýär:

Debet 71 „Hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklar“ Kredit 50 „Kassa“

Zähmet haky pulhanadan tölenende buhgalterlik hasabynda şeýle ýazgylar edilýär:

Debet 70 „Zähmet haky boýunça hasaplaşyklar“ Kredit 50 „Kassa“

Kärhananyň pulhanasyna girdejiler nagt görnüşinde gelende buhgalterlik hasabynda şeýle ýazgylar edilýär:

Debet 50 „Kassa“ Kredit 46 „Önümleri (işleri,hyzmatlary) ýerlemek“
Debet 50 „Kassa“ Kredit 47 „Esasy serişdeleriň ýerlenmegi we gaýry çykmagy“
Debet 50 „Kassa“ Kredit 48 „Gaýry aktiwleriň ýerlenmegi“
Debet 50 „Kassa“ Kredit 80 „Peýdalar we zyýanlar““.

Kärhananyň pul serişdeleri banka tabşyrylanda buhgalterlik hasabynda şeýle ýazgylar edilýär:
Debet 51 „Hasaplaşyk hasaby“ Kredit 50 „Kassa“.

## 7.5. Puluň hümmeti we menejeriň wezipeleri.

**Inflýasiýa** – bu puluň hümmetiniň pese düşmegini aňladýan düşünjedir. Inflýasiýa ähli döwletlerde bolup biler. Emma her bir döwletde inflýasiýanyň ösüşi deň däldir.

Puluň hümmetiniň ýokarlanmagyna bolsa ykdysady edebiýatlarda **deflýasiýa** diýlip kesgitleme berilýär. Deflýasiýa bir tarapdan nyrhlaryň peselmegine getirýär, ol bolsa sarp edijiler tarapyndan gowy diýlip hasaplanylýar. Emma global (dünýä) derejede deflýasiýa önüm öndirijilere zyýan getirip, goýuimlaryň möçberini azaldyp umumy ykdysadyýetiň pese düşmegine, işsizligiň ösmegine we başga kynçylyklara getirýär.

Ykdysadyýetiň pese düşmegine –**resesiýa** diýilýär. Häzirki döwürde dünýäde maliýe krizisy emele gelip ösen döwletler ykdysadyýetlerini resesiýadan goramak üçin göreşärler. Käbir alymlaryň pikirine görä ykdysadyýetiň resesiýasy depressiýa getirip biler. **Depresiýa** –ykdysadyýeti iň pes derejä getirýär. Depresiýa döwründe kärhanalat zyýan çekip ýapylýar. Işsizlik iň ýokary derejelere ýetýär. Banklar we başga maliýe guramalary öz wezipelerini ýerine ýetirip bilenoklar. Jemgyýetde gapma garşylyklar emele gelýär. ABŞ-yň raýatlary 1930-njy ýyllarda agyr depresiýany öz başyndan geçirdiler. Şol sebäpli ABŞ-nyň we başga döwletleriň hökümetleri öz döwletleriň ykdysadyýetlerini depresiýadan goramak üçin dürli maliýe çäreleri geçirýärler. Hökümetler döwlet gaznalaryň hasabyna banklara we iri kompaniýalara maliýe kömeklerini berip olara öz gözegçiligini güýçlendirýärler.

Puluň hümmetiniň üýtgemegi dürli sebäplere bagly bolup biler. Emma puluň hümmetiniň üýtgemegiň özi ykdysadyýetiň näsazlygyny görkezýär. Şol sebäpli käbir alymlaryň pikirine görä puluň hümmetiniň gaçmagy adamyň gyzdyrmasyna meňzeýär. Adam ýaramadyk ýagdaýynda onuň gyzgyny ýokarlanýar. Eger-de bedeni onuň garşysyna göreşýän bolsa onda adam soňky netijede sagdynlaşýar. Edil şonuň ýaly, hem jemgyýet öz ykdysadyýetiniň sagdynlygyny gazanmak üçin göreşmelidir. Ýagny, puluň hümmetiniň pese gaçmak howpundan goranmak üçin, jemgyýet zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmalydyr ýa-da sarp edilmegini pese düşürmelidir. Ýokarda görkezilen alymlaryň pikirine görä şol hereketleriň netijesinde pul dolanyşygynyň we ykdysadyýetiň sagdynlaşmagy emele gelmelidir.

Puluň hümmetiniň gaçmagyny ykdysady edebiýatlarda köplenç islegleriň tekliplerden çalt ösmegi , milli önümiň pese düşmegi bilen baglaşdyrýarlar. Öz gezeginde deflýasiýany islegleriň pese düşmegi bilen düşündirýärler.

Milli önümiň pese düşmegini dürli gaýry ýagdaýlar bilen baglyşdyrylýar. Mysal üçin , kanunlaryň kämilsizligi, tebigy hadysalar, ykdysadyýetiň guralyşy, dolandyrlyşy, syýasaty we ş. m. ýagdaýlar bilen.

Ösen döwletlerde puluň hümmetiniň gaçmagyny köplenç ýokardaky sebäpler bilen bilelikde çig mallaryň gün-günden gazylyp alynmagynyň kynlaşmagy, gymmat düşmegi bilen baglyşdyrylýar. Sebäbi tebigy baýlyklar ýer ýüzünde çaklenen we olary gazyp almak üçin ýyl-ýyldan goşmaça çykdajylar zerur bolup durýar. Onuň bilen bilelikde ýyl-ýyldan oba hojalyklarda ulanylýan ýeriň güýji (kuwwatlygy) peselmez ýaly, goşmaça goýumlar goýulmalydyr. Şol sebäpli oba hojalykda öndürilýän önümleriň bahasy ýyl-ýyldan umumy möçberde alanyňda gymmatlaýar.

Häzirki döwürde köp çig mallaryň bahasy pese düşdi. Çig mallaryň pese düşmegi seýrek bolýar. Bu ýagdaý islegleriň pese düşmegi we bilgeşleýin artykmaç gorlaryň döredilmegi bilen düşündirilýär. Çig mallara islegler ykdysadyýet ösende durnukly bolýar.

Käbir alymlar puluň hümmetiniň gaçmagyny ýenede bir sebäp bilen düşündirýärler, ýagny dünýä boýunça adamlaryň sanyň ösmegi , ýerleriň we tebigy baýlyklaryň çäkliligi bilen. Şol pikirlerde esas bar. Emma ylmy-tehniki progresi hem unutmaly däldir.

Ösen döwletlerde puluň hümmeti **bir ýylyň dowamynda 5 göterime çenli pese düşýär**. Şol möçberden artykmaç puluň hümmeti peselýän bolsa, onda şol döwletiň ykdysadyýeti durnukly däl diýlip hasaplanylýar.

Ykdysady edebiýatlarda puluň hümmetiniň pese düşmeginiň dürli görnüşleri görkezilýär. Olara mysal edip, şulary belläp geçmek bolar:
- giper inflýasiýa (örän gaňryş);
- golopirleýän (bökýän) inflýasiýa;
- çäklenen we çäklenmedik inflýasiýa;
- stagflýasiýa;
- pessaý we beýleki görnüşler.

**Giper inflýasiýa** – bu puluň hümmetiniň güýçli depginde pese düşýän döwürlerinde bolýar. Türkmenistanyň taryhynda giper inflýasiýa SSSR döwletiniň dargamagynyň öň ýanynda, ýagny 1989-1991-nji ýyllarda boldy.

**Bökýän inflýasiýa** - bu puluň hümmetiniň birden pese düşüp, soň birden hem ýokarlanýan döwürleridir.

**Çäklenen inflýasiýa** - degişli döwlet guramalary tarapyndan çäklendirilen möçberde puluň hümmetiniň pese düşmegine aýdylýar.

**Çäklenmedik inflýasiýa** - bu döwletiň degişli guramalary tarapyndan çäklendirilen derejesinden geçýän inflýasiýa düşünilýär.

Puluň hümmetiniň pese düşmeginiň depginleri köplenç çaklanylýar. Milli maksatnmalar düzülende inflýasiýanyň iň ýokarky we pes derejeleri (nokatlary) kesgitlenilýär.

**Stagflýasiýa** döwri - bu puluň hümmetiniň pese düşmekden soň durnukly derejede saklanmagyny aňladýar.

**Pessaý inflýasiýa - bu puluň hümmetiniň pes depginler bilen aşak gaçmagyny aňladýar.**

Türkmenistanda milli manadyň hümmeti pese düşmez ýaly, Milli maksatnamalar esasynda ýörite çäreler amala aşyrylýar.

„Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry“ Milli maksatnamada jemgyýetçilik zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak esasynda halkyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak maksady bilen şu aşakdaky çäreler göz önünde tutulýar:

- Elektrik energiýasyny, gazy, suwy we nahar duzuny mugt bermek. Ol maşgala býujetiniň takmynan 60 göterimini tutýar;
- Hususy jaýlary geljekdede salgytdan boşatmaklyk;
- Jemgyýetiň ulag serişdeleriniň, aragatnaşyk hyzmatlarynyň bahalaryna döwlet tarapyndan ýardam etmeklik;

Maksatnamada 2020 –nji ýyla çenli Türkmenistanda umumy önümçiligiň önümi 2000-nji ýyl bilen deňeşdireniňde -28,4 esse, oba hojalygynyň önümini şol döwrüň içinde-17,7 esse , gurluşygyň möçberini bolsa- 15,9 esse, ilata edilýän hyzmatlaryň möçberini- 41,3 esse artdyrmak meýilnamalaşdyrylýar. Aýda her bir adam sanyna düşýän hyzmatlaryň mukdaryny- 83,4 esse köpeltmeklik göz öňünde tutulýar. Şol hyzmatlaryň içinde syýahat-gezelenç, aragatnaşyk we durmuş hyzmatlary hem öz ýeterlikli ösüş depginini tapar.

Kärhananyň dolandyryjysy öz kärhanasynyň pul serişdeleriniň hümmetiniň gaçmagyna garşy degişli çareleri geçirmegi başarmaly.Olar şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- Şertnamalary baglaşanda puluň hümmetiniň gaçmagyny,ýa-da ýokarlanmagyny harytlaryň (hyzmatlaryň) hilini, kärhananyň öz önüminiň özüne düşýän bahasyny we bazaryň ähli başga şertlerini göz öňünde tutup, nyrh bilen bagly meseleleri oňaýly, kärhana amatly bolar ýaly çözmegi başarmaly;
- walýuta töwekgelçiliginden goranmak üçin dürli walýutalarda hasaplaşyklary geçirmeli;
- hasaplaşyklary çaltlaşdyrmaly;
- algylaryny öz wagtynda almagy başarmaly;
- zyýansyz kärhananyň bergileriniň möhletlerini uzaldyp bolýan bolsa uzaltmaly;
- karzlary puluň hümmetine görä almany we bermäni başarmaly;
- puluň hümmetine görä, öz maliýe syýasatyny, taktikasany we strategiýasyny döretmeli;
- puluň hümmetine görä, öz maliýe goýumlaryny netijeli goýmagy başarmaly.

**8. Kärhananyň karz gatnaşyklary.**

**8.1. Karzyň zerurlygy we onuň ykdysady esaslary.**

Wagtlaýyn ulanylmaýan belli maksatlara, möhlete niýetlenen, yzyna gaýtarmak şerti bilen berilýän pul serişdelerine ykdysady edebiýatlarda **karz diýlip aýdylýar**.

Möhleti boýunça karzlar üç topara bölünýär: uzak, orta we gysga möhletleýin karzlara.

Uzak möhletleýin karzlar köplenç üç ýyldan uzak möhletlere berilýär (birnäçe edebiýatlarda bäş ýyldan köp diýlip ýazylýar). Orta möhletleýin karzlar bir ýyldan üç ýyla çenlidir. Gysga möhletleýin karzlar bolsa köplenç bir ýyla çenli berilýär.

Ykdysatçy alymlaryň ençemesi karzlary möhletleri boýunça diňe iki topara bölýärler: gysga we uzak möhletleýin karzlara. Olaryň pikiri boýunça orta möhletleýin karzlary görkezmek hökman däl. Türkmenistanyň hukuknamalarynda, banklaryň hasaby we hasabatlary boýunça hem karzlar diňe şol iki topara bölünýär.

Ykdysady edebiýatlarda karzlar dürli görnüşleri görkezilýär. Şolaryň içinde: **bank, täjirçilik, sarp ediş, döwlet, döwletara, bankara, lizing, konsorsial, owerdraft, rambur s, tehniki we gaýry karzlar**.

Görkezilen karzlaryň her haýsynyň öz aýratynlyklary bardyr.

**Bank karzlary** banklaryň öz müşderilerine – edara görnüşli we şahsy taraplara, edara görnüşli tarap bolmadyk telekeçilere niýetlenýär.

Banklardan başga edara görnüşli taraplaryň, telekeçileriň, şahsýetleriň bir-birine berýän nesýeleri (karzlary) **täjirçilik karzlary diýlip hasaplanýarlar**.

Söwda edaralarynyň ilata ýa-da banklaryň ilata öýde sarp edilýän durmuş harytlaryny (telewizorlary, sowadyjy enjamlary we ş.m.) almak üçin berilýän karzlar - **sarp ediş karzlarydyr.**

**Döwletiň karzlary** – bu döwletiň ilatdan möhletli we tölegli şertlerde gymmat bahaly kagyzlaryň (obligasiýalaryň) deregine alynýan pul serişdeleri.

**Döwletara karz gatnaşyklary** - döwletler biri-birine pul serişdeleri görkezilen şertlerde beren wagtynda ýüze çykýar.

**Bankara karzlary** - banklar biri-birine karz çeşmeleri ýetmedik ýagdaýlarda berýärler.

**Lizing karzlary,** ýokarda bellenilişi ýaly- bank ýa-da lizing kompaniaýalary gymmat bahaly enjamlary we gaýry esasy serişdeleri satyn alyp olary başga tarapa kärende hökmünde berýärler.

Birnäçe banklar belli bir uly möçberdäki taslama boýunça karzlary bileleşip berýän bolsalar, olara **konsorsial karzlar** diýilýar.

**Owerdraft karzlary** –abraýly kärhanalara pul serişdeleriň hasaplaşyk hasabynda wagtlaýyn bolmadyk ýagdaýda berilýar.

**Rambur s karzlary-**daşary ýurtlar bilen söwda gatnaşyklary giňeltmek, harytlary çalt ýerleşdirmek üçin berilýär.

**Tehniki karzlary-**bir döwlet başga döwlete uly möçberlerde harytlary, ya-da çig mallary iberýän bolsa we haryt alyjy-döwlet öz wagtynda dürli sebäplere görä haryt-iberiji döwlet bilen hasaplaşyp bilmedik bolsa, onuň bergisi tehniki karz görnüşinde resmileşdirilýär. Mysal üçin, Türkmenistan bir näçe gezek Ukraýina respublikasyna iberen tebigy gaz boýunça algylaryny, tehniki karzy görnüşine resmileşdirdi.

Şu okuw gollanmasynda banklaryň kärhanalara berýän karzlaryna, ýagny kärhanalaryň banklar bilen karz gatnaşyklaryna esasy üns we aýratyn orun berler.

Pul serişdelerini karz bermek üçin, olary ilki toplamak gerek. Banklar köplenç karzlary diňe hususy serişdeleriň hasabyna bermän, eýsem müşderilerden wagtlaýyn alnan serişdeleriň hasabyna-da berýärler.

**Karzlary bermek üçin süýşürilýän serişdelere karz serişdeleri** ýa-da **karz çeşmeleri** diýilýar. Banklar karzyň çeşmeleri hökmünde şu aşakdaky serişdeleri ulanyp bilýärler:

- bankyň **hususy karz çeşmeleri** -esaslyk maýasy (ustaw), ätiýaçlandyrma, geljekki harajatlar, ýörite maksatly we gaýry toplumlaryň serişdeleri;

- müşderileriniň hasaplaşyk, depozit, gündelik, goýum we gaýry hasaplarda ýerleşdirilip, wagtlaýyn ulanylmaýan serişdeler;

Bank müşderilerine karzlary diňe çeşmeleri bar bolan wagtynda berip bilýändir. Ýagny , bankyň karz çeşmeleri näçe köp bolsa, şonça-da bank köp müşderilere karz bermäge ukyplydyr. Eger-de bankyň müşderileriniň karzlara islegi karz çeşmelerinden artýan bolsa, bank karz serişdelerini Merkezi bankdan ýa-da başga täjirçilik banklaryndan satyn alyp biler.

Karzlaryň bazaryna biziň döwletimizde Türkmenistanyň Merkezi banky gözegçilik edýär. Berilýän karzlaryň möçberini Merkezi bank artdyryp we azaldyp biler. Şol işleri geçirmek üçin Merkezi bank gaýtadan maliýeleşdirmegiň göterimini kesgitleýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda onuň derejesi ýyl-ýyldan pese düşýär. Netijede täjirçilik banklaryna satylýan karzlaryň bahasy pese düşüp, karzlaryň göterimleri hem pese düşýär.

Häzirki döwürde **Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gaýtadan maliýeleşdirmegiň göterimi** ykdysadyýeti ösen döwletleriňki ýaly we başga döwletleriň ykdysadyýetçilerini haýran galdyrýar.

Karz berlende ähli döwletlerde belli ýörelgeler, esaslar göz önünde tutulýar. Mysal üçin, Türkmenistanda we GDA girýän döwletlerde karz berlende aşakdaky ýörelgilerden (prinsiplerden) ugur alynýar:

- maksatlylyk;
- möhletlilik;
- yzyna gaýtaryp bermeklik;
- töleglilik;
- maddy üpjünçilik.

Iňlis dilinde çykýan ykdysady edebiýatlarda karz bermekligiň ýörelgileri „CAMPARI“ sözi bilen bellenilýär. Şu sözüň her harpynyň öz manysy bar. Onuň aňlatmalary şu aşakdaky ýalydyr:

C - müşderiniň esaslyk maýasynyň häsiýetnamasy;
A - karzy gaýtaryp bermäge ukyplylygy;
M - marža (peýda);
P - karzyň maksady;
A - karzyň möçberi;
R - karzy yzyna gaýtaryp bermekligiň şertleri;
I - karz yzyna gaýdyp gelmedik ýagdaýynda töwekgelçiligiň ätiýaçlandyrylyşy.

Görkezilen ýörelgilere jikme-jik seredip geçeliň.

**Kärhananyň esaslyk maýasyna häsiýetnama** berlende banklar kärhananyň esaslyk maýasyna, ätiýaçlyk goryna ýörite maksatly we başga gaznalaryna bar bolan emläklerine baha berýärler. Şol sebäpli kärhanalar öz maýalaryny, gorlaryny, gaznalaryny artdyrmak üçin mydama işlemelidirler.

**Kärhananyň karzy gaýtaryp bermäge ukyplylygyny** barlanlarynda banklaryň işgärleri karz alýan kärhana .ynanyp bolarmy, onuň aljak bolýan karzlary öz wagtynda yzyna gaýtarmak üçin sagdyn maliýe pikiriň bardygyny bilmek isleýärler.

Banklar kärhanalar (müşderiler) baradaky pikirlerini aşakdaky usullaryň kömegi esasynda çykarýar:

- olaryň öňki işini öwrenmegiň esasynda;
- kärhananyň ýolbaşçylary (müşderileri) bilen duşuşyk geçirmegiň netijesinde.

Kärhananyň öňki işleri onuň maliýe hasabatlaryň esasyndan öwrenilýär. Maliýe hasabatlary bolsa garaşsyz auditorlar ýa-da banklaryň işgärleri tarapyndan barlanýar. Barlaga köplenç üç ýa-da bäş ýylyň maliýe hasabatlary alynýar.

Ykdysadyýeti ösen döwletlerde kärhanalar barada maglumatlary ýygnaýan ýörite firmalar hem bardyr. Olar ýygnalan maglumatlary raýatlara, banklara we gaýry edara görnüşli taraplara satýarlar. Maglumatlar köpçülikleýin habar beriş serişdelerinden (metbugatdan, radiodan, teleýaýlymlardan) we gaýry çeşmelerden alynýar.

Banklar şu firmalaryň maglumatlaryny birnäçe ýagdaýlarda ulanýarlar. Ýöne müşderiler barada maglumatlary hem olaryň özleri ýygnaýarlar. Banklary gyzyklandyrýan esasy mesele **müşderileriň şu günki hem-de geljekki maliýe ýagdaýlarydyr.** Geljekki maliýe ýagdaýy bolsa, onuň geljekki girdejilerine we çykdajylaryna baglydyr. Şu meseleler kärhananyň ýolbaşçylaryny hem hökmany syratda gyzyklanmalydyrlar.

Banklary karz alýan kärhananyň we onuň esaslandyryjylaryň durmuşy we ykdysady taýdan durnuklylygy hem gyzyklandyrýandyr. Kärhananyň ýolbaşçylaryň we esaslandyryjylaryň emläkleri, maddy we maşgala ýagdaýlary, saglygy, ýaşlary, telekeçilik dünýäsinde aragatnaşyklary, karzy kepillendirip biljek dogan garandaşlary barada maglumatlar bank tarapyndan ýygnalyp anyklanylýar we seljerilýär.

**Karzyň maržasy (peýdasy)-** bank karz berende, şol karzdan peýdany görmek, netije gazanmak üçin berýär. Şol sebäpli kärhana karzy alanda öz bähbidini hem ýatdan çykarmaly däldir.

**Karzyň maksady** bankyň işgärlerine hökmany ýagdaýda belli bolmaly. Şu şert ähli kärhanalara, telekeçilere we şahsy taraplara hem degişlidir. Bankyň işgärleri karzyň maksadyny bilmän, kärhana (başga müşderä) karz berip bilmezler.

Karzyň maksady kärhana (müşderi) bilen bankyň arasyndaky ylalaşyk esasynda kesgitlenilýär. Karz dürli maksatlar üçin berlip bilner. Emma karzyň maksady hökmany ýagdaýda döwletiň kanunlaryna hem-de kärhananyň esasnamasyna (ustawyna) gabat gelmelidir. **Kanuna laýyk gelmeýän karzlar berlen ýagdaýynda** ol şu aşakdaky netijelere getirip biler:

- kärhana we onuň döredijileri bankyň maliýe çäreleri zerarly zyýan çekmegi mümkin;
- kärhananyň ýolbaşçylaryň işleri hukuk-goraýjy guramalara geçirilip bilner;
- kärhana batyp, ýapylyp bilner.

**Karzyň möçberi** ulanyljak maksada laýyk gelmelidir. Sebäbi karz almagyň we yzyna gaýtarmagyň tejribesi boýunça, kärhana karzy kem möçberde alanda ol özüne goýan maksatlaryna ýetmän we meýilnamalaşdyrylan derejelerde girdejileri alyp bilmän, alan karzyny köplenç wagtynda yzyna gaýtarmany başaranok.

Karz alnanda kärhananyň karzy yzyna gaýtaryp bermäge ukyplylygy öňünden hasaplanmalydyr.

Kärhananyň göz öňünde tutýan maksatlaryny ýerine ýetirmegi üçin hususy serişdeleriniň möçberi karzyň möçberinden köp bolmaly. Emma birnäçe karzlar, müşderiniň hususy serişdeleri az bolan ýagdaýynda hem berilýär. Mysal üçin, daşary döwletlerde ýaşaýyş jaýyny gurmak üçin karz jaýyň 95% bahasyna çenli berilýär. Ulag (awtoulag) almak üçin bolsa köp döwletlerde müşderiler alýan ulagynyň bahasynyň diňe 20-33,3% öňünden töleýärler. Ulagyň galan bahasy banklaryň berýän karzlarynyň hasabyna tölenilýär.

**Karzy yzyna gaýtaryp bermekligiň esasy şerti** - ony yzyna öz wagtynda göterim bilen gaýtarmaklygyň anyk ähtimallygy. Kärhana karzyny gaýtaryp bermek üçin çeşmeleriň ýeterlik derejede boljagyny anyklamalydyr. Şeýle çeşmeler ýeterlik boljagyna kärhanaýň ýolbaşçylarynda doly ynamy bolmasa kärhana karzy almaly däl Bank müşderiniň gowy maddy üpjünçiligi bar bolanda-da karzyna pul serişdelerini bermeli däl.

Karzyň maddy üpjünçiligi banklaryň özlerini goramak üçin ulanýan usulydyr. Ol usul diňe kärhana (müşderi) bank bilen hasaplaşyp bilmedik ýagdaýynda ulanylýar. Emma **bankyň esasy maksady müşderiden maddy üpjünçiligi almak däl-de, eýsem karz berip, ondan peýda gazanmakdyr.**

**Kärhana aljak karzyny yzyna gaýtaryp bermekliginiň ukyplylygyny barlamalydyr we** aşakdaky işleri geçirmelidir:

- göterimler bilen tölegiň mukdaryny sanap çykmalydyr;
- karzy üzmek üçin öz çeşmeleriniň ýeterlikdigini anyklamalydyr. Bu iş karz alynmanka geçirmelidir.

Kärhanalar karzy üzmek üçin **ilki şahsy hasaplaşyk hasabyna gelýän pul serişdelerini süýşirip, soň karz hasabyna geçirmelidirler.**

Kärhana möwsümleýin işleýän bolsa, esasy karzy girdeji köp gelýän möwsümde gaýtarmany meýilnamalaşdyrmalydyr.

Ykdysady edebiýatlarda karz bermekligiň üç usuly bellenilýar:

- galyndy;
- aýlaw (dolanyşyk);
- galyndy-aýlaw (dolanyşyk*)*.

**Galyndy usuly** boýunça karzy hojalyk hasaplaşygyndaky gurluşyk edaralary, senagat kärhanalary we başgalar alyp bilerler. Galyndy usuly boýunça karz berlende kärhananyň maddy gymmatlyklarynyň galyndylary hasaplanylyp, şolaryň möçberine görä karz berilmelidir.

**Aýlaw (dolanyşyk) usuly** boýunça karzlar söwda we üpjünçilik edaralaryna berlip bilner. Şu usul boýunça kärhananyň aýlanyşygynda bar bolan maddy gymmatlyklary hasaplanylyp we şolaryň dolanyşygyň möçberine görä karzyň möçberi kesgitlenýär.

**Galyndy-aýlaw (dolanyşyk) usul** boýunça karz Türkmenistanda 30-njy ýyllarda ulanylýardy. Şeýle usul boýunça karz aktiw-passiw kontokorent hasaplaryndan Russiýada we gaýry döwletlerde häzirki wagtda-da hem berilýär. Kontokorent hasaby hasaplaşyk hasabynyň we karz hasabynyň wezipelerini ýerine ýetirýär. Şu usul boýunça karzlar berlende kärhananyň maddy gymmatlyklarynyň hem galyndylarynyň hem dolanyşygynyň möçberleri göz öňünde tutulyp, karzlar berilýä.

Soňky ýyllarda Türkmenistanda we gaýry GDA ýurtlarynda girew esasynda hem karzlar berilýär. Ykdysady edebiýatlarda girew esasynda berilýän karzlar aýratyn usul boýunça berilýän karzlar diýip bellenmeýär. Girew usuly birinji üç usul boýunça karz berlende-de ulanylyp bilner.

Öňki SSSR-de 30-njy ýyllardan soň banklar karz berende girew almaýardylar. Girew almaklyk bazar ykdysadyýetine geçen döwletlerde giňden ulanylýar. Şoňa garamazdan, girew hökmünde kärhananyň emlägini goýmak bilen baglylykda käwagt kyn çözülýän meseleler hem ýüze çykyp biler.

Banklar kärhanalaryň karzlaryny möhletleri we üpjunçiligi boýunça şeýle häsiýetlendirýärler:
-möhleti geçen gününden 30 güne çenli **standart**;
- 31 günden 90 güne çenli **substandart;**
- 91 günden 180 güne çenli **şubhelli**;
- 180 günden ýokarlara **ygtybarsyz.**

### 8.2. Karz beriji banky saýlanmakda menejeriň wezipeleri we karz almaklygyň tertibi.

Karzy almanka kärhananyň ýolbaşçylary birinji nobatda **„Karzyň deregine başga çeşmeleri ulanyp bolmazmy?“** diýen soraga jogap bermelidir. Şol **soraga jogap bermek üçin olar aşakdaky işleri amala aşyrmalydyrlar:**

- Ýagdaý bolan wagtlarda göterimsiz pul kömeklerini alyp görmeli. Yslam döwletlerinde karzlar göterimsiz berilýänligini we şol döwletlerde göterim almaklygy haram diýip hasaplanýandyklaryny ýatdan çykarmaly däl. Gyrgyzstanda, Gazagstanda we başga käbir döwletlerde banklar müşderilerden göterim alman olaryň (kärhanalaryň) paýdarlary hökmünde çykyş edýärler.
- Kärhananyň ýolbaşçylary (esaslandyryjylary) karzyň maksatlaryny amala aşyrmak üçin kärhananyň (esaslandyryjylaryň) öz mümkinçiliklerini täzeden barlap görmeli.
- Kärhanany giňeltmek üçin banklardan başga paýdarlary çekmeli ýa-da kärhananyň esaslandyryjylarynyň sanyny artdyrmaly.
- Kärhananyň peýdasyny artdyrmagyň we netijeli ulanmaklagyň ýollaryny täzeden anyklamaly.
- Kärhana zerur bolmadyk we peýda getirmeýän emläkleri satmaly.
- Kärhananyň ähli algylaryny almaga synanşmaly.
- Kärhananyň bergilerini zyýansyz uzaldyp bolýan ýagdaýlarda olary uzaltmaly.

Ýokarda görkezilen işler ýerine ýetirilenden soň, karz almagyň zerurlygy aýrylmasa, kärhananyň ýolbaşçylary karzlary haýsy bankdan almak amatlydygy meseläni çözmelidirler. Bu meseläni çözmek üçin ýolbaşçylar diňe bir bankyň şertlerini öwrenmän, eýsem **dürli banklaryň karz bermekliginiň şertlerini öwrenmelidir.** Şertleriň içinde karzyň möhletine, göterimleriň derejesine, girewine, walýutasyna, bankyň hukuklaryna we kärhana garşy görüp biljek çärelerine aýratyn üns berilmelidir. Kärhananyň ýolbaşçylary (menejerler) şol **şertleriň iň amatlysyny saýlap bilmelidirler**.

Karzyň göterimi näçe pes bolsa, kärhana şonça-da ony tölemek aňsat düşýär. Karzy gaýtarmagyň möhleti näçe uzak bolsa, şonça-da kärhana üçin amatlydyr. Sebäbi bellenilen möhletden soň karz beriji bilen kärhana hasaplaşanda göterimler ösýär we ol zyýan çekýär.

Banklar karzlary dürli walýutalarda berip bilerler. Dürli walýutalarda alynýan karzlaryň şertleri deň däldir. Sebäbi dürli walyutalaryň inflýasiýanyň ösüşi, kurslaryň üýtgemegi, başga walýutalara öwrülmegiň şertleri dürlidir. Şol sebäpli karzy gaýtarmakda dürli meseleler ýüze çykaýmagy ahmal.

Köplenç kärhana haýsy walýutada girdejileri gazanýan bolsa, şol walýutalarda karzlary almak amatly bolýar, karzlary we göterimleri gaýtarmagy aňsatlaşýar. Şoňa garamazdan tejribede dürli başga

ýagdaýlaram hem bolup biler. Şolaryň hemmesini gowy we erbet taraplaryny seljerip ýolbaşçylar özleri haýsy walýutada karzy kärhana üçin almak amatly -netije çykarmany başarmaly.

Kärhananyň ýolbaşçylary daşary ýurtlardan karz almanka, ýerli banklar bilen maslahatlaşmalydyrlar. Sebäbi banklaryň karzlar, karzlaryň bazary barada maglumatlary köpdür. Olar internet arkaly dünýä karzlarynyň bazaryny öwrenýärler. Häzirki döwürde käbir Arap, Hytaý ýurtlarynyň banklaryndan karzlary iň gowy şertler bilen alyp bolýar.

Käbir karzlaryň şertleri bolsa agyr bolup, soňunda olar köp kynçylyklara getirýär.

Karzlaryň şertlerini öwreniş döwründe kärhananyň dolandyryjylary karzyň **ähli şertlerini öwrenip, onuň netijeliligini we şol şertleri doly ýerine ýetirip boljagyny hasaplap görmeli**. Hasaplaýyş işleri geçirilende girdejiler, çykdajylar, tölenjek salgytlar, göterimler täzeden hasaplanylyp barlanylmaly. Şol işleri geçirmek üçin dolandyryjylar **çaklaýyş işlerini geçirmäni başarmalydyr**. Olar geljekki ýyllaryň nyrhlaryny, inflýasiýanyň ösüşini, walýuta kurslarynyň üýtgemegini çaklap bilmelidirler.

**Bankdan karz alýan** kärhanalar banklara köplenç aşakdaky resminamalary tabşyrýarlar:

- şahsy hasaplaşyk hasabyny açmak üçin tabşyrylýan resminamalary (resminamalaryň sanawy şu gollanmanyň öňki sahypalarynda görkezilendir);
- arzany;
- telekeçilik işiniň meýilnamasyny (biznes plany);
- karzy ödemek hakyndaky hasaby;
- taslama-harajatnama resminamalary (smetalary);
- maliýeleşdirilmegiň meýilnamasyny;
- girew hakynda şertnamany;
- borçnamany;
- gaýry resminamalary.

Kärhananyň karzlary ýokarda bellenilişi ýaly 90 we 92-nji balans hasaplarda hasaba alynýar.90-nji balans hasapda banklaryň gysga möhletleýin karzlary , 92-nji hasapda bolsa banklaryň uzak möhletleýin karzlary hasaba alynýar. Bu hasaplar passiw hasaplar. Olar her haýsy üç sany hasapiçi hasaplara bölünýär. Olar bilen gollanmanyň 2-nji görkezgiçden tanyşyp bolar.

**Karzlar alnanda** buhgalterlik hasabynda şeýle ýazgylar edilýär:

Debet 50 „Kassa", 51 „Hasaplaşyk hasaby", 52 „Daşary ýurt pullarynyň hasaby",55 „Banklardaky ýörite hasaplar „

Kredit 90 „Banklaryň gysga möhletleýin karzlary"

Debet 50 „Kassa", 51 „Hasaplaşyk hasaby", 52 „Daşary ýurt pullarynyň hasaby",55 „Banklardaky ýörite hasaplar „

Kredit 92 „Banklaryň uzak möhletleýin karzlary".

**Karzlar yzyna gaýtarlanda** buhgalterlik hasabynda şeýle ýazgylar edilýär:

Debet 90 „Banklaryň gysga möhletleýin karzlary"

Kredit 50 „Kassa", 51 „Hasaplaşyk hasaby", 52 „Daşary ýurt pullarynyň hasaby",55 „Banklardaky ýörite hasaplar „

Debet 92 „Banklaryň uzak möhletleýin karzlary".

Kreditt 50 „Kassa", 51 „Hasaplaşyk hasaby", 52 „Daşary ýurt pullarynyň hasaby", 55 „Banklardaky ýörite hasaplar „

### 8.3. Kärhananyň alan karzyny göterim bilen gaýtarmagyň meseleleri we olaryň çözülşi.

Kärhananyň alan karzyny göterim bilen gaýtarmakda dürli meseleler we töwekgelçilikler çykyp biler. Şolaryň içinde: walýyuta, inflýasiýa, göterim, pudak, ýurt , syýasy we başga töwekgelçilikler.

Görkezilen töwekgelçikleriň atlary-öz düýp manysyny görkezýärler.

Walýuta töwekgelçiligi –walýuta kursynyň, inflýasiýa töwekgelçiligi - puluň hümmetiniň, göterim töwekgelçiligi bolsa göterimleriň üýtgemegi bilen baglydyrlar.

Kärhananyň dolandyryjysy kärhana tarapyndan karz alynmanka, ýokarda görkezilen ähli töwekgelçilikleri göz öňünde tutmalydyr.

Başga söz bilen aýdaňda karzy göterim bilen bökdençsiz gaýtarmak üçin we görkezilen töwekgelçilikden goranmak **esasy usullaryň biri-öňünden gowy pikirlenip çaklaýyş işleri geçirmek.** Emma karz alnandan soň bazaryň şertlerini , kärhananyň maliýe ýagdaýyny öwrenmegi we degişli çäreleri geçirmegi ýatdan çykarmaly däldir.

Alnan karzlaryň göterimleri käbir ýagdaýlarda kärhana üçin gaty agyr bolup biler.

Dünýä tejribesinde göterimler iki topara bölünýar:

berkidilen we berkidilmedik göterimlere. Şolaryň içinden kärhananyň ýolbaşçylary bazaryň ýagdaýlaryna görä, iň amatlysyny saýlamagy başarmaly. Käbir bazar şertlerinde berkidilen göterimler kärhana üçin amatly bolup biler. Şonuň ýaly ýagdaýlar köplenç puluň hümmeti çalt depginler bilen pese düşjekdigi çak edilse we berkidilýän göterim pes derejede kesgitlenilse gabat gelinýär.

Mysal üçin, 1986-1991-nji ýyllarda uzak möhletleýin we berkidilen göterimli karzlary alan kärhanalar karzlaryň hasabyna çalt maliýe ýagdaýlaryny ýokarlandylar. Olar karzlary alan wagtlarynda puluň hümmeti gaty ýokarydy, karzlar gaýtarlanda puluň hümmeti ýaman pese düşdi. Deňeşdirmek üçin, 25000 rubla (manada) 1986-nji ýylda maşgala üçin ýaşaýyş jaýy gurup ýa-da satyn alyp bolýardy. 1991-nji ýylda bolsa 25000 rubl orta maşgalany bir aý eklemäge ýetenokdy.

Berkidilmedik göterimleri geljekki döwürleriň pulunyň hümmetini çak edip bolmadyk ýagdaýlarda ulanmak, amatly bolýar.

Göterim töwekgelçiligi öz gezeginde walýuta we inflýasiýa töwekgelçilikler bilen berk baglanşyklydyr.

Ähli kärhanalaryň maliýe ýagdaýlary we karzy göterim bilen gaýtarmagyň ukyplylygy olaryň degişli pudagynyň, ýurdynyň ýagdaýyna we döwletiň syýasatyna hem baglydyrlar. Şol babatda kärhanalaryň karzy göterim bilen gaýtaryp bermekde pudak, ýurt, syýasy töwekgelçilikler hem bardyr.

Dürli pudaklaryň töwekgelçiligi dürlidir. Mysal üçin, oba hojalyk pudagynyň töwekgelçilikleri ýokary bolýar. Sebäbi, oba hojalygynyň önümi howa, tebigy ýagdaýlara berk baglydyr. Gözleg - ahtaryş işler bilen bagly pudaklaryň töwekgelçiligi hem ýokary bolýar. Goýulýan goýumlar köp wagtlap netije bermän hem biler. Emma geljekki düşewüntler täze hereketlere itýär.

Dürli pudaklarda üstünlik gazanmak şertleri deň däldir. Käbir pudaklarda bäsdeşlik iň ýokary derejelere barýar. Ol bosa öz gezeginde nyrhlara , girdejilere we kärhananyň töleg ukyplylygyna göni täsir edýär.

Eger-de meýilnamalaşdyrylan derejelerden köp girdeji gelýän bolsa, **karzy möhletden öň gaýtarmak** amatly bolýar. Sebäbi geljekki ýagdaýlary çaklamak aňsat däl we olardan hem goranmalydyr.

Walýuta töwkgelçilikden goranmak üçin käbir daşary ýurtlaryň ykdysadyýetçileri **dürli walýutlarda karzlary almaga maslahat berýärler. Eger-de bir walýuta karzdan zyýan çekilse, başga walýutada alnan karz şol zyýanlary ýapmaga ýardam beräýmege ahmal**. Emma bu usulyň hem öz kemçilikleri bar. Saýlanan walýutalar ikisäm zyýanly çykaýmagy ahmal. Hasaby ýöretmek we hasaplaşmak kynlaşýar.

Karzy üzmek üçin girewi (maddy üpjünçiligi) satmaly bolar diýip pikir kärhananyň ýolbaşçysynyň kellesine gelýan ýagdaýynda, ýokarda aýdylyşy ýaly, kärhana şol karzy almaly däldir. Şoňa garamazdan karzyň maddy üpjunçiligi kärhanany başga bir topar kynçylyklardan gorap biler, eger-de kärhana girewe goýýan zatlary dogry saýlan bolsa we garaşylmadyk ýagdaýlar dörände ony dogry ulanyp bilse. Sebäbi girewe goýlan zatlaryň bahalary köplenç dürli taraplara üýtgeýär, ýagny ösýär ýa-da pese düşýär.

Tejribede köplenç ýaşaýyş jaýlaryň we başga gozgalmaýan emläkleriň bahalary ösmek bilen bolýar. Emma olaryň hem bahasy birnäçe ýagdaýda aşak düşüp biler. Onuň ýaly mysallar dünýa tejribesinde hem köp.

Erbet ýagdaýa düşen kärhanalar girewe goýlan emlägi çaltrak satmak üçin onuň bahasyny arzanladyp - söwda çykdaýjylaryny, köp wagtlap ony satyp bilmese, aýratyn görünmeýän zyýanlary hem çekýändir.

Kärhana alan karzyny wagtynda gaýtaryp bilmedik ýagdaýda girewe goýulan emläkleri çalt ýerleşdirip bolar ýaly kärhananyň ýolbaşçylary **girewi satyn alyp biljek taraplary göz öňünde tutmalydyrlar**. **Şol işi diňe bankyň özüne ýüklemeli däldir.** Sebäbi bank kärhananyň goýan girewini

arzan bahadan ýerleşdirip we karzyň gaýtarylmadyk möçberini kärhanadan talap edip biler. Oňa bankyň haky bardyr. Netijede kärhana **goşmaça zyýan çeker**.

Bank girewiň ätiýaçlandyrmasyny talap edip biler. Şol talap kärhana üçin hem alnan karzy göterim bilen gaýtarmany aňsatlaşdyryp **biler.**

**Jemläp aýdamyzda, kärhanalar alnan karzy göterim bilen gaýtarmak ukyplylygyny ýokarlandyrmak üçin we şol işiň töwekgelçiliklerden goranmak üçin aşakdaky usullary ulanmalydyrlar:**

- karzy almanka degişli çäreleri geçirip karzyň şertlerini we ähli töwekgelçilikleri gowy öwrenmelidir ;
- karzy alyp, bellenilen maksat üçin ulanyp gowy işlemelidirler;
- kärhananyň ýolbaşçylary marketingiň we menejmentiň ähli usullaryny ulanyp girdejileriň möçberini artdyryp, girdejileriň çykdajylar bilen bagly aragatnaşygyny sazlamalydyrlar;
- girewe goýlan emläkleri ätiýäçlanmalydyrlar;
- girewe goýlan emläkleri satyn alyp biljek taraplary öňünden tapmalydyrlar;
- girewe goýlan zatlary birden satmaly bolan wagtynda , söwda gepleşikleri gurnap özleri olara gatnaşmalydyrlar;
- walýuta töwekgelçiliklerden goranmak üçin dürli walýutalarda karzy alyp bilerler;
- berkidilmedik göterimleriň möçberilerini özüne amatly bolan derejä getirmek üçin karz beriji bilen gepleşikleri gurnamalydyrlar;
- mümkin bolan döwürlerde (ýagdaýlarda) alan karzlary möhletden öň gaýtarmalydyrlar.

## 9. Kärhanalaryň daşary ýurt walýuta-maliýe gatnaşyklarynyň esaslary.

9.1. Halkara walýuta gatnaşyklary we walýuta ulgamy barada esasy düşünjeler.

Kärhanalaryň daşary ýurt walýuta-maliýe gatnaşyklaryny öwrenmek üçin ilki halkara walýuta gatnaşyklary we walýuta ulgamy barada esasy düşünjileri bilen tanyşmaly . Şol düşünjiler ykdysady ylymlaryň kandidaty, dosent A.A. Burunowanyň tarapyndan taýarlanyp çap edilen „Halkara pul, karz we maliýe gatnaşyklary“ atly okuw gollanmada örän oňat berilen. Şol sebäpli görkezilen gollanmadan käbir düşünjileri alyp size olaryň gysga manysyny aşakdaky sahypalarda hödürlemek makul bildik.

Walýuta gatnaşyklarynyň ilkinji alamatlary antik döwürde - gadymy Gresiýada we Rimde peýda bolupdyr. XII-XIII asyrlarda ilkinji bank hyzmatyny aňladýan çalyşma stollar ulanylyp başlanýar. Ilkinji wekseller (borçnamalar) hem şol döwürlerde emele gelýär. Soňra Leonda we Antwerpende ilkinji weksel bazarlary döräp başlapdyr.

Dünýa hojalygy ulgamynda milli hojalyk netijeleriniň özara hasaplaşygyna hyzmat edýän jemgyýetçilik pul gatnaşyklarynyň jemine - **halkara walýuta - maliýe gatnaşyklary diýilýär.**

Walýuta gatnaşyklarynyň döwlet guramaçylyk, hukuk we sazlaýyş usullarynyň jemine **walýuta ulgamy diýilýär.**

Walýuta ulgamy milli kada-kanunçylyk, halkara utgaşdyrylan kesgitlemeler, düzgünnamalar we halkara ylalaşyklar bilen berkidilendir.

Walýuta ulgamynyň birnäçe görnüşleri bar: milli, dünýä we sebitara.

Daşary ýurtlar bilen ýerine ýetirilýän halkara hasaplaşyklar boýunça ýurtda kabul edilen düzgün-tertibiň jemine **milli walýuta ulgamy** diýilýär.

**Dünýä walýuta ulgamy** - bu halkara ylalaşyklaryň netijesinde döredilen walýuta gatnaşyklarynyň jemidir.

Sebitara walýuta ulgamy döwletara ylalaşyklarynyň netijesinde meýletin döredilýär we bileleşmäniň öňünde goýulýan syýasy we ykdysady maksatlaryna hyzmat edýär. Diýmek, sebitara walýuta ulgamy baş maksatlara gönükdirilen we ýokary derejede ösen birleşikler diýlip hasaplanylýar. Mysal üçin, Ýewropa walýuta birleşmesi (ýeke-täk ulanylýan walýutasy -ýewro (EUR), OPEK-nebiti eksport edýän döwletleriň guramasy (ýeke-täk walýutasy -ARAB hasaplama dinary).

**Ilkinji dünýä walýuta ulgamy** özakymly XIX asyrda senagat rewolýusiýadan soň altyn monometalizm döwründe peýda bolupdyr. Birinji dünýä walýuta ulgamy 1867-nji ýylda Pariž halkara maslahatynda döwletara ylalaşyk hökmünde kabul edilip, hukuk tarapdan güýje girizilipdi. **Altyn ýeke-täk dünýä puly diýip yglan edildi**.

**Ikinji dünýä walýuta ulgamy** 1922-nji ýylda Genuýa ykdysady maslahatynda kabul edildi. Hukuk tarapdan tassyklanmasa-da döwletleriň arasynda ylalaşylyp, **ätiýaçlyk walýuta hökmünde funt- sterlingler we ABŞ-nyň dollarlary kabul edilipdi.**

**Üçünji walýuta ulgamy** 1945-nji ýylda ABŞ-nyň Nýu-Gemşir ştatynyň Breton-Wudds şäherinde gazanylan ylalaşyk esasynda 35 döwlet tarapyndan resmileşdirilip (ratifisirlenilip) güýje girýär. **ABŞ-nyň dollary dünýä puly diýlip yglan edilýär.** ABŞ-nyň hökümeti dollary altyna çalşyp berýär.

**Dördünji walýuta ulgamy** 1978-nji ýylda Ýamaýka şäherinde geçirilen maslahatyň (konferensiýanyň) netijesinde Halkara Walýuta Gaznanyň Esasnamasyna (Ustawyna) ikinji gezek üýtgemeler girizilenden soň, guramanyň köp bölegi tarapyndan ratifisirlenilip, güýje girýär. Altyn-dewiz ölçegiň deregine SDR girizilýär. SDR - Spesial Drawing Right - göni terjime edenimizde „karz almagyň ýörite hukuklary“ diýen manyny aňladýar. SDR – Halkara Walýuta Gaznanyň hasaplama walýuta birligi hasaplanylýar. SDR-iň girizilmeginiň sebäbi - ABŞ-nyň daşary ýurt gysga möhletleýin bergileri 1949-1971-nji ýyllar arasynda 8,5 esse artanlygydyr, resmi altyn görnüşdäki gorlar bolsa 2,4 esse peselenligidir. Şol sebäpli 1971-nji ýylda **ABŞ-nyň hökümeti dollary altyna çalşyp bermesini ýatyrýar.**

Häzirki döwürde halkara ykdysady gatnaşyklar SDR-iň kömegi bilen amala aşyrylýar. Banklar olaryň möçberine esaslanyp başga döwletler bilen hasaplaşyklary geçirýärler.

SDR diýlip aýry pul görnüşde kagyzlar dolanşyga çykarlanok. Emma soňky maliýe krizisy emele gelenden soň käbir döwletleriň baştutanlary olary çykarmany talap edip başladalar. Käbir döwletleriň baştutanlary täze bäşinji walýuta ulgamyny döretmäni talap edýärler. Şol talaplara esaslanyp täze dünýä pul birligi ýewro-dollarlary çykarmany talap edýänler hem bar. Köpçülik habar beriş serişdelerde şol pul birligiň ilkinji nusgalary hem görkezildi.

Täze dünýä walýuta ulgamyny döretmegini esasanam Braziliýa, Orsýet Hindistan, Hytaý döwletleri talap edýärler. Olar ABŞ – nda öz gorlaryny saklaýar. ABŞ-nyň bergileri bolsa ýyl ýyldan köpülýär. Aýratyn hem ABŞ-nyň bergileri Hytaý döwletine köp.

Töwekgelçiliklerden goranmak üçin görkezilen döwletler özara hasaplaşyklarda öz pul birliklerini ulanyp başladylar.

### 9.2. Kärhanalaryň daşary ýurt walýuta- maliýe gatnaşyklary we olara döwletiň gözegçiligi.

Häzirki döwürde Türkmenistanyň kärhanalary halkara ykdysady gatnaşyklara goşulmak üçin hökmany suratda Türkmenistanyň ykdysadyýet we maliýe ministriliginiň edara görnüşindäki taraplary we inwestision taslamalary döwlet hasabyna alyş müdirýetinde bellige alynmalydyrlar. Bellige alynmak üçin döwlet tarapyndan kesgitlenen möçberde býujetiň haýryna pul serişdeleri geçirilmelidir. Edara görnüşdäki tarapy bellige alnandygy hakynda ýörite şahadatnama berilýär. Şol şahadatnama esasynda kärhanalar öz islegi boýunça ygtyýar alan Türkmenistanyň dürli banklarynda walýuta hasabyny açyp bilerler.

Walýuta hasabyny açmak üçin bankyň haýryna bellenilen tertipde we möçberde pul serişdeleri tölenilmelidir. Pul serişdelerini tölemek bilen bir hatarda, kärhanalar hasaplaşyk hasabyny açmak üçin tabşyrylýan resminamalary hem-de ýokarda görkezilen gullugyň beren şahadatnamasynyň göçürmesini tabşyrýarlar.

Bellige alnyp we walýuta hasabyny bankda açandan soň kärhana dürli halkara walýuta maliýe gatnaşyklara gatnaşyp biler. Şol sanda kanuna laýyklykda aşakdaky walýuta amallaryny ýerine ýetirip biler:

- başga döwletleriň walýutalarynda girdejileri kabul etmek;
- banklaryň kömegi bilen agzalan walýutalary çalşmak;
- dürli döwletlerden karz almak;
- öz walýuta hasabyndan nagt walýuta serişdeleri almak;
- gaýry walýuta amallaryny geçirip biler.

Halkara walýuta maliýe gatnaşyklaryna döwletiň dürli guramalary gözegçilik edýärler. Şol sanda Türkmenistanyň maliýe ministriligi, Merkezi banky, döwlet çig mal biržasy, Prezidentiň ýanyndaky daşary ýurt maýa goýumlar baradaky gullugy, salgyt, serhet, migrasion, gümrük we başga döwlet gulluklary. Agzalan ministirlikleriň we gulluklarynyň her haýsynyň öz wezipeleri bar we olar öz ygtyýarlaryna laýyklykda hereket etmelidirler.

Salgyt gulluklaryň, Merkezi bankyň wezipeleri barada bu gollanmada giňişleýin maglumatlar berildi.

Döwlet çig mal biržasynda daşary ýurt kompaniýalar bilen baglanşylan kontraktlar hasaba alynýar.

Prezidentiň ýanyndaky daşary ýurt maýa goýumlar baradaky döwlet gullugynda ähli daşary ýurtlaryň Türkmenistanda goýan maýa goýumlary hasaba alynýar.

Gümrük gullugy kärhanyň döwlete getirilýän we biziň döwletimizden başga döwletlere iberilýän ähli harytlaryna gözegçilik edýär.

Kärhanalaryň ýolbaşçylary agzalan ministriliklerin we gulluklaryň ygtyýarlaryny , hukuklaryny we borçlaryny bilmelidirler we kanunlara laýyklykda olar bilen gatnaşyklary saklamalydyrlar.

### 9.3. Türkmenistana dahylly kärhanalaryň daşary ýurt kärhanalary bilen hasaplaşyklary.

Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän kärhanalary daşary ýurt kärhanalar bilen aşakdaky görnüşlerde hasaplaşyklary geçirip bilerler:

- bank geçirmesi;
- barter;
- kliring;
- akkreditiw;
- ýol we başga çekleri;
- karz kartoçkalary;
- kanunlara laýyklykda başga görnüşlerde.

**Bank geçirmesi** hasaplaşygy ulanylanda kärhana öz islegi boýunça baglaşylan şertnamalary, kontraktlary esasynda öz pul serişdelerini başga döwletlere geçirip biler. Serişdeleri geçirmek üçin töleg tabşyrygy doldurulýar. Tabşyryk ýörite görnüşdäki blankada berilýär. Ýokarda görkezilen şertnamalar, kontraktlar biržada hasaba alynmalydyr. Amal geçirilende kärhananyň walýuta hasabyndan pul serişdeleri aýrylyp, hyzmat eden (haryt iberen) kärhana daşary ýurda ugradylýar. Buhgalterlik hasabynda şu aşakdaky ýazgylar edilýär:

Esasy serişdeler satyn alnanda:

Debet 01 „esasy serişdeler“ Kredit 60 „haryt iberijiler we potratçylar bilen hasaplaşyk.“;

Debet 60 „haryt iberijiler we potratçylar bilen hasaplaşyk.” Kredit 52 „daşary ýurt pullarynyň hasaby.“.

Harytlar satyn alnanda:

Debet 41“harytlar“ Kt 60 „haryt iberijiler we potratçylar bilen hasaplaşyk.”;

Debet 60 “haryt iberijiler we potratçylar bilen hasaplaşyk”. Kredit 52“ daşary ýurt pullarynyň hasaby.“.

Materiallar satyn alnanda:

Debet 10 “materiallar“ Kredit 60 “haryt iberijiler we potratçylar bilen hasaplaşyk”.;

Dt 60 “haryt iberijiler we potratçylar bilen hasaplaşyk”. Kt 52“ daşary ýurt pullarynyň hasaby.“.

**Barter hasaplaşygy** geçirilende haryda (hyzmata, işe) -haryt (hyzmat, iş) berilýär (edilýär).

**Kliring hasaplaşyklary** döwletara ylalaşyklary esasynda geçirilýär. Ylalaşyklarda hasaplaşygyň ähli şertleri , şol sanda söwdanyň , algylaryň we bergileriniň galyndylarynyň çäkleri görkezilip bilner. Kliring hasaplaşygy amala aşyrylanda iberilen harytlara (tebigy baýlyklara) gyzyl pul (walýuta) serişdeler bilen bilelikde harytlar (hyzmatlar) iberilýär (ýerine ýetirilýär). Türkmenistanyň kliring hasaplaşyklarynyň taryhyndan Ukraýina, Eýran döwletleri bilen geçiren hasaplaşyklaryny görkezip bolar. Kliringiň (algylaryň) hasabyna, algydar döwletiň kärhanalary degişli döwlet guramasynyň buýrugy esasynda bergidar döwlete käbir hyzmatlary (işleri) buýuryp ýerine ýetirdip ýa-da şol döwletden harytlary alyp bilerler.

**Akkreditiw hasaplaşygy** daşary ykdysady gatnaşyklarda giňden ulanylýan nagt däl hasaplaşygyň görnüşi. Hasaplaşygyň düýp manysy Türkmenistanyň çäginde ulanylýan akkreditiwleriň manysy bilen deň. Emma daşary ykdysady gatnaşyklarda akkreditiw hasaplaşygynyň dürli-dürli görnüşleri ulanylýar. Şol sanda: gaýtarylýan, gaýtarylmaýan, arka-arka, geçirip bolýan, geçirip bolmaýan we başga görnüşleri.

Akkreditiw hasaplaşyklary „Resminama akkreditiwler hakynda“ Halkara ylalaşygyna laýyklykda geçirilýär. Şol ylalaşyk Halkara söwda Palatasy tarapyndan tassyklanylan.

**Gaýtarylýan akkreditiwi** ony açan tarap isleýän wagtynda yzyna alyp bilýär.

**Gaýtarylmaýan akkreditiwdäki pul serişdeleri** akkreditiwi açan tarap diňe şertnamada bellenilen ýagdaýlarda görkezilen serişdeleri yzyna alyp bilýar.

**Arka-arka akkreditiwi**, bir-birini haryt iberiji bilen haryt alyjy tanamaz ýaly, araçynyň teklibi boýunça onuň görkezen bankynda akkreditiw hasaby açylýar.

**Geçirip bolýan akkreditiwi** haryt alyjy başga tarapa ony geçirmäge haklydyr.

**Ýol çegi** – bu ýörite resminama, onuň esasynda belli daşary ýurtlarda ylalaşan banklarynyň kömegi bilen hasaplaşyp ýa-da nagt pul serişdelerini alyp bolýar. Şol hasaplaşygy geçirmek üçin dürli döwletleriň banklarynyň arasynda ýörite ylalaşyklar baglaşylýar. 1996-njy ýylda Türkmenistanyň raýatlary ýol çeklerini türkmen banklarynda satyn alyp, daşary ýurtlaryň banklarynda hasaplaşyklary geçirýärdiler. Gerek bolan ýagdaýlarda ýol çegi esasynda erkin aýlanýan walýutada nagt pul serişdelerini alýardylar.

Dünýä tejribesinde **„amerikan ekspres“ çekleri** hem giň ulanylýar. Şol çekler köp ýurtlarda hasaplaşyklary geçirmek üçin erkin kabul edilýär. Şu çeklerde wagtlaýyn ulanmaýan serişdeleri hem saklamak amatlydyr.

**Karz kartoçkalary** – halkara hasaplaşyklarda dürli döwletlerde kabul edilýän karz kartoçkalary ulanylýar. Mysal üçin, „master“, „wiza“, „Alfabank “ kartlar we onuň beýleki görnüşleri.

## 10. Kärhanalaryň ätiýaçlandyrylyşy we töwekgelçilikden goranmak işleri.

### 10.1. Ätiýaçlandyrma gatnaşyklarynyň esasy düşünjeleri.

Telekeçiligiň ähli görnüşlerinde töwekgelçilik bar. Töwekgelçiliksiz telekeçilik ýok. Töwekgelçilik öňki zamanlarda-da bolupdyr, häzirki döwürde hem ol duş gelýär, geljekki döwürlerde-de töwekgelçilik bolar diýsek ýalňyşmarys. Töwekgelçiligi doly aýyrmak mümkin däl. Şol sebäpli töwekgelçilikden goranmak üçin ätiýaçlandyrma işleri zerur.

Biziň döwletimizde ätiýaçlandyrma işleri Türkmenistanyň „Strahowaniýe işleri hakynda“ kanuny esasynda amala aşyrylýar.

Ätiýaçlandyrma işleri geçirlende şu aşakdaky düşünjeler giňden ulanylýar:

- Ätiýaçlandyryjy;
- ätiýaçlandyrylýan;
- ätiýaçlandyrmagyň meýdançasy;
- ätiýaçlandyryş agenti;
- ätiýaçlandyryş bukjasy;
- ätiýaçlandyryşyň töwekgelçiligi;
- ätiýaçlandyryşyň bahasy;
- ätiýaçlandyrmanyň tölegi;
- ätiýaçlandyryş polisi;
- ätiýaçlandyryş şertnamasy;
- ätiýaçlandyrylýan waka;
- ätiýaçlandyrylan obýekti täzeden ätiýaçlandyrýan tarap;
- ätiýaçlandyrmanyň öwezi;
- ätiýaçlandyrmanyň gaznasy.

**Ätiýaçlandyryjy** - bu ätiýaçlandyryş işleri geçirýän gurama ýa-da ätiýaçlandyryş kompaniýasy.

**Ätiýaçlandyrylýan** – edara görnüşli, şahsy ýa-da başga tarap. Bu tarap bilen ätiýaçlandyryjy kompanýa ätiýaçlandyrmak hakynda şertnamany baglaşýar.

**Ätiýaçlandyrma meýdançasy** - bu ätiýaçlandyryş hyzmatlaryny geçirip bolýan çäklerini (meýdançany) görkezýän düşünje.

**Ätiýaçlandyryş agenti** - bu ätiýaçlandyryş kompaniýasynyň buýrugy esasynda ätiýaçlandyryş şertnamalaryny baglaşýan tarap.

**Ätiýaçlandyryş bukjasy** - bu ätiýaçlandyryş kompaniýasynyň baglaşan şertnamalarynyň jemini görkezýän görkeziji.

**Ätiýaçlandyryşyň töwekgelçiligi** – bu ynamsyzlygyň göterimini görkezýän görkeziji. Töwekgelçilik beýik bolan ýagdaýda ätiýäçlandyrylmagyň bahasy ýokary bolýar. Töwekgelçilik pes bolan ýagdaýda ätiýäçlandyrylmagyň bahasy hem pese düşüp biler.

**Ätiýaçlandyryşyň bahasy -** bu ätiýaçlandyryş şertnamasynda görkezilen baha. Baha ätiýäçlandyryş kompaniýasynyň we ätiýäçlandyrylýan kärhananyň ylalaşyklary esasynda kesilýär. Baha ýa-da onuň çäkleri döwlet tarapyndan kesgitlenip hem bilner.

**Ätiýaçlandyrmanyň tölegi** - bu ätiýäçlandyrmak üçin belli döwürde ätiýäçlandyryş kompaniýasyna şertnama esasynda geçirilýän pul serişdeleri.

**Ätiýaçlandyryş polisi** – bu ätiýaçlandyrmanyň esasy şertlerini görkezýän resminama. Polis ýörite bellige alynýan blankalarda doldurylýar.

**Ätiýaçlandyryş şertnamasy** - bu ätiýäçlandyryjynyň we ätiýaçlandyrylýanyň arasynda baglaşylýan şertnamadyr. Onda ätiýäçlandyrmanyň ähli şertleri giňişleýin görkezilýär.

**Ätiýaçlandyrylýan waka** - bu töwekgelçiligi bar bolan, bolup biljek we ätiýaçlandyryş şertnamasynda görkezilen waka.

**Ätiýaçlandyrylýan obýekti täzeden ätiýaçlandyrýan tarap** - bu ätiýaçlandyryş işlerinde ulanylýan usullaryň biri. Bu usulyň kömegi bilen ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş işlerini geçirmek üçin şertnama arkaly üçünji tarapy (perestrahowateli) çekýär. Şertnama baglaşylanda ätiýaçlandyryjylar öz maliýe gorlary pes bolanda we ätiýaçlandyrylýan wakanyň zyýanlaryň öwezini doly gaýtarmak mümkinçilikleri bolmadyk ýagdaýlarda bu usul ulanýarlar. Ätiýaçlandyrylýan waka gelende (bolanda) zyýanlaryň öwezini gaýtarmak bilen bagly meseleler ikinji ätiýaçlandyryjy geçirýär.

**Ätiýaçlandyrmanyň öwezi** - ätiýaçlandyrylýan waka bolanda ätiýäçlandyrylýan tarapyň zyýanlarynyň öwezini ýapmak bilen bagly ätiýaçlandyryjynyň çykdajylary.

**Ätiýaçlandyrmanyň gaznasy** ätiýaçlandyrylan obýektler boýunça bolup biljek hadysalardan soň çekiljek zyýanlaryň öwezini gaýtarmak (bermek) üçin döredilen gazna.

**10.2. Kärhanalaryň ätiýaçlyk gorlary.**

Kärhananyň şu gün maliýe ýagdaýy oňat bolsa, ertir erbetleşäýmegi ahmal. Şonuň üçin ätiýäçlyk gory kärhana üçin zerur. Bu gorlaryň zerurlygyny göz öňünde tutup olar diňe kärhanalarda döredilmän eýsem aýratyn şahsýet, maşgala, pudak, döwlet derejelerde hem döredilýär.

Kärhanalar ätiýaçlyk gorlaryny peýdanyň hasabyna döretmelidirler. Şonuň üçin hem kärhana gazanýan peýdasyny tygşytly ulanmaga çalyşmalydyr. Kabir kärhanlar öz gazanan peýdasyny diňe sarp etmäge gönükdirýärler. Şol kärhanalaryň geljegi ýokdur.

Kärhanalaryň ätiýaçlyk gorunyň döredilişi hakynda düzgün-tertip esasnamasynda ýazylmalydyr. Kärhananyň peýdasyndan ätiýäçlyk goryna geçirilýän göterim şol düzgün-tertibe laýyklykda kesgitlenmelidir.

**Ätiýaçlyk goryny** döretmek üçin buhgalterlik hasabynda ýörite ýazgylar edilýär. Köplenç şeýle ýazgy ýazylýar :

Debet 81“Peýdanyň ulanylyşy“ Kredit 86”Ätiýäçlyk gory”.

Atiýaçlandyrma gaznalary diňe peýdanyň hasabyna döredilmän, käbir halatlarda esaslandyryjylaryň hasabyna hem döredilýär.

Döredijileriň goýumlary nagt we nagt däl görnüşinde goýlup bilner. Goýumlar milli walýutada we daşary ýurduň walýutalarynda hem goýlup bilner. Goýum edilse, buhgalterlik hasabynda aşakdaky ýazgylar edilýär:

Debet 50“ Kassa“ Kredit 75 „Döredijiler bilen hasaplaşyklar“

Debet 75„Döredijiler bilen hasaplaşyklar“ Kredit 86 “Ätiýäçlyk gory”.

Debet 51 „Hasaplaşyk hasaby“ Kredit 75“ „Döredijiler bilen hasaplaşyklar“

Debet 75 „Döredijiler bilen hasaplaşyklar“ Kredit 86“Ätiýäçlyk gory”.

Debet 52 „Daşary ýurt pullarynyň hasaby“ Kredit 75 „Döredijiler bilen hasaplaşyklar“

Debet 75 „Döredijiler bilen hasaplaşyklar“ Kredit 86 “Ätiýäçlyk gory”.

Ätiýaçlandyrma gaznalary maliýe kömeginiň hasabyna hem döredilip bilner. Başga söz bilen aýdanyňda kärhanalar öz bolup biljek zyýanlaryny ýapmak üçin ätiýaçlandyrma gorlaryny ýygnamaly bolýarlar.

**10.3. Kärhanalaryň ätiýaçlandyrylyşy we töwekgelçiliklerden goranmagyň usullary.**

Häzirki döwürde Türkmenistanyň çäginde hereket edýän kärhanalar “Türkmendöwletätiýaçlandyryş” kompaniýasy bilen şertnamany baglaşyp bilerler. Bu kompaniýa şu aşakdaky obýektlere ätiýaçlandyrýar:

- emläkleri;
- ulag serişdeleri;
- daşary ýurtlara gidýän syýahatçylary;
- mallary;
- oba hojalyk ekinlerini;
- başga obýektleri.

“Türkmendöwletätiýaçlandyryş”kompaniýa bilen şertnama baglaşyp kärhanalar öz binalary, desgalary, maşynlary, enjamlary , önümleri, çig maly we beýleki emlägi şu öňünden görülmedik ýagdaýlardan, ýagny emlägiň weýran bolmagyna ýa-da oňa zeper ýetmegine sebäp bolan ýangyndan, suw joşmagyndan, çabgaly ýagyşdan, gaý harasatdan, sil gelmeginden ätiýaçlandyrylyp bilerler.

**Ätiýaçlandyryş tölegleri** görkezilen **emlägiň bahasynyň 0,1% - 0,9% çenlidi**r, hemişelik müşderilere bolsa töleglerden 5%-15% çenli indirim we ätiýaçlandyryş şertnamasy dikeldilen mahaly ýeňillikli aý möhleti berilýär.

Ulag serişdeleri ätiýaçlandyranda “Türkmendöwletätiýaçlandyryş” kompaniýasy we onuň guramalary ätiýaçlandyrylyşyň üç sany görnüşini hödürleýärler. Şolaryň içinde:

- awtomobil ulagynyň islendik görnüşini (kasko);
- sürüjileri, ýolagçylary;
- raýatlyk jogapkärçiligini ätiýaçlandyrmak .

Ätiýaçlandyryş şertnamasy esasynda kärhana resminamada görkezilen hadysalardan ätiýäçlandyryjydan öz çeken zyýanlaryň öwezini talap edip biler:

- ýol-ulag hadysalaryndan;
- ulagyň hem-de onuň ätiýaç şaýlarynyň ogurlanmagyndan;
- onuň ýanmagyndan ýa-da öz-özünden ot almagyndan;
- predmetleriň (zatlaryň) ýa-da daşlaryň gaçmagyndan;
- başga biriniň bikanun hereketlerinden ýeten maddy zyýanyň öwezini dolmagy kepillendirýär.

**Ulag serişdeleri olaryň hakyky bahasynyň möçberinde ätiýaçlandyrylyp bilner**. Ätiýaçlandyrma şertnamasy **I ýyllyk möhlet bilen ýa-da 1 aýlykdan 11 aýlyga çenli möhlet bilen baglaşylýar**. Ätiýaçlandyryş guramasy ýeten zyýanyň öwezini zerur bolan resminamalary bar bolan ýagdaýynda şertnamada göz öňünde tutulan ýagdaýda töleýär.

“Türkmendöwletätiýaçlandyryş” kompaniýasy “Merkur Assistans” kompaniýasy bilen şertnama baglaşyp şulara mümkinçilik aldy:

- daşary ýurtlarda gaýragoýulmasyz kömegiň gije-gündizläp işleýän merkeziň hyzmatyna;
- şu merkezde ýokary hünärli saglygy goraýyş işgärlerinden ybarat toparyň hyzmatlaryndan peýdalanmaga;
- ýer şarynyň islendik nokadyna keselhanalaryň, ätiýäçlandyrýanyň ýanynda bolýan lukmanlaryň we medisina işgärleriniň hyzmatlaryndan peýdalanmaga;
- näsaglary ýokary derejedäki keselhanalara we yzyna öýlerine getirmek üçin howa hem-de ýerüsti serişdelerden peýdalanmaga .

“Türkmendöwletätiýaçlandyryş”kompaniýasy Türkmenistanyň daşary ýurtlarda bolýan raýatlaryna şular üçin lukmançylyk çykdajylarynyň öwezini dolar:

- ambulatoriýa bejerişi üçin;
- derman serişdelere we daňy serişdeleri üçin;

- bedene zeper ýetende we döwük-ýenjik ýüze çykan mahaly lukmançylyk kömeginiň berlendigi üçin;

- radioterapiýa, fototerapiýa we ýylylyk bilen bejeriş üçin;

- rentgen arkaly keseli anyklaýyş üçin;

- keselhanada stasionar bejeriş üçin;

- operasiýalary geçirmek boýunça çykdajylar üçin;

- keselhana ýa-da ýörite klinika näsagy eltmegiň bahasy üçin;

- näsaglary öýüne eltmek boýunça goşmaça çykdajylary üçin.

**Ätiýaçlandyrma bilen üstüni dolmanyň çäkleri 15 müň amerikan dollaryndan 50 müň amerikan dollaryna** çenlidir, şunda ätiýaçlandyrma tölegi **daşary ýurtda bolmagyň her güni üçin 0,7 amerikan dollaryndan 1,4 amerikan dollaryna çenlidir.**

"Türkmendöwletätiýaçlandyryş" kompaniýasy şu **mallary we guşlary** ätiýaçlandyryp biler:

- gara mallary, atlary, düýeleri;

- goýunlary, geçileri, doňuzlary;

- öý guşlaryny.

Ätiýaçlandyrma öwezini dolmasy ähli zerur resminamalar berlenden soň **7 günüň dowamynda** töleniler. Eger ätiýaçlandyrmanyň şertnamasy bir ýyla baglaşylsa, onda ätiýaçlandyryş tölegleri tölenilmeli möhletlere bölmek bilen tölenilýär. Ätiýaçlandyryş tölegleri ätiýaçlandyrma pul möçberleriniň gara mallar boýunça - 10%-ne, doňuzlar boýunça – 9%-ne, dowarlar boýunça – 10%-ne, atlar, düýeler boýunça – 9%-ne öý guşlary boýunça – 5%-ne, barabardyr.

Oba hojalyk ekinleriniň ätiýaçlandyryş obýektlerine iki obýekt degişli:

- oba hojalyk ekinleri;

- agaçlar we miwe-ir-iýmişi berýän ekinler ätiýaçlandyrmaga kabul edilýär.

Oba hojalyk ekinleri olary ekmegiň (senenama) möhletinden gijä galynman, köp ýyllyk ösümlikler bolsa hasyl berýän ýaşda ösüşden galan mahaly (gyşa gidenden) ätiýaçlandyrma kabul edilýär.

"Türkmendöwletätiýaçlandyryş" guramalary tarapyndan ekerançylyk bilen meşgullanýan kärhanalaryň zähmetiň miwelerini ätiýaçlandyryp aşakdaky hadysalardan soň kömek edip bilerler:

- çabgaly ýagyşdan we dolydan, tupandan hem-de harasatdan, ýangyndan, gurakçylykdan, doňaklykdan, sil gelmeginden, suwsuzlykdan we suwuň az bolmagyndan;

- ýabany haýwanlar we uçup geçýän guşlar tarapyndan ýok edilmeginden;

- ösümlikleriň kesellerinden we zyýan beriji mör-möjeklerden;

- beýleki öňünden görülmedik ýagdaýlardan gorar.

Ätiýaçlandyryş tölegleri hasylyň gymmatynyň güýzlik däne ekinleri boýunça – 7%-ne, ýazlyk däne ekinleri boýunça – 3%-ne, pagta boýunça – 13-14%-ne, tehniki ekinler, kartoşka, gök, bakja ekinler boýunça – 14%-ne, otiýmlik ekinler boýunça – 1%-ne, miwe-ir-iýmiş berýän ösümlikler boýunça – 19%-ne we köp ýyllyk ösümlikler boýunça – 2%-ne barabardyr.

Ätiýäçlandyryş şertnamalar kärhanalaryň arzalary esasynda baglaşylýar. Arza bilen bilelikde ätiýäçlandyryş gurama başga resminamalar hem tabşyrylýar. Şolaryň içinde kärhananyň, onuň emläkleriň, ulag serişdeleriniň , mallaryň hukuk resminamalary, saglyk barada güwanamalar, ýol hatlar (putýowkalar) we başgalar.

Şertnama baglaşylmaka ätiýäçlandyryljak obýektler ätiýaçlandyryş gurama tarapyndan barlanýar. Barlaglar hadysalardan soň hem geçirilýär. Hadysalar suratlandyrylýar. Zyýanlaryň öwezi nagt we nagt däl görnüşinde gaýtarylyp bilner. Nagt görnüşinde pul kömekleri çek arkaly berilýär. Nagt däl görnüşinde pullar kärhananyň hasaplaşyk ýa-da walýuta hasabyna geçirilýär.

Kärhananyň ýolbaşçylary ätiýaçlandyryş işleri geçirmek üçin "Ätiýaçlandyryş hakynda" kanuny gowy bilmelidir. Ätiýäçlandyryş şertnamalary baglaşmankalar kärhananyň ýolbaşçylary onuň ähli şertlerini öwrenip göz önüne tutmalydyrlar. Hadysa bolandan soň öz wagtynda zerur bolan resminamalary ýygnamalydyrlar we degişli ätiýäçlandyryş gurama wagtynda ýüz tutmalydyrlar.

Töwekgelçilikden goranmaklygy we ätiýaçlandyrma işlerini şertli iki usula bölüp bolar: tehniki we maliýe ätiýaçlandyryş usullaryna.

**Maliýe ätiýäçlandyryş usullary** köplenç ykdysady, pul gatnaşyklary bilen baglydyr.

**Tehniki ätiýäçlandyryş usullary** ulanylanda köplenç goşmaça maliýe serişdeleri talap edilenok. Mysal üçin, tehniki howpsuzlygy barada işgärler bilen gürrüňler geçirilende, gurulan jaýlar ýa-da başga enjamlar kanunlara we talaplara laýyklykda tabşyrylyp, kabul edilende goşmaça çykdajylardan goraýar. Emma käbir ýagdaýlarda tehniki ätiýäçlandyryş işleri geçirilende goşmaça maliýe serişdeleri hem talap edilýär. Mysal ücin, ýangyn howpsuzlygyndan goranmak üçin kärhanalar goşmaça enjamlary – bedreleri, paltalary, pilleri we ş.m. almaga mejbur bolýarlar. Şol sebäpli käbir halatlarda tehniki we maliýe ätiýaçlandyryş usullarynyň gabat gelýän hasiýetleri hem bar.

Ykdysady edebiýatlarda ätiýaçlandyryş usullary ýene-de iki topara bölünýär: **hökmany we meýletin ätiýaçlandyryş usullaryna.** Hökmany ätiýaçlandyryş usullary döwlet tarapyndan tassyklanylyp, hökmany suratda ýerine ýetirilmegi talap edilýär. Mysal üçin, işgärleriň zähmet hakyna görä, kärhanalar hökmany suratda durmuş ätiýaçlandyryş gaznasyna pul serişderelerini geçirmelidirler. Ulag serişdeleri täzeden hasaba alnanda olar hökmany döwlet möçberinde kesgitlenen mukdarda ätiýaçlandyrylmaly. Kärhana ätiýaçlandyrmak barada şertnamasyny baglaşmadyk ýagdaýda ulag serişdeleri täzeden döwlet belligine alnanok.

Kärhanalar öz ulag serişdelerini meýletin ätiýaçlandyryp hem bilerler.

Kärhananyň işgärleri medisina ätiýäçlandyryş , pensiýa gaznalara öz zähmet haklaryny öz arzalary boýunça hem geçirip bilerler.

Kärhanalar ätiýaçlandyrma işlerini geçirmek üçin öz serişdelerini ätiýaçlandyrma gurama hem geçirip bilerler.

Ýokardaky maglumatlary jemläp alamyzda, töwekgelçiliklerden goranmak üçin kärhanalaryň dolandyryjylary şu aşakdaky zerur işleri geçirmelidirler:

- işgärler bilen tehniki howpsuzlyk hakynda gürrüňleri geçirip, ýörite kitaplarda bellikleri we işgärleriň gollaryny ýygnamalydyrlar;
- esasy serişdeleri gurmak, satyn almak bilen bagly taslamalary seljerip barlamalydyrlar;
- esasy serişdiler kabul edilende olaryň tehniki howpsuzlygyny barlamalydyrlar;
- ýangyn howpsuzlygyndan goranmak üçin ýörite tehniki serişdeleri satyn alyp belli ýerlerde olary abat saklamalydyrlar;
- ulag serişdeleri ätiýaçlandyrmak üçin hökmany we meýletin ätiýäçlandyryş şertnamaly baglaşmalydyrlar;
- durmuş ätiýäclandyryş gaznalaryna pul serişdeleri geçirmelidirler;
- işgärleriň zähmet hakyndan meýletin medisina we pension gaznalara baglaşylan şertnamalara laýyklykda pul serişdeleri geçirmelidirler;
- käbir işgärleriň wezipelerine howply işler bilen meşgullanmak göz öňünde tutulýan bolsa kärhananyň ýolbaşçylary ätiýaçlandyryş kompaniýa bilen şertnamany baglaşyp şol işgärleriň jan saglyklaryny ätiýäclandyrmalydyrlar;
- kärhananyň girdeji alýan ugurlaryny artdyrmalydyrlar (bir ugurdan gelýan girdejileri kemelse, başga ugurdan girdejiler köpeläýmegi ahmal);
- şertnamalary dürli walýutalarda baglaşmalydyr (bir walýutanyň hümmeti gaçsa, başga walýutlaryň hasabyna ýitgileri ýapmak üçin);
- içeri we halkara hasaplaşyklarda hasaplaşygyň töwekgelçiligini peseldýän görnüşlerini ulanmalydyr. Mysal üçin, hyzmat ýerine ýetirilmänkä, deslapky tölegi talap etmelidir, akkreditiw hasaplaşyklaryň dürli görňüşlerini ulanmalydyr we ş.m.

Akkreditiw hasaplaşygy barada şu gollanmanyň öňdäki sahypalarynda giňişleýin maglumatlar berilen.

## 11. Maliýe menejmenti we kärhananyň maliýe çeşmeleri.

### 11.1. Maliýe menejmenti barada esasy düşünjeler.

**Menejment** –bu belli bir obýektiň, şol sanda kärhananyň iň amatly ulgamyň guralyşy we dolandyrylyşy barada ylymdyr .

Maliýe - pul däl, bu ykdysady gatnaşyklaryň jemidir. Maliýe pul gaznalaryny ýygnamak, olary paýlamak we netijeli ulanmak bilen bagly ykdysady gatnaşyklary öz içine alýar.

**„Maliýe“** sözi “**malyň eýesi**“ sözlerinden emele gelendir. ***„Mal“*** sözi öz gezeginde dürli baýlyklary, gaznalary aňladýar. Şolaryň içinde gymmat bahaly metallary, daşlary, jaýlary, desgalary, enjamlary, başga esasy serişdeleri we dürli görnüşdäki pul serişdeleri görkezmek bolar.

**Maliýe menejmenti** – pul gaznalaryny döretmek, olary paýlamak we netijeli ulanmak bilen bagly ykdysady gatnaşyklarynyň dolandyrylyşyny öz içine alýar.

Maliýe menejmenti dürli derejelerde geçirilip bilner.

**Makro derejede** – maliýe menejmenti dünýäni, ýurdy, pudagy maliýe usullarynyň kömegi bilen dolandyrmagy aňladýar.

**Mikro derejede** – maliýe menejmenti kärhananyň pul toplumlaryny ýygnamak, olary paýlamak we netijeli ulanmak bilen bagly aragatnaşyklary öz içine alýar.

Kärhananyň, pudaklaryň we ýurtlaryň maliýe ýagdaýlary maliýe menejmentiniň derejesine bagly bolup durýar. Dünýäde köp kärhanalaryň ýapylmagy maliýe menejmentiniň derejesiniň pesligi bilen baglydyr.

Kärhanalar dürli çeşmelerden emele gelýän serişdeleriň we gaznalaryň hasabyna hereket edýärler. Maliýe menejmentiň kömegi bilen şol serişdeler we gaznalar takyk meýilnamalara laýyklykda hereket eder ýaly dolandyrylýar.

**Maliýe menejmentiniň esasy maksady** sarp edijeleriň isleglerini kanagatlandyryp kärhananyň eýelerine, işgärlerine (şol sanda özüne) peýda getirmek we olaryň maddy – hal ýagdaýyny iň ýokary derejä ýetirmekdir.

**Maliýeniň wezipeleri** ykdysady edebiýatlarda dört topara bölünýär: toplamak, paýlamak, höweslendirmek, gözegçilik etmek. Käbir alymlaryň pikirine görä, gözegçilik wezipesi maliýe ykdysady hadysa (kategoriýa) hökmünde ýerine ýetirilmän, ony maliýe guramalary, işgärleri ýerine ýetirýär. Bizem şol pikiriň tarapdary.

Maliýe menejmentiniň wezipeleri ykdysady edebiýatlarda, şu aşakdakylara bölünýär:

- täze bazarlary döretmek;
- marketing we inowasiýa wezipesi;
- seljeriş işlerini geçirmek;
- töwekgelçiligi dolandyrmak;
- maliýe , şol sanda ätiýaçlandyryş gaznalaryny döretmek;
- salgytlaryň ýeňilliklerini kanunlara laýyklykda ulanmak.

Maliýe menejeri kärhanalarda öz wezipelerini ýerine ýetirmek üçin kärhananyň pul serişdeleriniň dolanyşygyna, töleg ukyplylygyna, kärhananyň likwidliligine, maržinal girdejisine we maliýe leweražyna aýratyn üns bermelidir.

Kärhananyň **likwidliligi** -emläkleri we gaýry aktiwleri bazar nyrhlarda çalt pula öwürmeklik ukyplylygyny aňladýär. Käbir emläkleri, aktiwleri çalt görkezilen nyrhlarda pula öwrüp bolýar. Käbirini bolsa bazar nyrhlarda pula öwürmek örän kyn. Mysal üçin, erkin aýlanýan walýutany milli pula öwürmek aňsat. Käbir harytlary bolsa çalt ýerleşdirmek kyn. Şol sebäpli maliýe menejeri aktiwleriň satyn alynmagyna we olaryň çalt likwidligine mydama gözegçilik etmelidir.

Kärhananyň **maržinal girdejisi we maliýe leweražy**–bu , girdejiler bilen çykdajylaryň aragatnaşyklaryny görkezýän görkezijiler. Kärhananyň şu görkezijileri gowy bolar ýaly onuň menejeri ykdysady-matematiki seljermäniň ähli usullaryny giňden ulanmalydyr. Şol usullaryň içinde şu gollanmanyň ýokarky sahypalžarynda görkezilen seljermek, jemlemek, korrelýasion, deduktiw, induktiw, toparlaýyş we başga usullary bardyr.

Seljeriş işleri geçirilende zähmet hakyň ýazylyşyna, esaslandyrylyşyna aýratyn üns bermelidir. Zähmet haky her işgäriň goşandyna görä tölenilmelidir.

Uly kärhanalarda, aýratynam daşary ýurtlaryň kompaniýalarynda, firmalarynda hukuk, ykdysady, psihologiýa ugurlardan bilimli, guramaçylyk işleri başarýan adamlar „maliýe menejeri” diýen ýörite wezipä bellenilýär.

Maliýe menejeriň we ýokarda görkezilen umumy **maliýe menejmentiň esasy maksatlary gabat gelýar. Maliýe menejeri şol maksatlara ýetmek üçin** kärhananyň maliýe syýasatyny ýöretmelidir .

**Maliýe syýasaty** – bu ykdysadyýeti kämilleşdirmäge gönükdirilen çäreleriň ulgamydyr. Maliýe syýasaty döwlet, pudak, kärhana, maşgala we şahsýet derejelerde geçirilip bilner. Döwlet derejede

maliýe syýasaty geçirmegi ykdysadyýetiň köp bölegininiň kämilleşdirilmegini öz içine alýar. Şolaryň içinde pul, nyrh, karz, salgyt gatnaşyklarynyň kämilleşdirilmegi esasy orny tutýar. Kärhana derejesinde geçirilýan maliýe syýasaty şol gatnaşyklyry döwletde hereket edýan kanunlara laýyklykda kämileşdirmäni öz içine alýar. Kanunlaryň çäklerinde maliýe syýasatyny ýöredip menejer pul, karz serişdeleri tygşytly netijeli ulanmany, nyrhlaryň we salgytlaryň kanunyň çäklerinde amatly (ýiti) ulgamyny tapmany başarmalydyr.

**Her kärhananyň öz maliýe syýasaty bolmaly.** Ykdysady edebiýatlarda **maliýe syýasaty iki topara bölünýär: maliýe strategiýasyna we maliýe taktikasyna.**

**Maliýe strategiýasy** - uzak möhlete gönükdirilen syýasat.

**Maliýe taktikasy** bolsa belli bir döwrüň syýasatyny öz içine alýar.

Kärhananyň menejeri (dolandyryjysy) maliýe strategiýasyny döwletiň maliýe syýasatyna esaslanyp düzmelidir. Biziň döwletimizde kärhanalar maliýe strategiýasyny „Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry“ Milli Maksatnamasyna esaslanyp düzýärler.

Milli Maksatnamada ýokarda bellenilişi ýaly, ileri tutulýän üç ugur kesgitlenildi:

1. Türkmenistany dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejesine ýetirmek, ykdysady ösüşiň we zähmet öndürijiliginiň ýokary depginleriniň, täze tehnologiýalary we önümçilikleri ornaşdyrmagyň hasabyna ykdysady garaşsyzlygy gorap saklamak.

2. Bir adama düşýän jemi önümiň öndürilişini yzygiderli ösdürmek.

3. Goýum işjeňligini ýokarlandyrmak we önümçilik - tehniki maksatly binalaryň gurluşygyny ösdürmek.

Maliýe strategiýasyna esaslanyp, kärhanalar maýa goýumlarynyň syýasatyny, nyrh syýasatlaryny işläp taýýarlaýarlar. Maýa goýumlar kärhananyň ýöriteleşdirilişine görä goýulmalydyrlar. Kärhananyň ýöretileşdirilmegi uzak möhletlere meýilnamalaşdyrylýär we tejribede uly üstünliklere ertýär. Kärhanalaryň nyrh syýasatlary barada maglumatlar gollanmanyň ýokarky sahypalarynda giň berilen.

Kärhananyň maliýe taktikasy möwsüme, belli wakalara baglydyr. Şol taktikanyň esasynda kärhanalar belli bir möwsüme taýýarlanyş işlerini geçirýärler. Mysal üçin, täze möwsümiň öň ýanynda ýylydýan enjamlary ýa-da howa sowadyjylary bejermek üçin pul serişdelerini toplaýarlar.

**11.2. Kärhananyň esaslyk maýasy.**

Guramaçylyk-hukuk görnüşine garamazdan edara görnüşli taraplar hereket eder ýaly, öz esaslyk maýasyny döretmelidirler.

Türkmenistanyň „Kärhanalar hakynda“ kanunyna laýyklykda döwlet kärhanasynyň esaslyk maýasynyň iň pes möçberi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär.

Ýokarda agzalan kanuna laýyklykda **ýekebara kärhanalar** bir ýylyň dowamynda **iň azyndan** döwlet tarapyndan salgytlary hasaplamak üçin kesgitlenen binýadynyň **25** essesini döreýiş gaznasyna goýum etmelidirler. Häzirki döwürde bolsa ol şeýle hasaplanylýar 25x50=1250 denominirlenen manat.

**Hyzmatdaşlyk (kooperatiw**) kärhanasynyň döreýiş hazynasynyň **iň pes möçberi** Türkmenistanda bellenilen zähmet hakynyň iň pes möçberinden **50** esse köp möçberde bolmalydyr.

**Jemgyýetçilik guramasynyň** kärhanasynyň esaslyk maýasynyň **iň pes möçberi** Türkmenistanda bellenilen zähmet hakynyň iň pes möçberinden **100** esse köp möçberde bolmalydyr.

**Hojalyk şereketi** hökmünde hereket edýän kärhanalaryň döredijileri bir ýylyň dowamynda jemgyýetçilik guramasynyň kärhanalarynyň döreijileri ýaly, hem esaslyk maýasyna **iň pesinden** Türkmenistanda bellenilen zähmet hakynyň iň pes möçberinden **100** esse artyk möçberinde goýum etmelidirler. Häzirki döwürde onuň möçberi 5000 manatdan artyk bolmalydyr.

Kärhananyň esaslyk gaznasyny esaslandyryjylar tarapyndan pul serişdeleri, şeýle hem emlägi (jaýlary, desgalary, maşynlary, enjamlary, materiallary we ş.m.), pul bahasy bolan emläk we beýleki hukuklary goýmak ýoly bilen ony esaslandyryjylaryň (gatnaşyjylaryň) goýumlarynyň jeminden emele gelýär.

Eger esaslandyryş şertnamasy tarapyndan başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, her bir gatnaşyjynyň döreýiş hazynasynyň umumy jemine bolan goýum gatnaşygy gatnaşyjynyň döreýiş

hazynasyndaky paýy bolup durýar. Şeýle paý bütiniň bir bölegi görnüşinde ýa-da göterimlerde aňladylyp bilner.

Esaslandyryjylaryň kärhananyň esaslyk maýasynyň möçberi, eger „Kärhanalar hakynda“ kanun tarapyndan başgaça bellenilmedik bolsa, esaslandyryjylaryň (gatnaşyjylaryň) arasyndaky ylalaşyk boýunça takyklanylýar.

Degişli guramaçylyk-hukuk görnüşlerindäki kärhanalaryň esaslyk maýasynyň möçberi ýokarda bellenilen pes möçberlerden az bolup bilmez.

Iş hakyny, baýraklary we beýleki tölegleri tölemegi peýdalanmak ýoly bilen esaslyk **maýasynyň möçberini azaltmaga kärhananyň hukugy ýokdur**. Kärhananyň esaslyk maýasynyň möçberi diňe „Kärhanalar hakynda“ **Türkmenistanyň kanuny tarypyndan bellenilen halatlarda azaldylyp bilner.**

Esaslandyryjylar (gatnaşyjylar) kärhanany döwlet belligini almankylar esaslyk maýasynyň 50 göterimini bankda wagtlaýyn hasaby açyp goýmalydyrlar. Kärhana hasaplaşyk hasabyny açandan soň şol pul serişdeler kärhananyň hasaplaşyk hasabyna geçirilýar.

Pul ýa-da emläk goýumynyň ikinji bölegi kärhana bellige alnandan soň bir ýylyň dowamynda goýulýar.

Esaslyk maýasy „Kärhanalar hakynda“ kanun tarapyndan kesgitlenilen möhletlerde doly tölenilmedik halatynda kärhana özüniň esaslyk maýasynyň azalýanlygyny yglan etmelidir we bu ahwalaty bellenilen tertipde bellige almalydyr ýa-da öz işinin ýatyrylmagy arkaly besetmelidir.

Eger esaslandyryjy (gatnaşyjy) kärhananyň esaslyk maýasyna bellenilen möhletde we şertlenilen möçberde goýumy (paýy) goşmasa, onda oňa goýumyň ýetmeýän bölegini goşmagyň täze möhletini görkezmek bilen duýduryş iberilýär. Goýumyň galan bölegini goşmak üçin **goşmaça möhlet üç aýdan köp bolmaly däldir.**

Eger goýumyň (paýyň) ýetmeýän bölegininin goşmak baradaky borçnama berlen goşmaça möhletde hem ýerine ýetirilmese, onda ol gatnaşyjylaryň düzüminden çykarylýar we oňa bu barada habar berilýär. Şol sebäpli çykarylan gatnaşyjy goýumyny (paýyny) tölemän, **kärhana ýetiren zyýany üçin jogapkärçilik çekýär.**

Kärhananyň galan gatnaşyjylary çykarylan gatnaşyjynyň goýumyny (paýyny) esaslyk maýasyna özleriniň goýumlarynyň ululygyna ölçegdeş doly möçberde töläp (goýup) hem bilerler. Şeýlelikde, olaryň goýumlary (paýlary) tölenen (goýlan) pullaryň hasabyna artýar.

Esaslyk maýasyndan çykarylan goýum (paý) ýa-da ol galan gatnaşyjylar tarapyndan tölenilen (goşulan) halatynda çykarylan gatnaşyjynyň esaslyk maýasyndan diňe öz goşan (tölän) goýum (paý) bölegini yzyna gaýtaryp almaga bolan hukugy bardyr.

Kärhananyň esaslyk maýasyny artdyrmak hakyndaky karar kärhananyň esasnamasyna üýtgemeler girizmek bilen gatnaşyjylaryň umumy ýygnagy tarapyndan kabul edilýär. Kärhananyň esaslyk maýasyny artdyrmak onuň doly töleginden soň ýol berilýär.

**Kärhananyň esaslyk maýasyny artdyrmak** şu aşakdaky ýollar arkaly amala aşyrylyp bilner:

- kärhananyň ähli gatnaşyjylary tarapyndan geçirilýän goşmaça tölegdeş goýumlar bilen;
- esaslyk maýasynyň möçberini kärhananyň hususy maýasynyň hasabyna, şol sanda ätiýaçlyk maýasynyň hasabyna artdyrmak bilen;

.- kärhananyň esaslyk maýasyna täzeden nyrh kesmek bilen, olaryň hakyky bahasy olaryň balans bahasyndan ýokary geçýär. Täzeden nyrh kesmek işi diňe garaşsyz bilermenler tarapyndan geçirilip bilner;

- bir ýa-da birnäçe gatnaşyjylar tarapyndan däl-de, muňa galan ähli gatnaşyjylaryň razylygy bilen, goşmaça goýumlaryň goýulmagy bilen;
- kärhananyň düzümine täze gatnaşyjylary kabul etmek bilen.

Kärhananyň esaslyk maýasynyň azaldylmagy kärhana gatnaşyjylaryň ählisiniň goýumlarynyň möçberini ölçegdeş azaltmak ýoly bilen ýa-da aýry-aýry gatnaşyjylaryň paýlaryny doly ýa-da **bölekleýin üzlüşmek arkaly amala aşyryp bolar.**

Munuň üçin gatnaşyjylaryň umumy ýygnagy kärhananyň esasnamasyna üýtgemeler girizmek hakyndaky karary kabul edýär. Kärhana esaslyk maýasyny azaltmak bilen baglanyşykly

hasaplaşyklary diňe kärhanany kanuna laýyklykda gaýtadan bellige almagy geçireninden soň geçirmäge haklydyr.

Eger kärhananyň nobatdaky maliýe ýylynda eden jemleri boýunça onuň sap aktiwleriniň bahasy esaslyk maýanyňkydan az bolsa, onuň işiniň birinji ýyly muňa girmeýär, onda kärhana ony gysgaltmaga we esaslyk maýasyny bellenilen tertipde bellige almaga borçludyr. Eger sap aktiwleriň bahasy esaslyk maýasynyň iň pes möçberinden aşak düşse, onda kärhana **ýatyrylmaga degişlidir.**

Esaslyk maýasy gatnaşyjynyň paýyny üzlüşmek ýoly bilen azaldylanda galan gatnaşyjylaryň paýlary ölçegdeş üýtgeýär.

Kärhananyň esaslyk maýasynyň azaldylmagyna onuň **ähli algydarlaryna habar berlenden soň ýol berilýär**. Algydarlar kärhananyň borçnamalaryny möhletinden öň ýerine ýetirmegi ýa-da bes etmegi hem-de özlerine ýetirilen ýitgileriň öwezini dolmagy talap etmäge haklydyrlar.

Kärhanalaryň dolandyryjy edaralary esaslyk maýasyny azaltmak hakyndaky karary çap etmäge borçludyrlar, kärhananyň gös -göni algydarlaryna bolsa, bu hakda karar çykarylandan soň, **.15 günüň dowamynda ýazmaça mälim edilmelidir.** Bildirişde esaslyk maýasynyň azaldylmagyna närazy algydarlar bilen boýun alnan borçnamalar esasynda üpjün etmäge ýa-da üzlüşmäge taýýardyklary hakynda habar bolmalydyr.

Eger bildiriş çap edilenden ýa-da her birine aýratyn habar edilen gününden soň **30 güne çenli möhletde** olar özleriniň närazylygy barada ýazmaça arz etmeseler, onda esaslyk maýasynyň azaldylmagy boýunça **algydarlaryň razylygy alyndagy hasap edilýär.**

Döwlet kärhanasynyň esaslyk maýasy „Türkmenistanyň buhgalterlik hasabaty hakynda“ kanuna we Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk namalaryna laýyklykda azaldylyp bilner.

Goýumyň yzyna gaýtarylmagy esaslyk maýasynyň azaldylmagy bellige alnandan soň, **12 (on iki) aýyň geçmegi bilen hem bolup biler.** Gatnaşyja goýumynyň gaýtarylyp berilmeginiň hasabyna kärhananyň esaslyk maýasynyň azalan soňky möçberi „Kärhanalar hakynda“ kanun tarapyndan bellenilen iň pes möçberinden az bolup bilmez.

Daşary ýurtlar bilen iş salyşýan kärhanalar, aýratyn hem daşary ýurtlaryň raýalarynyň hasabyna gurlan kärhanalar Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky daşary ýurt maýa goýumlary baradaky döwlet gullugynda hökmany suratda hasaba alynmalydyrlar.

Esaslyk maýa goýumlarynyň goýluşy wagtal-wagtal täzeden barlanylýar. Maýa goýumlarynyň goýluşy kärhananyň esaslyk resminamalarynda görkezilen möçberlerinden pes derejede goýulsa, **onda şol kärhana döwlet belliginden aýrylyp bilner.**

Kärhananyň esaslyk maýasyna goýumlaryň hakykatdan hem goýulmagy we olaryň hasaba alynyşy auditor gulluklary tarapyndan barlanýar. Barlagyň netijeleri auditorçylyk işiniň netijesinde görkezilip, Türkmenistanyň ykdysadyýet we ösüş ministriliginiň edara görnüşli taraplary we inwestision taslamalary döwlet hasabyna alyş müdirýetine tabşyrylýar.

Kärhanalaryň esaslyk maýasyna goýulmaly goýumlaryň möçberi ýokarda agzalan döwlet gullugy - müdiriýeti taraplaryndan kesgitlenilýär.

Kärhana döwlet belligini alanda buhgalterlik hasabynda esaslandyryş resminamalarda **meýilnamalaşdyrylan esaslyk maýasynyň möçberinde** ilkinji buhgalterlik ýazgysy edilýär, ýagny giriş balansy düzülýär:

Debet 75 „Esaslandyryjylar bilen hasaplaşyklar“ Kredit 85 „Esaslyk maýasy“

Esaslyk maýasyna goýumlar goýlanda şeýle ýazgylar edilýär:

Debet 51 „Hasaplaşyk hasaby“ Kredit 75 „Esaslandyryjylar bilen hasaplaşyklar“

Debet 01 „Esasy serişdeler“ Kredit 75 „Esaslandyryjylar bilen hasaplaşyklar“

Debet 50 „Kassa“ Kredit 75 „Esaslandyryjylar bilen hasaplaşyklar“.

Meýilnamalaşdyrylan **esaslyk maýasynyň möçberinde** maýalar goýulandan soň 75-nji balans hasaby ýapylmaly, ýagny kärhananyň esaslandyryjylardan algysy ýapylýar (üzülýär).

Kärhana kanun boýunça ýapylýança ýa-da Türkmenistanyň Bellige alyş gullugy edarasy tarapyndan onuň esaslyk maýasy üýtgedilmese kärhananyň görkezilen maýasy durnukly bolmalydyr.

### 11.3. Kärhanalaryň ätiýaçlyk, toplaýyş w e sarp ediş gaznalary.

Hojalyk hasaplaşygynda hereket edýän edara görnüşli taraplar salgytlary we ýygymlary töläp arassa peýdanyň hasabyna dürli gaznalary döredip bilerler. Şol sanda ätiýaçlyk, toplaýyş we sarp ediş gaznalary .

Görkezilen gaznalaryň maksatlaryny olaryň atlaryndan bilip bolar. Ätiýaçlyk gorlar barada maglumatlar şu gollanmanyň 10-nji bölüminde giňeşleýin berilýär. Şol sebäpli bu bölümde esasy ünsiňizi toplaýyş we sarp ediş gaznalara çekmek makul bildik.

Toplaýyş gaznasy köplenç düýpli maýa goýumlary goýmak üçin döredilýär. Şol gaznada kärhanalar pul serişdelerini gymmat bahaly emläkleri satyn almak üçin toplaýar. Mysal üçin, ulag serişdelerini satyn almak ýa-da täze jaýy (ofisi) gurmak üçin we ş.m.

Häzirki döwürde hojalyk hasaplaşygynda hereket edýän pudaklar, kärhanalar toplaýyş gaznalarynyň hasabyna ýaşaýyş jaýlaryny, çagalar baglaryny, şypahanalary, dynç alyş öýlerini we ş.m. gurdurýarlar.

Toplaýyş gaznasy kärhananyň maliýe ýagdaýyny, onuň üstünliklerini, mümkinçiliklerini, maliýe syýasatynyň geljege gönükdirilendigini görkezýär. Şonuň üçin, kärhanalaryň dolandyryjylary , maliýe menejerleri toplaýyş gaznanyň döredilmegine, ony netijeli ulanmagyna öz işlerinde köp wagt sarp etmelidirler.

Sarp ediş gaznalarynyň hasabyna işgärleriň zähmet haklaryny ösdürmek, sylaglary bermek, iýmit bilen işgärleri üpjun etmek we ş.m. işleri geçirip bolar.

Gaznalary döretmegiň tertibi köplenç kärhananyň düzgünnamasynda görkezilýär.

Tertip kärhananyň eýeçilik görnüşine baglydyr. Hususy kärhananyň gaznasyny onuň eýesiniň özi kesgitlemäge haklydyr. Hojalyk jemgyýeti, paýdarlar jemgyýeti görnüşdäki kärhanalar gaznalary döretmek meselelerini esaslandyryjylaryň umumy ýygnagynda çözýärler. Şol ýygnaklarda kärhananyň maliýe netijileri hem kesgitlenilýär. Ýygnaklarda köplenç sap peýdanyň näçe göteriminiň haýsy gazna geçirilýändigi görkezilýär. Ýygnagyň ýazgy beýany düzülýär. Şol ýazgy beýan esasynda kärhanany dolandyrýan (menejer) ýörite buýruk bermelidir. Öz gezeginde buýruk esasynda kärhanalaryň hasapçylary hasapda degişli ýazgylary ýazmalydyrlar.

Eger-de ýagdaýlar üýtgän bolsa, onda esaslandyryjylaryň rugsady esasynda täze ýygnak geçirilip, gaznalaryň göterimlerini üýtgedip bolýandyr. Emma esaslandyryjylaryň karary Türkmenistanyň Bellige alyş edarasyna iberilip, şol gullukda kesgitlenilmelidir.

Toplaýyş we sarp ediş gaznalary 88-nji „ Ýörite maksatly gaznalar“balans hasapda hasaba alynýar. Bu hasap iki hasapiçi hasaplara bölünýär. Birinjide toplaýyş, ikinjide bolsa sarp ediş gaznalary hasaba alynýar.

Ýörite maksatly gazna peýdanyň hasabyna döredilende buhgalterlik hasabynda şeýle ýazgylar edilýär:

Debet 81 “Peýdanyň paýlanylyşy” Kredit 88 „ Ýörite maksatly gaznalar“

Gaýry kärhanalardan we şahsyýetlerden mugtyna, şeýle hem hökümet edaralarynyň kömek puly hökmünde alnan esasy serişdeleri girdeji etmek 01 “Esasy serişdeler” hasabyň debeti boýunça we 88“Ýörite maksatly gaznalar” (“Mugtyna alnan gymmatlyklar” hasapiçi hasaby) hasabyň krediti bilen aragatnaşygynda görkezilýär.

Kärhananyň işgärlerine dynç almak üçin ýol hatlary, ýa-da petekleri nagt pul serişdelere satyn alnanda buhgalterlik hasabynda şeýle ýazgylar edilýär:

Debet 88„ Ýörite maksatly gaznalar“ Kredit 50 „Kassa“.

Eger-de ýol hatlary, ýa-da petekleri nagt nagt däl pul serişdelere satyn alnaýan bolsa buhgalterlik hasabynda şeýle ýazgylar edilýär:

Debet 88„ Ýörite maksatly gaznalar“ Kredit 51 „Hasaplaşyk hasaby.“

Sarp ediş gaznanyň hasabyna işgärlere goşmaça zähmet haklary berlende hasapda şeýle ýazgy edilýär: Debet 88„ Ýörite maksatly gaznalar“ Kredit 70“ Zähmet haky boýunça hasaplaşyklar”.

Tejribede sarp ediş gaznanyň hasabyna kanuna laýyklykda harajatlara goşulmaýan çykdajylar ýapylýar. Gaznaň hasabyna kömek üçin, ýa-da hemaýat çykdajylary hem ýapylýar.

Kärhananyň maliýe menejeri öz işinde toplaýyş we sarp ediş gaznalaryň aragatnaşygyna gözekçilik etmelidir.

**11.4. Döwletiň durmuş üpjünçilik gaznasynyň döredilmegi we kärhana tarapyndan ulanylyşy.**

Kärhanalar häzirki döwürde Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň Alp Arslan aýynyň 24-ne çykaran 8945-nji kararyň esasynda Türkmenistana dahylly raýatlaryna tölejek zähmet hakynyň we gaýry sylaglaryň (girdejileriň) möçberiniň aşakda bellenilen göterimini döwletiň durmuş ätiýaçlandyryş gaznasyna geçirmelidirler. Karara laýyklykda „Türkmenobahyzmat“ assosiýasynyň we „Türkmenhaly“ döwlet paýdarlar korporasiýanyň kärhanalary we guramalary Türkmenistana dahylly raýatlaryna tölejek zähmet hakynyň we gaýry sylaglaryň (girdejileriň) 10 göterimini döwletiň durmuş ätiýäçlandyryş gaznasyna geçirmelidirler. Başga kärhanalar bolsa Türkmenistana dahylly raýatlaryna tölejek zähmet hakynyň we gaýry sylaglaryň (girdejileriň) 20 göterimini şol gazna geçirmelidirler. Aklowjylaryň kollegiýalary bolsa gazna girdejilerden 7 göterimini geçirmelidirler.

Döwletiň durmuş üpjünçilik gaznasyna kärhanalaryň geçirilýän pul serişdeleri işgärleriň zähmet haklaryndan we gaýry sylaglardan (girdejilerinden) tutulman kärhanalaryň girdejilerinden tutulyp, olaryň harajatlaryna goşulýar.

Zähmet haky ýa-da sylaglar haryt görnüşinde berilende ýygymyň özeni hökmünde harydyň bahasy alynýar. Harydyň bahasyna goşulan baha üçin salgydyň, goşmaça tölegleriň bahalary hem goşulýar. Egerde beriljek harytlaryň bahasy döwlet tarapyndan tassyklanylan bolsa onda döwletiň nyrhlaryndan ugur alynýar. Egerde harytlara döwlet tarapyndan nyrh kesgitlenmedik bolsa onda ýygymy hasaplamak üçin bazar nyrhy ulanylýar.

Karara laýyklykda durmuş ätiýaçlandyryş gaznasyna serişdeleri geçirmekden aşakdakylar boşadylýar:

- maýyplaryň jemgyýetçilik guramalary, kärhanalary we okuw mekdepleri;
- Türkmenistanyň daşary ýurtlarynda ýerleşýän diplomatik wekillikleri, konsul edaralary we halkara guramalaryň ýanyndaky Türkmenistanyň wekillikleri;
- daşary ýurtlaryň Türkmenistandaky diplomatik we olaryň hukugyny alan wekillikler, Türkmenistanda ýerleýşýän halkara guramalaryň wekillikleri.

Karara laýyklykda käbir döwlet tarapyndan berilýän maddy we pul kömekleri, sylaglary(girdejileri) ýygym hasaplananda ýygymyň özeninden aýrylýar. Şolaryň içinde:

- belli bir eýeden başga eýeçilige geçýän emläk hukuklar bilen bagly tölegler;
- Türkmenistanyň kanunçylygy esasynda berilýän döwlet kömekleri;
- zyýanlaryň öwezini dolmak üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen derejede berilýan maddy we pul kömekleri;
- döwlet sylaglary we hormat atlara berilýän bir- wagtlaýyn sylaglar we şol sylaglar bilen bagly zähmet haklara goşundylar;
- belli hadysalarda we häkimiýetiň kararlary esasynda baýramçylyk günlerine bagyşlanyp iş beriji tarapyndan birwagtlaýyn berilýän maddy kömekler;
- Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde işgärleri iş beriji tarapyndan hökmany ätiýaçlandyrmak üçin geçirilýän ätiýaçlandyryş tölegleri;
- ätiýaçlandyryş öwezini tölemek bilen bagly tölegler;
- işgärlere mugt ýa-da belli bölegini tölemek bilen mydamalyk şahsy ulanmaga berilýan ýörite eginbaşlaryň (formalaryň) we ýöretileşdirilen zatlaryň (obmundirowaniýalaryň) bahalary;
- Türkmenistanyň kanunçylygy esasynda käbir işgärlere berilýan ýol kireýleri boýunça ýeňilllikleriň bahalary ;
- zähmet şertnamalarda (kontraktlarda) ýa-da kollektiw şertnamalarda (ylalaşyklarda) göz öňünde tutulmadyk birwagtlaýyn sylag hökmünde berilýän tölegler haryt görnüşdäki sylaglary goşmak bilen.

Kärhanalar döwlet ätiýaçlandyryş gaznasyna geçirilýan ýygymlar barada jarnamalaryny salgyt hasabyna duran ýerindäki salgyt gullugyna hasabat döwründen soňky aýynyň **20-ne çenli** tabşyrmalydyrlar. Şondan soň **bäş günüň içinde** hasaplanylan pul serişdeleri gazna geçirmelidirler.

Ýokarda görkezilen tertibi bozýan kärhanalara garşy Türkmenistanyň „Salgytlar hakynda“ Bitewi kanunda göz öňünde tutulýan maliýe çäreleri geçirilýär, ýagny jerimeler we puşmanlar alynýar.

Kärhananyň işgärleri ýarawsyz wagtlarynda döwletiň durmuş ätiýaçlandyryş gaznasynyň hasabyna kömek pullaryny alyp bilerler (olara geçirilýän pul serişdelerini azaldyp bilerler).

2007-nji ýylyň Nowruz aýýnyň 17-ne kabul edilen Türkmenistanyň "Durmuş üpjünçiligi hakynda" Bitewi kanunyň 63-nji maddasyna laýyklykda bellenilýän wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça döwlet pulunyň möçberi **ortaça bir günlük iş hakyny** wagtlaýyn zähmete ukypsyzlygyň **günleriniň sanyna köpelindirilmeginden** alnan ululygynyň göterimlerinde bellenilýär we aşakdakylardan ybarat:

- 60 göterim-iş döwrüniň dowamlylygy **bäş ýyla çenli bolan ýagdaýynda**;
- 80 göterim-iş döwrüniň bäş ýyldan **sekiz ýyla çenli bolan ýagdaýynda;**
- 100 göterim-iş döwrüniň dowamlylygy **sekiz ýyl we ondan köp bolan ýagdaýynda**.

Kanuna laýyklykda wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça kömek pulunyň möçberini hasaplamak wagtlaýyn zähmet ukypsyzlykdan **öňki iki senenama aýynyň ortaça aýlyk we ortaça bir günlik iş hakynyň** we wagtlaýyn zähmete **ukypsyzlyk döwriniň senenama günlerindäki dowamlylygyň** esasynda geçirilýär.

Ortaça bir günlük iş hakynyň möçberi ortaça bir aýlyk iş hakyny **29,7-ä bölmek** ýoly bilen hasaplanylýar.

Işe täze kabul edilen ýa-da işleýän döwrüniň arasyny kesen, wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça kömek puly ýarawsyzlyk haty berlen pursatyndaky **wezipe aýlyk hakynda ýa-da tarif möçberinden ugur alynyp hasaplanylýar.**

Türkmenistanyň "Durmuş üpjünçiligi hakynda" Bitewi kanuna laýyklykda hojalyk hasaplaşygyndaky iş berijiler wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça döwlet kömek puluny, göwrelilik we çaga dogurmak boýunça kömek puluny **öz ygtyýarynda galýan peýdanyň hasabyna**, Türkmenistanyň döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna saklanylýan guramalar we edaralar bolsa **umumy zähmet haky gorunyň tygşytlanan serişdeleriniň** we Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik **beýleki çeşmeleriň** hasabyna maliýeleşdirilmegi amala aşyrýarlar.

Durmuş ätiýäçlandyryş gaznasynyň hasabyna işgärlere **zähmet rugsadynyň günlerine** hem hak tölenilýär.

Durmuş ätiýaçlandyrmalary boýunça hasaplaşyklar 69-nji balans hasapda hasaba alynýar. Bu hasap şu gollanmanyň 2-nji görkezgiçde görkezilişi ýaly aktiw-passiw hasap. Ol üç sany hasapiçi hasaplara bölünýär. Şolaryň içinde:

1.Durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirmeler boýunça hasaplaşyklar.
2.Meýletin pensiýa ätiýäçlandyrmasyna geçirmeler boýunça hasaplaşyklar.
3.Meýletin medisina ätiýaçlandyrmasyna geçirmeler boýunça hasaplaşyklar.

Durmuş ätiýäçlandyrmalar üçin pul serişdeleri hasaba almak üçin kärhanalaryň buhgalterlik hasabynda şeýle ýazgylar edilýär:

Debet 20 „Esasy önümçilik" Kredit 69 „Durmuş ätiýaçlandyrmalary boýunça hasaplaşyklar"
Debet 23 „Kömekçi önümçilikler" Kredit 69 „Durmuş ätiýaçlandyrmalary boýunça hasaplaşyklar"
Debet 25 „Umumy önümçilik çykdajylary" Kredit 69 „Durmuş ätiýaçlandyrmalary boýunça hasaplaşyklar"
Debet 26 „Umumy hojalyk çykdajylary" Kredit 69 „Durmuş ätiýaçlandyrmalary boýunça hasaplaşyklar"
Debet 29 „Hyzmat ediji önümçilikler we hojalyklar." Kredit 69 „Durmuş ätiýaçlandyrmalary boýunça hasaplaşyklar".

Kärhananyň pul serişdeleri durmuş ätiýaçlandyrmalary üçin geçirilende buhgalterlik hasabynda şeýle ýazgylar edilýär:

Debet 69„Durmuş ätiýaçlandyrmalary boýunça hasaplaşyklar". Kredit 50 „Kassa",51 „Hasaplaşyk hasaby, 52 „Daşary ýurt pullarynyň hasaby".

## 12. Kärhananyň inwestisiýa işlerini maliýeleşdirmegi.

### 12.1 Inwestisiýalaryň nazaryýeti.

Telekeçilik işiniň hem-de başga görnüşdäki işleriň obýektlerine goýum edilip goýulýan, şonuň netijesinde hem peýda (girdeji) alynýan ýa-da durmuş netijeleri gazanylýan ähli maddy we ruhy (intelektual) gymmatlyklar görnüşlerde edilýän çykdajylar **inwestisiýalar** diýlip hasaplanylýar.

Esasy gaznalary täzeden gurmak abzalaşdyrmak, giňeltmek, olaryň durkuny täzelemek üçin edilýän ähli çykdajylar **düýpli maýa goýumlar** diýlip hasaplanylýar.

Düýpli maýa goýumlarynyň we inwestisiýalaryň düşünjeleri deň däldir. Inwestisiýa düşünjesi düýpli maýa goýumlaryna seredeniňde has giň düşünje diýlip hasaplanylýar.

**2008-nji ýylyň mart aýynda kabul edilen Türkmenistanyň "Daşary ýurt maýa goýumlar hakynda (täze redaksiýasy)" kanunda -daşary ýurt maýa goýumlar bilen bagly sekiz sany düşünjilere şeýle kesgitlemeler berilýär. Şolaryň işinde:**

**1) daşary ýurt maýa goýumlary** daşary maýa goýujysyna degişli raýat hukuklary obýektleri, şol sanda pul serişdeleri, gymmat kagyzlar, beýleki emläk, pulda bahasy bellenen emläk hukuklary, intellektual işiň netijeleri üçin aýratyn hukuklar (intellektual hukuk), şeýle hem hyzmatlar we maglumatlar görnüşinde Türkmenistanyň çägindäki telekeçilik işiniň daşary ýurt maýasyny goýmak.

2) **daşary ýurt maýa goýujylara** şu aşakdakylar degişlidirler:

- daşary ýurt edara görnüşdäki tarap, Türkmenistandaky şahamçany we weklilhanasyny goşup;
- halkara gursamasy;
- daşary ýurt döwleti;
- daşary ýurt şahsy tarap, şeýle hem maýa goýumyň amala aşyrýan pursadynda daşary döwletiň çäginde hemişelik ýaşaýan raýatlygy bolmadyk şahs;
- Türkmenistanyň çäklerinden daşarda hemişelik ýaşaýan ýeri bolan Türkmenistanyň raýady .

**3) daşary ýurt maýa goýumlary bolan kärhana**-Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde Türkmenistanyň çäginde döredilen kärhana, ol daşary ýurt maýa goýujysyny ýa-da Türkmenistanyň edara görnüşleri we şahsy taraplary bilen paýly gatnaşmak esasynda degişlidir.

**4) göni daşary ýurt maýa goýumlary**- Türkmenistanyň çäginde döredilen ýa-da täze döreýän kärhananyň maýalyk gorunda paýdaryň (paýyň,goýumyň) azyndan **10 göterimde daşary ýurt maýa** goýujysy tarapyň eýelik edilmegi, edinilmegi;Türkmenistanyň çäginde döredilýän daşary ýurt edara görnüşindäki tarapyň şahamçasynyň esasy goýumlaryna maýa goýmak.

**5) maýa goýum taslamasy**-döwlet ülňilerine (kadalaryna) laýyklykda işlenip taýarlanýan taslama-smeta resminamalaryny öz içine alýan maýa goýumlaryny amala aşyrmagyň ykdysady maksada laýyklygynyň, möçberiniň we möhletleriniň esaslandyrmasy, şeýle hem maýa goýumlaryny amala aşyrmak boýunça iş ýüzündäki hereketleriň beýany (täjirçilik meýilnamasy). **Ileri tutulýan maýa goýum taslamasy**-durmuşa geçirilmegi Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararynyň esasynda amala aşyrylýan maýa goýum taslamasy.

**6) maýa goýum taslamasynyň özüni ödemeli möhleti-**göni daşary ýurt maýa goýumymyny peýdalanmak bilen maýa goýum taslamasynyň maliýeleşdirilmäge başlanan gününden başlap, ulanyş serişde geçirmeleri bolan sap girdejiniň toplanan möçberi bilen daşary ýurt maýa goýumlary bolan kärhananyň, daşary ýurt edara görnüşdäki tarapyň şahamçasynyň maýa goýum harajatlarynyň möçberiniň arasyndaky tapawudyň onuň ähmiýete eýe bolan gününe çenli möhlet.

**7) maýa goýumy gaýtadan goýmak**- daşary ýurt maýa goýuşynynyň, daşary ýurt maýa goýumlary bolan kärhananyň daşary ýurt maýa goýumlaryndan alnan pşeýdasynyň (girdejisiniň) Türkmenistanyň çäginde telekeçilik işiniň obýektlerine maýa goýumlaryny goýmak.

**8) erkin ykdysasdy zona**-erkin telekeçiligiň ykdysady zonasy, milli syýahatçylyk zonasy, şeýle hem erkin ykdysady zonalaryň beýleki görnüşleri, olaryň döredilmeginiň, işlemeginiň, we ýatyrylmagynyň tertibi Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilýar.

**Düýpli gurluşyga** bolsa halk hojalygynyň özbaşdak pudagy diýip düşünilýär.

Inwestisiýalaryň gymmatlyklaryna şu aşakdakylar degişlidir:

- pul serişdeleri, belli bir maksat üçin niýetlenen bank goýumlary, paýlar, paýnamalar we beýleki gymmat bahaly kagyzlar;
- gozgalýan we gozgalmaýan emläk (jaýlar, desgalar, enjamlar hem-de beýleki maddy gymmatlyklar);
- awtorlyk hukugyndan gelip çykýan emläk hukugy, "nou–hau" tejribesi (guramaçylyk, ylmy-tehniki, tehnologiki, täjirçilik bilimleri) hem-de beýleki ruhy (intellektual) gymmatlyklar;
- ýerden hem-de beýleki tebigy baýlyklardan peýdalanmak hukugy şeýle hem beýleki emläk hukuklary;

- beýleki gymmatlyklar.

**Inwestision iş** diýlip şahsy, edara görnüşli we başga taraplaryň , döwletiň inwestisiýalaryny durmuşa geçirmek barada edýän tejribe hereketleriniň jemine düşünilýär.

Türkmenistanyň „Inwestisiýalar hakynda“ kanuna laýyklykda inwestorlaryň hemmesiniň inwestision işleri amala aşyrmaga hukuklary deňdir.

**Inwestorlaryň hukuklary** şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- Türkmenistanyň kanunlarynda gadagan edilmedik obýektlere inwestisiýalary goýmak;
- inwestisiýalaryň möçberini we netijeliligini özbaşdak kesgitlemek;
- inwestisiýalary durmuşa geçirmek üçin zerur raýatlary we edara görnüşli taraplary şertnama esasynda çekmek;
- gazanylýan netijilere eýelik etmek, olary ulanmak, erk etmek, kanunda bellenen tertipde beýleki raýatlara we edara görnüşli taraplara satmak ýa-da bermek;
- karz bermek, kanunda bellenen tertipde gymmat bahaly kagyzlary we zaýomlary çykarmak;
- öz emlägini ulanmak (girew goýlan emläk bolmasa);
- şahsy we edara görnüşli taraplardan özüne gerek emlägi satyn almagy (eger munuň özi kanunlara ters gelmeýän bolsa);
- öz emlägini Türkmenistanyň çäginden daşary äkitmek (onuň şertleri Türkmenistanyň kanunlarynda kesgitlenilen);
- işdeşleri saýlamak, şertnama baglaşmak;
- bäsdeşlik guramak.

Inwestision işiň subýektleriň arasyndaky özara gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän esasy hukuk resminamasy şertnamadyr (ylalaşykdyr). Inwestision işiň subýektleriniň arasynda şertnama gatnaşyklaryny durmuşa geçirmekde döwlet guramalarynyň we wezipeli işgärleriň gatnaşmagyna ýol berilmeýär, ýöne kanunlarda göz öňünde tutulan halatlar muňa girmeýär.

Inwestor Türkmenistanyň kanunlarynda bellenen halatlarda we tertipde şu aşakdakylara **borçludy**r:

- maliýe guramalaryna özüniň amala aşyrýan inwestisiýalarynyň möçberi we çeşmeleri hakyndaky jarnamany tabşyrmaga;
- düýpli gurluşyk üçin degişli häkimiýet guramalaryndan we ýörite gulluklardan zerur ygtyýary hem razylygy almaga;
- ýer titremesine (seýsmiki taýdan) çydamlylygy, ýangyn, partlama howpsuzlygy baradaky kadalaryň, arassaçylyk, gigiýena, ekologiýa we şäher gurluşygy baradaky talaplaryň berjaý edilişi jähtinden inwestision taslamalar babatda döwlet barlagynyň (ekspertizasynyň) gelen netijelerini almaga.

Inwestision işiň **subýektleri** şu aşakdakylara **borçludyrlar:**

- kadalary (normalary) we ülňüleri (standartlary) edara görnüşli taraplardan berjaý etmäge;
- betpäl bäsdeşlik häsiýetlerine ýüz urmazlyga we monopoliýa garşy gönükdirilen talaplary ýerine ýetirmäge;
- döwlet guramalarynyň we wezipeli işgärleriň öz ygtyýarlarynyň çäklerinde bildirýän talaplaryny ýerine ýetirmäge;
- bellenilen tertipde buhgalterlik we statistiki hasabaty bermäge.

Inwestision işe gatnaşýanlaryň Türkmenistanyň ygtyýarly guramalary tarapyndan ýörite ygtyýarnamalary, sertifikatlary bolmalydyr we olar degişli synaglardan geçmelidirler.

Ykdysady edebiýatlarda inwestisiýalary maliýeleşdirmek we karzlaşdyrmak ulgamynyň düşünjesi hem berilýär.

Inwestisiýalary maliýeleşdirmek we karzlaşdyrmak ulgamy ähli çeşmeleriň hasabyna gymmatlyklaryň toplamagyny we peýdaly harç edilmgini öz içine alýar.

Inwestisiýalary maliýeleşdirmek we karzlaşdyrmak ulgamy aşakdaky **ýörelgelerden (prinsiplerden)** ugur almalydyr:

- inwestisiýalaryň döwletiň kanunlaryna laýyklygyndan;
- inwestision taslamalaryň maliýe, maddy, tehniki we zähmet çeşmeleriniň (resurslarynyň) üpjünçiliginden;

- inwestisiýalaryň obýektiw (adamlara bagly däl) ykdysady kanunlara laýyklygyndan;
- netijelilikden.

**12.2 Kärhananyň düýpli maýa goýumlarynyň häsiýetnamasy.**

Kärhananyň düýpli maýa goýumlaryny aşakdakylar esasynda häsiýetlendirip bolar:
- çeşmesine görä;
- üznüksiz önümçilik düzümi boýunça;
- tehnologik düzümi boýunça;
- netijesine görä.

**Düýpli maýa goýumlar we inwestisiýa işleri şu serişdeleriň hasabyna amala aşyrylýar**:

- inwestoryň hut özüniň maliýe serişdeleriniň (peýda, esasy serişdeleriň könelmeginiň öwezini dolmak üçin gor, toplanan pul maýasy, döredijileriň döredişi gaznasyna goýlan maýalar, şahsy we edara görnüşli taraplaryň süýşürintgileri we beýlekileriň) hasabyna;
- inwestoryň karz maliýe serişdeleriniň (obligasiýa görnüşindäki karzlar, bank we býujet karzlarynyň) hasabyna;
- inwestoryň çeken maliýe serişdeleriniň (paýnamalary satmakdan alnan serişdeler, şahsy we edara görnüşli taraplaryň paýlary);
- býujet inwestision serişdeleriniň hasabyna**.**

Esasy gaznalary (fondlary) täzeden gurmak, durkuny täzelemek, abzallaşdyrmak işlerini geçirmek üçin iberilýän inwestisiýalaryň gatnaşygy **üznüksiz önümçilik düzümi diýlip atlandyrylýar.**

Ykdysady edebiýatlarda köplenç esasy gaznalaryň durkuny täzelemek, abzallaşdyrmak işlerini geçirmek üçin iberilýän inwestisiýalar täze gurluşykdan netijeli diýlip hasaplanylýar. Emma käbir ýagdaýlarda esasy serişdeler örän köne bolanda, olary täzeden gurdurmak amatly bolup çykýär.

Inwestisiýa işine çykdajylaryň görnüşleriniň gatnaşygy **inwestisiýalaryň tehnologik düzümi** diýlip atlandyrylýar. Mysal üçin, gurluşyk-kebşirleme işleri, enjamlary almak üçin çykdajylar we beýlekiler.

Esasy girdejileri köplenç enjamlar getirýär, şol sebäpli inwestisiýa işiniň çykdajylarynda enjamlary satyn almak üçin çykdajylaryň gatnaşygy ösýan bolsa goýumlar netijeli (amatly) diýlip hasaplanylýar.

Inwestisiýalara häsiýetnama berlende hökmany suratda olaryň netijesine-de baha berilýar. Ykdysady edebiýatlarda inwestisiýalaryň netijesine baha berlende iki sany bir-birine meňzeş düşünje tapawutlanýar. Olar **netije we netijelilikdir**.

**Netijä** köplenç peýda, girdejä ýa-da durmuş netijlere düşünilýär. Emma belli bir netijeleri dürli çykdajylaryň hasabyna gazanyp bolar. Mysal üçin, 500 müň. manatlyk peýdany 1 million manatlyk inwestisiýalaryň hasabyna we 2 million manatlyk inwestisiýalaryň hasabyna gazanyp bolýar. Bu mysalda netije bir, emma netijelilik iki.

Diýmek, **netijelilik** netijäniň harajatlaryny (çykdajylaryny, goýumlaryny) hasaba alýan düşünjedir.

Inwestisiýalaryň netijeleri we netijeliligi hasaplananda tejribede dürli usullar ulanylýar. Mysal üçin, inwestisiýalaryň özüni ödemegini hasaplamak, netijeliligiň koefisentini çykarmak we ş.m. usullar.

**Inwestisiýalaryň öz - özüni ödemegini** hasaplamak üçin goýlan goýumlar şol goýumlaryň netijesinde belli wagtda alnan peýda bilen deňeşdirilýär we näçe wagtda inwestisiýalaryň yzyna geleni hasaplanýar. Mysal üçin, inwestor 1 million manat goýum edip, şol goýumlaryň hasabyna 1 ýylyň dowamynda 500 müň manat peýda gazanan bolsa, onda inwestor öz goýumlaryny 2 ýylyň içinde ödär. Şu usuly formula görnüşinde hem görkezip bolar: Ö=I: P= 1 000000:500000=2 ýyl,

Bu ýerde:

Ö - inwestisiýalaryň ödeýiş möhleti;

I - inwestisiýalaryň möçberi;

P - inwestisiýalaryň netijesinde 1 ýylyň peýdasy.

Inwestisiýalaryň netijeliliginiň koefisentini tapmak üçin aşakdaky formula ulanylýar: K=P:I, bu ýerde K - inwestisiýalaryň netijeliliginiň koefisenti; I - inwestisiýalaryň möçberi; P -inwestisiýalaryň netijesinde 1 ýylyň peýdasy.

Ýokardaky mysalyň maglumatlaryny alamyzda şeýle netije çykaryp bolýar:

K=500000:1000000=0,2.

**12.3. Kärhananyň inwestisiýa işlerini maliýeleşdirmegiň tertibi.**

Kärhananyň inwestisiýa işlerini maliýeleşdirmegiň tertibi şu aşakdaky şertlere bagly bolup durýar:

- kärhananyň eýeçiligine;
- inwestisiýalaryň çeşmelerine;
- inwestisiýa işleriniň ýerine ýetiriliş usulyna;
- beýleki şertlere.

Beýleki döwletleriň, olaryň şahsy we edara görnüşli taraplarynyň , halkara guramalarynyň eýeçiliginde hereket edýän kärhanalaryň, jemgyýetçilik, kooperatiw birleşikleriň inwestisiýalaryny döwletiň ýörite (ýokarda görkezilen) guramalary olaryň döwlet ülňülerine (standartlara, normalara) laýyklygyny barlaýar we hasaba alýar. Emma agzalan inwestorlaryň özleri pul serişdelerini toplaýarlar we özleri olary harçlaýarlar. Başga söz bilen aýdanyňda **olaryň maliýeleşdirilmegine döwlet guramalary tarapyndan gözegçilik edilenok**. Jedelli meseleler ýüze çykanda olar kazyýet arkaly çözülýär.

Döwlet serişdeleriniň, bilelikdäki, garyşyk kärhanalaryň (eger-de olara döwletiň goýumlary goýulýan bolsa), karzlaryň, çekilen serişdeleriň hasabyna maliýeleşdirilýän inwestisiýalara şol işleriň maliýeleşdirmegine degişli döwlet guramalary we banklar tarapyndan **berk gözegçilik edilýär**.

Inwestisiýa işleriniň **maliýeleşdirilmegine** biziň döwletimizde aşakdaky döwlet guramalary: Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministriligi, Türkmenistanyň Maliýe ministriligii, banklar,Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky daşary ýurt maýa goýumlar baradaky we döwlet salgyt gulluklary, hem başga guramalar gözegçilik edýär.

Inwestisiýa işlerini maliýeleşdirmek we karzlaşdyrmak üçin ýokarda agzalan şertler göz öňünde tutulyp (inwestorlaryň eýeçiligini, inwestisiýalaryň çeşmelerini, işleriň ýerine ýetirilişini we başga şertleri), dürli resminamalar düzülýär hem maliýe we karz guramalary tarapyndan talap edilýär. Köplenç talap edilýän resminamalaryň içinden şu aşakdakylary görkezip bolar:

- telekeçilik işiniň meýilnamasy;
- maliýeleşdirmegiň meýilnamasy (döwletiň hasabyna maliýeleşdirilýan bolsa ol hökman talap edilýar);
- taslama;
- harajatnama;
- goýumlary ödemekligiň hasaby;
- düýpli gurluşygyň döwlet meýilnamasy;
- gurluşyk işlerini geçirmek barada potrat şertnamasy;
- gurluşygyň titul sanawy (pasporty);
- gurluşygyň içindäki titul sanawy;
- karzy ödemekligiň hasaby (eger-de inwestisiýalar karzyň hasabyna amala aşyrylýan bolsa);
- girew hakynda şertnama (eger-de inwestisiýalar karzyň hasabyna amala aşyrylýan bolsa);
- kepilnamalar (eger-de inwestisiýalar karzyň hasabyna amala aşyrylýan bolsa);
- beýleki resminamalar.

Talap edilýan resminamalar wezipeli işgärler, derejeli adamlar tarapyndan tassyklanylan bolmaly. Olaryň tassyklanylyşy ýokarda görkezilen şertlere hem goýumlaryň möçberine bagly bolup durýar.

Maýa goýum taslamary, aýratyn hem daşary ýurt maýa goýujylaryň taslamalary bellenilen tertipde hökmany döwlet seljermesine, şol sanda seýsmiki durnuklylyk, ýangyn partlama howpsuzlyk, ekologiki we sanitariýa arasaçylyk talaplarynyň kadalaryny berjaý edilşine seljermäge degişlidirler.

Daşary ýurt maýa goýumlar döwlet belligine alynýar. Olara kanunlara laýyyklykda gümrük we salgyt ýeňňillikleri berilip bilner.

Türkmenistan daşary ýurt maýa goýumlary çekmekde öz syýasatyny durmuşa geçirýär. Daşary ýurtlaryň maýa goýumlary, maliýe kömegi bilen bilelikde, täze iş ýerleri açmaga, täze tehnoljgiýalary ornaşdyrmaga, goşmaça salgytlary almaga we başga üstünlikleri gazanmaga ýardam berýärler.

Özgertmeler zamanysynda Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen döwletimizde maliýe goýumlarynyň möçberini artdyrmak üçin kanunçylyk özenine bir topar üýtgemeler girizildi.

Türkmenistanyň „Salgytlar hakynda“ bitewi Kanuna laýyklyda berilýan salgyt ýeňillikleri barada gollanmanyň ýokarky sahypalarynda maglumatlar berilen. Ýigrimden gowrak döwletler bilen halkara ylalaşyklara laýyklykda Türkmenistana dahylsyz maýa goýujylar esasy salgytlary ýa-da biziň ýurdymyzda ýa-da öz döwletlerinde tölemäge haklydyr. Olar bilen bilelikde, daşary ýurt maýdarlary döwletimize çekmek üçin „Daşary ýurt inwestisiýalar hakynda“kanuna goşmaça dürli ýeňillikler we kepiller girizilen.

Telekeçiligiň erkin ykdysady zolagyň çäginde işini amala aşyrýan daşary ýurt maýa goýujylary, daşary ýurt bolan kärhanalar aşakdakylardan boşadylýarlar:

- konsullyk we bellige alyş ygtyýarnamalaryny tölemekden;
- şertnamalaryň bellige alnandygy üçin birža hyzmatlaryny tölemekden;
- ygtyýarnamany berilmegi we onuň gaýtadan resmileşdirilmegi üçin döwlet pajyny tölemekden;
- Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde we şertlerde ýer bölekleri üçin kärende töleginden;
- Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen býujetden daşary gaznalara peýdadan serişde geçirmelerden;
- Türkmenistana getirilýän enjamlaryň we materiallaryň güwälendirmesinden güwänama hyzmatlary üçin töleglerden. Bu ýeňňillik potratçylara we kömekçi potratçylara hem degişlidir;
- Türkmenistana getirilýän esaslyk maýalaryna goýulýan goýumlar gümrük paçlary tölemekden. Getirilýän emläkler bolsa gümrük paçlardan inwestision taslamalaryň özüni ödeýänça boşadylýarlar.

Türkmenistanda telekeçiligiň erkin ykdysady zolaklardan şolary görkezmek bolar: Awaza, Aşgabat-Abadan , Mary-Baýramaly, Hazar-Okarem, Daşoguz-Aeroport, Türkmenabat-Seýidi, Baharly-Serdarabat, Aşgabat-Änew. Şol zolaklarda kärhanany döretmek örän amatly.

Eger Türkmenistanyň kanunçylygynyň üýtgemegi daşary ýurt maýa goýujylarynyň, daşary ýurt maýa goýumlary bolan kärhanalaryň işiniň hukuk düzgünini ýaramazlaşdyrýan gadaganlyklara we çäklendirmelere getirse, daşary ýurt maýa goýumlarynyň bellige pursadynda hereket eden Türkmenistanyň kanunçylygy olar babatda **on ýylyň içinde**, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň karary esasynda maýa goýum taslamalaryny durmuşa geçirýän daşary ýurt edara görnüşindäki tarapyň kärhanalary, daşary ýurt edara görnüşidäki taraplaryň şahamçalary üçin bosa ol bellige alnan mahalynda Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenilen tertipde mälim edilen maýa goýum maýasynyň **özüni ödeýjilik döwrüniň içinde hereket edýar.**

Daşary ýurt maýa goýujylara Türkmenistana gelip daşary ýurtlara gitmek üçin rugsatnama düzgünlerde ýeňillikler we kepillendirmeler kanun arkaly berilýär.

Görkezilenlere, eger-de olar ýurduň ykdysadyýetine progressiw üýtgemeleri getirseler beýleki ýeňillikleri bermek kanunda hem göz öňünde tutulan.

## 13. Kärhananyň maliýe netijeliligini hasaba almagyň we kesgitlemegiň tertibi.

### 13.1. Kärhananyň girdejilerini hasaba almagyň tertibi.

Türkmenistanyň „Salgytlar hakynda” bitewi Kanunyna laýyklykda salgyt töleýjiniň **jemi girdejisine:** ýerlenen önümlerden (işlerden, hyzmatlardan) , gaýry ýerlemeklerden gelen peýda , şeýle hem **ýerlenmekden daşarky amallardan alynýan girdejiler** goşulýar.

**Ýerlenen önümlerden (işlerden, hyzmatlardan) alnan girdejiler** -46-njy „Önümleri (işleri, hyzmatlary) ýerlemek” balans hasapda hasaba alynýar.

**Gaýry ýerlemekden gelýän girdejiler**-47-nji „Esasy serişdeleriň ýerlenmegi we gaýry çykmagy“ we 48-nji „Gaýry aktiwleriň ýerlenmegi”balans hasaplarda hasaba alynýar.

**Ýerlenmekden daşarky amallardan alynýan girdejiler-** 80-nji „Peýda we zyýan“ balans hasapda hasaba alynýar.

Görkezilen hasaplar aktiw-passiw hasaplar. Olar bilen kärhanalar şeýle hasap ýazgylary edýär:

Debet 50 „Kassa“, 51 „Hasaplaşyk hasaby“, 52 „Daşary ýurt pullarynyň hasaby“, 62 „Satyn alyjylar we buýrujylar bilen hasaplaşyjkar“;

Kredit 46-njy „Önümleri (işleri, hyzmatlary) ýerlemek”, 47-nji „Esasy serişdeleriň ýerlenmegi we gaýry çykmagy“ , 48-nji „Gaýry aktiwleriň ýerlenmegi”, 80-nji „Peýdalar we zyýanlar“.

**Kanunda başgaça bellenmedik bolsa, ýerlemekden daşarky girdejilere şular degişlidir:**

- islendik görnüşdäki bergi borçnamalary boýunça göterimler;

- paýçy bolup gatnaşmakdan alnan düşewüntler we beýleki serişdeler;

- ätiýaçlandyryş we gaýtadan ätiýaçlandyryş ylalaşyklar boýunça ätiýaçlyk öwezini doluş puly;

- ylalaşyk borçnamalarynyň bozulandygy üçin jerimeler we beýleki çäreler görnüşinde alnan serişdeler, şeýle hem ýitginiň we zyýanyň öweziniň dolunmagyndan alnan pullar;

- öň hasapdan öçürilen bergileri üzmek üçin gelip gowşan pullar;

- awtorlyk hukugyndan peýdalanylandygy ýa-da şu hukugy peýdalanmaga berlendigi üçin hak, şahadatnama, söwda nyşany, haryt nyşany ýa-da hyzmat nyşany, çyzgy ýa-da model, görnüş, gizlin formula we (ýa-da) iş nyşany ýa-da senagata, täjirçilik ýa-da ylmy tejribä degişli maglumatlar üçin hak;

- ätiýaçlygyň hasabyna gümanly algylaryň hasabyna öň hasapdan öçürilen bergidarlardan alnan serişdeler;

- **hasapdan öçürilen bergileriň möçberi**, (salgytlar, puşmana tölegler, jerimeler boýunça umytsyz bergileriň hasapdan öçürilen möçberleri muňa girmeýär);

- daşary ýurt pulundaky amallar boýunça, şeýle hem pul gymmatlyklarynyň we talapnamalaryň bahasy artdyrylanda ýa-da daşary ýurt pulundaky borçlar arzanladylanda onuň **hümmet tapawutlary;**

- hasabat ýylynda ýüze çykarylan **geçen ýyllaryň girdejileri**;

- Türkmenistanyň "Salgytlar hakynda" bitewi Kanuna laýyklykda hasapdan aýyrma düzüminde göz öňünde tutulan, salgyt döwrüniň ahyryna çenli **peýdalanylmadyk ätiýaçlyk we başga gaznalaryň serişdeleri;**

- ulanmakdan aýrylýan esasy serişdeler sökülende we böleklere bölünende alnan **materiallaryň we beýleki emläkleriň bahasy;**

- haýyr-yhsan maksatly alnan, **bellenen maksada laýyk peýdalanylmadyk** serişdeleriň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasy;

- tükellemegiň netijesinde ýüze çykarylan haryt-maddy gymmatlyklaryň **artygynyň bahasy**;

- kanunda görkezilenlerden başga, emläk hukugyny hem goşmak bilen, **muzdsuz alnan emläk** (işler, hyzmatlar). Girdejä goşmak üçin şunuň ýaly emläge (işlere, hyzmatlara) baha kesmek hakyky bazar bahalaryndan ugur alnyp amala aşyrylýar;

- beýleki ýerlemekden daşary girdejiler.

Şu aşakdakylar **jemi girdejä goşulmaýar**:

- gatnaşyjylaryň (paýdarlaryň, paýçylaryň, agzalaryň) esaslyk maýa gatançlary, paýnamalary (paýlary) ýerleşdirmegiň bahasyndan olaryň ilkibaşky bahasyndan artyk gelmegi görnüşindäki girdejini hem goşmak bilen;

- gatnaşyjy tarapyndan esaslyk maýasyna **ilkibaşky gatanjynyň çäklerinde** alnan serişdeler we emläkler;

- gymmatly kagyzlaryň bahasy üýtgände **alnan oňyn tapawut**;

- býujet serişdeleriniň, döwlet gaznalarynyň serişdeleriniň, mugt pullaryň (grantlaryň) we beýleki çeşmeleriň hasabyna, maksatlaýyn maliýeleşdirmegiň çäklerinde salgyt töleýji tarapyndan **alnan serişdeler we beýleki emläk**;

- komitent üçin komissioner tarapyndan geçirilen çykdajylaryň **öwezini dolmagyň hasabyna alnan emläk**. Görkezilen tabşyryk ylalaşygyna ýa-da şoňa meňzeş beýleki ylalaşyklara hem degişlidir;

- edara görnüşli taraplaryň pensiýa üpjünçiligi hakyndaky kanunçylyga laýyklykda alan we **şahsy**

**pensiýa hasaplaryna gönükdirilen maýa goýum girdejileri**;

- **karzlar görnüşinde** alnan serişdeler we beýleki emläk, şeýle hem olary üzmegiň hasabyna **alnan serişdeler we beýleki emläk**;

- artykmaç alnan we yzyna wagtynda gaýtarylmadyk salgytlar boýunça puşmanlaryň **göterimleri**;

- täjirçilik däl guramalary saklamak we olaryň tertipnamalaýyn işlerini alyp barmak üçin maksatly gelip gowşan serişdeler, şol sanda agzalyk we **haýyr-yhsan gatançlary, pul peşgeşleri, miras alynýan emläk**;

- **girew** ýa-da borçnamalary üpjün etmek hökmünde tölegiň ujundan geçirme görnüşinde alnan **emläk**;

- **dörediji** ýa-da ygtyýarly edara tarapyndan edara görnüşli tarapa berlen **serişdeler we beýleki emläk**;

- döwlet eýeçiligi görnüşdäki tarap döredilende oňa berilýän serişdeler we beýleki emläk;
- eger görkezilen işleri ýerine ýetirmegiň (hyzmatlary etmegiň) hökmanylygy Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen halatda, işiň belli bir ugrunda olaryň üstüne ýüklenilen aýratyn wezipeleri ýerine ýetirme çäklerinde döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralar tarapyndan işleri ýerine ýetirmekden (hyzmatlary etmekden) alnan girdejiler;
- býujet guramalary we telekeçi däl edara görnüşli taraplar tarapyndan şeýle hem döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli ýz-özüni dolandyryş edaralary tarapyndan **peşgeş** bermek barada ylalaşyk boýunça ýa-da **mugt alnan emläk (işler, hyzmatlar);**
- Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryna, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň çözgütlerine laýyklykda, şeýle hem pudaklaryň içinde mugt berlende ministrlikleriň we pudaklaýyn **dolandyryş edaralarynyň çözgütlerine laýyklykda**, edara görnüşli taraplar tarapyndan **alnan emläk**;
- daşary döwletler ýa-da halkara guramalary tarapyndan Türkmenistana berilýän **halkara ynsarperwerlik**, maliýe we **tehniki kömek** taslamalarynyň we maksatnamalarynyň çäklerinde alynýan **emläk (işler, hyzmatlar)**.

“Salgytlar hakynda” bitewi Kanuna laýyklykda bir birligini satyn almak (döretmek) üçin alyjylary Türkmenistan boýunça bellenilen iş hakynyň 0,4 möçberinden geçmeýän, mahabatlandyrma maksady bilen berilýän harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasy jemi girdejä goşulmaýar**.**

**Girdejiler diňe bir gezek hasaba alynýar.**

Salgydyň dürli möçberleri boýunça salgyt salynýan girdeji alýan ýa-da kanuna laýyklykda salgytdan boşadylýan salgyt töleýjiler **şeýle girdejileriň hasabyny aýratynlykda ýöretmäge borçludyrlar.**

**Jemi girdeji hasaplananda şu aşakdakylaryň muzdsuz berilmegine ýerlemek hökmünde seredilmeýär:**

- edara görnüşli tarap üýtgedilip gurlanda onuň hukuk mirasdüşerine (mirasdüşerlerine) berilýän emlägi;

- döwlet häkimiýeti we dolandyryş, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň çözgüdi boýunça önümçilik, ýaşaýyş jaý we önümçilik hem-de durmuş-medeni maksatly **desgalara we binalara eýeçilik hukugy**.

Ynsanperwerlik we ýa-da (haýyr-yhsan kömek hökmünde hökümetara ylalyşyklaryna laýyklykda, şeýle hem döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralarynyň çözgütleriniň esasynda harytlaryň berilmegi (işleriň muzdsuz ýerine ýetirilmegi we hyzmatlaryň edilmegi).

**Şu emläkleri döwlet haýryna almak (kesekä bermek) hem harytlary ýerlemek bolup durmaýar:**

- döwlet häkimiýeti we dolandyryş, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş

edaralarynyň çözgütleri boýunça döwlet ýa-da jemgyýetçilik hajatlary üçin ýa-da ýeriň, medeni gymmatlyklaryň degerli derejede ulanylmandygy üçin alynmaly **ýer mellegindäki ýerleşýän emläk**;

- miras galan emlägi mejbury almak, elinden almak ýa-da eýeçilik hukugyny bermek netijesinde, şeýle hem eýesiz galan emlägiň, ýa-da gymmatlyklaryň **döwlet tarapyndan alynmagy**.

Emlägiň gaýry edara görnüşindäki taraplaryň we şereketleriň esaslyk maýalaryna gatançlar hökmünde berilmegi harytlary ýerlemek bolup durmaýar.

Harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemekden alnan girdejini kesgitlemek maksady bilen, harydyň, işleriň, hyzmatlaryň **bahasy** Türkmenistanyň“Salgytlar hakynda” bitewi Kanuna laýyklykda kabul edilýär**.**

Harytlar (işler, hyzmatlar) muzdsuz berlende girdeji salgyt töleýji tarapyndan şeýle harytlar (işler, hyzmatlar) adaty, hak almak bilen **ýerlenende ulanylýan bahalardan ugur alnyp kesgitlenýär.**

Öň ulanyşda bolan esasy serişdeler we maddy däl aktiwler muzdsuz berlende girdeji olaryň **galyndy bahalaryndan ugur alnyp kesgitlenýär.**

Geleşigiň taraplary tarapyndan çalşylýan harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahalary kesgitlenmedik halatynda, girdeji şolar ýaly harytlar (işler, hyzmatlar) salgyt töleýji tarapyndan adaty, hak almak bilen **ýerlenende ulanylýan bahalardan ugur alnyp kesgitlenýär**.

Deň däl derejede çalşylanda jemi girdejä çalşylýan harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahalaryna **goşmaça tölegleriň islendik möçberi goşulýar.**

Öz işgärleri üçin harytlar (işler, hyzmatlar) ýerlenende, girdeji şolar ýaly harytlar (işler, hyzmatlar) salgyt töleýji tarapyndan adaty, **hak almak bilen ýerlenende ulanylýan bahalardan ugur alnyp kesgitlenýär**.

Ýatyrylýan edara görnüşli tarapyň (daşary ýurtly edara görnüşli tarapyň şahamçasynyň, wekilhanasynyň) girdejisi şu harytlar ýerlenende salgyt töleýji tarapyndan ulanylan hakyky bahalaryň esasynda, emma:

esasy serişdeler we maddy däl aktiwler boýunça - galyndy bahalaryndan;

beýleki harytlar boýunça - satyn alnan bahalaryndan pes bolmadyk derejede kesgitlenýär.

Ýeňillikli bahalar (tarif, kesilen nyrh) bellenen harytlar (işler, hyzmatlar) ýerlenende girdeji şeýle **ýeňillikleri hasaba almak bilen kesgitlenýär.** Görkezilenler Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ilata **mugt goýberilýän harytlara (işlere, hyzmatlara) hem degişlidir.**

Býujetden sarp edijiler üçin ýerlenýän şeýle hem telekeçi däl edara görnüşli taraplar hem-de häkimiýet we dolandyryş, ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralary tarapyndan ýerlenilýän harytlar (işler, hyzmatlar) boýunça girdeji ýerlemegiň **hakyky bahalaryndan ugur alnyp kesgitlenýär.**

Türkmenistanyň “Salgytlar hakynda” bitewi Kanunda banklaryň, ätiýaçlandyryş guramalaryň jemi girdejini **kesgitlemegiň aýratynlyklary** bellenilýär. Olaryň girdejilerini hasaplanyňyzda kanuny okap şol aýratynlyklar bilen tanşyp bilersiňiz.

Bir- birine bagly edara görnüşli taraplaryň gatnaşyklarynda şunuň ýaly geleşiklerdäki adaty şertlerden tapawutlanýan şertler emele gelýän ýa-da bellenýän bolsa, olaryň biri tarapyndan alnyp boljak, ýöne şeýle şertler sebäpli alynmadyk islendik girdeji kanuna laýyklykda, **onuň salgyt salynýan girdejisine goşulýar.**

Kärhananyň girdejileri oňa dürli görnüşlerde geçirilip bilner. Girdejiler nagt, nagt däl, karz kartoçkalaryň, çekleriň kömegi bilen we barter görnüşinde gelip bilerler.

Ähli girdejileri kanunlara laýyklykda hasaba almaklyk we girdejileriň doly hasaba alnyşyna berk gözekçilik etmeklik kärhananyň ýolbaşçylaryň esasy wezipeleriň biri bolup durýar. Şol işde gözegçiligiň dürli usullary ulanylýar. Olaryň içinde kassa apparatlary, kwitansiýalary,

wideokameralary ulanmak, duýdansyz içerki barlaglary hem meýilnamalaşdyrylýan tükelleýiş işleri gurnamak we başga usullar. Agzalan usullary kärhananyň maliýe netijilerini dogry çykarmany we salgytlary hem ýygymlary kanuna laýyklykda tölemegi üpjün edip maliýe çärelerden gorar.

### 13.2. Kärhananyň önüminiň özüne düşýän gymmaty barada nazary esaslary we harajatlary hasaba almagyň tertibi.

Kärhananyň önüminiň özüne düşýän gymmatyny hasaplamak üçin ähli harajatlary hasaba almalydyr. Harajatlary ykdysady edebiýatlarda birnäçe toparlara bölýärler: anyk , anyk däl, göni , gytaklaýyn, umumy, önümçilik , täjirçilik, esasy , kömekçi, mydamalyk (hemişelik, üýtgemeýän) üýtgeýän, orta, meýilnamalaşdyrylan, hakyky, ýerleşdirilen önüminiň (harytlaryň, hyzmatlaryň) we gaýry görnüşlere.

**Anyk harajatlara**, ykdysady edebiýatlarda 50, 51, 52, 55 balans hasaplardan geçirilen harajatlara düşünilýär. Ýagny bankyň ýa-da pulhananyň üsti bilen geçirilen harajatlara.

**Anyk däl harajatlara** ykdysady edebiýatlarda ýokarda görkezilen hasaplardan geçmedik we buhgalterlik hasabyna alynmaýan harajatlara düşünilýär. Anyk däl harajatlaryň mysaly hökmünde ulanylmadyk pul goýumlaryň mümkinçiliklerini (pursatlaryny) görkezmek bolar.

**Göni harajatlara** bolsa belli önümi öndürmek (hyzmaty ýerine ýetirmek) üçin edilen harajatlar degişlidir. Olara maddy çykdajylar, ýol kireýi, önümi öndürmek (hyzmaty ýerine ýetirmek ) bilen gös-göni baglanyşykly harajatlar degişlidir.

**Gytaklaýyn harajatlara** belli önümi öndürmek (hyzmaty ýerine ýetirmek ) bilen gös-göni bagly däl harajatlara düşünilýär. Mysal üçin, kärhananyň ýolbaşçylary üçin edilýän harajatlary (elektrik energiýa, aragatnaşyk, ulag serişdeler, suw bilen üpjünçilik we ş.m.çykdajylary) gytaklaýyn harajatlara degişlidirler.

**Göni we gytaklaýyn harajatlaryň jemine-umumy çykdajylar (harajatlar) diýlip düşünilýär. Umumy çykdajylar** öz gezeginde umumy **önümçilik we umumy hojalyk çykdajylara** bölünýär.

**Önümçilik harajatlaryna** önümi öndürmek bilen gös-göni bagly harajatlar degişlidir. **Önümçilik harajatlar** öz gezeginde **esasy we kömekçi harajatlara bölünýär.**

**Esasy harajatlar** esasy öndürilýän önüme degişli bolmalydyr. Kömekçi harajatlara bolsa kömekçi hojalyklara ýa-da işhanalara (sehlere) degişli harajatlara düşünilýär.

**Täjirçilik harajatlaryna** mahabatnamalary çykarmak üçin, söwda, araçy we şoňa meňzeş başga amallary geçirmek üçin edilýän çykdajylara düşünilýar.

Mydama (köp gezek) gaýtalanýan harajatlara – **mydamalyk, hemişelik ýa-da üýtgemeýän,** käbir halatlarda edilýän çykdajylara bolsa **üýtgeýän harajatlar** diýlip düşünilýär Hemişelik harajatlaryň mysaly hökmünde: çig mallar , materiallar, zähmet haky we şolara meňzeş çykdajylar çykyş edip bilerler. Üýtgeýän harajadyň mysaly hökmünde seýrek myhmanlary kabul edýän kärhanyň wekilçilik çykdajylaryny görkezip bolar. .Bir kärhanada mydamalyk harajat başga kärhanada üýtgeýän harajat bolup biler.

**Orta harajatlar** tejribede matematiki usullaryň kömegi bilen hasaplanýar.

**Meýilnamalaşdyrylan harajatlar önüm** (haryt) öndürilmänkä, işler ýerine ýetirilmänkä-meýilnamalaşdyrylýar ýa-da çäklenýär. Olar hakyky harajatlara deň gelip ýa-da olardan tapawutlanyp biler. **Hakyky harajatlar** bolsa önüm öndürilip, işler ýerine ýetirilip hasaplanylýar.

**Ýerleşdirilen önümleriniň özüne düşýän gymmaty -** käbir ýagdaýlarda kärhananyň belli bir döwrüň içinde edilen hakyky harajatlar bilen deň gelmez, eger-de önümler doly tamamlanmadyk, doly ýerleşdirilmedik , ýa-da käbir edilen harajatlar geljekki döwürleriň harajatlaryna geçirilen bolsa. Görkezilen ýagdaýlarda balansda tamamlanmadyk önümçilik (20,21,23,29,30-nji hasaplarda), ýerleşdirilmedik taýar önümleriň galyndylary 40-nji „Taýýar önümler“, we geljekki döwürleriň harajatlaryna geçirilen çykdajylar 31-nji „Geljekki döwürleriň harajatlary“ hasaplarda hasaba alynýar.

20-nji balans hasapda „Esasy önümçilik“,21-nji „Öz öndüren ýarym taýýar önümleri“ 23-nji „Kömekçi önümçilikler“, 25-nji „Umumy önümçilik“, 26-njy „Umumy hojalyk“, 43-nji „Täjirçilik“, 44-nji hasapda bolsa „Dolanyşyk çykdajylary“ hasaba alynýar.

Ykdysady edebiýatlarda we tejribede häzirki döwürde üç bir-birine ýakyn düşünjiler ulanylýär: „çykdajylar“, „harajatlar“ we „aýyrmalar“. „Çykdajylar“umumylaşdyrylan düşünje. Oňa ähli „harajatlar“ we „aýyrmalar“ degişlidirler. Emma ähli çykdajylary „harajatlara“ we „aýyrmalara“ kanunlara laýyklykda goşmak bolanok. Harajatlar häzirki döwürde Türkmenistanyň Prezidentiniň 1994-nji ýylyň mart aýynyň birine 1676 belgili karary “Önümiň (işiniň, hyzmatyň) özüne düşýän gymmatyna goşulýan harajatlar hakda Düzgünnama” we oňa girizilen üýtgemelere we goşandylara laýyklykda hasaba alynýar. Aýyrmalar peýdadan alynýan salgytlar hasaplananda kärhananyň umumy girdejisinden aýrylýar. Aýyrmalar Türkmenistanyň „Salgytlar hakynda“ bitewi Kanunyň 155-159 njy maddalaryna laýyklykda hasaba alynýar. Köplenç harajatlara goşulýan çykdajylar kanuna laýyklykda aýyrmalar bolup hem çykyş edýär. Emma käbir çykdajylar aýyrmalara goşulyp harajatlara goşulmaýar. Mysal üçin, kärhananyň hasabat (salgyt) döwründe ýüze çykarylan **öňki salgyt döwürleriniň çykdajylary (zyýanlary)** harajatlara goşmak bolanok. Emma aýyrmalara olar goşulyp biler. Şonuň ýaly hem , alnan karzlara tölenýän göterimleri harajatlara doly möçberde goşmak bolanok. Emma aýyrmalara olar karzlaryň şertlerine bölünmän goşulýar.**);**

Aýyrmalara we harajatlara şu aşakdaky çykdajylaryň toparlaryny goşup bolar:

- maddy çykdajylar;
- zähmete hak tölemek üçin çykdajylar;
- durmuş ätiýaçlandyryş çykdajylar;
- ulanyş tölegleri;
- harytlary (işleri,hyzmatlary) öndürmek, ýerlemek bilen baglanyşykly beýleki çykdajylar (ýitgiler);
- ýerlemekden daşary çykdajylar (ýitgiler).

**Maddy çykdajylara** salgyt töleýjiniň şu aşakdakylar üçin edýän harajatlary degişlidir:

- harytlary, çig maly, ýarymtaýýar önümleri, ýangyjy, suwy , energiýany we materiallary satyn almak;
- gurallary, enjamlary, esbaplary, abzallary, ýörite geýimi we beýleki könelmä degişli bolmadyk emlägi, gurnamaga degişli toplaýjy önümleri satyn almak;
- keseki guramalaryň, şol sanda tebigaty goramak maksatly belli hyzmatlary we çäreleri;
- tehnologik ýitgiler;
- peýda (girdeji) almaga gönükdirilen işler bilen baglanyşykly beýleki maddy çykdajylar.

Eger-de kanun boýunça goşulan baha üçin salgytdan we goşmaça töleglerden boşadylmaýan kärhana **maddy çykdajylary edende** hasaplaşyga kabul edilmäge degişli agzalan salgytlary we tölegleri **tölän bolsa , onda maddy harajatlary hasaba alnanda tölenen** pul möçberi,. goşulmaýar Eger-de kanuna laýyklykda kärhana ýa-da onuň geçirýän amallary şol salgytdan we goşmaça töleglerden boşadylýan bolsa, onda goşulan baha üçin salgydyň möçberi **maddy harajatlaryň bahasyna goşulýar.**

Araçy guramalaryna tölenilýän komissiýa haklaryny, birža ýygymlaryny, gümrük paçlaryny, Türkmenistanyň gümrük çäklerine getirilýän harytlar boýunça ýygymlary we goşmaça tölegleri, daşamak üçin çykdajylary we haryt maddy gymmatlyklary satyn almak bilen baglanyşykly beýleki harajatlary goşmak bilen, **olaryň satyn alnyş nyrhlaryndan ugur alnyp maddy harajatlaryň bahasyna goşulýar.**

**Maddy çykdajylaryň** bahasyndan yzyna **gaýtarylýan** galyndylaryň we gaplaryň bahalary **aýrylýa**r, yzyna **gaýtarylmaýan** gaplaryň bahalary **bolsa maddy çykdajylaryň pul möçberine goşulýar.**

Pul we haryt görnüşinde **zähmete hak tölemek üçin çykdajylara şular degişlidir:**

- hakyky ýerine ýetirilen we kanuna laýyklykda ýazylyp hasaplanan iş üçin iş haky;
- kanuna laýyklykda tölenen dürli goşmaça haklar we tölegler;
- öwez puly häsiýetdäki tölegler;
- mugt berilýän zatlary, jemagat hyzmatlary, iýmit, önümler, ýaşaýyş jaý boýunça çykdajylar ýa-da olar boýunça pul öweziniň möçberleri;
- işgärleriň naharlanmagy üçin çykdajylar;
- döwlet we jemgyýetçilik borçlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly kanuna laýyklykda wagt

üçin tölenýän hak;

- işgär düzümini kemeltmek bilen baglanyşykly işden boşadylýan işgäre töleg tölemek;
- işden çykarylanda berilýän hemaýat pullaryny tölemek;
- köp ýyllap işländigi üçin birwagtlaýyn tölenýän hak;
- okuw wagtynda (hünär taýdan taýýarlyk, gaýtadan taýýarlamak we ş.m.) saklanyp galýan iş haky;
- mejbury işsiz gezen ýa-da pes hak tölenýän işiň ýerine ýetirilen wagtlar üçin iş haky we zähmete ukyplylygyň wagtlaýyn ýitirilen mahalynda hakyky iş hakynyň derejesine çenli kanun boýunça goşmaça töleg;
- iş berijileriň ätiýaçlandyryş tölegleri (gatançlary);
- gan tabşyrýan(donor)-işgärlere iş hakyny tölemek üçin çykdajylar;
- işgär düzüminde durmaýan we kärhananyň işine kanuna laýyklykda işe çekilen (hususy telekeçilerden başga) işgärleriň iş haky;
- ätiýaçlyga serişde geçirmeler görnüşindäki çykdajylar**;**
- kanun boýunça**,** işgäriň peýdasyna edilen çykdajylaryň beýleki görnüşleri**.**

**Aýyrmalar hökmünde kabul edilýän, zähmete hak tölemek üçin çykdajylarda şu aşakdakylar göz öňünde tutulmaýar**:

- maddy kömek;
- umumy peýdalanylýan ulag, ýörite ugurlar, edara ulagy bilen iş ýerine gitmek tölegi;
- edara görnüşli tarapyň işgärlerine berilýän ýa-da edara görnüşli tarapyň jemgyýetçilik iýmiti üçin kömekçi hojalyklar tarapyndan goýberilýän önüm (işler, hyzmatlar) boýunça baha tapawutlary;
- bejeriş ýa-da dynç alyş , şeýle hem işgärleriň peýdasyna edilen beýleki şunuň ýaly çykdajylar.

Salgyt töleýji tarapyndan girdeji almak üçin peýdalanylýan esasy serişdeler we maddy däl aktiwler boýunça **ulanyş tölegleri salgyt töleýjiniň çykdajylaryna (harajatlaryna goşulýar).**

Türkmenistanda esasy serişdeleriň könelmegi häzirki döwürde 2000-nji ýylyň 13 martda 4606 bellikli karary bilen Prezident tarapyndan kesgitlenilen könelmegiň kadalary esasynda hasaplanylýar. Kadalar esasy serişdeleriň ulanyş möwretine görä balans bahasyna belli göterim gatnaşykda kesgitlenilen. Mysal üçin, iň berk jaýlaryň könelmegiň koeffisienti-0,4% möçberde kesgitlenilen. Jaýyň bahasy 100 mln manat bolsa onuň bir ýyldaky könelmegini şeýle tapyp bolýar: 100x0,4%=0,4 mln manat. Jaýyň bir aýdaky könelmegini tapmak üçin biz 0,4 : 12 =0,033 mln manat. Jaýyň ulanyş möwrütini tapmak üçin biz 100:0,4=250 ýyl.

Maddy däl aktiwlere hukuk berýän resminamalaryň bahasy degişlidir. Şol sanda ygtyýarnamalaryň, sertifikantlaryň, şahadatnamalaryň bahalary. Kompýüter programmalary ulanmaga hukuk berýan resminamalary hem maddy däl aktiwler diýlip hasaplanylýar. Hukuk berýän resminamalarda köplenç onuň güýji saklanýan möhleti görkezilýär. Şol aktiwiň könelmesini tapmak üçin onuň bahasyny güýji saklanýan möhletine bölmelidir. Mysal üçin, resminamanyň bahasy 12 müň manat, möhleti bolsa 3 ýyl. Bir ýylda könelmegi 12:3=4 müň manat. Bir aýdaky könelmesini tapmak üçin 4:12=0,33 müň manat.

Egerde hukuk berýän resminamada onuň ulanyş möhleti görkezilmedik bolsa kanun boýunça ol 10 ýyl diýlip hasaplanylýar.

**Düýpli häsiýetli harajatlar** salgyt töleýjiniň **çykdajylaryna (aýyrmalaryna) ulanyş tölegleriň üsti bilen goşulýar**.

**Harytlary (işleri, hyzmatlary) öndürmek we ýerlemek bilen baglanyşykly beýleki çykdajylar we ýitgiler şu aşakdakylary öz içine alýar**:

- ýer üçin, kärende we lizing tölegleri (kanuny göz öňünde tutmak bilen) ;
- oýlap tapyşlar we rasionalizatorçylyk teklipler üçin tölenýän hak;
- göterimler görnüşindäki çykdajylar;
- wagtlaýyn işe ukypsyzlyk boýunça hemaýat pullar we kanunlarda bellenilen we iş berijiniň hasabyna işgärlere tölenýän beýleki durmuş hemaýat pullary;
- täze iş ýerine geçende işgärlere berilýän hemaýat puly;
- tassyklanan ölçegleriň çäklerinde deňiz, derýa we howa gämileriniň ekipažlarynyň azyk rasiony üçin çykdajylar;

- keseki edara görnüşli taraplar tarpyndan işgärler bermek boýunça hyzmatlar üçin çykdajylar;
- wekilçilik çykdajylary, emma ol jemi girdejiniň 1 göteriminden ýokary bolmaly däldir;
- aragatnaşyk hyzmatlarynyň tölegi;
- auditorlyk, hukuk, maslahat beriş, maglumat we beýleki dolandyryş hyzmatlary üçin çykdajylar;
- komission ýygymlaryň we beýleki şunuň ýaly çykdajylaryň pul möçberleri;
- hat ýazuw harytlary üçin çykdajylar;
- mahabatlandyrmalar üçin çykdajylar;
- öz işgärlerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak üçin çykdajylar;
- işgärleriň guramaçylykly toplanmagy üçin harajatlar;
- gorag we howpsuzlyk üçin, zähmetiň kadaly şertlerini üpjün etmek üçin çykdajylar ;
- tebigy ýitginiň ölçegleriniň çäklerinde gelip gowşan maddy serişdeleriň ýetmezçiligi sebäpli ýitgiler;
- zaýa önüm çykarylmakdan çekilen ýitgiler;
- içerki önümçilik sebäpleri boýunça boş durmalardan çekilen ýitgiler;
- emlägi we ätiýaçlandyryşyň hökmany beýleki(belli) görnüşleri boýunça çykdajylar hem ätiýaçlyga geçirmeler;
- täze önümçilikleri, sehleri we enjamlary taýýarlamak we özleşdirmek üçin çykdajylar;
- tehnologiýany kämilleşdirmek, önümçiligi guramak we dolandyrmak bilen baglanyşykly düýpli bolmadyk häsiýetdäki çykdajylar;
- kepillendirilen abatlama işleri we hyzmatlar üçin harajatlar;
- wahtalary we wagtlaýyn durmuş binalaryny, şäherçeleri saklamak üçin çykdajylar;
- ylmy barlag we tejribe konstruktorçylyk işleri üçin çykdajylar;
- tebigy serişdeleri özleşdirmek üçin çykdajylar;
- bellenen ölçegleriň çäklerinde işsapar çykdajylary.
- çagyrylýan işgärler üçin ýaşaýyş jaýyny kireýine almak boýunça çykdajylar;
- önümçilikle şikes alynmagy zerarly zähmete ukyplylygyň ýitirilmegi bilen baglanyşykly, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda tölenýän hemaýat pullary;
- işiň aýry-aýry görnüşlerini amala aşyrmak hukugy üçin ýygymlar we tölegler (edara görnüşli taraplaryň bellige alnandygy üçin töleg, ygtyýarlandyryş we beýleki tölegler);
- önümiň (harytlaryň, işleriň, hyzmatlaryň) güwänamasy boýunça çykdajylar;
- bank hyzmatlary boýunça tölegler;
- harytlary (işleri, hyzmatlary) öndürmek we ýerlemek bilen baglanyşykly, ýöne harajatlaryň ýokarda görkezilen harajatlara degişli bolmadyk **beýleki harajatlar**.

Işsapar çykdajylary Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň maý aýynyň 22-ne çykaran 8629 belgili"Türkmenistanyň şäherlerine we ilatly ýerlerine hem-de onuň çäklerinden daşary gulluk iş saparlary hakynda Düzgünnama" karary bilen tassyklanyldy. Şol Düzgünnamanyň kadalary şu gollanmanyň 20-23-nji goşulmalarynda görkezilýär.

**Harytlary öndürmek we ýerlemek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlar etmek bilen baglanyşykly gaýry çykdajylara we ýitgilere** kanuna laýyklykda **hasaplaşyga kabul edilmeýän,** esasy serişdeler, tamamlanmadyk gurluşyk desgalary we maddy däl aktiwler boýunça goşulan baha üçin salgydyň möçberi hem **goşulýar.**

**Ýerlemekden daşary çykdajylaryň (ýitgileriň) düzümine öndürmek we (ýa-da) ýerlemek bilen göni baglanyşykly bolmadyk işi amala aşyrmak üçin harajatlar hem goşulýar**. Şeýle çykdajylara kanuna laýyklykda şu aşakdakylar degişlidir:

- kärende (lizing) şertnamasy boýunça berlen emlägi saklamak üçin çykdajylar (bu emlägiň ulanyş tölegleri goşmak bilen), bu iş olar üçin esasy iş bolmadyk edara görnüşli taraplar üçin;
- **gymmatly kagyzlaryň** satylan bahasy bilen we satyn alnan bahasynyň arasyndaky **ýaramaz tapawut**;
- öz gymmatly kagyzlarynyň çykarylmagyny guramak üçin we satyn alnan **gymmatly kagyzlara** hyzmat etmek üçin **çykdajylar**;
- **daşary ýurt puly bilen amallar boýunça**, şeýle hem daşary ýurt pulundaky gymmatlyklar we talaplar arzanladylanda ýa-da daşary ýurt pulundaky borçnamalaryň bahasy ýokarlandyrylanda **ýüze**

**çykýan ýaramaz hümmet tapa**wudy;

- şübheli **bergiler** boýunça ätiýaçlygy döretmek üçin **geçirmeler**;

- **hasaplanyp ýazylmadyk ulanyş tölegleri** pul möçberini goşmak bilen, ulanmakdan çykarylan esasy serişdeleri ýok etmek üçin çykdajylar, şeýle hem tamamlanmadyk gurluşygyň desgalaryny we gurnamak işleri tamamlanmadyk beýleki emläkleri sökmek, ýerasty baýlyklary goramak we beýleki şunuň ýaly işler üçin çykdajylar;

- önümçilik kuwwatlyklaryny we binalaryny **konserwasiýa we raskonserwasiýa etmek bilen baglanyşykly çykdajylar**, şol sanda konserwirlenen önümçilik kuwwatlyklaryny we binalary saklamak üçin harajatlar;

- **işlere kazyýetde garamak** bilen baglanyşykly **çykdajylar**;

- önümçilik tabşyryklaryny ýatyrmak üçin harajatlar, şeýle hem **önüm bermedik önümçilik üçin harajatlar**;

- **gap** bilen baglanyşykly amallar boýunça çekilen **zyýan**;

- maliýe çärelerinden **ýetirilen zyýanlaryň öwezini dolmak boýunça çykdajylar**;

- **karz bergi** (karzdarlaryň öňündäki borçnama) egerde ol kanuna laýyklykda **hasabat döwründe hasapdan öçürilen bolsa;**

- **paýdarlaryň** her ýylky **ýygnagyny geçirmek** üçin **çykdajylar**;

- hak isleýiş möhletiniň geçendigi bilen baglanyşykly ýa-da başga bir esaslar boýunça **hasapdan öçürilen berginiň pul möçberi;**

- **öň hasapdan öçürilen bergileri üzmek üçin** tölenen pul möçberleri;

şol ýylyň hasabat (salgyt) döwründe ýüze çykarylan **öňki salgyt döwürleriniň çykdajylary (zyýanlary);**

- içerki önümçilik sebäpleri boýunça **boş durmalardan** çekilen ýitgiler, şeýle hem daşarky sebäpler boýunça boş durmalardan günäkärler tarapyndan öwezi dolunmaýan **ýitgiler**;

- adatdan daşary ýagdaýlardan **çekilýän ýitgil**er.Esasy serişdeleriň çykmagyndan ýeten ýitgiler Türkmenistanyň “Salgytlar hakynda”Bitewi kanuna laýyklykda kesgitlenýär;

- haryt maddy gymmatlyklaryň tebigy ýitginiň ölçeglerinden artyk ýetmezçilikleri we (ýa-da) zaýalanmaklary sebäpli ýitgiler, şeýle hem günäkär adamlar bolmadyk (ýüze çykarylmadyk) **halatlarynda ogurlyk sebäpli ýitgiler**;

- **talap etmek hukugyny bermek** geleşigi boýunça **ýitgiler**;

- döwlet emlägi kärendä berlende döwlet **býujetine geçirilýän kärende göteriminiň bir böleginiň** balansda saklaýjy tarapyndan geçirilýän **pul möçberi**;

- şereketiň işiniň netijeleri boýunça **şerekete gatnaşyjy tarapyndan çekilýän zyýanla**r;

- harytlary (işleri, hyzmatlary) öndürmek we (ýa-da) ýerlemek bilen göni baglanyşykly bolmadyk **beýleki çykdajylar**.

Ýokarda görkezilen çykdajylary harajatlara goşaňyzda Türkmenistanyň “Salgytlar hakynda”bitewi Kanunyň 155-159-njy maddalaryny **ýene-de bir gezek okamalydygyny ýatladýarys**. Sebäbi gollanmada käbir harajatlar barada maglumatlar okaýanlara umumy düşünje bermek üçin we aňsatlyk bilen gollanma okalar ýaly gysgaldylan görnüşinde berilen. Ikinji sebäbi kanunlar kämilişýär we käbir olaryň maddalary üýtgäýmäge ahmal.

Kärhananyň ýerleşdirýän önümleriniň (hyzmatlarynyň) möçberi **artýan** bolsa**,** onda ýerleşdirilen her önüm birliginiň özüne düşýän bahasy **peselýär.** Eger-de kärhananyň ýerleşdirýän önümleriniň (hyzmatlaryň) mukdary **azalýan** bolsa**,** onda ýerleşdirilen her önümiň (hyzmatyň) birliginiň özüne düşýän bahasy **ösýar. Sebäbi ýol çykdajylary, zähmet haky we başga harajatlar** ýerleşdirilýän **önümiň (hyzmatlaryň) möçberi bilen deň derejede köplenç ösenok.** Mysal üçin**,** ulag serişdäniň ýüklenilşi ýol kireýi bilen, kärhananyň käbir kömekçi düzümleriň zähmet haklary (sagatlaýyn hak tölenýän bolsa) ýerleşdirilen önümleriniň (hyzmatlarynyň) möçberi bilen **gös-göni bagly däl.**

Kärhanalaryň ýolbaşçylary esasy maksatlara ýetmek üçin harytlary (hyzmatlary) **amatly satyn almak**, ýerleşdirilen önümleriň (hyzmatlaryň) möçberini **ardyrmak** bilen bagly meseleleri çözmelidirler. Ol meseleler **direkt-kosting usulynyň** emele gelmegine getirýär.

Bu usul öňki döwürlerde hem ulanylýardy. Emma “direkt-kosting” usuly bazar ykdysadyýeti şertlerinde köp döwletlerde şol adyna eýe bolýar we soňky döwürlerde onuň ähmiýeti ýokarlanýar.

Dürli ýurtlarda şu usulyň dürli atlary ulanylýar. Mysal üçin, ABŞ-da, Rusiýada we käbir GDA döwletlerinde-“direkt-kosting”, Germaniýada- “bölekleýin, serhetleýin harajatlarynyň hasaby”, Beýik Britaniýada- “maržinal harajatlaryň hasaby”, Fransiýada- “maržinal hasap usuly” we başga atlar ulanylýar. **Marža ýokarda bellenilşi ýaly**–ykdysady edebiýatlarda satyn alyş baha bilen satyş bahalaryň aragatnaşygyna düşünilýär.

Direkt-kosting usulynyň adyny göni terjime edeniňde mydamalyk , hemişelik (üýtgemeýan) ýa-da **mydama (köp) gaýtalanýan harajatlaryň hasabynyň dolandyrylyşyny aňladýar.** Usulyň şol ady bir söz bilen ulgamyň düýp manysyny görkezip, halkara derejede giňden ulanylýan düşünje bolup çykyş edýär.

Kärhananyň önüminiň özüne düşýän gymmaty bazar ykdysadyýeti şertinde üýtgäp durýandyr. Emma käbir çykdajylaryň görnüşleri mydama gaýtalanýandyr. Şol çykdajylar bolsa köplenç harajatlaryň aglaba bölegini tutýarlar we olaryň seljermegi, gözegçiligi gowy netijeleri gazanmak üçin kärhanalara zerurdyr. Direkt-kosting usul bilen gözegçilik edilýän kärhanalarda kärhananyň önüminiň özüne düşýän gymmaty işgärlere bagly sebäpleriň esasynda ösenok we köplenç ol peselýar.

Harydyň (hyzmatyň) özüne düşýän gymmatynyň pese düşmegi öz gezeginde karhananyň peýdasynyň ösmegine getirýär. Peýda mälim bolşy ýaly kärhananyň girdejilerine hem baglydyr. Şol sebäpli direkt-kosting usulyny ulanýan kärhanalar diňe harydyň özüne düşýän gymmatyny barlaman, girdejiler bilen çykdajylaryň aragatnaşyklaryny hem barlaýarlar we olara gözegçilik edýärler.

Direkt-kosting usuly kärhanalaryň (firmalaryň) arasyndaky bäsdeşliklerde üstünlik gazanmaga kömek edýär.

Käbir ýagdaýlarda direkt-kosting usulyny ulanan kärhanlar netijede demping syýasatyna geçmeli diýlen netijä gelýärler. **Demping nyrhlar** - bu iň pes derejeli nyrhlaryň ulanylmagyny aňladýar. Demping syýasatyny geçirýän tejribeli dolandyryjylar satuwlaryň ösmegini gazanmany başarýarlar. Ol bolsa nyrh peselmegi bilen bagly zyýanlary ýapmaga ýardam berýär.

Direkt-kosting usulyň kömegi bilen buhgalterlik we önümçilik hasabynyň maksatlary bir-birine golaýlaşýandyr.

**13.3. Kärhananyň maliýe hasabatlaryny kesgitlemegiň, seljermegiň we tabşyrmagyň tertibi.**

Kärhanalaryň girdejileri ýokarda bellenilişi ýaly 46,47,80 –nji hasaplarda hasaba alynýar. Harajatlary bolsa 20,23, 25,26, 43,44 hasaplarda hasaba alynýar.

Kärhanalaryň maliýe netijelerini hasaplamak üçin umumy girdejisinden aýyrmalar aýrylýar we netijede **balans peýda** emele gelýär. **Aýyrmalaryň içine** goşulan gymmatlyklara salynýan salgytlaryň, goşmaça tölegleriň (aksizleriň), ýerleşdirilen (sarp edilen) harytlaryň, harajatlaryň, ýerlemekden daşary amallar boýunça çykdajylaryň we Türkmenistanyň daşary ýurt pulunyň ätiýäçlyk goruna geçirilýän geçirmeleriň möçberi girýär.

Kärhananyň balans peýdasy ýa-da zyýany balansda 80-nji“Peýdalar we zyýanlar“ hasapda hasaba alynýar.

Balans peýdasyndan salgytlar we ýygymlar aýyrylyp **arassa peýda çykarylýar**.

Peýdadan alynýan salgydy hasaplamygyň tertibi hakynda maglumatlar şu gollanmanyň ýokarky sahypalarynda altynjy bölüminde berilen. Salgydyň özeni **göni kärhananyň balans peýdasyndan hasaplanmaýar.**

Kärhananyň maliýe netijeleri we olaryň ulanylyşy maliýe hasabatyň **ikinji görnüşinde** görkezilýär. Şu golanmada ol 13-nji goşulmada görkezilen. Şol hasabatda ýokarda agzalan girdejiler, aýyrmalar, salgytlar we ýygymlar görkezilýär. Maliýe hasabatyň ikinji görnüşinde hasaplanan balans peýdanyň (zyýanyň) möçberi, balansda (maliýe hasabatyň birinji görnüşinde) görkezilen peýdanyň (zyýanyň) möçberi bilen deň gelmelidir.

Kärhananyň maliýe netijeleri kärhananyň ýolbaşçysy tarapyndan barlanylmalydyr we tassyklanylmalydyr. Olary tassyklamak üçin kärhananyň ýolbaşçysy ýa-da menejeri ilki hakyky netijeleri çaklanan ýa-da meýilnamalaşdyrylan netijeler bilen deňeşdirmelidir. Eger-de hakyky netijeler ýokarda görkezilen netijelere gabat gelmeýän bolsa, onda olaryň sebäpleri anyklanylýar. Şol sebäpleri köplenç iki topara bölüp bolýar:

- kärhananyň özüne bagly däl sebäpler;

- kärhana bagly sebäpler.

Kärhananyň özüne bagly däl sebäplerden aşakdakylary görkezip bolar:

- ýokanç keselleriň ýaýramagy;
- uruş başlamagy;
- tebigy betbagtçylygyň bolmagy;
- terrorçylyk wakalarynyň bolmagy we ş.m.

Kärhananyň özüne bagly sebäplerden aşakdakylary görkezip bolar:

- hasabyň nädogry ýöredilişi;
- dolandyrmak (menejmentiň) derejesiniň pesligi;
- bazar öwreniş işleriniň (marketing) derejesiniň pesligi;
- pul serişdeleriniň ýetmezçiligi;
- gaýry sebäpler.

Hasap dogry ýörediler ýaly kärhananyň dolandyryjysy (menejeri) hasap ýöredilişiniň ulgamyny we oňa gözegçilik ediler ýaly düzümi döretmelidir. Şol ulgamda, düzümde girdejileriň we çykdajylaryň doly hasaba alynmagyna aýratyn üns berilmelidir.

Girdejileri doly hasaba alar ýaly ýörite kwitansiýalar, çekler, kassa apparatlary, gerek bolan wagtynda wideokameralar we başga tehniki serişdeleri we usullary ulanylmalydyr. Kärhananyň öz içindäki barlag ulgamy döredilmelidir.

Ýokarda görkezilen işler ýola goýulmasa, kärhanada dürli ýitgiler bolup biler. Mysal üçin, kärhananyň hasabyna hususy telefon arkaly gepleşikler, hasaba alynmadyk girdejiler we ş.m.

Menejmentiň derejesi pes bolan ýagdaýynda öndürilýän önümleriň, ýerine ýetirilýän işleriň, hyzmatlaryň hili pese düşüp girdejiler azalýar, harajatlar bolsa ýitgileriň hasabyna köpelýär.

Menejer marketing işlerini ýokary derejede geçirmese, kärhananyň maliýe netijeleri hem pese düşýär. Mysal üçin, kärhana mahabatnamalaşdyryş işleri geçirmese ýa-da pes derejede geçirse, onuň girdejileri artmaz. Şol sebäpli kärhanalaryň menejerleri bazary gowy öwrenmelidirler.

Kärhananyň pul serişdeleri ýetmeýän bolsa, hyzmatlaryň hili hem pes bolup biler. Mysal üçin, kärhananyň esasy serişdeleri könelen bolsa we täze serişdeleri almaga mümkinçiligi bolmasa, onda kärhananyň hyzmatlarynyň hili pese düşýär. Hyzmatlaryň hili pese düşende girdejiler hem azalýar.

Maliýe netijeleri seljermek üçin tejribede menejerler ýörite grafiklary düzýärler. Şol grafiklarda girdejileriň we çykdajylaryň üýtgemegi çyzylýar. Girdejiler bilen çykdajylaryň deň gelýän ýerinde ýörite nokat goýulýar. Şol nokat **zyýansyzlygyň nokady** diýlip atlandyrylýar.

Kärhana zyýansyzlygyň nokadyna barmaz ýaly, menejerler girdejiler bilen çykdajylaryň aragatnaşyklaryna köp üns bermelidirler.

Menejer girdejiler artar ýaly hem çykdajylar peseler ýaly ýollary gözlemelidir. Emma, kärhananyň harajatlaryny pese düşürmegiň çäkleri bardyr. Ýagny, belli derejeden harajatlar pese düşse, girdejiler hem çalt pese düşüp başlaýar. Sebäbi harajatlar azalyp, önümiň (harydyň), hyzmatlaryň hili pese düşäýmägi ahmal. Diýmek harajatlaryň peselmegi girdejileriň peselmegine getirmez ýaly hereket etmelidir. Ýagny girdejileriň we çykdajylaryň ara tapawudyny we aragatnaşygyny ünsden aýyrmalydäl.

Girdejileri köpeltmek üçin kärhanalaryň menejerleri şu aşakdaky işleri geçirip bilerler:

- goşmaça harytlary hödürlemek, hyzmatlary ýola salmak;
- önümleriň, hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrmak;
- mahabatnamalaşdyryş işlerini oňatlaşdyrmak;
- täze müşderileri özüne çekmek;
- gaýry işleri geçirmek.

Girdejileri köpeltmek üçin menejer menejmentiň derejesini mydama kämilleşdirmelidir we menejmentiň ähli usullaryny ulanmalydyr. Şonuň içinde hem ýokarda görkezilen direkt-kosting we gaýry usullary ulanmagy başarmalydyr.

Menejer öz işini diňe öz işgärleri bilen kämilişdirmän, kärhananyň müşderileri bilen bolan aragatnaşyklaryny hem kämilleşdirmelidir, kärhananyň nyrh syýasatyny netijeli ýöretmelidir.

Kärhana zyýan çekmez ýaly, menejer öz işgärlerine berk gözegçilik ulgamyny döretmelidir. Tejribeli ýolbaşçylar işgäri işe kabul etmek bilen bagly meseläni diňe özleri çözýärler . Ol meselede

olar „ýedi ölçe-bir kes“ nakyldan ugur alyp işgärleri seçip saýlap, barlap işe kabul edýärlar. Işgäre gözegçilik iş wagtynda hem dowam etdirilýär.

Menejer işgärleriň durmuş ýagdaýyny hem ýadyndan çykarmaly däldir. Şebäbi işgäriň durmuş ýagdaýy onuň işi bilen berk baglanyşyklydyr. Işgäriň dynç alýan wagtynda gowy dynjyny alar ýaly şertleri bolmadyk ýagdaýlarynda işgär iş wagtynda netijeli işläp bilmez. Şol sebäpli menejer öz işgärleriniň durmuş ýagdaýlaryny gowulandyrmak üçin hem hereket etmelidir. Gowy işleýän işgärleriň zähmet hakyny galdyrmaly, baýramçylyk senelerinde olary sowgatlar bilen üpjün etmeli, kärhananyň ýagdaýy bolsa ýaşaýyş jaýy bilen üpjün etmeli ýa-da işgär ýaşaýyş şertini gowulandyrar ýaly şertleri döretmeli. Şol işleri bazar ykdysadyýeti şertlerinde kärhana diňe peýdaly işlände durmuşa geçirip bolar. Sebäbi peýda gazanmaýan kärhanalar maliýe gaznalary döredip başarmaýar we öz işgärlerine kömek edip bilmeýär.

Kärhananyň düşewüntliligini kesgitlemegiň usullary ykdysady edebiýatlarda birnäçe toparlara bölünýär. Şolaryň içinde deňeşdirme, maglumatlary toparlamak, logiki ussullary tapawutlandyrmak bolar.

Kärhananyň düşewüntliligini seljermek üçin onuň menejeri ilkinji nobatda gerekli maglumatlary ýygnamalydyr. Maglumatlary köplenç kärhananyň hasap bölümi ýa-da baş hasapçy toplaýar. Seljerme işlerini geçirmek üçin 3-5 ýylyň hasabat maglumatlary bilen bilelikde meýilnama, çaklaýyş maglumatlary hem ýygnalýar.

Ýygnalan maglumatlar işlenende (seljerilende) tejribede aşakdaky görkezijiler ulanylýar:

D=(P: H)x100%, bu ýerde D-düşewüntlik; P - peýda, H - harajatlar;

D=(P:Mg)x100%, bu ýerde Mg - maýa goýumlar;

D=(P:E.s.)x100%, bu ýerde E.s. - esasy serişdeleriň möçberi.

Kärhananyň düşewüntliligi pese düşýän bolsa onda menejer onuň sebäplerini anyklamalydyr. Onuň sebäpleri dürli bolup biler. Şolaryň içinde iň esasy sebäpler:

- harajatlaryň sebäpsiz ösmegi;
- girdejileriň ýitmegi.

Harajatlaryň sebäpsiz ösmegini **deňeşdirme, logiki** usullaryň esasynda ýüze çykaryp bolar. Mysal üçin, eger-de kärhana belli şäherler bilen iş salyşmaýan bolsa, ýagny şol şäherler bilen şertnamalary baglaşmadyk bolsa hem-de şol şäherler bilen kärhananyň hasabyna telefon arkaly gepleşikler geçirilen bolsa, onda şol harajatlary kärhananyň hasabyna ýapman, gepleşen işgäriň hasabyna, ýagny onuň zähmet hakynyň hasabyna ýapmaly.

Eger-de kärhananyň işgärleri käbir arzan bahaly we tiz könelýän serişdeleri kesgitlenilen möçberlerden artykmaç sarp etseler, harajatlar öser.

Kärhananyň ykdysady taýdan netijeliligine onuň ýolbaşçylary tarapyndan berk gözegçilik edilse we degişli çäreler geçirilse, kärhana öz maksatlaryna ýetip, üstünlik gazanyp, döwletimiziň ykdysadyýetine öz goşundysyny goşar we diýarymyzyň gülläp ösmegine ýardam berer.

Eýeçilik we guramaçylyk düzüminiň görnüşine garamazdan, ähli kärhanalar maliýe hasabatlary düzmelidirler. Kärhanalar (guramalar) maliýe hasabatlaryny şu aşakdakylara berýärler:

- Türkmenistanyň statistika baradaky döwlet komitetiniň edaralaryna;
- döwlet salgyt gullugynyň edaralaryna;
- döredijilere, gatnaşyjylara ýa-da dörediş resminamalaryna laýyklykda emläk eýelerine;
- hyzmat ediji banklara;
- etraplaryň (welaýatlaryň we Aşgabat şäheri boýunça) maliýe bölümlerine.

Daşary ýurt maýa goýumly kärhanalary maliýe hasabatlaryny, ýokarda agzalan edaralardan başga-da daşary ykdysady işleri düzgünleşdirýän döwlet edaralaryna-da berýärler.

Döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralaryna, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna, beýleki peýdalanyjylara maliýe hasabaty **Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalary tarapyndan kesgitlenilýän tertipde berilýär.**

Kärhananyň (guramanyň) ýyllyk we çärýeklik maliýe hasabatynyň bir kysymly görnüşlerini doldurmagyň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasarynyň 2009-nji ýylyň fewral aýynyň 23-ne DT/04 belgili buýrugy bilen düzgünnamalaşdyrylyp tassyklanyldy. Şol

düzgünnamada maliýe hasabatlary tabşyrmagyň möhletleri kesgitlenildi. Olar bilen şu aşakdaky 7-nji görkezijiň kömegi bilen tanşyp bilersiňiz:

7-nji görkeziji

**Türkmenistanda maliýe hasabatlarynyň berilmeli möhletleri:**

| **Kärhanalaryň, guramalaryň We edaralaryň görnüşleri** | **Çärýeklik,** hasabat döwründen soňky aýyň | **Ýyllyk,** hasabat ýylyndan soňky ýylyň |
|---|---|---|
| Kärhanalar (daşary ýurt maýa goýumly kärhanalardan başgasy) | 20-sinden gijä galman | Fewral aýynyň 1-nden gijä galman |
| Önümçilik birleşikleri, birleşikler | 25-nden gijä galman | Mart aýynyň 1-nden gijä galman |
| Daşary ýurt maýa goýumly kärhanalar | 25-nden gijä galman | Mart aýynyň 15-nden gijä galman |
| Ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, olara garaşly kärhanalar we edaralar boýunça jemleýji hasabatlary | Hasabat döwri geçenden soň 35 günden gijä galman | Mart aýynyň 25-nden gijä galman |

Kärhananyň maliýe hasabaty salgyt gullugyna öz möhletinde tabşyrylmasa, salgyt gulluklary häzirki döwürde kärhananyň ýolbaşçysyndan we onuň baş hasapçysyndan salgytlyry hasaplamak üçin döwlet tarapyndan kesgitlenilen iň pes zähmet hakynyň binýadynyň 2 essesi administratiw jerime hökmünde olaryň şahsy pul serişdelerinden almaga haklydyrlar. Kärhana garşy başga ýokarda görkezilen çäreler hem geçirilip bilner.

Kärhananyň ýyllyk we çärýeklik maliýe hasabatynyň düzümine şular girýär, ýagny:

- "Kärhananyň balansy", № 1- maliýe görnüş;
- "Maliýe netijeler we olaryň ulanylşy baradaky hasabat", № 2- maliýe görnüş;
- maliýe hasabatyny aýdyňlaşdyrýan ýazgy;
- "Pul serişdeleriň hereketi barada hasabat", № 4-maliýe görnüş;
- "Kärhananyň balansyna goşundy", № 5- maliýe görnüş;
- hökmany auditorlyk barlagyna degişli bolan kärhanalar üçin auditorlyk netije;
- rekwizit maglumatlary;
- emläge, peýdadan, goşulan baha üçin alynýan salgytlaryň beýannamalary;
- Aşgabat şäherini ösdürmek üçin döwlet goruna bolan tölegleriň, abadanlaşdyryş işleriniň toplumyna geçirilýän tutumlaryň, oba hojalygyny ösdürmek üçin tutulýan ýygymlaryň hasaplary;
- ulanan ýeňilllikleriniň hasaby.

Tabşyrylýan resminamalaryň nusgalaryny şu gollanmanyň goşulmalaryndan görüp bolar.

## Edebiýatlar:


1. Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedowyň kärhananyň ykdysadyýeti bilen bagly köpçülik habar ediş serişdelerde çap edilen çykyşlary we görkezmeleri.
2. Gurbanguly Berdimuhammedow. Eserler ýygyndysy. „Türkmen döwlet neşirýat gullugy“- Aşgabat, 2007 ý.
3. Gurbanguly Berdimuhammedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. „Ylym neşirýaty“-Aşgabat, 2007 ý.
4. Türkmenistanyň Konstitusiýasy – Aşgabat, 2008 ý.
5.“Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry Milli Maksatnamasy, „Türkmenistan“ gazeti 2003.08. 29.

6. Türkmenistanyň „Salgytlar hakynda“ bitewi Kanuny. „Türkmen döwlet neşirýat gullugy“. Aşgabat 2008 ý.2009-njy ýylyň aprel aýynyň 29-na çenli girizilen üýtgemeler we goşmaçalar bilen bilelikde.

7. Türkmenistanyň "Kärhanalar hakynda" kanuny. Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary, 2000 ý., 2-nji sany, 13-nji madda.

8. Türkmenistanyň „ Zähmet hakynda“ Bitewi kanuny „Türkmenistan “ gazeti 2009.05.01.

9.Türkmenistanyň "Buhgalterlik hasaba alnyşy hakynda" kanuny, Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary, 1996 ý., 4-nji sany, 65-nji madda.

10. „Türkmenistanda buhgalteriýa hasaba alşy we hasabaty hakynda Düzgünnama", Türkmenistanyň Prezidentiniň 1994.01.25 belgili karary bilen tassyklanan.

11. „Baş buhgalter hakynda Düzgünnama“ Türkmenistanyň Prezidentiniň 2000.02.14 PB/2112 belgili karary bilen tassyklanan.

12.Türkmenistanyň "Auditorlyk işi hakynda" kanuny. Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary, 1996 ý., 1-2-nji sanlary, 4-nji madda.

13. Türkmenistanyň „Durmuş üpjünçilik hakynda“ bitewi Kanuny, „Türkmenistan“ gazeti, 2007.03. 19.

14. Türkmenistanyň kanuny „Işiň aýry görnüşlerini ygtyýarlandyrmak hakynda“. „Biznes reklama“ gazeti 2008.07.12.

15. Türkmenistanyň „Walýuta operasiýalaryny düzgünleşdirmek hakynda“ kanuny . „Türkmenistan“ gazeti, 1993.10. 30.

16. Türkmenistanyň kanuny „Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda“(täze redaksiýasy).“Türkmenistan“ gazeti 2008.03.18.

17. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007.08.24. 8945 belgili karary “Döwlet durmuş ätiýaçlandyryş gaznasyna geçirmeler hakynda”.

18. Türkmenistanyň Prezidentiniň 1994.03.1 N1676 belgili karary “Önümiň(işiniň, hyzmatyň) özüne düşýän gymmatyna goşulýan harajatlar hakda Düzgünnama” we oňa girizilen üýtgemeler we goşandylar.

19.”Türkmenistanyň şäherlerine we ilatly ýerlerine hem-de onuň çäklerinden daşary gulluk iş saparlary hakynda Düzgünnama”Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007.05. 22-ne çykaran 8629 belgili karary bilen tassyklanyldy.

20. “Türkmenistanda halk hojalygynyň esasy gaznalaryny doly dikeltmek üçin könelmege geçirilmegiň ýeketäk kadalary” Türkmenistanyň Prezidentiniň 2000.03. 13-ne çykaran 4606 belgili karary bilen tassyklanyldy.

21. “Türkmenistanda pul amallarynyň tertibi“Türkmenistanyň Merkezi bankynyň müdiriýetiniň Başlygy tarapyndan 2006.11.27-ne №84 buýruk bilen tassyklanyldy we Türkmenistanyň Adalat ministriligi tarapyndan 2006.11. 8-ne 423-nji bellik bilen bellige alyndy.

22. “Esasy serişdeleri (gaznalary ) buhgalterlik hasaba alnyşy boýunça düzgünnama” Tüekmenistanyň Merkezi Balans toparynyň Başlygy tarapyndan 2000.02.21 – ne tassyklanylan.

23. “Ygtyýarnamalary berýän ministrlikleriň, edaralaryň we ygtyýarlandyrmaga degişli işiň aýry-aýry görnüşleriniň sanawy hem-de ygtyýarlandyrmany resmileşdirmek bilen bagly alynýan döwlet pajynyň möçberleri” Türkmenistanyň Prezidentiniň 2009-njy ýylyň 27-nji fewralynda çykaran N10281 karary bilen tassyklanyldy.

24. P.N.Agamyradow, A.A. Annaorazow “ Audit: mazmuny we guralyşy”. Aşgabat, THHI, 1998 ý.

25. A.A.Annaorazow,Ç.K.Gylyjew,"Senagat kärhanalarynda buhgalter hasabaty". Aşgabat. “Magaryf”, 1998 ý.

26. B.A.Bazarow, M.S.Öwezow., N.H.Halow. “Bank menejmenti“, Aşgabat., THHI, 1997 .

27. A.A. Burunowa „Halkara pul, karz we maliýe gatnaşyklary“. Aşgabat., THHI, 2000.

28. Ý. Çarygeldiýew, A. Muhanow. „Salgyt menejmenti dersi boýunça meseleler ýygyndysy“ Türkmen döwlet neşirýat gullugy“. Aşgabat -2008 ý..

29. Ý. Çarygeldiýew, A. Muhanow. „Türkmenistanda salgyt salmagyň usulýet esaslary we ýörelgileri“. „Altyn asyryň ykdysadyýeti“žurnaly, 2005 ý.sentýabr aýy.

30. Ý. Çarygeldiýew , A.Mämikow„ Salgyt“ we „salgyt salmak“ ykdysady toparlaryň nazaryýet esaslary“. Altyn asyryň ykdysadyýeti“žurnaly, 2006 ý.iýun aýy.

31. M.Mämmedow, Ý.Çarygeldiýew, “Salgytlar hakyndaky teoriýanyň esaslary“, Aşgabat, „Bereket bina merkezi“, 1994 ý.

32. M.Mämmedow, Ýa. Çarygeldiýew. “Maliýe menejmenti“, Aşgabat,“Türkmenistan“, 1994 ý.

33. A.Mämikow„ Türkmenistanyň salgyt ulgamynda hususy telekeçiligiň orny“ Altyn asyryň ykdysadyýeti“žurnaly, 2004 ý. dekabr aýy.

34. N.H Halow. „Maliýe“ okuw gollanmasy. Aşgabat 2007 ý.

35. N.H Halow , Ý.Çarygeldiýew , Eýeberdiýew G.E. „Salgytlar we salgytlaryň salynyşy“. Aşgabat 2001 ý.

36. Eugen F.Bregham „Finansial menejmenti“, 1992 ý. (iňlis dilinde, altynjy neşir).

37.М.Б. Маммедов, В.И. Синютин, А. Хыдыров « Экономический анализ в условиях перехода к рынку». Ашгабат, «Туркменистан», 1995 г. (rus dilinde).

38. Н.Н. Пилипенко, Е.Л. Татарский «Основы маркетинга» (учебно-методическое пособие). Москва, «Маркетинг», 2002 г. (rus dilinde).

39. Т.В. Козырева «Учет издержек в туризме». Москва «Финансы и статистика» 2000 г. (rus dilinde).

**Goşulmalar.**

1-nji goşulma *

Tassyklanylan :
TÜRKMENISTANYŇ YKDYSADYÝET
WE ÖSÜŞ MINISTRILIGI
Edara görnüşindäki taraplary
we maýa goýum taslamalaryny
döwlet tarapyndan hasaba almak müdirligi
2008 ý.3 iýul

Tassyklaýaryn:
"“Istanbul inşaat Ýatyrym we sanaýi Dyş
Tjaret limited Şireketi” firmasyň baş
direktory Ibragim Soltan
2008 ý.26-nji iýun

ESASNAMA.

1.Umumy düzgünler.

1.1. Türkiýä respublikasynyň Türkmenistandaky “Istanbul inşaat Ýatyrym we sanaýi Dyş Tijaret limited Şireketi” firmasynyň golçur kärhanasy Baş kärhananyň esaslandyryjysy we baş direktory Ibragim Soltanyň 2008 ý. 26-nji iýunynda çykaran buýrugy esasynda döredilýär.

“Istanbul inşaat Ýatyrym we sanaýi Dyş Tijaret limited Şireketi” firmasy Istanbul şäheriniň Söwda edaralaryň hasaba almak müdirliginde 325904-273486 bellik bilen hasaba alnan. Onuň Baş ofisiniň (edarasynyň )hukuk salgysy: Istanbul, Umraniýe, Ýeni Çamlyja Mahallesi, “Edpa” Söwda Merkezi, D. Jaddesi, N33

Türkiýe respublikasy, şäher Istanbul Turkiýe respublikasynyň raýaty -Ibragim Soltanyň şahsy şahadatnamasy №59290410730 telefony 02125301537.

1.2. Kärhana Türkmenistanda hereket edýän kanunlar esasynda döredilýär.

Kärhana öz işini şu esasnama laýyklykda ýöredýär. Kärhana Baş kompaniýanyň buýruklary esasynda hereket edip onuň Türkmenistandaky gyzyklandyrmalaryny berjaý edýär.

1.3. Kärhana Baş kompaniýasynyň balansyna girýän özbaşdak balansy düzýär .Kärhana öz möhüri berkidilýär we özbaşdak maliýe hereketleri etmäge rugsat berilýär.

Kärhana öz maliýe borçlaryna özi jogap berýär. Döwlet kärhananyň maliýe borçlaryna jogap berenok.

2. Kärhanayň doly ady we hukuk salgysy.

2.1. Kärhananyň doly ady: Türkiýä respublikasynyň Türkmenistandaky “Istanbul inşaat Ýatyrym we sanaýi Dyş Tijaret limited Şireketi”” firmasynyň golçur kärhanasy.

2..2. Kärhanayň hukuk salgysy: Aşgabat ş. Köpetdag etraby, 1975 köç. 41 j.

3. Kärhananyň iş maksatlary

3.1. Kärhana şu işleri amala aşyrmaga maksat edinýär:

- lomaý we ownuk söwda;
- gurluşyk we abatlaýyş işleri.

3.2. Türkmenistanyň Kanunlarynda bellenilen ýagdaýlarda belli işleri ýerine ýetirmek üçin ýörite ygtyýarnama esasynda amala aşyrylar.

4. Kärhanayň esaslyk maýasy.

4.1. Kärhana hereket eder ýaly oňa esaslyk maýasy berkidilýär: Onuň möçberi 10 000 (On müň) ABŞ-nyň dollary möçberde bellenilýär.

4.2. Esaslyk maýasy Baş kompaniýasy tarapyndan ýörite bankdaky hasaba geçirilýär.

Esaslyk maýasynyň 50% kärhana döwlet bellegine alynmanka goýular. Esaslyk maýasynyň galan 50 % bir ýylyň dowamynda goýular.

5. Kärhananyň hukuklary:

Kärhananyň şu aşakdakylara hukuklary bardyr:

- esasnamada görkezilen işleri ,gerek bolan ýagdaýlarda ýörite ygtyýarnamalar esasynda amala aşyrmaga;
- kärhananyň emlägini , pul serişdelerini ulanmak;

• özbaşdak şertnamalary baglaşmaga.

6. Kärhananyň borçlary:

Kärhana şu aşakdakylara borçludyr:

• Degişli döwlet guramalarynadan ýörite işleri amala aşyrmaga ygtyýarnamalary almaga.
• Öz maliýe borçlaryna jogap bermäge.
• Esalandyryja we degişli döwlet guramalaryna maliýe we başga hasabatlary bermäge.
• Ýyl boýunça maliýe hasabatlaryny garaşsyz auditor gulluklara barlatmaga.

7. Kärhananyň dolandyrylyşy.

7.1. Kärhanany dolandyrmak üçin Baş kompaniýasy (firmasy) tarapyndan onuň dolandyryjysy ýörite buýruk bilen bellenilýär. Terjime edilen buýrugyň bir nusgasy notarius tarapyndan tassyklanyp bellenilen tertipde Türkmenistana ugradylýar.

7.2. Bellenilen dolandyryjy Baş kompaniýa (firma) zerur bolan hasabatlary, şol sanda kärhananyň maliýe hereketleri we ýagdaýy barada bermäge borçludyr.

7.3. Bellenilen dolandyryjyny Baş kompaniýasy özi çalşmaga haklydyr.

8. Zähmet gatnaşyklaryň esaslary.

8.1. Kärhananyň zähmet gatnaşyklary Türkmenistanyň zähmet hakynda Kodeksi esasynda amala aşyrylýar.

8.2. Kärhanada zähmet çekýän işgärleriň hukuklary we kepilleri Türkmenistanyň kanunlarynda görkezilenlerinden pes bolup bilmez.

9. Kärhananyň işiniň besidilmegi.

9.1 Kärhananyň işi Türkmenistanyň kanunlarynda görkezilen ýagdaýalarda besidilip bilner.

Kärhananyň işini bs etmek üçin ýörite topar döredilýär. Kärhana işini besedýän hakda bir aý öňünden metbugatda habar çap edilýär.

9.2. Kärhana öz maliýe borçlaryny ýerine ýetirenden soň galan emläkleri we pul serişdeleri Baş kompaniýasynyň haýyryna geçirilýär.

10. Kärhananyň girdejileriniň paýlanylyşy.

10.1. Kärhana gelýän girdejileriň hasabyna zerur bolan emläkleri, materiallary we başga zatlary satyn alyp biler.

10.2. Gelýän girdejileriň hasabyna kärhanada ýörite gaznalar, şol sanda ätiýäçlyk we ýörite maksatly gaznalar döredilip bilner.

10.3. Girdejileriň Baş kompaniýasy tarapyndan bellenilen bir bölegi, salgytlar tölenenden soň oňa hem geçirilip bilner.

Esasnama üç dilde, şol sanda: türkmen, rus we türki dillerde ýazylan. Her dilde ýazylan .nusgasynyň güýji deňdir.

Notarius goly M.Ý.

• Kärhana, esaslandyryjy barada maglumatlar we olaryň atlary şertli görkezilen.

2 -nji goşulma

**TÜRKMENISTANYŇ YKDYSADYÝET WE ÖSÜŞ MINISTRILIGI**

**Edara görnüşindäki taraplary we maýa goýum taslamalaryny döwlet tarapyndan hasaba almak müdirligi**
**2009 ý.3 iýul**

**Esaslandyryjylaryň umumy Ýygnagynda 2009-nji ýylyň Magtymguly aýynyn 30-na tassyklanylan.**
**Umumy ýygnaklaryň birinji beýannamasy**

Esaslandyryjylaryň şertnamasy.

1.Biz şu şertnama gol çekenler hojalyk jemgyýeti görnüşinde "Watan" atly kärhany döretmek üçin 5000 (Bäş müň ) manatlyk esaslyk maýasyny goýmak karara geldik.

2.Esaslasndyryjy- Türkmenistanyň raýaty: Orazow Serdar Batyrowiç, 1959-njy ýylda doglan, pasport seriýasy 1-AŞ -sanawy14825, Aşgabat şäheriniň Köpetdag etrabynyň Polisiýasy tarapyndan 2008-nji ýylyň 1-nji iýunynda berilen, Aşgabat şäheriniň Köpetdag etrabynyň 1845 nji köç. 19-nji jaýynda ýaşaýan kärhanyň esaslyk maýasyna 3000 (Üç müň) manat, umumy möçberden 60 göterimi. Goýumlar esasy serişdeler we pul görnüşinde goýular.

Esaslasndyryjy- Türkmenistanyň raýaty: Orazow Batyr Serdarowiç, 1983-njy ýylda doglan, pasport seriýasy 1-AŞ -sanawy14826, şäheriniň Köpetdag etrabynyň Polisiýasy tarapyndan 2008-nji ýylyň 1-nji iýunynda berilen, Aşgabat şäheriniň Köpetdag etrabynyň 1845 nji köç. 19-nji jaýynda ýaşaýan kärhanyň esaslyk maýasyna 2000 (Iki müň ) manat, umumy möçberden 40 göterimi. Goýumlar esasy serişdeler we pul görnüşinde goýular.

3. Esaslyk maýasyň 50 göterimi kärhana döwlet belligini alynmanka goýum edilmeli . Galan 50 göterimi kärhana hereket edip başlandan soň bir ýylyň içinde goýum ediler. Goýumlar esasy serişdeler we pul görnüşinde goýular.

Esaslandyryjy- Orazow Serdar Batyrowiç Goly

Esaslandyryjy- Orazow Batyr Serdarowiç Goly

***2009-nji ýylyň Magtymguly aýynyň 30***

3-nji goşulma*

**TÜRKMENISTANYŇ YKDYSADYÝET WE ÖSÜŞ MINISTRILIGI**

**MINISTRY OF ECONOMY AND DEYELOPMENT OF TURKMENISTAN**

# DÖWLET TARAPYNDAN HASABA ALMAK
## HEM-DE ÝEKE-TÄK DÖWLET SANAWYNA GIRIZMEK BARADAKY

# ŞAHADATNAMA
# CERTIFICATE

## OF STATE REGISTRATION AND INSERTING IN THE STATE UNIFIED REGISTER

| No | 2 | 4 | 8 | 3 | 5 | 3 | 3 | 3 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|

**___“Watan”**
**Ady**

**___“Watan”**
**Name**

**Ýekebara**
**Hukuk guramaçylyk görnüşi**

**Priwate**
**Organisational-legal form**

Hasaba alnan senesi 2008 ý.Awgust aýynyň 6-sy
Berilen senesi 2008 ý.Awgust aýynyň 15-i

Date of registration Awgust “06”2008 ýear
Date of issue Awgust “15”2008 ýear

Baş hasaba alyjy goly M.Ý.
Chief registrar signature Place for Seal

Şahadatnama Edaralaryň ýeke-täk döwlet sanawyndan alnan göçürme bilen görkezilende hakykydyr.

This certificate is valid only in the presence of an extract from the State Consolidated Register of Legal Entities.

*Kärhana barada maglumatlar we onuň ady şertli görkezilen .

4-nji goşulma

**TÜRKMENISTANYŇ YKDYSADYÝET WE ÖSÜŞ MINISTRILIGI**

Edara görnüşindäki taraplary we maýa goýum taslamalaryny döwlet tarapyndan hasaba almak müdirligi

Aşgabat ş.,2008 köç.,4j.
tel.51-05-63, faks:51-08-41

**МИНИСТЕРСТВО ЭКОНОМИКИ И РАЗВИТИЯ ТУРКМЕНИСТАНА**

Управление государственной регистрации юридических лиц и инвестиционных проектов

Ш. Ашгабат, ул. 2008, д.4
Тел. 51-05-63, факс:51-08-41

---

**Türkmenistanyň Edaralarynyň ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürme**
**Sanawyň nomeri: 23626961**
**Arzanyň belligi alnan senesi 28 iýun 2009 ý.**

HGG

**Ady**

**Esaslandyryjy**

**Hukuk salgysy**

| | |
|---|---|
| **Hususy kärhana** | |
| **Watan** | |
| **Mämmedow A.** | |
| **Aşgabat ş. Köpetdag etraby, 1945 köç. 47 j.** | **22-55-55** |

**Köne**

**Täze**
**KGBK kody 16312976** **ÝIGK kody 51711**
**HGG kody 017** **52120**
**EG kody 62**
**DUBS kody 2802**

**ATOBUS kody 126500000**

| | | |
|---|---|---|
| **Esaslandyryş gaznasy** | **1250 manat** | |
| **Salgyt gullugynda hasaba goýuldy** | **Salgyt gullugy edarasy Köpetdag etraby DSG** | **Salgyt gullugynyň kody 101134100009** |
| **Ýagdaýy** | | |
| **Hasaplaşyk hasaby açyldy** | **Bank bölüminiň ady we MFO kody “Halkbank ” DTB S.A.Nyýazow şahamçasy** | **68103** |
| **Ýapyldy** | | |
| **Açyldy** | | |
| **Walýuta hasaby açyldy** | **Bank bölüminiň ady we MFO kody** | **W/H** |
| **Ýapyldy** | | |
| **Açyldy** | | |

**Berlen senesi 3 iýul 2009 ý. Güýjini saklaýar 3 iýul 2010 ý.**

**Baş hasaba alyjy M.Ý. Goly**

5-nji goşulma

**TÜRKMENISTANYŇ YKDYSADYÝET WE ÖSÜŞ MINISTRILIGI**

Aşgabat ş.,2008 köç.,4j.
tel.51-05-63, faks:51-08-41

**МИНИСТЕРСТВО ЭКОНОМИКИ И РАЗВИТИЯ ТУРКМЕНИСТАНА**

ш. Ашгабат, ул. 2008, д.4
тел. 51-05-63, факс:51-08-41

---

TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY YKDYSADY ARAGATNAŞYKLARA GATTNAŞYJYSYNYŇ

# ŞAHADATNASMASY
# CERTIFICATE
## OF FOREIGN ECONOMIC RELATION PARTICIPANT OF TURKMENISTAN

1. Arza beriji “Watan” hususy kärhana — KGBK Kody
Заявитель Индивидуальное предприятие «Ватан» — 16312688
2. Hukuk salgysy Aşgabat ş., 1945/47 Andalyp 47 j. — ATOBUS Kody
Юридический адрес г. Ашгабат, 1945/47 ул. Андалиба д.47 — 126600001

3. Ýokarda durýan edara/esaslandyryjy (lar) “ — DUBS Kody

Garaşsyz hususy kärhanasy — 0001

Вышестоящая организация: Индивидуальное предприятие
Учредитель (и): Маммедов А.

4. Salgyt hasaby: Aşgabat ş. Köpetdag etraby boýunça DSG — Salgyt kody/

Налоговый учет: ГНС по Копетдагскому этрапу г. Ашгабат — Налоговый код

101134100009

5. Tertipnamada (düzgünnamada) hasaba alnan iş görnüşi (leri) boýunça daşary ykdysady işi amala aşyrmaga we bellenilen tertibe görä ygtyýarly banklarda walýuta hasabyny açmaklyga rugsat edilýar.

В соответствии с видом (ами) деятельности, указанным(и) в уставе (положении), разрешается

Осуществление внешнеэкономической деятельности и открытие валютного счета в уполномоченных банках.

**<u>HASABA ALYŞ BELGISI</u>**

РЕГИСТРАЦИОННЫЙ НОМЕР DÝK-126500000/1989
SENESI/ДАТА 06.08.2009 ý.г.
Ilkinji hasaba alnan senesi
Дата первичной регистрации 27.03.2003 ý./г.
Şahadatnama 06.08.2009 ý. çenli güýjini saklsaýar.
Свидетелство действительно до 06.08.2010 г.

**Ministr** — M.Ý.

M.П.

*Kärhana barada maglumatlar we onuň ady şertli görkezilen

6–njy goşulma

**Amala aşyrmak üçin ygtyýarnamalar talap edilýän işiň görnüşleriniň sanawy:**

1) lukmançylyk işi;
2) dermançylyk işi;
3) lukmançylyk –tehniki iş;
4) dezenfeksion, dezinseksion we dezaktiwasion işleri geçirmek boýunça iş;
5) weterinariýa işi;
6) tohum maldarçylyk, garaköli baganlary öndürmek we ýerlemek babatynda iş;
7) tohumçylyk işi;
8) balyk tutmak we beýleki suw haýwanlaryny awlamak bilen baglynşykly iş;
9) tebigy baýlyklary peýdalanmak we daşky gurşawy goramak boýunça iş;
10) nebit önümlerini we ýangyç-çalgy materiallaryny ýerlemek boýunça iş;
11) spirtli, alkogolly önümleri, temmäki önümlerini we awtoulag serişdelerini getirmek we ýerlemek babatynda iş;
12) azyk önümlerini we ot iýimleri öndürmek we ýerlemek babatynda iş;
13) ilatyň iýmit nokatlaryny guramak we taýar azygy bermek boýunça iş;
14) standartizasiýa we metrologiýa babatynda iş;
15) senagat howpsuzlygy, howply desgalary taslamak we gurmak hem-de howply ýükleri daşamak babatynda iş;
16) ýangyn howpsuzlygy babatynda iş;
17) awiasiýa işi;
18) deňiz we içerki suw ulagynda daşamak, ulag -ekspedisiýa işi;
19) awtomobil ulagynda daşamak, ulag -ekspedisiýa işi;
20) elektroenergetika babatynda iş;
21) aragatnaşyk babatynda iş;
22) himiki önümlerini getirmek, öndürmek we ýerlemek babatynda iş;
23) geodeziýa we kartografiýa işi;
24) gurluşyk materiallaryny, önümlerini konstruksiýalaryny öndürmek boýunça iş;
25) gurluşyk babatynda iş;
26) bilim bermek we işgärleri hünäre taýarlamak işi;
27) neşirýat işi;
28) çaphana işi;
29) syýahatçylyk işi;
30) bedenterbiýe-sagaldyş we sport hyzmatlaryny bitirmek boýunça iş;
31) humarly oýunlar we pula oýnalýan oýunlar bilen baglanyşykly iş;
32) auditorlyk işi;
33) ätiýäçlandyrmak babatynda iş;
34) gymmatly kagyzlaryň bazaryndaky hünär işi;
35) emläge baha bermek boýunça iş;
36) riýeltorçylyk işi;
37) bank işi;
38) gymmatly bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar bilen baglanyşykly iş;
39) aýry–aýry gümrük düzgünleriniň çäklerinde amala aşyrylýan we gümrük hyzmatlaryny bitirmek boýunça iş;
40) edara görnüşli taraplara we şahsy taraplara hukuk kömegini bermek;
41) neşe serişdeleriň, psihotrop maddalarynyň we prekursortlaryň dolanyşygy çygryndaky iş;
42) raýatlary daşary ýurtlarda işe ýerleşdirmek bilen baglanyşykly iş;
43) medeniýet we sungat çygryndaky iş;
44) audio, wideo we kino önümlerini köpçülikleýin görkezmek we ýaýratmak bilen baglanyşykly iş.

Türkmenistanyň kanuny “Işiň aýry görnüşlerini ygtyýarlandyrmak hakynda” 20-nji maddasy 2008 ý.07.8. “Ygtyýarnamalary berýän ministrlikleriň, edaralaryň we ygtyýarlandyrmaga degişli işiň aýry-aýry görnüşleriniň sanawy hem-de ygtyýarlandyrmany resmileşdirmek bilen bagly alynýan döwlet pajynyň möçberleri” Türkmenistanyň Prezidentiniň 2009-njy ýylyň 27-nji fewralynda çykaran N10281 karary bilen tassyklanyldy.

7-nji goşulma

Iberiji we “Watan” hususy kärhana
onuň salgysy 700004 Aşgabat şäheri 1945/47
TDTB “HALKBANK” S.A.Nyýazow şahamçasy
Hasap N 68103
Ýük iberiji
Töleýji we “Seýid” hususy kärhana
onuň salgysy Aşgabat şäheri, Parahat 4, 60 j.
TDTB “Türkmenistan”
Hasap N68115

| Töleg talapnamasy üçin 2009-njy ýyl maý aýynyň 4 N5 HASAP-HARYTNAMA | | |
|---|---|---|
| ammar | N amal | Satyn alyş şifri |

Töleg ýa-da aksepden boýun gaçyrma barada aksepsiz

Buýruk N1 , 2009-njy ý. 04.30
Bellenilen st. Aşgabat 1 orny agramy 80 kg

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Şertnama N1 2009-njy ý. 04.30 | Preýskurant Şertnama nyrhy | Ölçeg birligi San | Mukdary 6 | Bahasy 2000 | Kom-Pýüter Pen-Tium-4 | Möçberi 12000 |

12000 (on iki müň) manat goşulan baha üçin salgytsyz

Ýolbaşçy: Goly Mämmedow A.

Baş hasapçy Goly Sidorowa A.M.

M.Ý.

8-nji goşulma

**Nagt pul tabşyrmak hakynda**
**BILDIRIŞ N______**
**“ “______________200**

**Kimden**
**_____________________________________Hasaplaşyk N**
**geçirmek üçin**

| |
|---|
| |
| **Jemi san bilen** |

**Kabul edýän bank____________________________________**
**Kabul edýän________________________________________**

**Jemi ýazuw bilen**
**________________________________________________________Näme üçin**
**tölenen________________________________________________________Puly**
**tabşyrýäniň goly Hasapçy**
**Puly kabul eden kassir**

**KWITANSIÝA N______**
**“ “______________200**

**Kimden**
**_______________________________________Hasaplaşyk N**
**geçirmek üçin**

| |
|---|
| |
| **Jemi san bilen** |

**Kabul edýän bank____________________________________**
**Kabul edýän________________________________________**

**Jemi ýazuw bilen**
**________________________________________________________Näme üçin**
**tölenen________________________________________________________Puly**
**tabşyrýäniň goly Hasapçy**
**Puly kabul eden kassir**

**ORDER N______**
**“ “______________200**

**Kimden DEBET**
**_______________________________________Hasaplaşyk N**
**KREDIT**

**Kabul edýän bank______________Kod____________________**
**Kabul edýän________________________________________**

**Näme üçin tölenen_______________________________________**
**Hasapçy Kassir**

| **Hemmesi** | |
|---|---|
| **Bölekleýin** | **Kod** |
| | |
| | |
| | |
| | |
| Geçirilyän işiň görnüşi | |
| Näme üçin tölenen | |
| Bankdaky gr.N | |

9-njy goşulma

| | | |
|---|---|---|
| Töleýjiň bankyna gelen | | 041001 |

**Töleg talaby N 3**

16 aprel 2008ý

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| Töleýji | Hususy kärhana "Seýid" | | | | |
| Kody 101122503138 | | | | Debet | Baha möçberi |
| Töleýjinin banky<br>"Türkmenistan"DTB-nyň Nyýazow şahamçasy ş.Aşgabat | | Kod<br>390101602 | | Hasap N<br>68115 | 12 000-00 |
| Alyjy<br>"Watan" hususy kärhanasy ş. Aşgabat | | | | КРЕДИТ | |
| Kody **1011341000095** | | | | Hasap N | |
| Alyjyň banky<br>"Halkbank"DTB-nyň Nyýazow şahamçasy ş.Aşgabat | | Kod<br>390101506 | | 68103 | |
| | Haryt ugradyjy we ugradyjyň stansiýasy ş.Aşgabat | | | Puşman gün üçin | Puşman gün üçin |
| Kody<br>101161002547 | Haryt alyjy we barmaly stansiýasy ş.Aşgabat | | | Puşman bilen bahanyň möçberi | |
| Şertnama N1 2009 ý. 30.04<br>Buýrugyň N 2009 | 9-nji ulag ýanhaty<br>Ugratmagyň usuly, ýanhatyň sanawy | | | | Amalyň görnüşi |
| Iberilen güni 1.05.2009 | | | | | Tölegiň maksady |
| Kompýuterlar üçin, 2009-nji ýylyň aprel aýynyň 30 –na baglaşylan şertnama we şol güniň 5-nji ynanç haty esasynda goýberilen.<br>( Harydyň, ýerine ýetirilen işleriň (hyzmatlaryň) görnüşi,haryt resminamalaryň ýa-da spesifikasiýalaryň sanawy we bahalary) | | | | | Tölegiň möhleti<br>Tölegiň nobady<br>Bankyň gruppasy |
| M.Ý. | Şertnamada göz öňünde tutulan resminamalar töleýja berilen ( ugradylan | Müşderiň goly | | Bankdan geçirilen<br>2009 ý<br>Bankyň goly | |

10 -nji goşulma

| Töleýjiň bankyna gelen | | 0401040 |
|---|---|---|

## Töleg talaby- tabşyrygy N 1

2009-njy ýylyň 20-nji aprel

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Töleýji | Hususy kärhana “Watan” | | | | | | |
| Kody **101134100009** | | | | | DEBET | | Bahasy |
| Töleýjinin banky we onuň ýerleşýan ýeri | **“Halkbank”DTB-nyň Nyýazow şahamçasy ş. Aşgabat** | Kod 390101602 | Hasap N | 568103 | | **12000-00** |
| Alyjy **“Seýid” hususy kärhanasy ş. Aşgabat** | | Kod 390101506 | | KREDIT | | |
| | | | Hasap N | 668133 | | |
| Kody 101161002547 | | | | | | |
| Alyjynyň banky | **DTB “Türkmenistan ş. Aşgabat** | | | | | |
| | | | Hasap N | | | |

| | | | |
|---|---|---|---|
| M.Ý. | Kompýüteriler, 2009-nji ýylyň aprel aýynyň 30 –na baglaşylan şertnama we şol güniň 5-nji ynanç haty esasynda goýberilen.( Harydyň, ýerine ýetirilen işleriň (hyzmatlaryň) görnüşi,haryt resminamalaryň ýa-da spesifikasiýalaryň sanawy we bahalary) Alyjyň gollary | DEBET | Tölemegiň bahasy |
| On iki müň manta 00 teňňe Tölegiň bahasy harp bilen | Hasap N | | |
| | Hasap N<br>Hasap N | KREDIT | |
| | | | “ “ gün üçin puşman |
| | | | Puşman bilen bahasy |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | Bankdan geçirilen<br>Bankyň gollary | 2008 ý | Amalyň görnüşi |
| | | | Tölegiň maksady |
| | | | Tölegiň nobady |
| M.Ý. Töleýjiň gollary | | | Bankyň grup-pasy |

11 -nji goşulma

| Töleýjiň bankyna geldi | | |
|---|---|---|

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | **Töleg tabşyrygy** | **1** | | |
| | | 6 maý 2009ý | | | |
| Töleýji | Hususy kärhana “Watan” | | | | |
| Kody: **101134100009** | | | | Debet | Baha möçberi |
| Töleýjinin banky**”Halkbank”DTB-nyň Nyýazow şahamçasy** | | Kod 390101602 | | **Hasap** **N**569103 | **240-00** |
| Alyjy | **Köpetdag etrabynyň hazynasy ş. Aşgabat** | | | | |
| Kody 101161002547 | | | | КРЕДИТ | |
| Alyjynyň banky .**DTB “Türkmenistan”**ş.Aşgabat. | | Kod | 39010150 | **Hasap** **N** 68571604 | |
| Baha möçberi ýazmaça **Iki ýuz kyrk manat 00 teňňe** | | | | | Puşman gün Üçin |
| | | | | | Puşman bilen baha |
| Harydyň alynan güni ýa-da hyzmat güni | | | | | Amalyň görnňşi |
| **2009-nji ýylyň 1-nji ýarym ýyl üçin girdejiden alynýan salgyt doly geçirilýär (Tölegiň maksady, harydyň ,hyzmatyň, ýa-da ýerine ýetirilen işiň ady)** | | | | | Tölegiň maksady |
| | | | | | Tölegiň möhleti |
| | | | | | Tölegiň nobady |
| | | | | | Bankyň t opary (gruppasy) |
| | | | Bankdan geçirilen | | |
| M.Ý. | Müşderiniň goly | | “_____”_____________ | 2007 | |
| | | | Bankyň goly | | |

12-nji goşulma
Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň
Başlygynyň Orunbasarynyň 2009-njy ýylyň 23 fewralynda

DT /04 belgili buýrugy bilen tassyklanyldy

2009 ýylyň __ýarym ýyl_üçin
çärýek,ýarym ýyl,9 aý,ýyllyk

**Kärhananyň (guramanyň)**

# MALIÝE HASABATY

| | |
|---|---|
| TKGDK | 16312976 |
| TATODK | 52120 |
| TDOIDK | 51711 |
| THEGDK | 62 |
| TGHGDK | 017 |
| TYIGK | 51711 |
| HHPDK | |

Ady"Watan" hususy kärhana
_____________________________________________
_____(hasabat berýän kärhananyň (guramanyň) doly ady)
____________________________________________
Sebit (welaýat,şäher,etrap)_ş. Aşgabat_________________________
_________________________________________________
Salgysy (aragatnaşyk belgisi, köçe,jaý)
744004 1945 /47(Andalyp köç. 47 jaý).
_________________________________________________
Telefon 22-55-55___________________Faks 22-55-56________________
Dolandyryş edarasy_-______________________________
Eýeçiligiň görnüşi_-__hususy_____________________________
Guramaçylyk hukuk görnüşi- ýekebara________________________
Ykdysady işiň (pudagyň) esasy görnüşi- söwda_______________
_________________________________________________
_________________________________________________
Ölçeg birligi_TDM manat____________________________________

Iberilen senesi_ 2009 ý. 07.17_________
Gelip gowşan senesi _____
Tabşyrmaly möhleti 2009 ý. 07.20_____

DDUK
boýunça belgisi

| |
|---|
| 301222124 |
| |
| |

Kärhananyň (guramanyň) maliýe hasabatlylygynyň düzümi
N1-maliýe görnüş "Kärhananyň balansy"..........................
N2-maliýe görnüş "Maliýe netijiler we olary peýdalanmak hakyndaky hasabat"..............................................
N4 –maliýe görnüş "Pul serişdeleriniň hereketi barada hasabat"
N5- maliýe görnüş "Kärhananyň balansyna goşundy"................
Maliýe hasabatyny aýdyňlaşdyrýan ýazgy
Auditorlyk netije-hökmany auditorlyk barlagynda degişli bolan
Kärhanalar (guramalar) üçin (ýyllyk maliýe hasabatyň düzüminde berilýär)
Algy-bergileri barada maglumat
Türkmenistanyň statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan tassyklanylan N5 H-görnüş "kärhananyň (guramanyň) önüm (iş,hyzmat) öndürmeklige eden harajatlary barada hasabat"
Görkezilen hasabatlar bilen bilelikde döwlet kärhanalary we edaralary tabşyrmalydyrlar:
- algylar we bergiler barada maglumatlary;
- pudagiçi hasaba alnan bergiler hakynda maglumatlary.

**12-nji goşulmanyň dowamy**

200 9 njy ýylyň iýul aýynyň 1-ne **"KÄRHANANYŇ BALANSY"**

| AKTIW | Setir belgisi | Ýylyň başyna | Döwrüň ahyryna |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| **1.Esasy we dolanyşykdan daşary gaýry serişdeler** | | | |
| **Esasy serişdeleri** | | | |
| **Ilki başdaky gymmaty boýunça(01,03)** | **010** | **10000** | **10000** |
| **Köneleni (02)** | **011** | **2000** | **2500** |
| **Galyndy gymmaty (setir 010-011)** | **012** | **8000** | **7500** |
| **Maddy däl aktiwler** | | | |
| **Ilki başdaky gymmaty boýunça (04)** | **020** | **2000** | **2000** |
| **Köneleni (05)** | **021** | **1000** | **1500** |
| **Galyndy bahasy** | **022** | **1000** | **500** |
| **Oturdylmaga degişli enjamlar (07)** | **030** | | |
| **Tamamlanmadyk düýpli maýa goýumlar (08)** | **040** | | |
| **Uzak möhletli maliýe goýumlary (06)** | **050** | | |
| **Döredijiler bilen hasaplaşyk (75)** | **060** | | |
| **Dolanyşykdan daşary aktiwler** | **070** | | |
| **1 Bölüminiň jemi (012, 022,030-070 setirleriň jemi)......... ..............** | **080** | **9000** | **8000** |
| **11. Ätiýaçlyklar we harajatlar** | | | |
| **Materiallar (10,15)** | **100** | **5000** | **5000** |
| **Ösdürimdäki we bakydaky mallar (11)** | **110** | | |
| **Arzan bahaly we tiz könelýän zatlar** | | | |
| **Ilki başdaky gymmaty boýunça (12)** | **120** | **1000** | **1000** |
| **Köneleni (13)** | **121** | **500** | **500** |
| **Galyndy bahasy** | **122** | **500** | **500** |
| **Tamamlanylmadyk önümçilik (20,21,23,29,30)** | **130** | | |
| **Geljek döwürleriň çykdajylary (31)** | **140** | | |
| **Taýar önümler (40)** | **150** | | |
| **Harytlar** | | | |
| **Satlyk bahasy (41)** | **160** | **12000** | **-** |
| **Söwda goşundasy (42)** | **161** | **2000** | **-** |
| **Satyn alyş bahasy (160-161)** | **162** | **10000** | **-** |
| **Galan harytlara degişli dolanyşyk harajatlary (44)** | **170** | | |
| **11 bölüminiň jemi (100,110,122,130-150,162,170 setirleriň jemi)** | **180** | **15500** | **5500** |
| **111. Pul serişdeleri, hasaplaşyklar we gaýry aktiwler** | | | |
| **Bergidarlar bilen hasaplaşyklar: ......** | | | |
| **Satyş bahadan ýüklenen harytlar, işler we hyzmatlar üçin (45,62) ......** | **200** | | |
| **Golçur kärhanalar bilen hasaplaşyklar (78) ............. ....** | **220** | | |
| **Býujet bilen (68) .........................** | **230** | | |
| **Gaýry amallar boýunça işgärler bilen (73)** | **240** | | |
| **Haryt iberijilere we potratçylara berlen hakuji (61)** | **260** | | |
| **Gysga möhletleýin maliýe goýumlary (58)** | **270** | | |
| **Pul serişdeleri: kassada (50)** | **280** | | |
| **Hasaplaşyk hasapda (51)** | **290** | **2000** | **14000** |
| **Daşary ýurt pullaryň hasabynda (52)** | **300** | **2000** | **2000** |
| **Gaýry pul serişdeleri (55,56,57)** | **310** | | |
| **Satyn alnan gymmatlyklar boýunça goşulan baha üçin salgyt** | **315** | | |
| **111 Bölümiň jemi (200-320 setirleriň jemi)** | **330** | **4000** | **16000** |
| **Balans (080,180,330 setirleriň jemi)** | **360** | **28500** | **29500** |

**12-nji goşulmanyň dowamy**

№1 –maliýe görnüş DDUK boýunça

| PASSIW | Setiriň belgisi | Ýylyň başyna | Döwrüň Ahyryna |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| 1.Hususy serişdeleriniň çeşmesi | | | |
| Esaslyk maýa (85) | 400 | 1250 | 1250 |
| Ätiýaçlyk gory (86) | 410 | | |
| Ýörite maksatly gaznalar (88) | 420 | 12000 | 12000 |
| Şubheli bergi-borçlaryň ätiýäçlyklary (82) | 421 | | |
| Geljekki çykdajylaryň ätiýäçlyklary (89) | 422 | | |
| Geljek döwürleriň girdejileri (83) | 423 | | |
| Maksatly maliýeleşdirmeler we gelip gowuşmalar (96)...... | 430 | | |
| Döredijiler bilen hasaplaşyklar (75) .............. | 450 | | |
| Geçen ýylaryň paýlanmadyk peýdasy (87-2) | 460 | 15250 | 15250 |
| Geçen ýylaryň ýapylmadyk zyýany (87-2) aýyrmak (-) alamaty bilen | 465 | | |
| Hasabat ýylyň peýdalary (80) | 470 | | 1000 |
| Hasabat ýylynyň peýdalaryndan ulanylany (81) | 471 | | 275 |
| Hasabat ýylynyň paýlanmadyk peýdasy (87-1) | 472 | | 725 |
| Hasabat ýylynyň ýapylmadyk zyýany (87-1) aýyrmak (-) alamaty bilen | 475 | | |
| 1 Bölüminiň jemi (400-460,472 setirleriň jeni) .......... | 480 | 28500 | 29225 |
| 11.Uzak möhletleýin passiwler | | | |
| Banklaryň uzak möhletleýin karzlary (92) | 500-506 | | |
| Uzak möhletleýin gaýry karzlar (95) | 510-516 | | |
| Tölenmeli kärende borçlary (97) | 517 | | |
| 11 bölüminiň jemi (500-517 setirleriň jemi) | 520 | | |
| 111. Hasaplaşyklar we gaýry passiwler | | | |
| Banklaryň gysga möhletleýin karzlary (90) | 600-606 | | |
| Işgärler üçin banklaryň karzlary (93) | 610 | | |
| Gysga möhletleýin gaýry karzlar (94) | 620-626 | | |
| Algydarlar bilen hasaplaşyklar: | | | |
| Harytlar, işler we hyzmatlar üçin (60)............ | 630 | | |
| Zähmeter hak tölegi boýunça (70)................ | 650 | | |
| Durmuş ätiýäçlandyrmalary boýunça (69) ... | 660 | | |
| Emläk we şahsy ätiýaçlandyrmalary boýunça (65) ....... | 670 | | |
| Golçur kärhanalar bilen (78).................. | 680 | | |
| Pudakiçi hasaplaşyklar (79) | 685 | | |
| Döwlet gaznalara tölegler boýunça (67-1) | 690 | | 35 |
| Býujet bilen (68-1) ...................... | 700 | | 240 |
| Gaýry algydarlar bilen ...... | 710 | | |
| Alyjylardan we iş buýrujylardan alnan hakujy (64) .... | 720 | | |
| Gaýry gysga möhletleýin passiwler | 760 | | |
| 111 bölüminiň jemi (600-760 setirleriň jemi) ................ | 770 | | 275 |
| Balans (480,520 we 770 setirleriň jemi)......... | 780 | 28500 | 29500 |

**Ýolbaşçy: Mämmedow A.**
**Baş hasapçy Sidorowa A.M.**

**13-nji goşulma**

**2009 ýylyň ýarym ýyly üçin**
**(1 çärýegi,ýarym ýyly,9 aýy.ýyllyk )**

**N2-maliýe görnüş**

**DDUK boýunça kody**

| |
|---|
| |

# “Maliýe netijiler we olary peýdalanmak hakyndaky hasabat”
## 1. Maliýe netijiler

| Görkezijiler | Setiriň belgisi | Peýdalar | Zyýanlar |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| Önümleri (işleri,hyzmatlary) we harytlary ýerlemekden alnan girdeji (umumy girdeji) | 010 | 12000 | |
| Türkmenistanyň Daşary ýurt pulunyň ätiýaçlyk goruna geçirme | 011 | | |
| Bellenen tertipde ýerlemekden alnan girdejiden aýrylan çykdajylar we geçirimler | 012 | | |
| Goşulan baha üçin salgyt | 015 | | |
| Goşmaça tölegler (aksiz) | 020 | | |
| Ýerlenen önümleri (işleri, hyzmatlary) öndürmek üçin harajatlar | 040 | | 11000 |
| *Önümleri (işleri, hyzmatlary) ýerlemekligiň netijesi (010 setirden aýyrmaly 011,012,015,020 we 040 setirleri)* | *050* | *1000* | |
| Gaýry ýerlemekligiň netijeleri | 060 | | |
| Ýerlemekden daşary amallar boýunça alnan girdejiler we çykdajylar | 070 | | |
| Şol sanda: gymmat kagyzlardan we bilelikdäki kärhanalara şärikli gatnaşmakdan | 071 | | |
| emlägi kärendesine bermekden alnan girdeji | 072 | | |
| algy bergilerileriň hasapdan öçürilmeginden | 073 | | |
| daşary ýurt pullarynyň hümmetiniň üýtgemeginden | 074 | | |
| gaýry girdejiler we çykdajylar | 075 | | |
| Peýdalaryň we zyýanlaryň jemi (050+060+070 setirleriň jemi) | 080 | | |
| Balans boýunça peýda (zyýan) | 090 | 1000 | |
| Hasabat döwrüni peýda (3 sütünde) ýa-da zyýan (4 sütünde) bilen jemlän kärhanalaryň sany (jemleýji hasabat üçin) | 091 | | |
| Maglumat üçin : haryt dolanşygy | 100 | | |

**2. Peýdanyň ulanylyşy**

| Görkezijiler | Setiriň belgisi | Hasabat döwrüniň ahyryna |
|---|---|---|
| 1 | 2 | |
| Býujete tölegler | 200 | |
| Türkmenistanyň oba hojalygyny ösdürmegiň döwlet gaznasyna | 205 | |
| Ätiýaçlyk gora | 210 | |
| Aşgabat şähirini ösdürmegiň döwlet gaznasyna | 215 | |
| Kärhana galýan peýda (080-200-205-210-215) | 220 | |
| Toplaýyş gaznalara | 230 | |
| Sarp ediş gaznalara | 240 | |
| 240-njy setirden býujete salgytlar we gaýry tölegler boýunça puşmana tölegler we jerimeler,göterimler,ykdysady jerimeler | 260 | |
| bankyň karzlary we zaýomlary boýunça göterimler | 261 | |
| Yjdysady çäreler | 262 | |
| Geçen ýyllaryň üzülen zyýanlary | 263 | |
| | 264 | |

**13-nji goşulmanyň dowamy**

| 3. Býujete we býujetden daşary tölegler boýunça hasaplaşyklarlegler | Setiriň belgisi | Ýylyň başyna bergi | Hasaplanany | Töle-neni | Döwrüň ahyryna bergi* |
|---|---|---|---|---|---|

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| **3.1. Býujete tölegler boýunça hasaplaşyklar** | | | | | |
| **Emläk üçin salgyt** | **300** | | | | |
| **Edara görnüşli tarapyň peýdasyndan** | **310** | - | 240 | - | 240 |
| **Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt** | **3 2 0** | | | | |
| **Goşulan baha üçin salgyt** | **330** | | | | |
| **Goşmaça töleg** | **340** | | | | |
| **Gümrük paçlary** | **350** | | | | |
| **Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy** | **360** | | | | |
| **Gaýry salgytlar (Ýer salgydy)** | **365** | | | | |
| **Mahabatlandyrma üçin salgyt** | **370** | | | | |
| **Ilatly ýerleriň çägini abadanlaşdyrmak üçin Belli bir maksatlara gönükdirilen ýörite ýygym:** | | | | | |
| **Şahsy tarapdan** | **371** | | | | |
| **Hukuk taraplardan** | **372** | | | | |
| **Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygym** | **373** | | | | |
| **Awtomobilleriň ýerlenmegi üçin ýygym** | **374** | | | | |
| **Gaýry ýerli ýygymlar** | **375** | | | | |
| **Ykdysady jerimeler** | **380** | | | | |
| **Býujete salgytlar we gaýry tölegler boýunça** | **385** | | | | |
| **Kliriň hasaplaşyklary boýunça** | **390** | | | | |
| **Býujete tölegler boýunça jemi (300-399 setirleriň jemi)** | **400** | | | | |
| **3.2. Durmuş ätiýaçlandyrmalary we üpjunçilikleri boýunça hasaplaşyklar** | | | | | |
| **Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy üçin geçirilýän serişdeler** | **410** | | | | |
| **Şondan kärhanada sarp edileni** | **415** | | | | |
| **Meýletin pensiýa ätiýäçlandyrmasy** | **420** | | | | |
| **Meýletin medisina ätiýäçlandyrmasy** | **430** | | | | |
| | **440** | | | | |
| **3.2. Bölüminiň jemi (410-440 setirleriň jemi)** | **450** | | | | |
| **3.3. Býujetden daşary tölegler boýunça hasaplaşyklar** | | | | | |
| **Türkmenistanyň oba hojalygyny ösdürmegiň döwlet gaznasyna geçirilýän serişdeler** | **460** | - | **30** | - | **30** |
| **Aşgabat şäherini ösdürmegiň döwlet gaznasyna geçirilýän serişdeler** | **470** | - | 5 | - | 5 |
| | **480** | | | | |
| **3.3. Bölüminiň jemi (460-480 setirleriň jemi** | **490** | | | | |

***Artyk tölenen serişdiler aýyrmak (-) alamaty bilen görkezilýär.**

**Ýolbaşçy: Mämmedow A.**

**Baş hasapçy: Sidorowa A.M.**

# EMLÄK ÜÇIN SALGYDYŇ HASABY

<table>
<tr><td></td><td colspan="6">2009 - NJY ÝYLYŇ 1-NJI ÝARYM ÝYL ÜÇIN</td></tr>
<tr><td>2</td><td colspan="6">_Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça Döwlet salgyt gugullugyna</td></tr>
<tr><td>3</td><td colspan="6">Salgyt töleýjiniň-edara tarapyň doly ady: “Interstar” hojalyk jemgyýeti</td></tr>
<tr><td>4</td><td colspan="6">Hukuk_salgysy_ş.Aşgabat 1954 /47 Andalyp k. 49 jaý</td></tr>
<tr><td>5</td><td colspan="6">Hakyky ýerleşýän salgysy ş.Aşgabat 1954 /47 Andalyp k. 49 jaý</td></tr>
<tr><td>6</td><td>EGT ÝD kody:24835355</td><td>7</td><td>HSK101134100129</td><td>8</td><td colspan="2">Tel.22-65-65</td></tr>
<tr><td>9</td><td colspan="6">Salgyt hasabyna jogapkär adamyň F.A.A. wezipesi<br>direktor Mämmedow A.</td></tr>
<tr><td>10</td><td colspan="2">Iberilen senesi 2009-njy ýylyň iýul aýynyň 17</td><td>11</td><td colspan="3">Alnan senesi 200_ýylyň_____aýynyň</td></tr>
<tr><td>12</td><td colspan="6">Salgyt özeni we ol boýunça hasaplanan emläl üçin sakgydyň pul möçberi</td></tr>
<tr><td>13</td><td colspan="5">Görkezijiler</td><td>Pul möçberi<br>( manatda)</td></tr>
<tr><td>14</td><td colspan="5">1</td><td>2</td></tr>
<tr><td>15</td><td colspan="5">Önümçilik maksatly serişdeleriň (gaznalaryň) orta galyndy bahasy</td><td>9500</td></tr>
<tr><td>16</td><td colspan="5">Şol sanda , Türkmenistanyň çäklerindäki işi şahamçanyň, wekilhananyň ýa-da hemişelik wekilhananyň üsti bilen amala aşyrylmaýyan Türkmenistana dahylsyz edara edara görnüşli taraplar üçin önümçilik maksatly we Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän gozgalmaýan emläkleriň ortaça ýyllyk bahasy setirinden</td><td></td></tr>
<tr><td>17</td><td colspan="5">Önümçilik işinde peýdalanylýan maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça galyndy bahasy</td><td>12000</td></tr>
<tr><td>18</td><td colspan="5">Salgytdan boşadylýan we salgyt salynmaýan emlägiň ortaça galyndy bahasy</td><td>-</td></tr>
<tr><td>19</td><td colspan="5">Salgyt özeni (salynmaga degişli emläkleriň bahasy ) (15setir+17setir-18 setir)</td><td>21500</td></tr>
<tr><td>20</td><td colspan="5">Salgydyň derejesi (göterimde)</td><td>0,5 %</td></tr>
<tr><td>18</td><td colspan="5">Emläge salynýan salgydyň möçberi (setir16x setir 17)</td><td>108</td></tr>
<tr><td>19</td><td colspan="5">Geçen döwürde hasaplanany</td><td>58</td></tr>
<tr><td>20</td><td colspan="5">Goşmaça tölege degişli möçberi (setir18- setir19)</td><td>50</td></tr>
<tr><td>21</td><td colspan="5">Salgyt özenine düzedişleri girizilmegiň bellenilen halatlarynda, şol özeni azaldýan pul möçberleri</td><td></td></tr>
<tr><td>22</td><td colspan="5">Salgyt özeniniň jemi (19-njy setir +20-nji setir-21 setir)</td><td></td></tr>
<tr><td>23</td><td colspan="5">Emläk üçin salgyfyň möçberi (göterimde)</td><td></td></tr>
<tr><td>24</td><td colspan="5">Salgyyň özeninden ugur alyp, hasaplanylan emläk üçin salgydyň jemi pul möçberi (22 setirX23 setir)</td><td></td></tr>
<tr><td>25</td><td colspan="5">11 bap. Býujete tölenmäge degişli emläk üçin salgydyň pul möçberiniň hasaplamasy</td><td></td></tr>
<tr><td>26</td><td colspan="5">Hasabat döwründe hasaplanylan emläk üçin salgydyň pul möçberi (şu hasabat döwri üçim öňki beýannamalar boýunça we ş.m.)</td><td></td></tr>
<tr><td>27</td><td colspan="5">Goşmaça hasaplanmaga degişli emläk üçin salgydyňpul möçberi (24-nji setir-26 setir) oňaýsyz netije 28-nji setire girizilýär)</td><td>50</td></tr>
<tr><td>28</td><td colspan="5">Azaldylmaga degişli emläk üçin salgydyň pul möçberi (27-nji setiriň oňaýsyz netijesi)</td><td></td></tr>
<tr><td>29</td><td colspan="6">Şu beýyannamada görkezilen maglumatlarynyň dogrudygyny tassyjkaýryn:<br>Edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysy: Mämmedow A._________goly<br>Baş hasapçy: Sikorskaýa A.M.____________ goly________________</td></tr>
<tr><td>30</td><td colspan="6">Kameral barlagyň netijesinde __________________<br>Kameral barlagyň tamamlanan senesi” “_____________200 ý.</td></tr>
<tr><td>31</td><td colspan="6">Salgyt gullugynyň ýolbaşçysy__________goly<br>Salgyt inspektory:_______________goly ___________</td></tr>
<tr><td>32</td><td colspan="6">Şu beýannama boýunça salgyt töleýjiniň şahsy hasap sahypasynda hasaplanyldy/azaldyldy (gerek dälini çyzmaly)</td></tr>
</table>

15-nji goşulma

Türkmynistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň 2004-nji ýylyň noýabr aýynyň 30-yndaky N71-Ö buýrugy we Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministriniň wezipesini ýerine ýetirijiniň 2004-nji ýylyň noýabr aýynyň 30-yndaky N 55 buýrugy bilen tassyklanan, “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň Bitewi kanunyň 11 bölegi resminamalaryň görnüşlerini ulanmak boýunça Usuly görkezmelerine N1 goşundy

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | **Goşulan baha üçin salgyt boýunça beýannama<br>2009-njy ýylyň 1-nji ýarym ýyly üçin** | | | | |
| 2 | **Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugyna** | | | | |
| 3 | **Salgyt töleýji-edara görnüşli tarapyň doly ady: “Intersatar”hojalyk jemgyýeti** | | | | |
| 4 | **Hukuk salgysy:744004, ş.Aşgabat, 1945/49 , Andalyp köç.49-nji jaý** | | | | |
| 5 | **Hakyky ýerleşýän salgysy: 744004, ş.Aşgabat, 1945/49 , Andalyp köç.49-nji jaý** | | | | |
| 6 | **EGTÝDB:24835355** | 7 | **ŞSB:** 101134100129 | **8** | **Telefon: 22-65-65** |
| 9 | **Beýannamanyň düzülmegine jogapkär tarapyň F.A.A.A. we wezipesi: direktor: Mämmedow A.** | | | | |
| 10 | **Iberilen senesi: 2009-njy ýylyň iýul aýynyň17** | **11** | **Alnan senesi:<br>2009-njy ýylyň _______aýnyň** | | |
| 12 | **1 bap. Salgyt ýzeni we ol boýunça hasaplanan goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi** | | | | |
| 13 | **Görjezijiler** | **Setirleriň Belgidi** | **Salgyt Özeni** | **GBüS möçberi (göterimde)** | **GBüS pulmöçberi** |
| 14 | **1** | **2** | **3** | **4** | **5** |
| 15 | **Salgyt salynýan amallar boýunça salgydyň özeni** | **15.1** | **12000** | **15** | **1800** |
| | | **15.2** | | **13,04** | |
| | | **15.3** | | **0** | **X** |
| 16 | **Harytlar ogurlanabda Ýa-da zaýlananda ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak üçin günäkär taraplardan alymýan pul möçberler, şeýle-de ätiýäçlanfyryş öwezini dolma pul möçberleri** | **16.1** | | **15** | |
| | | **16.2** | | **13,04** | |
| | | **16.3** | | **0** | **X** |
| 17 | **Salgyt özenine düzedişleri girizmegiň bellenilen halatlarynda, şol özeni köpeldýän pul möçberler** | **17.1** | | **15** | |
| | | **17.2** | | **13.04** | |
| | | **17.3** | | **0** | **X** |
| 18 | **Salgyt özenine düzedişleri girizilmegiň bellenilen halatlarynda, şol özeni azaldýan pul möçberler** | **18.1** | | **15** | |
| | | **18.2** | | **13.04** | |
| | | **18.3** | | **0** | **X** |
| 19 | **Salgyt özeniniň jemi we 15-bji, 16-njy, 17-nji setirlerden 18-nji setiriň aýyrlmagyna alnan loşulan baha üçin salgydyň pul möçberi** | **19.1** | **12000** | **15** | **1800** |
| | | **19.2** | | **13.04** | |
| | | **19.3** | | **0** | **X** |
| 20 | **Jemi salgyt özeninden ugur alnyp hasaplanan goşulan baha üçin salgydyň umumy pul möçberi (19.1 setir+19.2 setir) 1800** | | | | |
| 21 | **11 bap. Hasaplaşylmaga degişli goşulan baha üçin salgydyň umumy pul möçberiniň hasaplamasy** | | | | |
| 22 | **Görkezijiler** | | | | **GBüS** |
| 23 | **Hasaplaşmaga degişli goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi-jemi, şol sanda:** | | | | **800** |

| | | |
|---|---|---|
| 24 | **Salgyt töleýji tarapyndan salgyt salynýan amallary amala aşyrmak üçin niýetlenen harytlary (işleri, hyzmatlary) iberijilere tölenen goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi** | **800** |
| 25 | **Hususy gerekligi üçin gurluşyk-gurnama işleri ýerine ýetirilende we soňra şeýle işler amala aşyrylan desgalar ýerlenende salgyt töleýji tarapyndan hasaplanylan goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi** | |
| 26 | **Salgyt töleýji tarapyndan satyn alynýan esasy serişdeler, gurluşygy tamamlanmadyk desgalar we maddy däl aktiwler boýunça iberijilere (potratçylara) tölenilen goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi.** | |
| 27 | **Hasaplaşyga alynýan goşulan baha üçin salgyda girizilen düzedişleriniň pul möçberi, şol sanda geçen hasabatdöwürlerinde hasaba alynmadyk salgyt boýunça harytlar (işler, hyzmatlar) ulanylanda** | |
| 28 | **Hasaplaşyga alynýan goşulan baha üçin salgydyň oňaýsyz pul möçberi, şol sanda geçen hasabat döwründe harytlar (işler, hyzmatlar) boýunça hasaba artyk alnan salgydyň mukdary.** | |
| 29 | **28-nji setiri aýryp, 23-nji we 27-nji senrler boýunça hasaplaşyga alynýan goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi.** | |
| 30 | **111 bap. Býujete tölenmäge degişli goşulan baha üçin salgydyň pul möçberiniň hasaplamasy** | 1000 |
| 31 | **Hasabat döwründe hasaplanan goşulan baha üçin salgydyň (hakujy töleg görnüşinde, şu hasabat döwri üçin öňki beýannamalar boýunça we ş.m.) pul möçberi** | 500 |
| 32 | **Goşmaça hasaplanmaga degişli goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi (20-njy setirden -29-njy, 31-nji setirleri) oňaýsyz netije 33-nji setire girizilýär** | 500 |
| 33 | Azaldylmaga degişli **goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi (32-nji setiriň oňaýsyz netijesi)** | |
| 34 | Şu beýýannamada görkezilen maglumatlarynyň dogrudygyny tassyjkaýryn:<br>Edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysy: Mämmedow A._________goly<br>Baş hasapçy: Sikorskaýa A.M.____________ goly | |
| 35 | Kameral barlagyň netijesinde ___________________<br>Kameral barlagyň tamamlanan senesi" "______________200 ý. | |
| 36 | Salgyt gullugynyň ýolbaşçysy__________goly<br>Salgyt inspektory:_______________goly ____________ | |
| 37 | Şu beýannama boýunça salgyt töleýjiniň şahsy hasap sahypasynda hasaplanyldy/azaldyldy (gerek dälini çyzmaly) | |
| 38 | Salgyt töleýjiniň şahsy hasap sahypasynda ýazgylyryň edilen senesi<br>"_____"________2000_ ý.<br>Hasap boýunça işgär_______________________ _____________<br>F.A,A. (goly) | |

16-nji goşulma

Türkmynistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň 2004-nji ýylyň noýabr aýynyň 30-yndaky N71-Ö buýrugy we Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministriniň wezipesini ýerine ýetirijiniň 2004-nji ýylyň noýabr aýynyň 30-yndaky N 55 buýrugy bilen tassyklanan, “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň Bitewi kanunyň 11 bölegi resminamalaryň görnüşlerini ulanmak boýunça Usuly görkezmelerine N20 goşundy

| | | |
|---|---|---|
| 1 | **EDARA GÖRNÜŞLI TARAPYŇ PEÝDASYNDAN (GIRDEJISINDEN) ALYNÝAN SALGYT BOÝUNÇA BEÝANNAMA**<br>**2009-njy ýylyň 1-nji ýarym ýyly üçin** | |
| 2 | **Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugyna** | |
| 3 | **Salgyt töleýji-edara görnüşli tarapyň doly ady: “Watan”hususy kärhana** | |
| 4 | **Hukuk salgysy:744004, ş.Aşgabat, 1945/47 , Andalyp köç.47-nji jaý** | |
| 5 | **Hakyky ýerleşýän salgysy: 744004, ş.Aşgabat, 1945/47 , Andalyp köç.47-nji jaý** | |
| 6 | **EGTÝDB:24835333** \| 7 \| **ŞSB:** 101134100009 \| **8** \| **Telefon: 22-55-55** | |
| 9 | **Beýannamanyň düzülmegine jogapkär tarapyň F.A.A.A. we wezipesi: direktor: Mämmedow A.** | |
| 10 | **Iberilen senesi: 2009-njy ýylyň iýul aýynyň17** \| **11** \| **Alnan senesi: 2009-njy ýylyň _______aýnyň** | |
| 12 | **1 bap. Salgyt özeni we ol boýunça hasaplanan peýdadan alynýan salgydyň pul möçberi** | |
| 13 | **Görjezijiler** | **Pul möçberi** |
| 14 | **1** | **2** |
| 15 | **Jemi girdeji –hemmesi (15.1 setir+15.2 setir, şol sanda** | **12000** |
| 15.1 | **Harytlary ýerlemekden, işleri ýerine ýtirmekden, hyzmatlary etmekden gelen girdeji** | **12000** |
| 15.2 | **Ýerlemekden daşary amallardan alnan girdejiler** | |
| 16 | **Salgyt özenine düzedişler girizmegiň bellenilen halatlarynda jemi girdejini löpeldýän pul möçberleri** | |
| 17 | **Salgyt özenine düzedişler girizmegiň bellenilen halatlarynda jemi girdejini azaldýan pul möçberleri** | |
| 18 | **Düzedişleri hasaba almak bilen jemi girdeji (15-nji setir +16-njy setir)** | **12000** |
| 19 | **Salgyt salynýan peýdany kesgitlemek üçin kabul edilýän aýyrmalar-hemmesi (19.1-den 19.8 aralygyndaky setirleriň möçberi),şol sanda** | |
| 19.1 | **Harytlar ýerlenen, işler ýerine ýetirilen, hyzmatlar edilen mahaly goşulan baha üçin hasaplanylan pul möçberleri** | |
| 19.2 | **Goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryň ýerlenýan bahasyna şeýle harytlary öndürijiler tarapyndan goşulan goşmaça tölegiň pul möçberi** | |
| 19.3 | **Türkmenistandaky töleg çeşmelerinde öň salgyt salnan beýleki edara görnüşindäki taraplara paýçy bolup gatnaşmakdan alynýan diwidentler we beýleki girdejiler** | |
| 19.4 | **Oýun işlerden (humarly oýunlar we pully oýunlar bilen baglanyşykly iş) girdejiler** | |
| 19.5.1 | **Maddy çykdajylar** | **10000** |
| 19.5.2 | **Zähmete hak tölemek boýunça çykdajylar** | |
| 19.5.3 | **Türkmenistanyň“Salgytlar hakynda”Bitewi kanunyň 156-njy maddasynyň 1-nji bölüminde görkezilen töleglerиň möçberinden döwlet durmuş ätiýäçlandyrmasyna geçirmeler** | |
| 19.5.4 | **Könelmäniň hasaplanyp ýazylan möçberi** | **1000** |
| 19.5.5 | **Beýleki çykdajylar we =itgiler** | |
| 19.6 | **Ýerlemekden daşarky çykdajylar (zyýanlar)** | |
| 19.7 | **Emläk üçin salgyt, ýerasty baýlyklary peýdalanmak üçin salgyt** | |
| 19.8 | **Beýleki bellenilen aýyrmalar** | |
| 20 | **Ýerlenilen esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň (şol sanda olary muzdsuz berilmegi) ilki başdaky (balans) bahasy bilen olar ulanylan döwründe könelmäniň hasaplanyp ýazylan möçberiniň arasyndaky tapawut** | |

**16-njy goşulmanyň dowamy**

| | | |
|---|---|---|
| 21 | **Salgyt özenine düzediş girizmegiň bellenilen halatlarynda aýyrmalry köpeldýän pul möçberler** | |
| 22 | **Salgyt özenine düzediş girizmegiň bellenilen halatlarynda aýyrmalary köpeldýän pul möçberler** | |
| 23 | **Düzedişleri hasaba almak bilen bilen salgyt salynýan peýdany kesgitlemek üçin kabul edilýän aýyrmalar (19-njy setir+20-nji setir +21nji setir -22-nji setir)** | |
| 24 | **Türkmenistanyň hökümetiniň ätiýaçlyk daşary ýurt pulundaky goruna gönükdirilen serişdeler** | |
| 25 | **Peýda (18-bji setir- 23-nji setir-24-nji setir) oňaýsyz netije 26-njy setire girizilýär** | |
| 26 | **Ýitgi (25-nji setiriň oňaýsyz netijesi)** | |
| 27 | **Geçen salgyt döwründäki ýitgeleriň hasabat döwrüne geçirilýäni** | |
| 28 | **Salgydy hasaplamak üçin kabul edilýän peýda (25 setir-27 setir) oňaýsyz netije 29-njy setire girizilýär** | |
| 29 | **Häzirki hasabat döwründe alnan peýda bilen üsti dolanmadyk öňli salgyt döwürlerindäki ýitgiler (28-nji setiriň oňaýsyz netijesi)** | |
| 30 | **Häzirki hasabat döwründe alnan peýda bilen üsti dolunmadyk öňki salfyt döwrülinde çekilen ýitgiler (26-njy setir goşmak 29-njy setir)** | |
| 31 | **Peýdanyň salgyt salynýan peýdany azaldýan pul möçberi (peýda üçin salgyt boýunça ýeňňilikler)** | |
| 32 | **Salgyt özeni(28-nji setir-31-nji setir)** | **12000** |
| 33 | **Peýdadan alynýan salgydyň möçberi göterimlerde** | **2 %** |
| 34 | **Peýdadan alynýan salgydyň pul möçberi (32-nji setir köpeltmek 33-nji setir)** | **240** |
| 35 | **11 bap. Býujete tölenmäge degişli peýdadan alynýan salgydyň pul möçberiniň hasaplamasy** | |
| 36 | **Hasabat döwri üçin hasaplanylan peýdadan alynýan salgydyň pul möçberi (hakujy töleg görnüşinde, şu hasabat döwri üçin öňki beýannamalar boýunça we ş.m.)** | **140** |
| 37 | **Goşmaça hasaplamaga degişli peýdadan alynýan peýdadan alynýan salgydyň pul möçberi (34-nji setir-36 setir) , oňaýsyz netije 38-nji setirde girizilýär** | **100** |
| 38 | **Azaldylmaga degişli peýdadan alynýan salgydyň pul möçberi ( 37-nji setiriň oňaýsyz netijesi)** | |
| 38.1 | **38-nji setir boýunça pulmöçberi, hasabat döwründäki aýyň soňky gününde manatdaky hümmeti boýunça hasaplanylan** | |
| 39 | **111bap. Düşündirişlri berýän maglumatlar** | |
| 40 | **Haryt maddy ätiýäçlygyna degili kybapdaş harytlary hasaba almak üçin ulanylýan usul, haçan-da salgyt töleýjiniň salgyt sakynýan desgalarynyň hususy hasabyny ýöretmejkik mümkinçiligi ýok bolsa ulanylýar (saýlanyp alnan usuly "X" belgi bilen bellenmeli:<br>Bahalandyryş usuly, şunda ilkinji nobatda birinki satyn alnan ýa-da öndürilen harytlaryň bahasy öçürilýär<br>Ortaça ölçenen baha boýunça bahalandyryş usuly** | |
| 41 | **Döredilýän gorlar we ätiýäçlyndyryş gorlary hakynda maglumat (döredileni"X" belgi bilen bellenmeli:** | |
| | **Şubheli bergiler boýunça ätiýäç gory** | |
| | **Ätiýäçlandyryş gorlary** | |
| | **Işgärleriň zähmet rugsadyny tölemek üçin ätiýäçlyk gory** | |
| | **Işlän ýyllary üçn her ýylda tölenilýän sylag pullarynyň ätiýäçlandyryş gory** | |
| | **Ykdysady pudak möwsümdäki we taýarlamak boýunça önümçilik çykdajylary, şeýle hem prokata berilýän esbaplary bermek boýunçs ätiýäçlsndyryş gory** | |
| | **Geljekde esasy serişdeleri bejermeklik üçin (bejeriş gory) ätiýäçlandyryş gory** | |
| | **Başga ätiýäçlandyryş gorlary we gaznalary (görkezmeli)** | |
| 42 | Şu beýýannamada görkezilen maglumatlarynyň dogrudygyny tassyjkaýryn:<br>Edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysy: Mämmedow A._________goly<br>Baş hasapçy: Sidorowa A.M.____________ goly | |

16-njy goşulmanyň dowamy

| | | |
|---|---|---|
| 43 | Kameral barlagyň netijesinde ________________<br>Kameral barlagyň tamamlanan senesi" "_____________200 ý. | |
| 44 | Salgyt gullugynyň ýolbaşçysy_________goly<br>Salgyt inspektory:______________goly __________ | |
| 45 | Şu beýannama boýunça salgyt töleýjiniň şahsy hasap sahypasynda<br><br>dälini çyzmaly) | |
| 46 | Salgyt töleýjiniň şahsy hasap sahypasynda ýazgylyryň edilen senesi<br>"_____"________2000_ ý.<br>Hasap boýunça işgär_____________________ ___________<br>F.A,A. (goly) | |

17-nji goşulma

Aşgabat şäherini ösdürmegiň döwlet gaznasyna geçirilýan serişdeleriniň
HASABY

Kärhananyň ady: "Watan" hususy kärhana_
Döwür_2009-njy ýylyň 1-nji ýarym ýyly (çärýek)

1. Balans peýdasy- _1000 manat________________________
2. Geçirilýän serişdeleriň mukdary- _0,5%________________
3. Geçirilýän serişdeleriniň möçberi- 5 manat____________

Ýolbaşçýsy:__________________________
A.Aa.F.

Baş hasapçy:_______________________________
A.Aa.F.

18-nji goşulma

**Türkmenistanyň Oba hojalygyny ösdürmegiň döwlet gaznasyna peýdadan geçirilýän serişdeleriň**

**HASABY**

**2009-njy ýylyň ýarym ýyly üçin**

**”Watan” hususy_kärhanasy boýunça**
**(töleýji kärhananyň ady görkezilýär)**
**1._Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugyna**
**(etraby görkezilýär)**
**EGTÝDS-nyň kody: 24835333______________**
**Jogapkär adamyň A.A.F. we wezipesi_:Direktor**
**Mämmedow A. Telefon : 22-55-55**
**Berlen senesi 2009-njy ý. iýul “17”____________**
**Türkmenistanyň Oba hojalygyny ösdürmegiň döwlet gaznasyna serişdeleriň geçirilýän ýeri: Merkezi banky, h/h 701901, Aşgabat ş. ŞAA 390101101 SK-hasap 101161000031**

| Görkeziji | Ähli möçberi |
|---|---|
| 1. Jemi (balans) peýda | 1000 |
| 2. Jemi (balans) peýda | |
| a) haýyr-sogap maksady üçin maliýe kömeginiň möçberine, karz serişdeleriniň (bankyň karz serişdesinden başga) dürli görnüşlerine<br>b) dolanyşyk serişdeleri we beýleki gymmatlyklar çalşylanda, tölegsiz berlende alnan girdeja artýar | |
| 3.Ýygym salynýan peýda (1setir+2setir) | 1000 |
| 4. Ýygymyň möçberi | 3% |
| 5. Oba hojalygy ösdürmek üçin hasaplanylan serişdeler (pX3:100) | 30 |
| 6. Peýdadan hakyky geçirilen | 10 |
| 7. Goşmaça töleg üçin | 20 |
| 8. Azaltmak üçin | |

**9. Buhgalteriýa hasabatyny bermek üçin bellenilen möhleti 2009-njy ýylyň iýul aýynyň“20”___________**
**10. Jogapkär adamlaryň goly:**
**Kärhananyň ýolbaşçysy__________**
**Baş hasapçasy___________________________**
Deslapky barlagyň senesi_____________ýylyň” ”________Gol_______

19-nji goşulma

ALAMATLARY (şertli nusga)

Kärhananyň ady :“Watan” hususy kärhana

Hukuk salgysy : 744004, ş.Aşgabat 1945/47, Andalyp köç. 47-nji jaý_
Hakyky salgysy: 744004, ş.Aşgabat 1945/47, Andalyp köç. 47-nji jaý _
Direktoryň A.Aa.F. we öý salgysy: Mämmedow Akmyrat, 744004 ş.Aşgabat_Galkynyş köç. 19-jaý, 17 otag.
Pasport seriýasy_1-AŞ - 148080_ nomeri Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby tarapyndan 2008 ýylyň maý aýnyň “18“berildi , 1960 ýylda Aşgabat şäherinde doglan
Tel. (iş,öý) 22-55-55-iş ; 22-24-24-öý.
Hasapçyň A.Aa.F. we salgysy_Sidorowa Aleftina Markowna, ş. Aşgabat, Galkynyş köç. 18 jaý.
Tel. (iş,öý)-22-55-55- iş; 22-25-26
Eýeçiligiň görnüşi-hususy
Hasaplaşyk hasaby: DTB “Halkbank” S.A.Nyýazow şahamçasy N68103
Dörediji – Mämmedow Akmyrat
Şahamçanyň ady we salgysy:- ýok____________________ tel. ________
Dükanyň, pawilyonyň ady,salgysy: - ýok______

Işiniň görnüşi hakynda
DELILHAT
2009-njy ýylyň_birinji ýarym ýyly
“Watan” hususy kärhana (kärhananyň ady)

| T.T.N | Işiniň görnüşi | Girdeji (jemi girdeji) | |
|---|---|---|---|
| 1 | Gurluşyk | | |
| 2 | Dellalçylyk-täjirçilik | | |
| 3 | Söwda-satyn alyş | 12000 | |
| 4 | Ätiýaçlandyryş | | |
| 5 | Ylmy-barlag | | |
| 6 | Taslama | | |
| 7 | | | |
| 8 | | | |
| 9 | | | |
| | Jemi: | 12000 | |

Ýolbaşçy
Baş hasapçy

M.Ý.

**20-nji goşulma**

**Türkmenistanyn çäklerinde gulluk iş saparyna ugradylýan işgärler üçin iş saparlarynyň çykdajylarynyň möçberleri**

| Çykdajylaryň görnüşleri | Türkmenistanyň çäklerinde | |
|---|---|---|
| Ýaşaýyş jaýyny kireýne almak üçin çykdajylar | Aşgabat şäherinde | hakyky çykdajylar boýunça, ýöne bir gije-gündize 20 manatdan köp däl |
| | Türkmenistanyn beýleki şäherlerinde we ilatly ýerlerinde | Hakyky çykdajylar boýunça, ýöne bir gije-gündize 15 manatdan köp däl |
| Gije-gündlzlik | Bir gije-gündize 10 manat | |

**21-nji goşulma**

**Türkmenistanyň çäklerinden daşary iş saparyna ugradylýan işgärlere iş saparlarynyň çykdajylarynyň möçberleri**

(amerikan dollary)

| № | Döwletler | Harajatlaryň öwezini dolmagyň çäkleri | |
|---|---|---|---|
| | | **bir gije-gündize jaýy kireýne almak** | **gije-gündizlik** |
| 1 | ABŞ | 250-ä çenli | **60** |
| 2 | Albaniýa | 200-e çenli | **60** |
| 3 | Alžir | 200-e çenli | **60** |
| 4 | Andorra | 250-ä çenli | **80** |
| 5 | Angola | 200-e çenli | **60** |
| 6 | Antigua we Barbuda | 200-e çenli | **60** |
| 7 | Argentina | 200-e çenli | **60** |
| 8 | Awstraliýa | 200-e cenli | **60** |
| 9 | Awstriýa | 250-ä cenli | **80** |
| 10 | Azerbaýjan | Baku şäherinde 150-ä çenli, galan ýerlerde 100-e çenli | **60** |
| 11 | Bagam adalary | 200-e çenli | **60** |
| 12 | Bahreyn | 200-e çenli | **60** |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 13 | Bangladeş | 200-e çenli | **60** |
| 14 | Barbados | 200-e çenli | **60** |
| 15 | Belgiýa | 250-ä çenli | **80** |
| 16 | Beliz | 200-e çenli | **60** |
| 17 | Belarus Respublikasy | Minsk şäherinde 150-ä çenli, galan ýerlerde 100-e çenli | **60** |
| 18 | Benin | 200-e çenli | **60** |
| 19 | Bermud adalary | 200-e çenli | **60** |
| 20 | Beýik Britaniýa | London şäherinde 350-ä çenli, galan ýerlerde 250-ä çenli | **80** |
| 21 | Birleşen Arap Emirlikleri | 200-e çenli | **60** |
| 22 | Bolgaria | 250-ä çenli | **80** |
| 23 | Boliwiýa | 200-e çenli | **60** |
| | Bosniýa we Gersegowina | 200-e çenli | 60 |
| 25 | Botswana | 200-e çenli | 60 |
| 26 | Braziliýa | 200-e çenli | 60 |
| 27 | Bruneý | 200-e çenli | 60 |
| 28 | Burkina-Faso | 200-e çenli | 60 |
| 29 | Burundi | 200-e çenli | 60 |
| 30 | Çad | 200-e çenli | 60 |
| 31 | Çehiýa | 250-ä çenli | 80 |
| 32 | Çili | 200-e çenli | 60 |
| 33 | Daniýa | 250-ä çenli | 80 |
| 34 | Dominika Arkalasygy | 200-e çenli | 60 |
| 35 | Dominikan Respublikasy | 200-e çenli | 60 |
| 36 | Efiopiýa | 200-e cenli | 60 |
| 37 | Ekwador | 200-e çenli | 60 |
| 38 | Ekwator Gwineýasy | 200-e çenli | 60 |
| 39 | Eritreýa | 200-e çenli | 60 |
| 40 | Ermenistan | Ýerewan şäherinde 150-ä çenli, galan ýerlerde 100-e çenli | 60 |
| 41 | Estoniýa | 250-ä çenli | 80 |
| 42 | Eýran | 200-e çenli | 60 |
| 43 | Fiji | 200-e çenli | 60 |
| 44 | Filippinler | 200-e çenli | 60 |
| 45 | Finlýandiýa | 250-ä çenli | 80 |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 46 | Fransiýa | 250-ä çenli | 80 |
| 47 | Fransiyanyň deňizarka cäkleri | 200-e çenli | 60 |
| 48 | Gabon | 200-e çenli | 60 |
| 49 | Gaiti | 200-e çenli | 60 |
| 50 | Gambiýa | 200-e cenli | 60 |
| 51 | Gana | 200-e çenli | 60 |
| 52 | Gaýana | 200-e çenli | 60 |
| 53 | Gazagystan | Almaty we Astana şäherlerinde 150-ä çenli, galan ýerlerde 100-e çenli | 60 |
| 54 | Germaniýa | 250-ä çenli | 80 |
| 55 | Gibraltar | 200-e çenli | 60 |
| 56 | Gonduras | 200-e cenli | 60 |
| 57 | Grenada | 2öö-e çenli | 60 |
| 58 | Gresiýa | 250-ä çenli | 80 |
| 59 | Gruziýa | Tbilisi şäherinde 150-ä çenli, galan ýerlerde 100-e çenli | 60 |
| 60 | Günorta Afrika Respublikasy (GAR) | 200-e çenli | 60 |
| 61 | Gwatemala | 200-e çenli | 60 |
| 62 | Gwineýa | 200-e çenli | 60 |
| 63 | Gwineýa-Bisau | 200-e çenli | 60 |
| 64 | Gyrgyzystan | Bişkek şäherinde 150-ä cenli, galan ýerlerde 100-e cenli | 60 |
| 65 | Hindistan | 200-e çenli | 60 |
| 66 | Horwatiýa | 200-e çenli | 60 |
| 67 | Hytaý | 200-e çenli | 60 |
| 68 | Hytaý (Gonkong) | 200-e çenli | 60 |
| 69 | Hytaý (Taýwan) | 200-e çenli | 60 |
| 70 | Indoneziýa | 200-e çenli | 60 |
| 71 | Lordaniýa | 200-e çenli | 60 |
| 72 | Irlandiýa | 250-ä çenli | 80 |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 73 | Islandiýa | 250-ä çenli | 80 |
| 74 | Ispaniýa | 250-ä çenli | 80 |
| 75 | Italiýa | 250-ä çenli | 80 |
| 76 | Jibuti | 200-e çenli | 60 |
| 77 | Kabo-Werde | 200-e çenli | 60 |
| 78 | Kamboja | 200-e çenli | 60 |
| 79 | Kameran | 200-e çenli | 60 |
| 80 | Kanada | 200-e çenli | 60 |
| 81 | Katar | 200-e çenli | 60 |
| 82 | Kaýman adalar}/ | 200-e çenli | 60 |
| 83 | Keniýa | 200-e çenli | 60 |
| 84 | Kipr | 250-ä çenli | 80 |
| 85 | Kiribati Respublikasy | 200-e çenli | 60 |
| 86 | Kolumbiýa | 200-e çenli | 60 |
| 87 | Komor adalary | 200-e çenli | 60 |
| 88 | Kongo | 200-e çenli | 60 |
| 89 | Kongo Demokratik Respublikasy | 200-e çenli | 60 |
| 90 | Koreýa Halk Demokratik Respublikasy (KHDR) | 200-e çenli | 60 |
| 91 | Koreýa Respublikasy | 200-e çenli | 60 |
| 92 | Kosta-Rika | 200-e çenli | 60 |
| 93 | Kot d'Iwuar | 200-e çenli | 60 |
| 94 | Küba | 200-e çenli | 60 |
| 95 | Kuweýt | 200-e çenli | 60 |
| 96 | Laos | 200-e çenli | 60 |
| 97 | Latwiýa | 250-ä çenli | 80 |
| 98 | Lesoto | 200-e çenli | 60 |
| 99 | Liberiýa | 200-e çenli | 60 |
| 100 | Lihtensteyn | 250-ä çenli | 80 |
| 101 | Litwa | 250-ä çenli | 80 |
| 102 | Liwan | 200-e çenli | 60 |
| 103 | Liwiýa | 200-e çenli | 60 |
| 104 | Lýuksemburg | 250-ä çenli | 80 |
| 105 | Madagaskar | 200-e çenli | 60 |
| 106 | Makao | 200-e çenli | 60 |
| 107 | Makedoniýa | 200-e çenli | 60 |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 108 | Malawi | 200-e çenli | 60 |
| 109 | Malaýziýa | 200-e çenli | 60 |
| 110 | Maldiwler | 200-e çenli | 60 |
| 111 | Mali | 200-e çenli | 60 |
| 112 | Malta | 200-e çenli | 60 |
| 113 | Marokko | 200-e çenli | 60 |
| 114 | Mawrikiý | 200-e çenli | 60 |
| 115 | Mawritaniýa | 200-e çenli | 60 |
| 116 | Meksika | 200-e cenli | 60 |
| 117 | Merkezi Afrika Respublikasy | 200-e çenli | 60 |
| 118 | Moldowa | Kişinyow şäherinde 150-ä cenli, galan ýerlerde 100-e cenli | 60 |
| 119 | Monako | 250-ä çenli | 80 |
| 120 | Mongoliýa | 200-e çenli | 60 |
| 121 | Mozambik | 200-e çenli | 60 |
| 122 | Müsür | 200-e çenli | 60 |
| 123 | Mýanma | 200-e çenli | 60 |
| 124 | Namibiýa | 200-e çenli | 60 |
| 125 | Nauru | 200-e çenli | 60 |
| 126 | Niderlandlar | 250-ä çenli | 80 |
| 127 | Nepal | 200-e çenli | 60 |
| 128 | Niger | 200-e çenli | 60 |
| 129 | Nigeriýa | 200-e çenli | 60 |
| 130 | Nikaragua | 200-e çenli | 60 |
| 131 | Norwegiýa | 250-ä çenli | 80 |
| 132 | Oman | 200-e çenli | 60 |
| 133 | Owganystan | 200-e çenli | 60 |
| 134 | Ozbegistan | Daşkent şäherinde 150-ä cenli, galan ýerlerde 100-e cenli | 60 |
| 135 | Pakistan | 200-e çenli | 60 |
| 136 | Palau adasy | 200-e çenli | 60 |
| 137 | Palestina | 200-e çenli | 60 |
| 138 | Panama | 200-e çenli | 60 |
| 139 | Papua Taze Gwinea | 200-e çenli | 60 |
| 140 | Paragwaý | 200-e çenli | 60 |
| 141 | Peru | 200-e çenli | 60 |
| 142 | Polşa | 250-ä çenli | 80 |
| 143 | Portugaliýa | 250-ä cenli | 80 |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 144 | Puerto-Rika | 200-e çenli | 60 |
| 145 | Ruanda | 200-e çenli | 60 |
| 146 | Rumyniýa | 250-ä çenli | 80 |
| 147 | Russiýa Federasiýasy | Moskwa we Sank-Peterburg şäherlerinde 200-e çenli, galan ýerlerde 150-ä çenli | 80 |
| 148 | Salwador | 200-e çenli | 60 |
| 149 | Samoa | 200-e çenli | 60 |
| 150 | San-Marino | 250-ä çenli | 80 |
| 151 | San-Tome we Prinsipi | 200-e çenli | 60 |
| 152 | Saud Arabystany | 200-e çenli | 60 |
| 153 | Senegal | 200-e çenli | 60 |
| 154 | Sent-Lýusiýa | 200-e çenli | 60 |
| 155 | Serbiýa we Çemogoriýa | 200-e çenli | 60 |
| 156 | Sýerra-Leone | 200-e çenli | 60 |
| 157 | Seyşel adalary | 200-e çenli | 60 |
| 158 | Singapur | 200-e çenli | 60 |
| 159 | Siriýa | 200-e çenli | 60 |
| 160 | Slowakiýa | 250-ä çenli | 80 |
| 161 | Sloweniýa | 250-ä cenli | 80 |
| 162 | Solomon adalary | 200-e cenli | 60 |
| 163 | Somali | 200-e cenli | 60 |
| 164 | Şri Lanka | 200-e cenli | 60 |
| 165 | Sudan | 200-e çenli | 60 |
| 166 | Surinam | 200-e çenli | 60 |
| 167 | Swazilend | 200-e çenli | 60 |
| 168 | Şwesiýa | 250-ä çenli | 80 |
| 169 | Şweýsariýa | 250-ä çenli | 80 |
| 170 | Tailand | 200-e çenli | 60 |
| 171 | Täjigistan | Duşanbe säherinde 150-ä cenli, galan ýerlerde 100-e cenli | 60 |
| 172 | Tanzaniýa | 200-e çenli | 60 |
| 173 | Taze Kaledoniýa | 200-e çenli | 60 |
| 174 | Taze Zelandiýa | 200-e çenli | 60 |
| 175 | Togo | 200-e çenli | 60 |
| 176 | Tongo | 200-e cenli | 60 |
| 177 | Trinidad we Tobago | 200-e çenli | 60 |
| 178 | Tunis | 200-e çenli | 60 |
| 179 | Türkiye | 150-ä çenli | 60 |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 180 | Uganda | 200-e çenli | 60 |
| 181 | Ukraina | Kiýew säherinde 150-ä çenli, galan ýerlerde 100-e çenli | 60 |
| 182 | Urugwaý | 200-e çenli | 60 |
| 183 | Wanuatu | 250-ä çenli | 80 |
| 184 | Wenesuela | 200-e cenli | 60 |
| 185 | Wengriýa | 250-ä çenli | 80 |
| 186 | Wýetnam | 200-e çenli | 60 |
| 187 | Yrak | 200-e çenli | 60 |
| 188 | Ysraýyl | 200-e çenli | 60 |
| 189 | Yamaýka | 200-e çenli | 60 |
| 190 | Yaponiýa | Tokio säherinde 350-ä çenli, galan ýerlerde 250-ä çenli | 80 |
| 191 | Yemen | 200-e çenli | 60 |
| 192 | Zambiya | 200-e çenli | 60 |
| 193 | Zimbabwe | 200-e çenli | 60 |
| | Sanawda görkezilmedik beýleki döwletler | paytagtlarda 150-ä çenli, galan ýerlerde 100-e çenli | 60 |

22-nji goşulma

**Iş saparyna ugradylýan aýry-aýry işgärlere umumy möçberde tölenilýän ýaşaýyş jaýy üçin we gije-gündizlik harajatlaryň möçberleri**

| **Işgärleriň** toparlary | Türkmenistanyň çäklerinde | Türkmenistanyň çäklerinden daşarda |
|---|---|---|
| Gurnama, sazlama we gurluşyk işlerini ýerine ýetirmek üçin iş saparyna ugradylan işçiler, önümçilik meýdançalarynyň ýolbaşçylary we hünärmenler (şeýle işleriň ýerine ýetirilýän ýerinde mugt ýaşaýyş jaýy bilen üpjün edilende) | her gije-gündiz üçin 10 manat | her gije-gündiz üçin 50 amerikan dollary ýa-da beýleki daşary ýurt pulunda oňa barabar möçberdäki pul |
| İş saparyna ugradylan sürüjiler we gijesine ýolda bolýan ýa-da ýükleri goramak zerurlygy bilen gije awtoulagda bolýan ýükleriň ýanyndaky adamlar | her gije-gündiz üçin 15 manat | her gije-gündiz üçin 70 amerikan dollary ýa-da beýleki daşary ýurt pulunda oňa barabar möçberdäki pul |

22-nji goşulmanyň dowamy

| | | |
|---|---|---|
| Demir ýolda ýükleriň ýanynda bolýan adamlar | her gije-gündiz üçin 15 manat | her gije-gündiz üçin 70 amerikan dollary ýa-da beýleki daşary ýurt pulunda oňa barabar möçberdäki pul |

23-nji goşulma

**Döwlet işindäki wezipeli adamlara we döwlet gullukçylarynyň aýry-aýry toparlary üçin Türkmenistanyň çäklerinden daşary iş saparlarynyň çykdajylarynyň möçberlerine goşmaça pullar**

(amerikan dollary)

| Wezipeli adamlar | Ýaşaýyş jaýyny kireýne almak boýunça çykdajylar | Gije-gündizlik harajatlar |
|---|---|---|
| Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy<br>Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary | **150** | **65** |
| Ministr<br>Türkmenistanyň Baş prokurory<br>Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň başlygy<br>Türkmenistanyň Merkezi bankynyň müdiriýetiniň başlygy;<br>Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygynyň Orunbasary<br>Welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimleri<br>Döwlet dolandyryşynyň beýleki edaralarynyň (döwlet komitetiniň, konserniň, korporasiýanyň, assosiasiýanyň, birleşigiň, gullugyň) ýolbaşçylary | **100** | **40** |
| Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlary<br>Türkmenistanyň Prezidentiniň Diwanynyň we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň jogapkär işgärleri<br>Ministriň orunbasary<br>Türkmenistanyň Baş prokurorynyň orunbasary<br>Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň başlygynyň orunbasary<br>Welaýatyň we Aşgabat şäheriniň hakimlerinin orunbasarlary<br>Türkmenistanyň Merkezi bankynyň müdiriýetiniň başlygynyň orunbasary<br>Döwlet dolandyryşynyň beýleki edaralarynyň (döwlet komitetiniň, konserniň, korporasiýanyň, assosiasiýanyň, birleşigiň, gullugyň) ýolbaşçylarynyň orunbasarlary<br>Döwlet, döwlet-täjirçilik, täjrçilik bankynyň müdiriýetiniň başlygy we onuň orunbasary | **70** | **25** |

TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRILIGI
TÜRKMEN DÖWLET YKDYSADYÝET
WE DOLANDYRYŞ INSTITUTY

MYRAT SAPAROWIÇ ÖWEZOW

# MIKROYKDYSADYÝET

## Okuw gollanmasy

Aşgabat – 2009

- saryja goýnuň ýazky gyrkymynyň ýüňini we ondan egrilen ýüpligi ýerlemek, şeýle hem bu ýüňi ýuwmak arasalamagy goşmak bilen) boýunça we bu ýüňden ýüplük öndürmek (reňklemegi goşmak bilen) boýunça hyzmatlar;

- el halylaryny we ondan dokalan haly önümlerini ýerlemek.

Iki gezek salgyt salmagyny aradan aýyrmak baradaky şertnama (ylalaşyga) laýyklykda we bellenilen amal kadalary berjaý edilende, salgyt töleýja gaýtarylyp bilinmejek **şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyň möçberine degişlidir.**

**Türkmenistanda telekeçiligiň erkin ykdysady zolaklardan şolary görkezmek bolar:**

**1. Awaza**
**2. Aşgabat-Abadan**
**3. Mary-Baýramaly**
**4. Hazar-Okarem**
**5. Daşoguz-Aeroport**
**6. Türkmenabat-Seýidi**
**7. Baharly-Serdarabat**
**8. Aşgabat-Änew**

**(2-8.1992 –nji ýylyň dekabr aýynyň 14-ne Halk maslahaty tarapyndan yglan edilen 1993 ý. aprel aýnyň 30-na Türkmenistanyň Prezidentiniň N 1301 Permany bilen tassyklanylan)**

## Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň ýaşlara eden 12 sargydy

- Baky bagtyýarlyk ýoluna düşen türkmen iliniň her bir ogul-gyzynyn **SAGDYN PIKIRLENMÄGE UKYBY BOLMALYDYR**, niýet edinen işini - maksadyny durmuşa geçirmek üçin **ON IKI SÜŇŇI ABAT BOLMALYDYR.**

- Ýaşlar her bir aýdylan zada **DOGRY HEM DÜRS DÜŞÜNMELIDIR**, her bir aýdylan zatdan **DOGRY NETIJE ÇYKARÝAN BOLMALYDYR**.

- Türkmeniň her bir ogul-gyzy **TAŇRA UÝMALYDYR, TAŇRA ÇOKUNMALYDYR, TAŇRYDAN GORKMALYDYR.**

- Ýaşlar okan, eşiden, gören zatlaryny **ÝADYNDA SAKLAMAGY ÖWRENMELIDIR**, **OKAN YLMYNY UNUTMALY DÄLDIR**, ýaşlar düşbi, syzgyr bolmalydyr, aňlamagy başarmalydyrlar.

- Ýaşlar **ÇEPER SÖZLI, DÜŞÜNDIRMEGI** hem **GÜRLEŞMEGI BILÝÄN** bolmalydyr.

- Türkmeniň her bir ogul-gyzy **ÖWRENEN ZADYNA AMAL ETMELIDIR,** tebigy taýdan **DOGRY SÖZLI, ÝAMANY ÝAZGARÝAN BOLMALYDYR.**

- Ýaşlaryň **ADAMKÄRÇILIK SYPATY BEÝIK BOLMALYDYR.**

- Ýaşlar ynsabyna görä **ADALATLY, DOGRUÇYL, AKGÖWÜN BOLMALYDYR, HARAMA GARŞY GÖREŞMELIDIR.**

- Türkmeniň her bir ogul-gyzy **MAKSADA OKGUNLY BOLMALYDYR, GÖWNÜÇÖKGÜN BOLMALY DÄLDIR, ÝAŞLARA SUSSUPESLIK ÝARAŞMAZ.**

- Ýaşlar Watan üçin, il-gün üçin, maksady-namysy üçin **ÖLÜMDENEM GORKMALY DÄLDIR.**

- Türkmeniň her bir ogul-gyzy **MERTEBESINIŇ ÖŇÜNDE BAÝLYGY-PULY PES SAÝMALYDYR.**

- Türkmeniň her bir ogul-gyzy **WAGTYNY BIHUDA GEÇIRENINE, NETIJESIZ IŞLÄNINE NAMYS ETMELIDIR.**